# DOLANYŞ MIGRASIÝASY

## HALKARA ÇEMELEŞMELER WE MERKEZI AZIÝANYŇ SEBITLEÝIN AÝRATYNLYKLARY



IOM
UN MIGRATION

Dokladda beýan edilen pikirler awtorlaryň pikirleri bolup durýar Halkara Migrasiýa Guramasynyň (HMG) pikirlerini şöhlelendirmän hem biler. Tutuş dokladyň dowamynda peýdalanylan bellikler we maglumatlaryň beýan edilmegi islendik ýurduň, çägiň, şäheriň ýa-da etrabyň ýa-da olaryň häkimiýetiniň hukuk derejesi babatynda, ýa-da çäkler ýa-da serhetler babatynda HMG tarapyndan haýsydyr bir pikirleriň beýan edilmegini göz öňünde tutmaýar.

HMG öz işinde ynsanperwer we tertipli migrasiýanyň migrantlara we jemgyýete peýdaly bolmaly diýen ýörelgä eýerýär. HMG hökümetara gurama bolmak bilen, halkara jemgyýetçiliginiň hyzmatdaşlary bilen bilelikde migrasiýa pudagynda amaly meseleleri çözmäge gönükdirilen çäreleri amala aşyrýar; migrasiýa bilen baglanyşykly meselelere düşünmäge kömek etmek; migrasiýa we adam mertebesini we migrantlaryň hal-ýagdaýyny goramak arkaly sosial we ykdysady ösüşi höweslendirme işini amala aşyrýar.

Şu gollanmada ulanylýan MDRK adalgasy (Meýletin dolanyşda we reintegrasiýada kömek), şeýle hem onuň esasy jähetleri we ýörelgeleri Halkara migrasiýa guramasy (HMG) tarapyndan mundan beýläk täzeden garalmaklyga degişlidir. Şeýlelik bilen, MDRK adalgasyna bolan salgylanmalar, onuň ulanylmagy we alynma hökmünde peýdalanylmagy şu aşakdaky elektron salgysyna iomalmaty@iom.int degişli ýüzlenmäniň üsti bilen, HMG bilen deslapdan ylalaşylmalydyr.

---

Okuw gollanmasy HMG-niň Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Döwlet departamentiniň Ilat, bosgunlar we migrasiýa işleri boýunça býurosy (Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň IBMB) tarapyndan maliýeleşdirilýän «Migrasiýa boýunça Aziýa sebitleýin maksatnamasy» taslamasynyň çäklerinde işlenip taýýarlandy.

«DOLANYŞ MIGRASIÝASY: HALKARA ÇEMELEŞMELER WE MERKEZI AZIÝANYŇ SEBITLEÝIN AÝRATYNLYKLARY» okuw gollanmasy demografiýa çygrynda öz hünärlerini ýokarlandyrýan döwlet gullukçylary üçin we durmuş-ykdysady syýasaty işläp taýýarlamakda, demografik maglumatlary peýdalanmak üçin, şeýle hem durmuş-ynsanperwer ugurly talyplar we aspirantlar üçin niýetlenendir.

«Russiýanyň demografik we migrasion meseleleri» okuw-usuly prossesde peýdalanmaklyga RYA-nyň Ylmy geňeşi tarapyndan hödürlenýär (2020-nji ýylyň 2-nji iýunyndaky №2 Beýan).

2020, ähli hukuklar goralan.
Neşirçiniň deslapky ýazmaça rugsady bolmazdan, neşiriň hiç bir bölegini köpeltmek, maglumat hökmünde gözleme ulgamlarynda saklamak ýa-da islendik görnüşde ýa-da elektron ýa-da mehaniki görnüşde geçirmek bolmaz.

Migrasiýa boýunça halkara guramasy (MHG) /
BMG-nyň migrasiýa baradaky agentligi,
Merkezi Aziýa boýunça Subregional Utgaşdyryjy edara,
Gazagystan Respublikasy:

HMG Nur-Sultan,
Mambetow köç. 14, BMG binasy,
010000, Nur-Sultan,
tel.: +7 7172 696553
Elektron poçta: iomastana@iom.int

HMG Almaty
Baýzakow köç. 303, BMG binasy,
050040, Almaty,
tel.: +7 727 2582643
Email: iomalmaty@iom.int
Websaýt: kazakhstan.iom.int

Şu neşir terjimeler bölüminiň resmi terjimesi bolmazdan çykaryldy.

Daşky sahypadaky suratda: Dulat Esnazar
Dizaýn we kompýuter sahypalamasy: AWATERA

---

ISBN 978-92-9068-932-4 (Print)
ISBN 978-92-9068-933-1 (PDF)
© 2020 International Organization for Migration (IOM)

---

RYA -nyň korrespondent agzasy, y.y.d. S.W. Rýazansewiň umumy redaksiýasy bilen (2020), Dolanyş migrasiýasy: halkara çemeleşmeler we Merkezi Aziýanyň sebitleýin aýratynlyklary. Okuw gollanmasy. Halkara migrasiýa guramasy (HMG) – BMG-niň Migrasiýa boýunça agentligi, Almaty.

Şu neşiriň hiç bir bölegi, neşir edijiniň deslapky ýazmaça rugsady bolmazdan, maglumat-gözleg ulgamlarynda saklanylyp galynyp, ýa-da islendik görnüşde ýa-da bolmasa islendik serişdeler, goý ol elektron bolsun, mehaniki bolsun, fotonusganyň, ses ýazgysynyň kömegi bilen, ýa-da beýleki islendik usullar bilen geçirilip bilinmez.

PUB2021/027/R

# DOLANYŞ MIGRASIÝASY

# HALKARA ÇEMELEŞMELER HEM-DE MERKEZI AZIÝANYŇ SEBITLEÝIN AÝRATYNLYKLARY

IOM
UN MIGRATION

# GADYRLY OKYJYLAR!

Siziň eliňizde «Dolanyş migrasiýasy: halkara çemeleşmeler we Merkezi Aziýanyň sebitleýin aýratynlyklary» atly okuw kitaby, bu kitap alty ýurduň – Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Russiýa Federasiýasynyň, Täjigistanyň, Türkmenistanyň, Özbegistanyň alymlar topary tarapyndan ýazyldy. Biziň okuw kitabymyz dolanyş migrasiýasy we daşary ýurtdan işden, okuwdan we ýaşaýyşdan soň öýlerine gaýdyp gelýän migrantlara bagyşlanýar. Bu mowzugyň biziň okuw kitabymyz üçin saýlanyp alynmagy tötänleýin däldir. Merkezi Aziýada zähmet migrasiýasynyň geriminiň ölçegleri juda ýokarydyr: 2,7 mln-dan 4,2 mln-a çenli adam (ykdysady taýdan işjeň ilatyň 10%-den 16% çenli) daşary ýurtlarda – Russiýa Federasiýasynda, Gazagystanda, Türkiýede, Koreýa Respublikasynda we köp sanly beýleki ýurtlarda işleýärler. Dürli ýagdaýlar sebäpli watanyna dolanýan adamlaryň sany gitdigiçe artýar, olar özleri bilen bilim, tejribe, hünär derejesini we pul getirýärler. Gaýdyp gelen migrantlar adam maýasyna we Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ykdysady çeşmeleriniň ösmegine möhüm goşant goşýarlar. Kitapda Merkezi Aziýa ýurtlarynda we beýleki ýurtlarda yzyna dolanýan migrantlaryň potensialynyň üstünlikli peýdalanylyşynyň mysallary, şeýle hem yzyna dolanýan migrantlaryň öz watanlarynda ýüze çykýan meseleleri getirilýär.

Kitap dolanyş migrasiýasy bilen bagly meseleleri toplumlaýyn şöhlelendirýän dört bölümden ybarat. Olaryň logikasy nazaryýetden tejribä tarap gurlan. «Dolanyş migrasiýasy häzirki zaman şertlerinde» atly birinji bölümde dolanyş migrasiýasynyň nazary jähtlerine, toparlara we kesgitlemelere, döwletleriň dolanyş migrasiýasy bilen bagly maksatnamalary amala aşyrmak boýunça maksatlaryna we wezipelerine garalýar. Ikinji bölüm, "Dolanyş migrasiýasy üçin hukuk binýady", halkara we sebitleýin hukuk resminamalarynda dolanyş migrasiýasyna, meýletin gaýdyp gelmek we reintegrasiýa maksatnamalarynyň kanuny esaslaryna (MDRK) we sebitde MDRK üçin mümkinçiliklere seredilýär. Üçünji bölüm, “Merkezi Aziýada dolanyş migrasiýasynyň şertleri we aýratynlyklary”, demografiki we migrasiýa ýagdaýynyň aýratynlyklaryny, Merkezi Aziýada dolanyş migrasiýanyň sebäplerini we meýillerini açýar. Dolanyş migrasiýasynyň ykdysady we durmuş-demografiki goşandy, gaýdyp gelen migrantlaryň uýgunlaşmagy we reintegrasiýasy meseleleri hem aýan edilýär. Diasporalaryň roly we Merkezi Aziýa sebiti üçin olardan dolanyş migrasiýanyň mümkinçiligi göz öňünde tutulýar. Netijede, “Dolanyş migrasiýany dolandyrmak we Merkezi Aziýada MDRK-nyň ösüşi” bölüminde dolanyş migrasiýasynyň durmuş-ykdysady ösüş we sebit ýurtlarynda iş üpjünçiligini höweslendirmek strategiýalarynda migrasiýa syýasaty we mehanizmleri görkezilýär. Merkezi Aziýa ýurtlarynda dolanyş migrasiýany we MDRK maksatnamalaryny ösdürmekde raýat jemgyýeti guramalarynyň roly aýratyn bellenýär."

Okuw kitaby diňleýjiniň (talybyň) özbaşdak taýýarlanmagy we mugallymyň okuw prossesini guramagy üçin ulanyp boljak barlag soraglaryndan we tejribe ýumuşlaryndan, şeýle hem wideosýužetlere bolan salgylanmalardan, hökmany we goşmaça edebiýatlaryň sanawyndan ybarat. Okuw kitabynyň maglumatlary 2019-njy ýylyň aprelinde Bişkek şäherinde Gyrgyzystan Respublikasynyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet dolandyryş akademiýasyndaky okuwlaryň geçirilişiniň barşynda halkara bilermenler topary tarapyndan derňeldi.

Okuw kitabynyň awtorlary şu taslamanyň başyny başlanlygy we ählitaraplaýyn goldaw berenligi üçin Halkara migrasiýa guramasynyň (HMG) Gazagystan Respublikasyndaky Subregional utgaşdyryjy edarasyna aýratyn minnetdarlyk bildirýärler.

Okuw kitabynyň döwlet dolandyryş we migrasion syýasat ulgamynda döwlet gullukçylaryny we talyplary taýýarlamakda öz goşandyny goşup biljekdigine, ahyrky netijede bolsa Merkezi Aziýanyň üstünlikli durmuş-ykdysady ösüşine hem-de adam potensialynyň kemala gelmegine ýardam berer diýip ynam bildirýäris.

# AWTORLAR TOPARY

**Alavewa G.T.,** hukuk ylymlarynyň kandidaty, Turan Uniwersiteti (Almaty, Gazagystan Respublikasy)

**Delowarowa L.F.,** "Halkara gatnaşyklar" hünäriniň hukuk ylymlaryň kandidaty, Al-Farabi adyndaky Gazak Milli Uniwersiteti (Almaty, Gazagystan Respublikasy)

**Dinorşoýew A.M.,** hukuk ylymlarynyň doktory, professor, Täjik milli uniwersiteti (Duşenbe, Täjigistan Respublikasy)

**Žampeisow D.A.,** “Hukukşynaslyk” hünäri boýunça PhD, Gazak ynsanperwer-hukuk innowasion uniwersiteti (Semeý, Gazagystan Respublikasy)

**Žolonbaýewa A.Ž.,** ykdysadyýet ylymlarynyň kandidaty, Gyrgyzystanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet dolandyryş akademiýasy (Bişkek, Gyrgyzystan Respublikasy)

**Kepbanow Ýo.A.,** hukuk ylymlarynyň kandidaty (Aşgabat, Türkmenistan)

**Mutiýew, S.Ž.,** ykdysady ylymlaryň kandidaty, Täjigistan Respublikasynyň zähmet migrasiýasy we ilatyň iş bilen meşgullygy Ministrliginiň Zähmet migrasiýasy we ilatyň iş bilen meşgullygy YBI (Duşenbe, Täjigistan Respublikasy)

**Muhtorow Z.M.,** filologiýa ylymlarynyň doktory, Täjigistan Respublikasynyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet dolandyryş akademiýasy (Duşenbe, Täjigistan Respublikasy)

**Nurmatow T.A.,** hukuk ylymlarynyň kandidaty, dosent, Gyrgyzystan Respublikasynyň Daşary işler ministirliginiň Diplomatiýa akademiýasy (Bişkek, Gyrgyzystan Respublikasy)

**Rahimowa M.A.,** hukuk ylymlarynyň doktory, Dünýä ykdysadyýeti we diplomatiýa uniwersiteti (Daşkent, Özbegistan Respublikasy)

**Rýazantsew S.W.,** RYA-nyň korr-agzasy, ykdysady ylymlaryň doktory, professor, RYA-nyň Federal ylmy-barlag sosiologikmerkeziniň Demografiýa barlaglary institutynyň, Russiýa Federasiýasynyň Daşary Işler Ministrliginiň Moskwa Döwlet Halkara Gatnaşyklar Institutynyň direktory (Moskwa, Russiýa Federasiýasy)

**Tillabaýew M.A.,** hukuk ylymlarynyň doktory, dosent, Özbegistan respublikasynyň Adam hukuklary boýunça milli merkezi (Daşkent, Özbegistan Respublikasy)

**Hudaýnazarow G.E.,** "Hukukçy hyzmatdaş" hukuk firmasy (Aşgabat, Türkmenistan)

# AWTORLARDAN



**GULNAZ ALAÝEWA,**
**hukuk ylymlarynyň kandidaty, "Turan" uniwersiteti**
**(Almaty, Gazagystan Respublikasy)**

Bu taslama gatnaşmak mümkinçiligini berendigi üçin HMG we "Turan" Uniwersitetine çuňňur minnetdarlygymy bildirmek isleýärin. Bu okuw gollanmasynyň, Dolanyş migrasiýasy meseleleri barada ilkinji ylmy iş hökmünde, kyn durmuş ýagdaýyna düşen we watana dolanmak üçin kömege mätäç adamlar üçin uly peýdaly boljakdygyna ynanýaryn. Kitapda ilkinji gezek Merkezi Aziýa sebitinde migrasiýany dolandyrmakda döwlet gurluşlarynyň wezipesi we ähmiýeti görkezilýär we ilkinji gezek sebitleýin ösüşiň çäginde migrantlaryň meýletin gaýdyp gelmegi baradaky halkara maksatnamalar beýan edilýär.

Kitabyň üstünde işlänimde, men täze dostlar edindim, täze bilimleri we hünär ukyplaryny özleşdirdim, iň esasysy, hyzmatdaşlygymyzyň mysalynda, eger adamzadyň bagty üçin täze, pozitiw, zerur başlangyja öz güýjüňize görä goşant goşmak ugrunda güýçli höwes bildirseňiz, mydama bir dili tapyp we her hili meseleleri bilelikde çözüp biljekdigimizi aňladym.



**LEÝLA DELOWAROWA,**
**"Halkara gatnaşyklar" hünäriniň hukuk ylymlaryň kandidaty,**
**Al-Farabi adyndaky Gazak Milli Uniwersiteti**
**(Almaty, Gazagystan Respublikasy)**

Migrasiýa, ilkinji nobatda ösüş bilen baglanyşykly bolmaly, Dolanyş migrasiýasy bolsa, muňa çekilen ähli taraplaryň ösüşi we hyzmatdaşlygy üçin mümkinçilikdir. Merkezi Aziýa sebiti üçin bu has ýerliklidir. Şu kitap, bu pikiriň ähtibarly tassyklamasy, akademiki jemgyýetiň wekilleri, sebitiň ähli ýurtlarynyň döwlet işgärleri üçin şowly gollanma boljakdygyna we okajylaryň giň topary üçin gyzykly boljakdygyna umyt edýärin!



**AZIZ DINORŞAÝEW,**
**hukuk ylymlarynyň doktory, professor,**
**Täjik Döwlet Uniwersiteti**
**(Duşanbe, Täjigistan Respublikasy)**



**DUMAN ŽAMPEISOW,**
**"Hukugy öwreniş" hünäri boýunça hukuk ylymlaryň kandidaty,**
**Gazak gumanitar-ýuridiki innowasion uniwersiteti**
**(Semeý, Gazagystan Respublikasy)**



**AŽAR ŽOLONBAÝEWA,**
**ykdysadyýet ylymlarynyň kandidaty, Gyrgyzystanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet dolandyryş akademiýasy (Bişkek, Gyrgyzystan Respublikasy)**

"Dolanyş migrasiýasy" ýaly adalgany eşitdiňizmi? Dolanyş migrasiýasy Merkezi Aziýada täze bir meýil, entäk az öwrenilen we gözlegçiler tarapyndan gowy görkezilmeýär. Dolanýan migrantlar gaty gowşak topar, häzirki dünýäniň sosial-ykdysady kynçylyklary bilen duçar bolýarlar we ýeterlik çözgütler üçin jemgyýetiň we döwletiň goldawyna mätäçdirler. Bu gollanma dolanyş migrasiýasy meselesinde ilkinjileriň biri bolup, hem-de örän ähmiýetli, bir ýurduň däl-de, umuman sebitiň suratyny berýär.



**ÝOLBARS KEPBANOW,**
**hukuk ylymlarynyň kandidaty (Aşgabat, Türkmenistan)**



**ZAÝNIDIN MUHTOROW,**
**filologiýa ylymlarynyň doktory, Täjigistan Respublikasynyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet dolandyryş akademiýasy (Duşanbe, Täjigistan Respublikasy)**



**SAODAT MUTIÝEWA,**
**ykdysadyýet ylymlarynyň kandidaty, Täjigistan Respublikasynyň Zähmet migrasiýa we iş üpjünçiligi ministrliginiň Zähmet mograsiýa we üpjünçiligi instituty (Duşanbe, Täjigistan Respublikasy)**

Migrasiýa dünýa zähmet bazaryndaky esasy wakalardan biridir. Täjigistan Respublikasy global migrasiýa ýagdaýyna işjeňlik bilen gatnaşýar. Bu gollanma migrantlaryň özlerine, döwlet işgärlerine we bu işe beýleki gatnaşyjylara ynamdar kömekçi bolar. Adamlar ýurtdan gidýärler we yzyna gaýdyp gelýärler, olara öýde garaşýandygymyzy we elmydama kömek etmäge taýýardygymyzy bilmelidirler. Şu gollanmanyň taýýarlanylmagyna Merkezi Aziýa ýurtlaryndan hem-de Russiýa Federasiýasyndan ökde hünärmenler gatnaşdylar. Men, olar bilen duşuşanyma, olary tanamak we olar bilen hyzmatdaşlyk etmek mümkinçiligini döredenligi üçin ykbalyma minnetdarlyk bildirýärin. Hemmämize parahatçylyk, bagt we abadançylyk isleýärin.



**TEMIRBEK NURMATOW,**
**hukuk ylymlarynyň kandidaty, dosent,**
**Gyrgyzystan Respublikasynyň Daşary işler ministrliginiň Diplomatik akademiýasy**
**(Bişkek, Gyrgyzystan Respublikasy)**



**MUATTARA RAHIMOWA,**
**hukuk ylymlarynyň doktory,**
**Dünýä ykdysadyýeti we diplomatiýa uniwersiteti**
**(Daşkent, Özbegistan Respublikasy)**

Goý, biziň köpçülikleýin işimiz ýagşy işe – zähmet migrantlarynyň durmuşynda hil taýdan üýtgeşiklige hyzmat etsin. Goý, hemişe we hemme ýerde diňe watanynyň berip biljek aladasyny we ýylylygyny duýsynlar!



**RÝAZANTSEW S.W.,**
**RYA-nyň habarçy-agzasy ykdysady ylymlaryň doktory, professor, RYA-nyň Federal ylmy-barlag sosiologik merkeziniň Demografiýa derňewleri institutynyň, Russiýa Federasiýasynyň Daşary Işler Ministrliginiň Moskwa Döwlet Halkara Gatnaşyklar Institutynyň direktory (Moskwa, Russiýa Federasiýasy)**

Merkezi Aziýa Dolanyş migrasiýasy hakyndaky kitap, ilkinji nobatda, öýlerine gaýdyp gelen adamlar hakda söz açýar... Öýe hemişe ýatlamalar, täze duýgular, garyndaşlaryňyzy we dostlaryňyzy görmek islegi bilen dolanýarsyňyz. Hemmämiziň öýümiz bar we biz ol ýere dolanmak isleýäris. Bize, elmydama garaşylýan ýere....



**TILLABAÝEW MIRZATILLO,**
**hukuk ylymlarynyň doktory, dosent,**
**Özbegistan respublikasynyň Adam hukuklary boýunça milli merkezi**
**(Daşkent, Özbegistan Respublikasy)**



**HUDAÝNAZAROW G.E.,**
**"Hukukçy hyzmatdaş" hukuk kompaniýasy**
**(Aşgabat, Türkmenistan)**

# GYSGALTMALARYŇ SANAWY

| | |
|---|---|
| **AHBKo** | Administratiw hukuk bozulmalary Kodeksi |
| **BMG BÝKM** | Bosgunlaryň işi baradaky Ýokary Komissarlygynyň Müdirligi Birlşen Milletler Guramasy |
| **BMG** | Birleşen Milletler Guramasy |
| **BSGG** | Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy |
| **DIM** | Daşary işler ministrligi |
| **DMG** | Döwlet migrasiýa gullugy |
| **DÖM** | Durnukly ösüş maksatlary |
| **FHG** | Federal howpsuzlyk gullugy |
| **FMG** | Federal migrasiýa gullugy |
| **GDA** | Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy |
| **HDBG** | Hökümete dahylly bolmadyk gurama |
| **HLÄ** | Hökmany lukmançylyk ätiýaçlandyrmasy |
| **HMG** | Halkara migrasiýa guramasy |
| **HMM** | Hereketleriň milli meýilnamasy |
| **HZG** | Halkara zähmet guramasy |
| **IIB** | Içeri işler bölümi |

| | |
|---|---|
| **IIM** | Içeri işler ministrligi |
| **JIÝK** | Jenaýat-iş ýörediş kodeksi |
| **MDRK** | Meýletin dolanyşda we reintegrasiýada kömek |
| **MZÝM** | Mynasyp zähmet boýunça ýurtlaýyn maksatnamasy |
| **ÖzR** | Özbegistan Respublikasy |
| **RIÝK** | Raýat-iş ýörediş kodeksi |
| **RSFSR** | Russiýa Sowet Federatiw Sosialistik Respublikasy |
| **RYA** | Russiýanyň Ylymlar akademiýasy |
| **SSSR** | Sowet Sosialistik Respublikalar Soýuzy |
| **ŞHG** | Şanhaý hyzmatdaşlyk guramasy |
| **TDG** | Täjirçilik däl gurama |
| **THŞG** | Toparlaýyn howpsuzlyk barada şertnama guramasy |
| **WÝY** | Wagtlaýyn ýaşamaklyga rugsatnama |
| **ÝAYB** | Ýewraziýa ykdysady bileleşigi |
| **ÝewrAzYB** | Ýewraziýa ykdysady birleşigi |
| **ÝHHG** | Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy |

# MAZMUNY


I-NJI BÖLÜM HÄZIRKI ZAMAN ŞERTLERINDE DOLANYŞ MIGRASIÝASY . . . . . . . 16

1.1. Migrasiýanyň terminologiýasy we klassifikasiýasy Migrasiýanyň faktorlary we sebäpleri. . . . . . . . . .17

1.2. Dolanyş migrasiýasynyň kesgitlemesi, görnüşleri we meýilleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .27

1.3. Döwletleriň dolandyryş migrasiýasynyň maksatnamalaryny durmuşa geçirmeklik boýunça maksatlary we çemeleşmeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .37

II-NJI BÖLÜM. DOLANYŞ MIGRASIÝASYNYŇ HUKUK ESASLARY. . . . . . . . . . . . . . . 50

2.1. Dolanyş migrasiýasy halkara we sebitleýin hukuk resminamalarynda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .51

2.2. MDRK-niň hukuk esaslary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .63

2.3. Dolanyş migrasiýasy Merkezi Aziýa ýurtlarynyň milli kanunçylygynda. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .76

III-NJI BÖLÜM. MERKEZI AZIÝANYŇ DOLANYŞ MIGRASIÝASYNYŇ SEBÄPLERI WE AÝRATYNLYKLARY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 94

3.1. Merkezi Aziýa ýurtlarynda demografiki ösüş we migrasiýa ýagdaýy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .95

3.2. Merkezi Aziýa ýurtlarynda dolanyş migrasiýasynyň sebäpleri we meýilleri. . . . . . . . . . . . . . . . . . . .110

3.3. Merkezi Aziýa ýurtlarynyň sebit ösüşine dolanyş migrasiýasynyň ykdysady we durmuş-demografiki goşandy we mümkinçiligi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .123

3.4. Merkezi Aziýa ýurtlarynda dolanyp gelýän migrantlaryň uýgunlaşma we reintegrasiýa meseleleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .139

3.5. Merkezi Aziýa ýurtlaryna Dolanyş migrasiýasynyň kuwwatly çeşmesi, diasporalar bolup durýar. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .154

IV-nji BÖLÜM. MERKEZI AZIÝADA YZYNA DOLANYŞ MIGRASIÝASY, ÇAGYRYŞLARY WE STRATEGIÝALARY . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 178

4.1. Merkezi Aziýa döwletleriniň migrasiýa syýasaty we durmuş-ykdysady ösüşiniň strategiýalary: dolanyş migrasiýanyň orny . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .179

4.2. Merkezi Aziýa ýurtlarynda, MDRK-ny goşmak bilen, migrasion syýasaty we dolanyş migrasiýasyny amala aşyrmaklygyň milli mehanizmleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .201

GOŞUNDYLAR . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 215

1-nji goşundy. Migrasiýa boýunça halkara kadalaşdyryjy-hukuk binýady. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 216

2-nji goşundy. Gazagystan Respublikasynyň migrasiýa baradaky kadalaşdyryjy-hukuk binýady . . 218

3-nji goşundy. Gyrgyzystan Respublikasynyň migrasiýa baradaky kadalaşdyryjy-hukuk binýady . 220

4-nji goşundy. Täjigistan Respublikasynyň migrasiýa baradaky kadalaşdyryjy-hukuk binýady . . . . 223

5-nji goşundy. Türkmenistan döwletiniň migrasiýa baradaky kadalaşdyryjy-hukuk binýady . . . . . 224

6-njy goşundy. Özbegistan Respublikasynyň migrasiýa baradaky kadalaşdyryjy-hukuk binýady . . 225

7-nji goşundy. Russiýa Federasiýanyň migrasiýa baradaky kadalaşdyryjy-hukuk binýady. . . . . . . . 229

# SÖZBAŞY

“Dolanyş migrasiýasy: halkara çemeleşmeleri we Merkezi Aziýanyň sebit aýratynlyklary” atly okuw gollanmasy, Halkara Migrasiýa Guramasynyň (HMG) / BMG-nyň Merkezi Aziýadaky Migrasiýa Guramasynyň (Almaty) sebitara utgaşdyryş bölümi tarapyndan Merkezi Aziýa ýurtlary Gazagystan, Gyrgyzystan, Täjigistan, Türkmenistan we Özbegistan uniwersitetleriniň öňdebaryjy mugallymlary bilen bilelikde döredildi.

**Bu gollanmanyň maksady** – halkara migrasiýa kanunçylygyň esaslary, migrasiýa prosseslerini dolandyrmagyň kanunçylyk taraplary, hususan-da, meýletin dolanmak we reintegrasiýa ýaly dürli zähmet, etnik we gaýdyp Dolanyş migrasiýasynyň görnüşleri boýunça bilimleri we endikleri ösdürmekdir.

Bu ýöriteleşdirilen okuw gollanmasynyň maksatly diňleýjileri, öz ýurtlarynyň migrasiýa syýasatlaryny durmuşa geçirmek, halkara, sebit we milli derejelerde migrasiýa prosesleriniň kanunçylygyny kadalaşdyrmak bilen meşgullanýan Merkezi Aziýa ýurtlarynyň döwlet we ýerli işgärleri, şeýle hem migrasiýa pudagynda işleýän beýleki adamlardyr.

**Gollanmanyň özleşdirme wajyplygy** Migrasiýa hadysalarynyň global işjeňleşmegi, syýasy dartgynlygy gowşatmak baradaky çözgütleri, dolanyş migrasiýasynyň hukuk mehanizmleriniň ulanmak arkaly statusy kesgitlenmedik migrantlary babatynda dartgynlygy gowşatmak baradaky çözgütleri işläp düzmek, hem-de migrasiýa meselelerini onuň dolandyrmak üçin maksady bilen döwletleriň özara gatnaşyklary berkitmek zerurlygy bilen baglanşykly BMG-nyň migrasiýanyň howpsuzlygy baradaky global ylalaşygy esasynda şertlendirilýär.

Şu hili okuw maksatnamalar we kurslar döwlet we ýerli edaralaryň işgärleri üçin örän peýdaly bolar. Bular migrasiýa baradaky meseleleri we endikleri, täze bilimleri berkitmäge oňaýly täsir eder; halkara migrasion hukugynyň häzirki wagtda ösüşi, taryhy bilen tanyş edýär, zähmet migrantlaryň we olaryň maşgala agzalarynyň hukuklarynyň goralmagynyň kepilidir, migrasiýa prosesleriniň dürli milli çemeleşmeleri arkaly sazlanmagy, migrantlaryň gowşak toparynyň hukuklaryny goralmagyna gönükdirilen maksatnamalar we çäreler we olaryň durmuşa geçirilmegi, olaryň reintegrasiýasy.

“Dolanyş migrasiýasy: halkara çemeleşmeleri we Merkezi Aziýanyň sebit aýratynlyklary” kursy migrasiýa hereketlerini sazlaýan pudagynda halkara standartlaryň girzilmegi öňdebaryjy tejribesine degişlidir. Şonuň üçin, şu maglumalar döwlet we ýerli edaralaryň gullukçylaryna öz işinde uly ýardam berer. Ondan, Şu kurs hökmany hukuk derejesi bolmadyk döwlet we şäher işgärlerine öwretmek üçin döredildi we Merkezi Aziýa döwletlerinde migrasiýa syýasatyny durmuşa geçirmekde alnan tejribe bolup durýar.

### Okuw gollanmanyň maksatlary:

- migrantlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goraýan migrasiýa we ösüş pudagynda işleýän işgarleriň bilimlerini artdyrmak;

- Merkezi Aziýa ýurtlarynyň migrasiýa kanunçylygy, etniki we dolanyş migrasiýa, zähmet hukuklary, halkara zähmet hukularynyň esaslary bilen diňleýjileri tanyş etmek;
- reintegrasiýa we meýletin dolanyş migrasiýasynyň halkara standartlaryny kesgitlemekligi diňleýjilere öwretmek;
- zähmet migrantlaryň hukuklaryna we azatlyklaryna şikes ýetirmän kanuny bähbitlerine hormat goýmak çemeleşmesini ulanmagy öwretmek;
- Migrasiýa dolanşygynda döwletiň esasy ornuny we raýat jemgyýetiniň bu işe goşandyny öwrenmek.

## 1. Kurslary öwrenmegiň soňunda alnan bilim, başarjaňlyk we endikler (netijeler)

Bu kurs halkara migrasiýa esaslary, kanun migrasiýa dolandyryşynyň kanuny esaslary, göwjeňlik bilen dolanmak we birleşdirmek boýunça (MDRK) kömek bermek maksatnamalaryny durmuşa geçirmek çemeleşmeleri barada esasy bilimleri berer. Kursyň diňleýjileri migrasiýa we MDRK ulgamynda zerur maglumatlary ýygnamak, hünär işjeňliginiň degişli ugurlarynda MDRK boýunça strategiki we seljeriş resminamalaryny düzmek boýunça başarnyklara eýe bolarlar.

Kursyň netijesinde diňleýjileriň esasy maksady migrasiýa dolandyryş pudagynda ulanylýan esasy halkara, sebitleýin we milli hukuk resminamalaryna, şol sanda dolanyş migrasiýa we esasanam meýletin dolanyş migrasiýa barada aýdyň düşünje almakdyr. Bu bolsa olara döwlet ýa-da ýerli gullukçylara soňky hünär işlerinde ýardam eder.

### Bu kursy özleşdirip, diňleýjiler:

#### Bilerler:

- migrasion prosesleriň halkara-hukuk sazlaşdyrylyşynyň esasy taryhy tapgyrlary barada;
- köp derejeli düzümini we köp taraply häsiýetini göz öňünde tutup, migrasion prosseslerini dolandyrmakda döwlet we döwletara hyzmatdaşlygyň oýnaýan baş roly barada;
- halkara migrasion hukugy näme aňladýar we onuň dünýä, sebitleýin we milli derejelerde çeşmeleri;
- meýletin dolanmaklygyň we reintegrasiýanyň aýratynlyklary barada.

#### Öwrenerler:

- migrasiýa meseleleri, şol sanda dolanyş migrasiýasynyň kadalaşdyrýan halkara, sebitleýin we milli kadalaşdyryjy hukuk aktlaryndan peýdalanmak;
- migrasiýa pudagynda maksatnamalary we seljeriş resminamalary işläp taýýarlamak we migrantlaryň, şol sanda migrant-işçileriň, hukuklary goramak bilen bagly amaly meseleleri çözmekde alynan bilimleri ulanmak;
- meýletin dolanmak we reintegrasiýa prosseslerinde halkara hukuk nusgalaryny ulanmak.

**Şu bilimlere eýe bolarlar:**

- halkara migrasion hukugynyň, meýletin dolanmak we reintegrasiýa termilogiýasyny ulanmak;
- dolanyş migrasiýasynyň aýratynlyklary we sosial-ykdysady netijeleri barada maglumatlary.

## 2. Kursy geçmek üçin diňleýjide bar bolmaly zerur esasy bilimler (deslapky şertler)

Bu kurs Merkezi Aziýa döwletlerde migrasion syýasatlaryny durmuşa geçirjek tejribeli hünärmenlere, hem-de halkara migrasion hukugynyň we migrasion prossesleri, şol sanda Merkezi Aziýa sebitinde zähmet, etniki we dolanyş migrasiýasyny kadalaşdyrýan esaslaryny öwrenmäge isleg bildirýän adamlara niýetlenendir.

## 3. Okuw gollanmasynyň gysga mazmuny

Okuw gollanmasynyň çäklerinde okyjylar halkara migrasion hukugynyň taryhy we häzirki zaman ösüş meýilleri; migrasiýa prossesini kadalaşdyrýan halkara, sebitleýin we sebitara hukuk gurallary; meýletin dolanmaklygyň konsepsiýasy, ähmiýeti we artykmaçlyklary; esasy adalgalar; migrasion meseleleriň hukuk taýdan kadalaşdyrylyşy boýunça daşary ýurtlaryň we Merkezi Aziýa ýurtlarynyň tejribesi, migrasiýany dolandyrmakda döwletleriň ähmiýeti we raýat jemgyýetiniň täsiri bilen tanyş bolarlar. Okuw gollanmasy 4 bölümden ybaratdyr:

### I-nji bölüm. Häzirki zaman şertlerinde dolanyş migrasiýasy

Birinji bölümde migrasiýanyň esasy terminologiýasy we klassifikasiýasy, hem-de migrasiýanyň faktorlary we sebäpleri görkezildi. Okuw kitabynyň awtorlary esasy kesgitlemeleri berdiler, dolanyş migrasiýasynyň görnüşlerini we meýillerini, şol sanda käbir döwletlerde dolanyş migrasiýasynyň mümkinçiliginiň döremeginiň taryhy aýratynlyklaryny beýan etdiler. Bu bölüm şeýle hem döwletleriň dolanyş migrasiýasynyň maksatnamalaryny durmuşa geçirmek boýunça niýetlerini we çemeleşmelerini öz içine alýar.

### II-nji bölüm. Dolanyş migrasiýasynyň hukuk esaslary

Ikinji bölüm halkara migrasion hukugynda migrasiýanyň, şol sanda dolanyş migrasiýasynyň rolyny we ornyny görkezýär. Dolanyş migrasiýa prosseslerini kadalaşdyrmak we migrasiýa täsir edýän sebit şertnamalary we mehanizmleri, adam söwdasyna garşy göreşi, GDA, ŞHG, ÝAYB, KHŞG we Almaty prossesi ýaly guramalar we meýdançalar döwletara, sebitleýin we halkara hyzmatdaşlygy beýan edýär. Şeýle hem bu bölümde Meýletin dolanyş migrasiýa maksatnamanyň hukuk esaslary, onyň halkara we sebitleýin nukdaýnazarlary, ýörelgeleri, tapgyrlary we daşary ýurtlaryň durmuşa geçiriş tejribesi barada beýan edilýär. Dolanyş migrasiýasy Merkezi Aziýa döwletleriň milli kanunçylygy boýunça öwrenilýär we sebitde MDRK-niň öňünde döreýän şertleriniň we ösüşiniň güýji kesgitlenilýär.

### III-nji bölüm. Merkezi Aziýanyň dolanyş migrasiýasynyň sebäpleri we aýratynlyklary

Üçünji bölüminde okuw kitabynyň awtorlary 2010-2018-nji ýyllar aralygynda Merkezi Aziýa döwletlerinde demografiki ösüşi we migrasiýa ýagdaýyny, sebitde dolanyş migrasiýanyň sebäpleri we meýilleri, dolanyş migrasiýasynyň sebitiň ösüşine ykdysady we sosial-demografiki goşandy we mümkinçilikleri, hem-de Merkezi Aziýa döwletlerde yzyna dolanan migrantlaryň öwrenişme we reintegrasiýa meseleleri barada beýan edýärler. Mowzugyň sebit üçin ýerlikliligi sebäpli awtorlar diasporalary Merkezi Aziýa döwletleriniň dolanmagy üçin çeşme we potensial hökmünde öwrenýärler. Belli bir migrasiýa prosesleriň netijesi bolup durýan diasporalar, migrantlary we watany, hem-de donor we kabul edýän döwletleri baglanyşdyrmak bilen, dolanyş migrasiýanyň mehanizmleri üstünlikli amala aşyrylyşyna ýardam edýär.

### IV-nji bölüm. Dolanyş migrasiýasynyň dolandyrylyşy we Merkezi Aziýada MDRK-nyň berkidilmegi

Gollanmanyň soňky bölüminde Merkezi Aziýa döwletleriniň sosial-ykdysady ösüşi üçin milli strategiýalary we migrasiýanyň ýeri olardaky ösüş çeşmesi hökmünde beýan edilýär. Şeýle hem, awtorlar Merkezi Aziýa döwletleriniň migrasiýa boýunça düzgünleşdirilmegi, şol sanda dolanyş migrasiýa ýaly çemeleşmelerini berýärler. Gollanmanyň netijesinde, Merkezi Aziýada MDRK-i goşmak bilen, dolanyş migrasiýany ösdürmekde raýat jemgyýeti guramalarynyň roluna bagyşlanýar.

I-NJI BÖLÜM

# HÄZIRKI ZAMAN ŞERTLERINDE DOLANYŞ MIGRASIÝASY

# 1.1. Migrasiýanyň terminologiýasy we klassifikasiýasy Migrasiýanyň faktorlary we sebäpleri.

***Mazmuny.*** *"Migrasiýa" we "migrant" düşünjeleri. BMG-nyň we HMG-nyň çemeleşmeleri. Migrasiýanyň klassifikasiýasy. Halkara we döwletiň içerki migrasiýa. Emigrasiýa we immigrasiýa. Hemişelik we wagtlaýyn migrasiýa. Uzak möhletli we gysga möhletli migrasiýa. Halkalaýyn we aýlanyş migrasiýa. Tertipli we özakymly migrasiýa. Meýletin, näläç we mejbury migrasiýa. Düzgünleşdirilen we düzgünleşdirilmedik migrasiýa. Resminamalaşdyrylan we resminamalaşdyrylmadyk migrasiýa. Migrasiýa maksatlary: ykdysady, jemgyýetçilik, syýasy, ekologiki. Migrasiýanyň faktorlary. Migrasiýanyň sebäpleri. Migrasiýanyň "itekleýän" we "çekýän" sebäpleri.*

«Migrasiýa» adalgasy migratio we migro ("geçýärin" we "göçýärin") latyn sözlerinden gelip çykýar. Bu adalganyň umumylykda ulanylýandygyna garamazdan, onuň ýeke-täk düşündirilişi ýok.

HMG migrasiýany *"adamlarynyň adaty ýaşaýan ýerinden halkara serhetden ýa-da öz ýurdyň çäklerinde geçmek hereketleri" ýaly kesgitleýär.*[1]

Halkara derejesinde "migrant" adalgasynyň umumy kabul edilen kesgitlemesi ýok. HMG öz maksatlary üçin şeýle kesgitlemäni işläp taýýarlady: *"Migrant, adaty ýaşaýyş ýerini terk eden adamyň, ýurduň içinde ýa-da halkara serhedinden, wagtlaýyn ýa-da hemişelik we dürli sebäplere görä umumy hukuksyz hünärmen düşünjesini görkezýän umumy adalga".* Bu adalga birtopar hukuk tarapyndan anyk kesgitlenen adamlaryň işçi-migrantlar ýaly toparlary göz öňünde tutýar; bikanun getirilen migrantlar ýaly belli bir hereket görnüşlerini kanun bilen kesgitlenýän adamlary göz öňünde tutýar; şeýle hem daşary ýurtly talyplar ýaly halkara hukugynda statusy ýa-da ulag serişdeleri aýratyn ýagdaýda kesgitlenmedik şahslary göz öňünde tutýar.[2]

Adatça, "migrant" adalgasyny kesgitlemek üçin iki çemeleşme ulanylýar:

- *inklýuziw çemeleşme,* HMG "migrant" adalgasyny, ähli hereket görnüşlerini öz içine alýan umumy adalga hökmünde hasaplanylýar;
- *rezidualistiki çemeleşme,* "migrant" adalgasyndan uruşdan ýa-da yzarlamalardan gaçýanlary (bosgunlar we mejbury migrantlaryň başga görnüşleri) aýyrýar.

BMG-nyň Ykdysady we Durmuş Işleri bölümi, migrasiýa maglumatlary ýygnamak üçin *halkara migrantyny* "adaty ýaşaýan ýurduny üýtgedýän islendik adam" diýip kesgitleýär. BMG kesgitlemesi

[1] Migrasiýa çygryndaky esasy adalgalar (Key Migration Terms) [Şu salgyda elýeterli: www.iom.int/key-migration-terms#Migration].

[2] Şol ýerde.

“dynç alyş, dostlaryňyza we garyndaşlaryňyza baryp görmek, iş, lukmançylyk bejergisi we dini zyýarat” sebäpli dörän migrasiýany öz içine almaýar.[3]

Klassifikasiýa esaslaryna görä migrasiýanyň birnäçe görnüşleri tapawutlanýar.

**Birinji ölçüt:** ***anyk üstünde geçýan serhetleri nazara alyp*** ilatyň *daşky (halkara, döwletara) we içerki (döwletiň içindäki) migrasiýalary tapawutlandyrýarlar.*

HMG halkara migrasiýany adamlarynyň adaty ýaşaýan ýerinden we halkara serhetinden raýat bolmadyk döwlete göçmek hereketleri ýaly kesgitleýär.[4] Halkara migrasiýa donor döwletleriň we kabul edýän döwletleriň ilatyň sanyna täsir edip bilýär.

Döwletden göçmegi *emigrasiýa* diýip atlandyrýar, oňa gatnaşýan adamlara bolsa *emigrant diýilýär.* Döwlete gelmegi *immigrasiýa* we oňa gatnaşýan adamlary bolsa – *immigrantlar diýip atlandyrmak bolar.*

BMG we HMG tarapyndan ulanylýan kesgitlemeler:

*Emigrasiýa* gidýän ýurduň nukdaýnazaryndan, niýetlenen ýurdy aslynda täze adaty ýaşaýyş ýerine öwrülmegi maksady bilen başga bir döwlete öz adaty ýaşaýan ýerinden ýa-da öz raýatlyk ýurdyndan adamyň göçme hereketidir.[5]

*Emigrant,* gidýän ýurduň nukdaýnazaryndan, niýetlenen ýurdy aslynda täze adaty ýaşaýyş ýerine öwrülmegi maksady bilen başga bir döwlete öz adaty ýaşaýan ýerinden ýa-da öz raýatlyk ýurdyndan göçýän adam.[6]

*Immigrasiýa,* barýan ýurduň nukdaýnazaryndan, niýetlenen ýurdy aslynda täze adaty ýaşaýyş ýerine öwrülmegi maksady bilen, başga bir tapawutly döwlete öz adaty ýaşaýan ýerinden ýa-da öz raýatlyk ýurdyndan adamyň göçme hereketi.[7]

*Immigrant,* gelýän ýurdy nukdaýnazaryndan alnanda, özüniň raýatlygyň ýa-da adatça ýaşaýan ýeriniň ýurdundan tapawutly bolan başga bir ýurda, ol gelýän ýurdunyň öz ýurdy bolmagyny ýa-da onuň adaty ýaşajak ýeriniň ýurdy bolmagyny maksat edinip, girýän şahsdyr.[8]

BMG-niň Ykdysady we sosial meseleler boýunça departamenti anyk bir döwrüň dowamynda *halkara migrantlarynyň akymyny* ýurda gelen halkara migrantlarynyň (immigrantlaryň) sany hökmünde ýa-da ýurtdan gidýän halkara migrantlarynyň (emigrantlaryň) sany hökmünde kesgitleýär.[9] Şeýle hem,

3 Migrasiýa pudagynda adalgalaryň sözlügi. Halkara migrasiýa hukugy. HMG (Glossary on Migration International Migration Law. HMG) 2019. P. 130-131. [Giriş tertibi: https://publications.iom.int/system/files/pdf/iml_34_glossary.pdf].

4 Migrasiýa çygrynda esasy adalgalar (Key Migration Terms) (www.iom.int/key-migration-terms#Migration).

5 Migrasiýa pudagynda adalgalaryň sözlügi. Halkara migrasiýa hukugy. HMG (Glossary on Migration International Migration Law. HMG) 2019. P. 62. [Giriş tertibi: https://publications.iom.int/system/files/pdf/iml_34_glossary.pdf].

6 Şol ýerde, S. 61.

7 Şol ýerde, S. 101.

8 Şol ýerde, S. 101.

9 Migrasiýa çygryndaky esasy adalgalar (Key Migration Terms) [Şu salgyda elýeterli: www.iom.int/key-migration-terms#Migration].

"*halkara migrantlaryň (toplanan sany) düzümi*" diýen düşünje bar – döwletde ýerleşýän, belli bir döwür içinde adaty ýaşaýan ýerini çalşan, halkara migrantlaryň umumy sany (statiski niýetler üçin ulanylýan düşünje).[10]

HMG, *içerki migrasiýany*, adamlaryň täze wagtlaýyn ýa-da hemişelik ýaşaýan ýerini döredilmegini çak edip, döwlet çäklerinde göçmegi diýip kesgitleýär.[11] Döwlet içindäki migrasiýany kesgitli dolandyryş çäk birlikleriniň araçäklerinde amala aşyrylýan (etrap, welaýat, respublika, okrg we ş.m.) *sebitiçre (etrapiçre)*migrasiýalara we *sebitara (etrapara) migrasiýalara bölýärler.* Bu hereketler ýurduň umumy ilatyna täsir etmeýär, ýöne ýurduň içinde ilatyň paýlanyşyny üýtgedýär.

**Ikinji ölçüt** – ***migrantyň ýaşaýan ýa-da ýerleşýan ýerinde bolýan wagtyna, migrasiýa tertipliligine we döwürleýinlige baglydyr.*** Hemişelik *(yzyna dolanyp bolmajak) we wagtlaýyn migrasiýany (şol sanda uzak möhletli we gysga möhletli) tapawutlandyryp bolýar.*

*Hemişelik (gaýdyp bolmajak)* migrasiýa hemişelik ýaşaýan ýerini çalyşmagy bilen bagly. Şeýle migrasiýanyň nusgawy mysaly oba ýerlerinden şähere göçmek ýa-da daşary ýurda hemişelik ýaşaýan ýerine göçmek (gaýdyp bolmajak migrasiýa). Ýöne häzirki zaman şertlerinde ilat, ýaşamak üçin ýeterlik derejede işjeň we ýygy şeýle hem "hemişelik ýaşaýan ýeri"diýen düşünje has ýiti we nätakyk bolar. Mysal üçin, adamlaryň köpüsinde şäheriň içinde we şäheriň daşynda jaýy bar we takmynan adamlar her bir jaýda deň we ýeterlik derejede wagt geçirýärler. Şol sebäpli, olaryň hemişelik ýaşaýan ýerini atlandyrmak çylşyrymlydyr. Käbirler hatda iki ýurt arasynda ýaşaýarlar.

HMG *"hemişelik ýaşaýan ýeri" adalgasyny* daşary ýurtly raýatyň barmaly ýeriniň häkimiýetleri tarapyndan hemişelik (çäklendirilmedik ýa-da möhletsiz) esasda ýaşamak hukugy hökmünde kesgitleýär. Ýaşaýyş şertleri hemişelik ýaşaýjylar üçin bir ýurtdan beýleki ýurda görä üýtgeýär.[12] Şoňa laýyklykda, *"hemişelik ýaşaýjy*- niýetlenen ýurtda hemişelik ýaşamak rugsady bolan, şol ýurduň raýaty bolmadyk adam" diýip kesgitlenýär.[13]

Wagtlaýyn migrasiýa, *uzak möhletli we gysga möhletli migrasiýalara bölünýär.*

BMG-nyň ykdysady we durmuş işleri bölümi adalganyň aşakdaky kesgitlemesini berýär: *"uzak möhletli migrant* – bu täze adaty ýaşajak ýerine gitmek maksady bilen, öz adaty ýaşaýan ýerinden bir ýyldan az bolmadyk möhlete, başga bir döwlete göçýän adamdyr. Göçüp gidilýän ýurdunyň nukdaýnazaryndan, bu adam uzak möhletleýin emigrant bolar, ýöne göçüp barylýan ýurduň nukdaýnazaryndan – ol möhletleýin immigrant bolar. BMG tarapyndan statistik maksatlar üçin ulanylýan uzak möhletleýin migrant adalgasy diňe halkara migrantlara degişlidir.[14]

10 Şol ýerde.

11 Şol ýerde.

12 Şol ýerde.

13 Migrasiýa pudagynda adalgalaryň sözlügi. Halkara migrasiýa hukugy. HMG (Glossary on Migration International Migration Law. IOM) IOM. 2019. P. 153-154. [Giriş tertibi: https://publications.iom.int/system/files/pdf/iml_34_glossary.pdf].

14 Şol ýerde, S. 123.

*Gysga möhletli migrant* – üç aýdan on iki aýa çenli ýurtdan uzakda bolan adam gysga möhletli migrant hasaplanýar. BMG-nyň düşündirilişine laýyklykda, "gysga möhletli migrant" kesgitlemesi bu ýurda dynç alyş, dostlaryny we garyndaşlaryny baryp görmek, iş, lukmançylyk bejergisi we dini zyýarata gidýän adamlary öz içine almaýar.[15]

“Zähmet migrantlaryň we olaryň maşgala agzalarynyň hukuklaryny goramak” Halkara Konwensiýada (1990-njy ýylyň 18-nji dekabrynda kabul edildi, 2003-nji yň 1-nji iýulynda güýje girdi ) *"halkalaýyn we aýlanyş migrasiýa" düşünjeleri ulanylýar.* Bu bolsa, adamlaryň iki ýa-da has köp ýurduň arasynda yzygiderli ikitaraplaýyn migrasiýa görnüşidir.

*"Halkalaýyn migrasiýa"* adalga birnäçe manyda ulanylýar. Ol tötänleýin migrasiýany beýan etmek üçin peýdalanylýar (mysal üçin, serhetýaka sebitlerde, sebitleýin integrasion prosesleriň çäklerinde, mysal üçin, Ýewropa Bileleşigine, ýa-da iki ýa-da ondan hem köp ýurtlaryň arasynda, onda şahsyň birden köp bolan ýurtda ýaşamaklyga hukugynyň bolan ýagdaýynda). Şeýle migrasiýa, iş tapmak we soňra öz ýurduna dolanmak maksady bilen migrantlara daşary ýurda göçmäge kömek etmek üçin ýörite işlenip düzülen maksatnamalar we shemalar arkaly ösüş prossesine gatnaşyjylar tarapyndan höweslendirilýär. Şol bir wagtyň özünde, halkalaýyn migrasiýa maksatnamalary düzülende aýratyn üns berilmelidir, sebäbi migrasiýanyň bu görnüşi uzak möhletli gurluş ýetmezçiligi bolan zähmet bazary pudaklary üçin iň amatly çözgüt bolup bilmez, bu ýerde has hemişelik giriş we uzak möhletleýin integrasiýa görnüşleri, iş berijileriň we işçi- migrantlaryň isleglerini has gowy kanagatlandyryp biler. Halkalaýyn migrasiýa yklymyň üýtgemegini we daşky gurşawyň ýagdaýy erbetleşdirmegini ýeňip geçme strategiýasy hökmünde ulanylyp bilner. Şeýlelikde, halkalaýyn migrasiýa shemalary ýerli býujeti doldurmak, we yklymyň üýtgemegine täsir eden jemgyýetiň durnuklylygyny ýokarlandyrmak üçin peýdaly usul bolup biler.[16]

Gysga möhletli migrasiýa görnüşleriň arasynda aşakdaky toparlara bölüp bolýar:

*Epizodiki migrasiýa* dürli wagtda we dürli ugurlarda tertipsiz iş, dynç alyş ýa-da beýleki syýahatlardan (iş saparlar, dynç alyş we ş.m.) ybaratdyr.

*Yrgyldawaç migrasiýa*, iş ýerine ýa-da okuwa, öz ýaşaýan sebitiň daşyna gitmek, ýagny tertipli syýahatlar bilen baglanşyklydyr. Häzirki zaman şertlerinde, olaryň sanynyň artmagyna ulag infrastrukturasynyň ösmegi hem sebäp bolýar.

*Möwsümleýin migrasiýa* üçin ilatyň göçme hereketleri belli bir ýylyň döwürlerinde häsiýetlidir. Mysal üçin, oba hojalyk işleri üçin ýa-da dynç alyş ýerlerine dynç almak üçin tomus syýahatlary. BMG *"möwsümleýin işçi-migrant"* düşünjesini – işi ýa-da migrasiýasy öz häsiýeti boýunça möwsümleýin şertlere bagly bolan we ýylyň diňe bir belli böleginde amala aşyrylýan migrant babatynda ulanýar.[17]

---

[15] Şol ýerde, S. 61.

[16] Şol ýerde, S. 27-28.

[17] Şol ýerde, S. 79.

Käwagt migrasiýanyň wagtlaýyn görnüşleri döwletleriň serhetlerini geçmek bilen bagly. Şol ýagdaýda *wagtlaýyn serhede ýakyn migrasiýa* adalgasy peýdalanylýar. Bu başga bir döwletde işlemek üçin gündelik ýa-da möwsümleýin syýahatlar we "serhede ýakym möwsümleýin işçiler", "serhet işçiler". BMG şu düşünjäni ulanýar *"serhetýaka migrant-işçi"* – bu goňşy döwletde adaty ýaşaýan ýerini saklaýan adam, adatça her gün ýa-da hepdede bir gezek gaýdyp gelýär.[18]

**Üçünji ölçüt** – ***migrant akymlarynyň döretmegine we göçme we göçürme prossesleri guramaga döwletiň gatnaşmagy.*** Şu pursatda *özbaşdak migrasiýa (guramaçylyksyz, özakymly),* migrantlaryň öz serişdeler we güýji bilen amala aşyrylýar, we *guramaçylykly migrasiýa* (döwlet göçüriş maksatnamalar, edara işe almak, çagyrmalar we ş.m) doly ýa-da bölekleýin döwlet edaralaryň ýa-da başga guramalaryň (halkara, milli, etnosyýasy, ykdysady we ş.m.) hasabyna durmuşa geçirilýär. Guramaçylykly göçüriş görnüşleri, adatça, gysga möhletde döwlet üçin has gymmat düşýär, ýöne adamlar öňünden taýýarlanan ýerlere tertipli hereket edip, kabul edýän jemgyýete has çalt göçmek bilen bagly çykdajylary.

**Dördünji ölçüt** – ***göçmegiň ýa-da göçüp gitmegiň meýletinligine esaslanýar.*** *Meýletin migrasiýa* migrantlaryň islegi boýunça amala aşyrylýar we *mejbury migrasiýa* dürli faktorlar sebäpli mejbury migrasiýa hereketleridir.[19]

BMG-nyň çemeleşmelerine laýyklykda:

- *"mejbury göçürmeler* – öýlerini ýa-da adaty ýaşaýan ýerlerini terk etmäge ýa-da taşlamaga mejbur edilen adamlaryň, hususan-da ýaragly çaknyşyklaryň, ýagdaýlaryň, zorlugyň giňden ýaýramagynyň, adam hukuklarynyň bozulmagy ýa-da tebigy ýa-da adam betbagtçylyklarynyň netijeleri ýa-da öňüni almak üçin mejbur edilen adamlaryň hereketleri";[20]
- *"içerki göçürmeler* – esasanam ýaragly çaknyşyklaryň, umumy zorlugyň, adam hukuklarynyň bozulmagy ýa-da tebigy ýa-da adam heläkçiliginiň netijesinde gaçmaga ýa-da öýlerinden ýa-da adaty ýaşaýan ýerlerinden gaçmaga ýa-da gaçmaga mejbur bolan adamlaryň ýa-da toparlaryň hereketleri we halkara derejesinde ykrar edilen döwlet serhedinden geçmegi."[21]

Ýene-de bir bellenilmegi zerur bolan topar – bosgunlar:

- *"1951-nji ýyldaky Konwensiýa* laýyklykda bosgunlar – jyns, din, raýatlyk, belli bir jemgyýetçilik toparynyň ýa-da syýasy pikir sebäpli yzarlanmalaryň pidasy bolmak gorkusy sebäpli öz raýatlyklarynyň çäginden daşarda bolup, beýle gorkular sebäpli ýaşap bilmeýän adamlar, bu ýurduň goragyny ulanmak islemeýär; ýa-da belli bir raýatlygy bolmadyk we şular ýaly wakalar sebäpli ozalky adaty ýaşaýan ýurdunyň daşynda bolmak bilen, beýle gorkular sebäpli oňa gaýdyp gelmek islemeýär."[22]

---

18 Şol ýerde, S. 190.

19 Şol ýerde, S. 75.

20 Migrasiýa çygryndaky esasy adalgalar (Key Migration Terms) [Şu salgyda elýeterli: www.iom.int/key-migration-terms#Migration].

21 Şol ýerde.

22 Şol ýerde.

Bäşinji ölçüt *migrantyň serhetden geçmeginiň we ýurtda bolmagynyň kanunçylyk ýörelgesine* esaslanýar.

HMG-nyň terminologiýasynda indiki düşünjeler ulanylýar:

- "*tertipli migrasiýa* – gelip çykan, üstaşyr we barýan ýurtlaryň kanunçylyklaryna laýyklykda amala aşyrylýan migrasiýa";[23]
- ähli migrant işçileriň we maşgalalarynyň agzalarynyň hukuklaryny goramak baradaky Halkara konwensiýa laýyklykda: "*tertipli migrant* – adaty ýagdaýda halkara serhedinden geçýän ýa-da geçen we şol döwletiň kanunlaryna we döwlet agza bolan halkara şertnamalaryna laýyklykda, döwlete girmäge ýa-da döwletde galmak hukugyny eýeleýän adam.[24]
- "*düzgünsiz migrasiýa* – gelip çykan, üstaşyr ýa-da barmaly döwlete girişi ýa-da çykyşy kadalaşdyrýan kanunlaryň, düzgünleriň ýa-da tertibe salýan halkara ylalaşyklaryň daşyndaky adamlaryň hereketi";[25]
- ähli migrant işçileriň we olaryň maşgala agzalarynyň hukuklaryny goramak baradaky halkara konwensiýa laýyklykda: "*Düzgünleşdirmedik ýagdaýly migrant*- halkara serhedinden geçýän ýa-da geçen we şol döwletiň kanunlaryna we döwletiň agza bolan halkara şertnamalaryna laýyklykda, döwlete girmäge ýa-da galmaga hukugy bolmadyk adamdyr. Migrantlar düzgünleşdirilmedik ýagdaýynda ozalky ýaly hormat goýmaga, goramaga we öz adam hukuklaryny peýdalanmaga hukugynyň bardygyny bellemek zerurdyr. Başgada, bosgunlara halkara goranmagyndan peýdalanmak hukugyny bermeli we olaryň howp abanýan ýerlerinden birugsat ýagdaýda girendigi ýa-da galýandygy üçin olara jeza bermeli däldir.[26]

*Resminamasyz migrant* – degişli resminamalary bolmazdan döwlete girýän ýa-da döwletde galýan adam raýat däl. Migrantlar iki sebäp üçin hasaba alynmadyk bolup biler. Birinjiden, olarda şahsy resminamalary bar, ýöne döwlete girmek we döwletde galmak hukugyny tassyklaýan resminamalar ýok, ýa-da bu resminamalar galp ýa-da öz güýjini ýitiren. Ikinjiden, olaryň şahsyýetini tassyklaýan resminamalar ýok, hem-de beýleki döwlete girmek we döwletde galmak hukugyna esaslanýan resminamalary ýok. Şahsyýetini tassyklaýan resminamasy bolmadyk migrantlar adatça hyzmatlara el ýeterliklerini, ýaşamak we işlemek üçin rugsatlary almak ýa-da gelip çykan ýurdyna dolanmak boýunça uly kynçylyklar çekýärler. Uzak möhletli geljekde resminamasyz migrantlar öz raýatlyklary barada subutnama alyp bilmeseler, raýatlyklaryny ýitirmek howpyna sezewar bolarlar.[27]

---

23 Şol ýerde.

24 Migrasiýa pudagynda adalgalaryň sözlügi. Halkara migrasiýa hukugy. HMG (Glossary on Migration International Migration Law. HMG) 2019. P. 132. [Giriş tertibi: https://publications.iom.int/system/files/pdf/iml_34_glossary.pdf].

25 Migrasiýa çygryndaky esasy adalgalar (Key Migration Terms) [Şu salgyda elýeterli: www.iom.int/key-migration-terms#Migration].

26 Migrasiýa pudagynda adalgalaryň sözlügi. Halkara migrasiýa hukugy. HMG (Glossary on Migration International Migration Law. HMG) 2019. P. 131-132. [Giriş tertibi: https://publications.iom.int/system/files/pdf/iml_34_glossary.pdf].

27 Şol ýerde, S. 219-220.

**Altynjy ölçüt** – ***migrasiýanyň maksatlary,*** ýagny: *ykdysady* (iş, täjirçilik işi), *sosial* (okuw, nika, maşgala birleşmegi), *syýasy (syýasy* gaçalga), *ekologiki* (howa şertleriniň üýtgemegi, ekologiki ýagdaýy) bolup biler.

Has ýaýran ykdysady migrasiýanyň görnüşi häzirki wagtda *zähmet migrasyýasydyr.* HMG-nyň çemeleşmesine laýyklykda: *"Zähmet migrasiýasy* – adamlary iş maksady bilen bir döwletden başga döwlete ýa-da öz ýurdyň çäklerinde göçmegidir".[28] Migrant kesgitlemesine laýyklykda zähmet migrasiýasy ýurdyň çäklerinde we daşary ýurt serhetlerini geçýän migrantlary öz içine alýar. Bu seçme, iş gözlemek maksady bilen bir ýurduň içinde hereket edýän, kämahal diskriminasiýa we integrasiýa kynçylyklary ýaly halkara migrantlar ýaly kynçylyklara ýa-da meselelere duçar bolýan köp sanly adam bilen delillendirilýär. Emma şeýle meseleler köplenç serhetden geçýan migrantlar üçin has gaýry, olar içerki migrantlar üçin hem mahsusdyr.[29]

Ähli zähmet migrantlarynyň we olaryň maşgala agzalarynyň hukularyny goramak halkara konwensiýa (1990-njy ýylyň 18-nji dekabrynda kabul edilen, 2003-nji ýylda 1-nji iýulynda güýje girdi) laýyklykda: " *Zähmet migranty* – raýaty bolmadyk ýurtda tölenilýän iş meşgul boljak, meşgul bolýan ýa-da meşgul bolan şahsdyr. Konwensiýa zähmet migrantlaryň diňe bir barmaly ýurdunda işleýän wagtynda däl, eýsem "migrant işçileriň we maşgala agzalarynyň ähli migrasiýa prosseslerinde, ýagny migrasiýa taýynlyk, gidiş, üstaşyr geçme, galmagyň we döwletde tölenilen işi, şeýle hem gelip çykan ýurdyna ýa-da adaty ýaşaýan ýerine dolanma döwründe goragy göz öňünde tutýar". Käwagt migrant işçiler resminamalarda "daşary ýurtly işgärler ýa-da (wagtlaýyn) şertnama boýunça işgärler" hökmünde agzalýar.[30]

*Ekologiki migrant (ekologiki migrasiýa)* – esasan durmuşyna ýa-da ýaşaýyş şertlerine ýaramaz täsir edýän daşky gurşawyň duýdansyz ýa-da yzygiderli üýtgemegi sebäpli adaty ýaşaýan ýerlerini terk etmäge ýa-da wagtlaýyn ýa-da hemişelik ykrar etmegi makul bilýän adam ýa-da adamlar toparydyr we olar gelip çykan ýurdunyň içinde ýa-da adaty ýaşaýan ýerinden göçýärler. [31]

Şu güne çenli daşky gurşaw bilen baglanyşykly sebäpler üçin göçýän adamlary ýa-da toparlary teswirlemek üçin adalga barada hiç hili halkara ylalaşygy ýok.[32]

Häzirki migrasiýanyň sebäpleri dürli-dürli we çylşyrymlydyr. Emma birinji derejeli ykdysady we sosial sebäpleri aýdyp bolýar, käwagt olary şeýle bir tapawutlandyrmak kyn we köplenç sosial – ykdysady sebäpler hakda söz açmak manyly bolýar.

*Migrasiýa faktory* – faktor latyn dilinden "edýän", "öndürýän" diýen manyny berýär. "Faktor" düşünjesi haýsydyr bir prosessiň, hadysanyň hereketlendiriji güýjüni aňlatmak üçin ulanylýar.

---

[28] Migrasiýa çygryndaky esasy adalgalar (Key Migration Terms) [Şu salgyda elýeterli: www.iom.int/key-migration-terms#Migration].

[29] Şol ýerde, S. 121.

[30] Şol ýerde, S. 134-135.

[31] Şol ýerde, S. 63.

[32] Şol ýerde, S. 62.

Häzirki migrasiýanyň esasy faktorlary:

- *ykdysady*- aýlyk derejesi, işiň barlygy;
- *sosial* – saglygyň ýagdaýy, durmuş güýçleri, maşgala ýagdaýy, çagalar;
- *etniki we dini* – etniki meňzeşlik, dini ynanjy;
- *tebigy*- howa we klimat, ekologik ýagdaýy;
- *administratiw faktorlar* – migrasiýa syýasaty, migrasiýa gözegçiligi.

Faktorlar – her hili hadysanyň derejesini ýa-da ösüşini takyklaýar. Meselem, howa şertleri migrasiýa we ilatyň ölüş derejesi üçin faktor bolýar ýöne çaga dogluş we aýrylyşdyrmak üçin bolmaýar. Köp ugurly tebigatyna garamazdan, adatça, ilatyň göçmegini, şol sanda öňki ýaşaýan ýerlerine gaýdyp gelmegini birnäçe faktor kesgitläp biler.

Faktorlardan tapawutlylykda ***migrasiýa etmegiň sebäbi*** – bu netijäni ýa-da hereketi, ýagny migrasiýany şertlendirýän zat. Sebäbi diýilende hereket, başga bir hadysany döredýän, kesgitleýän, üýtgedýän, öndürýän ýa-da döredýän hadysa diýip düşünilýär. Sebäp hereketiň, ýagny migrasiýa hereketiniň öňünden bolup geçýär.[33]

Migrasiýanyň sebäpleri "itekleýän" ýa-da "çekýän" bolup bilerler. Donor-ýurtlaryndaky "iteriji" sebäpler:

- ykdysady sebäpler – iş ýitirmek ýa-da iş tapyp bilmezlik, pes aýlyk derejesi;
- sosial sebäpler – durmuş mümkinçilikleriň ýoklugy, bilimi almak mümkinçilikleriň ýoklugy, jenaýat ýagdaýyny erbetleşdirme, howpsuzlygyň ýoklugy barada duýgy;
- *Etniki-dini sebäpler* – etniki, jynsy ýa-da dini alamatlar boýunça kemsidilmek, etnikara dawalar, “etniki arassalamalar”;
- *administratiw we syýasy sebäpler* – syýasy garaýyşlar üçin yzarlamalar, deportasiýa;
- *tebigy sebäpler* – tebigy betbagtçylyklar, ekologik ýagdaýyň we howa şertleriniň ýaramazlaşmagy;

"Çekýän" sebäpler kabul edýän ýurtlarda işleýär:

- *ykdysady sebäpler* – iş tapmak mümkinçiligi, ýokary derejeli aýlyk haky, ösen infrastruktura elýeterligi;
- *sosial sebäpler* – okamak mümkinçiligi, maşgala we garyndaşlaryň bardygy;
- *etniki-dini sebäpler* – dine uýmaklygyň erkinligi, etniki we dini dürlilik syýasaty;
- *administratiw we syýasy sebäpler* – migrantlary çekmek üçin maksatnamalar;
- *tebigy sebäpler* – amatly howa, oňaýly ekologiki gurşaw şertleri.

Ýekebara migrasiýa hereketleriniň köplügi bitewilikde durmuş-ykdysady we syýasy ulgama obýektiw häsiýetnamany berýär. Migrasiýa hem "adamlaryň aýagy bilen ses berme usuly" diýip atlandyrylýar.

---

[33] Demografiki düşündirişli sözlük/ L.L. Rybakowskiýniň red. M.:SSP. 2003. S. 157 [Giriş tertibi: www.socioprognoz.ru/files/File/2012/Demograf%20ponyatini%20slovar.pdf].

## Synag soraglary:

1. Düşünjeleri kesgitläň: migrasiýa, migrant, halkara migrant, içerki migrant, emigrasiýa, emigrant, immigrasiýa, immigrant.
2. Hemişelik we wagtlaýyn migrasiýa arasynda nähili tapawut bar? Uzak möhletli we gysga möhletli migrasiýa. Mysal getiriň.
3. Migrasiýa faktory bilen migrasiýa sebäbi arasynda nähili tapawut bar?
4. Häzirki zaman dünýäsinde migrasiýanyň has ýaýran sebäplerini sanaň.

## Amaly okuw:

Milli (sebitleýin) metbugaty analiz ediň. Soňky wagtyň habarlarda migrasiýanyň haýsy görnüşleri agzalýar? Bu neşirlerde migrasiýa we migrantlar barada maglumatlar haýsy görnüşde we ugurda aýdylýar?

## Gerekli edebiýat:


1. Demografiki düşündirişli sözlük/ L.L. Rybakowskiýniň red. M.: ЦСП. 2003. 352 sah. [Giriş tertibi: www.socioprognoz.ru/files/File/2012/Demograf%20ponyatini%20slovar.pdf].
2. Amaly demografiýa / L.L. Rybakowskiýniň red. – ЦСП. 2005. 280 c. [Giriş tertibi: www.isras.ru/publ.html?id=2094].
3. Rýazantsew S.W., Tkaçenko M.F. Dünýä zähmet bazary we halkara migrasiýa. M.: Ekonomika. 2010. 303 s.
4. Zähmet migrasiýasyny dolandyrmak boýunça okuw modullary. Metodistler üçin gollanma. Ženewa: ÝHHG. MOM. 2011. 348 c. [Giriş tertibi: www.osce.org/ru/secretariat/115544?download=true].
5. Ýudina T.N Migrasiýa: esasy adalgalaryň sözlügi. M .: Russiýa Döwlet Sosial Uniwersitetiniň neşirýaty. 2007. 462 s. [Giriş tertibi: http://yanko.lib.ru/books/cultur/yudina-migraciya-slov-term-2007-a.htm].
6. Migrasiýa pudagynda adalgalaryň sözlügi. Halkara migrasiýa hukugy (International Migration Law. Glossary on Migration). Ženewa. HMG. 2004. 78 s. [Giriş tertibi: http://publications.iom.int/system/files/pdf/iml_1_en.pdf].
7. Migrasiýa pudagynda adalgalaryň sözlügi. Halkara migrasiýa hukugy. HMG (Glossary on Migration International Migration Law. HMG). 2019. 98 s. [Giriş tertibi: https://publications.iom.int/system/files/pdf/iml_34_glossary.pdf].

## Goşmaça edebiýat:


8. Ýeliseýewa I.I. Demografiýa we ilat statistikasy. 3-nji neşir, terj. we goş. Akademiki bakalawriat üçin okuw kitaby. M .: Yuraýt. 405 s.

9. Halkara ynsanperwer hukugy / A.Ýa. Kapustiniň red. . 2-nji neşir, täzeden seredilen we üsti ýetirilen. M. Ýuraýt. 2011. 639 s. [Giriş tertibi: : https://ozon-st.cdn.ngenix.net/multimedia/1002960198.pdf].

10. Köp görnüşli migrasiýa/ O.D. Worobýewanyň, A.W. Topiliniň red. M. Ekon-inform. 2014. 261 c. [Giriş tertibi: www.isras.ru/publ.html?id=3685].

11. Öňki SSSR-den giç göçüp gelenleriň kanuny ýagdaýy (Spaetaussiedler). GERMANY.RU. 1999. [Giriş tertibi: http://recht.germany.ru/aussiedler.db/items/18.html?op=].

12. Rýazantsew S.W. Ruslaryň Russiýa göçürilmegi we göçmegi. Rus meselesi / Red. G.W. Osipow, W.W. Lokosow, I.B. Orlowa. M.: Ekonomika. 2007. 237 s.

13. Rýazantsew S.W., Grebenýuk A.A. "Biziňkiler" daşary ýurtlarda. Ruslar, Russiýalylar, Rus dilinde gürleýänler, watandaşlar: göçürmek, birleşme we Russiýa dolandyryş migrasiýasy. M. ИСПИ РАН. 2014. 238 sah. [Giriş tertibi: https://istina.msu.ru/publications/book/6531743/].

14. Halkara migrasiýanyň hasabaty. Gündogar Ýewropadaky we Merkezi Aziýadaky ýurtlar üçin amaly gollanma. BMG-nyň ÝYK. ÝUNFPA. Ženewa. 2011 [Giriş tertibi: www.unece.org/fileadmin/DAM/stats/publications/RUS_International_Migration_Statistics_Practical_Guide.pdf].

15. Ýakunin W.I., Sulakşin S.S., Bagdasarýan W.E. we başg. Russiýanyň demografiki krizisden çykarylmagy baradaky döwlet syýasaty / Um. red. Sulakşina S.S. M .: Ykdysadyýet, ylmy hünärmen. 2007. 920 s.

16. Migrasiýa pudagynda esasy adalgalar (Key Migration Terms) [Giriş tertibi: www.iom.int/key-migration-terms#Migration].


## Wideo:

Migrasiýanyň sosial roly. O. Wendina [Giriş tertibi: www.youtube.com/watch?v=U6j28jT7NrQ].

# 1.2. Dolanyş migrasiýasynyň kesgitlemesi, görnüşleri we meýilleri

***Mazmuny.*** *Migrasiýanyň global meýilleri. Dünýäde zähmet, bilim we mejbury migrasiýa trendlari. Dolanyş migrasiýasynyň ýeri we gerimi. Halkara we milli hukukda gaýdyp gelmegiň we dolanma migrasiýasynyň terminologiýasy. Reemigrasiýa we repatriasiýa. Dolanyş migrasiýasynyň toparlamasy. Dolanmagyň görnüşleri: meýletin we mejbury. HMG meýletin dolanmak we birleşdirmek boýunça kömek (MDRK) maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegi: mukdar we sebit taraplary. Göni we gytaklaýyn höweslendirilen dolanyş migrasiýasy, öz-akymly dolanyş migrasiýasy. Kanuny (resmileşdirilen) we düzgünleşdirilmedik (resmileşdirilmedik) dolanyş migrantlary. Dünýäniň käbir ýurtlarynda dolanyş migrasiýa mümkinçiliginiň döremeginiň taryhy aýratynlyklary.*

Häzirki zaman şertlerde migrasiýa döwletlere, jemgyýetlere hem-de migrantlara köp sanly mümkinçilikler berýär. Migrasiýa integrasiýa, ilatyň göçmegi, howpsuzlyk we serhet goragy ugurlarda wajyp syýasat we ykdysadyýet meselesine öwrüldi. HMG-nyň kesgitlemelerine görä, 2015-nji ýylda halkara migrantlaryň sany 244 million adam (dünýä ilatyň 3,3%) 2000-nji ýyl takmynan 155 million adam bilen deňeşdirilende olaryň sany artdy. Döwletiň içerki migrasiýasy has giňden ýaýran, iň soňky global anyklamalar 740 milliondan gowrak adamyň doglan ýurdundan göçendigini görkezýär.[1]

Häzirki zaman şertlerinde iň möhüm migrasiýa akymlarynyň birnäçe global tendensiýasyny tapawutlandyryp bolar.

**Zähmet migrasiýasy.** HMG-niň baha bermegine görä, dünýäde zähmet çekýän migrantlaryň sany 150,3 mln adam, ýa-da halkara migrantlarynyň umumy sanynyň üçden iki bölegine golaý. Zähmet migrantlaryň arasynda erkekler agdyklyk edýärler, olar takmynan 17 million adam köpdir: 83,7 million erkek (55,7%) we 66,6 million aýal (44.3%). Zähmet migrantlaryň köpüsi, takmynan 112,3 million (75%), ýokary girdejili ýurtlarda işlediler, 34,4 million (23%) bolsa orta girdejili ýurtlarda boldular. Zähmet çekýän migrantlaryň diňe 2%-i garyp ýurtlarda işleýärler. Umumy iş güýji sanynyň zähmet migrantlaryň paýy orta we pes girdejili ýurtlaryň toparynda pes boldy (takmynan 14%), we ýokary girdejili ýurtlaryň toparynda olaryň paýy has köpdi, 16,3%-e barabar boldy.[2] Dünýäde migrantlaryň pes hünär derejeli we hünär derejeli zähmetleri islegli bolup galýar. Ökde hünärli çeşmeler we zehinliler üçin bäsdeşlik hem artýar sebäbi şeýle hünärmenler bilimlerde esaslanan ykdysady ösüşinde has möhüm rol oýnaýar. Maşyn gurluşyk, maglumat tehnologiýalary, farmasewtika, saglygy goraýyş we bilim pudaklarynda işgärleriň ýetmezçiligi sebäpli ýurtlar öz migrasiýa syýasatlary ýokary bilimli migrantlar üçin has özüne çekiji etmäge mejbur boldylar. Zähmet migrasiýasy barha aýlaw zähmet migrasiýasyna öwrülýär. Zähmet migrantlaryna maliýe-ykdysady krizisler dolanyş migrasiýasy üçin hem häsiýetlidir.

---

[1] Dünýädeki migrasiýa hakynda nutuk, HMG, Ženewa (World migration report 2018. 2-nji bap. HMG: Ženewa.) 2017. P. 1 [Giriş tertibi: www.iom.int/sites/default/files/country/docs/china/r5_world_migration_report_2018_en.pdf].

[2] Şol ýerde, S. 16.

**Mejbury migrasiýa.** 2016-njy ýylyň ahyryna dünýäde bosgunlaryň jemi sany 22,5 milliona barabar boldy, şolardan 17,2 milliony BMG-nyň BÝKM tarapyndan berilen mandaty boýunça we 5.3 million bosgunlaryna Palestiniň bosgunlar kömek we işi guramak üçin BMG-niň Ýakyn Gündogar Agentliginde hasaba alyndy. 2012-nji ýyldan başlap bosgunlaryň ýyllyk ösüşi hem haýal bolsa-da, bu taryhda iň ýokary görkeziji boldy. Mundan başga-da, 2,8 mln adam halkara goragyny gözleýärler we özleriniň bosgunlyk derejesiniň kesgitlenilmegine garaşýarlar – olar gaçybatalga soraýjylar diýlip atlandyrylýar. Ilkinji gezek gaçybatalga sorap towakganama berenleriň umumy sany 2016-njy ýylda 2 mln-a barabar boldy. Bosgunlary esasy kabul edýän ýurtlar Germaniýa (720 müň arza), ondan soňra Amerikanyň Birleşen Ştatlary (262 müň) we Italiýa (123 müň) boldylar. Bosgunlaryň esasy gelip çykyş ýurtlary: Siriýa, Owganystan, Günorta Sudan, Somali, Sudan, Kongo Demokratik Respublikasy, Merkezi Afrika Respublikasy, Mýanma, Eritrea we Burundi (13,5 million adam, ýa-da 79%). BMG-nyň BÝKM hasaplamalaryna görä, hemme bosgunlaryň takmynan 51%-i 18 ýaşa ýetmedik adamlar we aýallaryň sany 49% kesgitlenildi. Takmynan bosgunlaryň 60%-i şäherlerde ýerleşýärdi.[3]

**Bilim migrasiýasy.** Häzirki zaman şertlerinde ýokary bilim görnetin internasionallaşdy, ýaşlar bilim almaklyga has çakgan bolup başladylar. Bu talyplaryň daşary ýurt uniwersitetlerinde okamak üçin migrasiýany görkezýän dünýäde halkara bilim migrasiýasynyň ösmeginiň alamaty boldy.[4] ÝUNESKO-nyň maglumatlaryna görä 2017-nji ýylda öz ýurtlarynyň daşynda 5,1 million talyp okady.[5] Käbir sebitler we ýurtlar ilatyň ýaş boýunça gurluşyna görä köp ýaşlaryň sany bilen halkara bilim migrasiýa has köp gatnaşyp başladylar. Meselem, ýaş hytaýlylaryň ýarsy daşary ýurtda okamaga höweslidir, we hytaýly talyplaryň sany 2017-nji ýylda 442,8 müň adam boldy.[6] Merkezi Aziýa ýurtlardan takmynan 156 müň talyp daşary ýurtlarda okady. Daşary ýurt talyplarynyň diňe 25-30% ykdysady taýdan ösen ýurtlardan öz gelip çykan ýurtlaryna dolanýarlar. Gitdigiçe daşary ýurtlarda ýokary bilimi almak isleýän talyplaryň sany has hem köpelýär, köplenç daşary ýurtda okamaklygy şol ýurtda hemişelik ýaşamak üçin rugsat almaklyga ädim hökmünde hasaplaýarlar.[7] Daşary ýurtly talyplar kabul edýän ýurtlaryň ykdysadyýetine goşýan goşantlary sebäbi bolup, esasy kabul edýän ýurduň daşary ýurtly talyplaryň giriş we integrasiýasyna ýardam etmek üçin köp tagallalar kabul edilýär: bular migrasiýa kanunçylygynda düzedişler we wiza syýasatynyň we proseduralarynyň üýtgeşmeleridir.[8]

Öz ýurtlaryna yzyna dolanýan talyplaryň sany kämahal ýa-da wagtal-wagtal dürli ýagdaýlar sebäpli has artýar. Global derejede dolanyş migrasiýasynyň ölçegine baha bermek mümkin däl bolsa-da we milli derejelerde bu görkezijisi takyk däl hem bolsa-da, bar bolan maglumatlar umumy migrasiýa akymlarynyň köpelmegi bilen bir hatarda dolanyş migrasyýasynyň has köpelýändigini görkezýär.

---

[3] Şol ýerde, S. 20-21.

[4] Bilimiň globallaşmasy: sözbaşy (Spring J. Globalization of Education: An Introduction), Queens College & Graduate Centre. City University of New York. 2009.

[5] ÝUNESKO-nyň maglumatlary [Giriş tertibi: http://data.uis.unesco.org].

[6] Atlas taslamasy, Talyp haklary barada Hytaý maslahaty (Project Atlas, China Scholarship Council).

[7] Gribble C. Policy options for managing international student migration: the sending country's perspective. Journal of Higher Education Policy and Management. Vol. 30. №. 1. 2008. Pp. 25-39.

[8] Wargeze N.W. Ýokary bilimiň globallaşmagy we talyplaryň serhetaşa hereketliligi (Varghese N.V. Globalization of higher education and cross-border student mobility. International Institute for Educational Planning. Paris.) UNESCO. 2008. 33 s. [Giriş tertibi: https://citeseerx.ist.psu.edu/viewdoc/download?doi=10.1.1.536.4194&rep=rep1&type=pdf].

*Dolanmak* – asyl ýerine gaýdyp gelmek hereketi ýa-da ýagdaýy. Bu ýurduň serhet araçäkleriniň çäklerinde bolup biler – içerki geçirilenleriň dolanmagynda ýa-da demobilizasiýada; ýa-da bellenen (tranzit) ýurduň we gelip çykan ýurduň arasynda – zähmet çekýän migrantlaryň, bosgunlaryň ýa-da gaçybatalga soraýjylaryň aralarynda. Dolanmagyň dürli ýollary beýan edilýär: meýletin, mejbury, kömek bilen, we özakymly; hem-de migrantlaryň dolanyp gelmek görnüşler, meselem repatriasiýa (ýa-da krizis şertlere düşen migrantlar).[9]

HMG-nyň (2004) çemeleşmesine laýyklykda *"dolanyş migrasiýa"* adatça başga bir ýurtda iň azyndan bir ýyl ýaşandan soň gelip çykyş ýurtlaryna ýa-da hemişelik ýaşaýan ýerlerine şahslaryň dolanyş hereketi aňladýar. Bu dolanmak meýletin ýa-da meýletin däl bolup biler. Dolanyş migrasiýasy hem-de meýletin repatriasiýa arkaly amala aşyrylyp bilner.[10]

Häzirki wagtda (2019 ý.) HMG *dolanyş migrasiýany* halkara migrasiýa baglylykda (ýaşaýan adaty ýerinden gaýdanlar we halkara serhetden geçenler öz gelip çykan ýurtlaryna dolanýan şahslaryň hereketleri) we içerki migrasiýa baglylykda (adaty ýaşaýan ýerlerden göçen şahslaryň ol ýerlere dolanmak hereketler) kesgitlenilýär.

Statistik maksatlar üçin BMG-nyň ykdysady we durmuş işler bölümi *dolanan migrantlary* başga bir ýurtda halkara migrantlary (gysga ýa-da uzak möhletli) bolandan we azyndan bir ýyl bu ýurtda galmak isleýän ýurtlaryndan öz ýurduna dolanan raýatlar hökmünde kesgitleýär.[11]

BMG we HMG tarapyndan teklip edilen "dolanyş migrasiýa" düşünjesiniň ýeterlik derejede anyklygyna garamazdan, dürli ýurtlarda düşündirişi düýpli ara tapawutlanýar. Her bir ýurtlaryň dolanyş migrasiýa prosessini häsiýetlendirýän dürli kadalaşdyryjy hukuk aktlarda we maksatnamalarynda dolanyş migrasiýa ýagdaýyny häsiýetlendirýän üýtgeşik düşünjeler we adalgalar ulanylýar.

Mundan başga-da dolanyş migrasiýa babatda, *"gaýtadan emigrasiýa"*diýen adalga ulanylýar – göçüp giden adamlaryň öň göçüp gelen ýurduna dolanmak ýagdaýy.[12]

Halkara hukugynda we migrasiýa syýasatynda iki düşündirişli *"repatriasiýa"* düşünjesi, ýakyndan dolanyş migrasiýa bilen baglanyşyklydyr.

***"Repatriasiýany"*** *has gysga manyda bosgunyň ýa-da harby tussagyň dürli halkara resminamalaryň we düzgünnamalarynyň esasynda* (1949-njy ýylyň Ženewa konwensiýasy, 1977-nji ýylyň Protokoly, 1907-nji ýylyň Gaaga konwensiýasynyň üstüni ýetirýän (IV) gury ýer söweşiniň kanunlary we kadalary barada düzgünnamalar) raýaty bolan ýurda dolanmagyna bolan hukugy hökmünde düşündirýärler. Repatrasiýany saýlap almaklyga bolan hukuk adamy saklan edaralara däl-de, şol adamyň hut özüne degişlidir. Repatriasiýa bolan hukuk şeýle hem barylýan ýurtlaryň döwlet edaralaryny şeýle şahslary (esgerleri we raýatlary) goýbermeklige, gelip çykan ýurtlaryň bolsa öz raýatlaryny kabul etmeklige

9 Migrasiýa pudagynda adalgalaryň sözlügi. Halkara migrasiýa hukugy. HMG (Glossary on Migration International Migration Law. MHG). 2019. S. 15. [Giriş tertibi: https://publications.iom.int/system/files/pdf/iml_34_glossary.pdf].

10 Halkara migrasiýa hukugy. Migrasiýa barada sözlük. Ženewa, HMG ( International Migration Law. Migrasiýa barada sözlük. Ženewa. IOM.) 2004. 15 s. [Giriş tertibi: http://publications.iom.int/system/files/pdf/iml_1_en.pdf].

11 Migrasiýa pudagynda adalgalaryň sözlügi. Halkara migrasiýa hukugy. HMG (Glossary on Migration International Migration Law. HMG). 2019. S. 15. [Giriş tertibi: https://publications.iom.int/system/files/pdf/iml_34_glossary.pdf].

12 Şol ýerde, S. 168.

borçly edýär. «Repatriasiýa» adalgasy diplomatik wekilhanalar we halkara wezipeli şahslar babatynda halkara çökgünlilik ýagdaýynda ulanylýar.[13]

*"Repatriasiýa"* adalgasy halkara ynsanperwer hukugynyň çäginde hem halkara hukugynyň bu ugruna degişli kategoriýalara esasy üns gönükdirilýär. Bir ýurda gaýdyp barmak üçin has umumy hukuk, halkara adam hukuklary kanunlarynda, şol sanda Raýat we syýasy hukuklar baradaky halkara şertnamada (pakt) (1966-njy ýylyň 16-njy dekabrynda kabul edildi, 1976-njy ýylyň 23-nji martynda güýje girdi) göz öňünde tutulandyr. Afrikadaky bosgun meseleleriniň aýratyn taraplaryny düzgünleşdirýän Konwensiýa (1969-njy ýylyň 10-njy sentýabrynda kabul edildi, 1974-nji ýylyň 20-nji iýunynda güýje girdi), bosgunlaryň hemişe meýletin bolmalydygyny we hiç bir bosgunyň islegine garşy yzyna iberilip bilinmejekdigini göz öňünde tutýar. Bu düşündiriş, şeýle hem gaçalga ýurduna "repatriasiýa üçin ýüz tutan bosgunlaryň howpsuz dolanyp gelmegi üçin degişli çäreleri görmegi" we gelip çykan ýurduna "olaryň göçürilmegini aňsatlaşdyrmak we ýurduň raýatlarynyň ähli hukuklary we ýeňillikleri we borçlary bilen üpjün etmek" borjuny öz üstüne alýar. Bu adalga köplenç halkara krizis döwründe diplomatik wekilleriň we halkara işgärleriň, şeýle hem krizisde ýa-da daşary ýurtlarda kynçylyk çekýän raýatlaryň yzyna iberilmegine degişlidir.[14]

Giň düşündirilişe ***görä «repatriant»*** *– bu durmuş-ykdysady sebäplere ýa-da şahsy häsiýetli ýagdaýlara görä özüniň raýatlygy bolan ýa-da gelip çykan ýurduna mydamalyk ýaşamak maksady bilen meýletin geçen şahsdyr.*[15] Şunuň bilen baglylykda käbir ýurtlaryň häkimiýeti we olaryň döwlet maksatnamalary aglaba ýagdaýda repatriasiýany dolanyş migrasiýasynyň aýratyn bir görnüşi, ýagny etniki watanyna dolanmak prossesi hökmünde garaýarlar. Etniki watan hökmünde köplenç halatda adamlaryň öz gelip çykyşlaryny baglanyşdyrýan (eger olar bu ýerden ozal emigrirlenmedik hem bolsalar) ýurduna düşünýärler. Adatça, bu aragatnaşyk etniki we (ýa-da) dini topara degişlilik boýunça kesgitlenilýär. Käbir döwletleriň häkimiýetleri (mysal üçin, Ysraýyl we Gresiýa) kadalaşdyryjy hukuk we kanunçylyk namalarynda, migrasion syýasatda we göçüş maksatnamalarynda «repatriasiýa» we «repatriant» düşünjelerini gönüden-göni peýdalanýarlar.

Yzyna dolanyş migrasiýasyny klassifikasiýa etmek üçin birnäçe çemeleşmeler bar.

*Migrantlaryň öz gelip çykan ýurtlaryna dolanmaklyga düşündiriş bermeklik şolar ýaly prossesiň meýletinlik derejesine bagly bolup durýar.*

- *"meýletin gaýdyp gelýän migrantlar"* – meýletin özbaşdak ýa-da biriniň kömegi bilen gelip çykan, üstaşyr ýa-da başga bir ýurda ýa-da başga ýurda öz meýletin çözmesi esasynda dolanýan adamlar. Meýletin yzyna dolanmak tertipli (degişli hökümetleri we BMG-nyň BÝKM saýasynda amala aşyrylýar) ýa-da öz-özünden (bosgunlar öz hasabyna yzyna dolanýarlar, BMG-nyň BÝKM we hökümetler şol ýagdaýa gatnaşmaýarlar) bolup biler;[16]

---

[13] Halkara migrasiýa hukugy. Migrasiýa barada sözlük. Ženewa, HMG ( International Migration Law. Migrasiýa barada sözlük. Ženewa. IOM.) 2004. 78 s. [Giriş tertibi: http://publications.iom.int/system/files/pdf/iml_1_en.pdf] S. 140.

[14] Migrasiýa pudagynda adalgalaryň sözlügi. Halkara migrasiýa hukugy. HMG (Glossary on Migration International Migration Law. MHG). 2019. P. 180-181. [Giriş tertibi: https://publications.iom.int/system/files/pdf/iml_34_glossary.pdf].

[15] Halkara migrasiýa hukugy. Migrasiýa barada sözlük. Ženewa, HMG ( International Migration Law. Migrasiýa barada sözlük. Ženewa. IOM.) 2004. 78 s. [Giriş tertibi: http://publications.iom.int/system/files/pdf/iml_1_en.pdf] S.140.

[16] Migrasiýa pudagynda adalgalaryň sözlügi. Halkara migrasiýa hukugy. HMG (Glossary on Migration International Migration Law. HMG). 2019. P. 225. [Giriş tertibi: https://publications.iom.int/system/files/pdf/iml_34_glossary.pdf].

- *"mejbury dolanyp gelmek"* – öz islegine garaşsyz gelip çykan, üstaşyr ýa-da şol adamy kabul etmäge razy bolan üçünji ýurda dolanyp gelmek hadysa, adatça administratiw ýa-da kazyýet delilnamasy ýa-da karary esasynda amala aşyrylýar.

1979 ýyldan başlap HMG meýletin dolanmak we reintegrasiýa (MDRK) kömek edýän maksatnamasyny durmuşa geçirýär. MDRK ugry boýunça HMG-niň migrantlary gollamaklygy birnäçe çäreleri öz içine alýar, adatça olar: ugramazdan öň maslahat bermek, awiabiletleri almak, administratiw we syýahatçylyk kömegini we, mümkin boldugyndan reintegrasiýa kömegini bermek. Ortaça 2005-nji ýyldan 2018-nji ýyla çenli HMG her ýyl MDRK arkaly bilen 48 müň migranta öz ýurtlaryna dolanmak meselelerinde ýardam berýär. 2018-nji ýylda 63,3 müň migranta goldaw berildi (24% – zenanlar, 22% – çagalar, 1,2% – adam söwdasynyň pidalary), olar 128 sany kabul edýän ýa-da tranzit ýurtlardan 169 sany gelip çykan ýurtlaryna dolandylar.[17]

2018-nji ýylda MDRK-nyň gatnaşyjylarynyň köpüsi (53,7%) Ýewropanyň ykdysady zonasyndan gaýdyp geldiler, şol sanda Germaniýadan, Gresiýadan, Awstriýadan, Belgiýadan we Niderlandlardan. Gaýdyp gelýän migrantlaryň akymy «günorta-günorta» ugry boýunça köpelýär, şol sanda üstaşyr ýurtlardan hem köpelýär. Mysal üçin, Nigerden Gwineýa, Mali, Kameruna, Kot-d'Iwuara we Senegala dolanan migrantlar dünýädäki dolanan ähli migrantlaryň 18%-den gowragyny emele getirdi. Migrantlaryň gelip çykyşynyň esasy sebitleri – 2018-nji ýylda MDRK kömegini alanlar Günbatar we Merkezi Afrika (30,8%), Günorta-Gündogar Ýewropa, Gündogar Ýewropa we Merkezi Aziýa (27,6%), Aziýa we Ýuwaş ummany sebiti (14%) we Ýakyn Gündogar we Demirgazyk Afrika (12,9%) boldy. Umuman alanyňda, ilkinji 10 ýurt MDRK kömegini alýanlaryň 51%-ini emele getirýär.[18]

Tablisa 1.2.1. **2018-nji ýylda esasy kabul ediji (ýa-da üstaşyr) ýurtlar we gelip çykyş ýurtlary tarapyndan MDRK programmalaryna gatnaşyjylaryň sany.**[19]

| Kabul edýän ýa-da üstaşyr ýurtlar. | Gatnaşyjylaryň sany, adam | Gelip çykyş ýurtlary | Gatnaşyjylaryň sany, adam |
|---|---|---|---|
| Germaniýa | 15 942 | Irak | 5 661 |
| Niger | 14 977 | Gwineýa | 5 088 |
| Gresiýa | 4 968 | Efiopiýa | 4 792 |
| Awstriýa | 3 469 | Mali | 4 041 |
| Jibuti | 3 392 | Gruziýa | 2 681 |
| Belgiýa | 2 795 | Owganystan | 2 232 |
| Niderlandlar | 2 149 | Albaniýa | 2 167 |
| Marokko | 1 508 | Russiýa Federasiýasy | 1 952 |
| Türkiýe | 1 494 | Ukraina | 1 901 |
| Italiýa | 958 | Kot-Diwuar | 1 834 |

17 Dolanmagyň we reintegrasiýanyň esasy meseleleri. HMG, Ženewa (2018 Return and Reintegration Key Highlights. IOM: Geneva). 2019. p. 15 [www.iom.int/sites/default/files/our_work/DMM/AVRR/2018_return_and_reintegration_key_highlights.pdf].

18 Dünýädeki migrasiýa hakynda nutuk, HMG, Ženewa (World migration report 2018. 2-nji bap. HMG: Ženewa.) 2017. P. 1 [Giriş tertibi: www.iom.int/sites/default/files/country/docs/china/r5_world_migration_report_2018_en.pdf].

19 Şol ýerde, S. 1.

*Döwletleriň we halkara guramalaryň* gatnaşyjylyk derejesine baglylykda, dolanyş migrasiýasy prosessinde dolanyş migrasiýasynyň üç görnüşini tapawutlandyryp bolýar:

- *göni ýa-da işjeň höweslendirýän dolanyş migrasiýasy* yzyna gaýdyp gelen migrantlaryň (gaýdyp gelenleri) ünsüni çekmek we ýerleşdirmek boýunça döwlet maksatnamalarynyň, şeýle hem meýletin dolanyş we reintegrasiya meýilnamalarynyň (MDRK) barlygyna we ýerine ýetirilişinde syn edilýär. Dolanyş migrasiýasynyň has giň gerimli maksatnamalaryny häzirki wagtda Ysraýyl, Germaniýa, Russiýa Federasiýasy, Gresiýa we Gazagystan amala aşyrýar. Bu ýurtlarda döwlet maksatnamalary birnäçe ýyllaryň dowamynda maksada gönükdirilen ýagdaýda amala aşyrylýar, anyk maksatlara we wezipelere eýe, şeýle hem döwlet býudžetinde maliýeleşdirilýär.

### Mysal 1.2.1 **Etniki nemesleri gaýtaryp getirmek boýunça Germaniýanyň döwlet maksatnamasy**

Taryhy ýagdaýlar sebäpli nemes halky bölek-bölek boldy. 1990-njy ýyllaryň başlarynda Germaniýanyň çäklerinden daşarda 2,5 mln etniki nemesler ýaşaýardy, olaryň 2 mln-a golaýy öňki SSSR-iň çäklerinde dörän döwletlerde.[20] Beýleki döwletlerden Germaniýanyň çäklerine göçüp gelýän nemesler babatynda döwlet syýasatynyň esasynda konstitusion kadalar ýatyr, olara laýyklykda, etniki nemesleriň hataryndaky göçüp gelenler ähli hukuk babatynda nemes raýatlary bilen deňhukukly bolýarlar. Göçüp gelenler üçin ýeňillikleriň giň geriminiň kanun tarapyndan berkidilmegi tizara goşulyşmaklyga ýardam berýär. 1949-njy ýylyň 23-nji maýynda kabul edilen GFR-iň konstitusiýasyna laýyklykda (116 madd.) nemes raýatlygy bolan bosgun ýa-da etniki nemesleriň hataryna degişli bolup iberilen şahs, şeýle hem olaryň nemes reýhiniň çäklerinde 31.12.1937 ý. ýaşan ýanýoldaşlary we nebereleri nemes hasap edilýär, 1953-nji ýylda kabul edilen "Iberilen şahslar we bosgunlar" hakyndaky Kanun (1 madd.) aýratyn nemes derejesine eýe bolan şahslaryň kontingentini, Günbatar Ýewropa ýurtlarynda göçüp gelenleriň hasabyna giňeldýär. Dört ýyldan soň bu sanawa Hytaý hem goşuldy. Agzalan kanuna laýyklykda, etniki nemesleriň gelip çykyşy nemes bolmadyk ýanýoldaşlary hem nemes derejesini alýarlar.[21]

Raýatlyk meseleleri çözülende GFR-de "gelip çykyş" ýörelgesiniň täsiri etniki nemeslere, immigrantlaryň beýleki derejeleri bilen deňeşdirilende, nemes raýatlygyny almakda görnetin ýeňillikleri üpjün edýär. Ikinji Jahan urşuna çenli nemes raýatlygy bolan nemesler ýa-da uruş döwründe alanlar, we olaryň nesilleri awtomatiki ýagdaýda nemes raýatlygyny alýardylar. Öň Germaniýanyň raýatlygy bolmadyk etniki nemesleriň beýleki kategoriýalarynyň, 1955-nji ýyldaky «Raýatlyk meselelerini çözmek barada» kanuna (B maddasy) laýyklykda, degişli haýyşnama ýazmaly we etniki degişliligini subut etmelidi. 1953-nji ýyldaky «Sürgün edilenler we bosgunlar barada» kanunyna (b maddasy) laýyklykda, nemes halkyny özüne garyndaş hasaplaýan we gelip çykyşy, dili, terbiýesi, medeniýeti boýunça özüniň degişlidigini tassyklap bilýän adam etniki nemes diýlip hasaplanýar. Nemes etniki toparyna degişlilik duýgusy ilat ýazuwy maglumatlary, şahsy resminamalarda hasaba alyş ýazgylary bilen goldanmalydyr. Uruşdan soňky ýyllarda 1953-nji ýyldaky kanun esasynda federal we ýerli býudžetlerden, şeýle hem ybadathana gaznalaryndan maliýeleşdirilýän giňişleýin maksatnamalaryň çäginde nemes immigrantlarynyň uly bir bölegi ýurduň ykdysadyýetine we sosial durmuşyna goşuldy.

Soňky ýyllarda nemes immigrantlarynyň yzygiderli köpçülikleýin gelmeginiň çäginde bu kanun 1980-nji ýylda «Ýurtdan çykarylan adamlary we bosgunlary birleşdirmek barada indiki çäreler» goşmaça kanuny bilen dolduryldy we birnäçe ýörite kanunlar bilen kesgitlenildi. Mysal üçin, immigrantlara bir

[20] Ýudina T.N Migrasiýa: esasy adalgalaryň sözlügi. M .: Russiýa Döwlet Sosial Uniwersitetiniň neşirýaty. 2007. S. 142 [Giriş tertibi: http://yanko.lib.ru/books/cultur/yudina-migraciya-slov-term-2007-a.htm].

[21] Şol ýerde, S. 138.

gezeklik kömek pullary tölenýärdi; döwlet «sosial» (arzan) ýaşaýyş jaýy gurlanda ýerli häkimiýetlere maliýe kömegini berýärdi (sosial ýaşaýyş jaýy diňe pes girdejili adamlara, esasanam umumy ýaşaýyş jaýlarynda ýaşaýan we köp çagaly maşgalaly migrantlara berildi); umumy ýaşaýyş jaýlarynda ýaşaýan immigrantlara ýa-da garyndaşlaryna emläk satyn almak üçin karzlar bölünip berildi (karz ilkinji iki ýylda göterimlerden boşadylyp, iň köp 10 ýyl karz berildi, döwlet bolsa doly öwezini dolýança karzlara göterimleri subsidirledi). «Özbaşdak durmuş ýörelgesi üçin esaslary» döretmek boýunça, kiçi we orta telekeçiligi guramaklyga höweslendirýän maksatnamalar toplumy kabul edildi; maslahat bermek bilen bir hatarda döwlet maliýe goldawy hem berilýär. «Işliligi höweslendirmek barada» kanuny migrantyň ýokary hünär bilim ulgamynda tälim alýan döwründe gazanan girdejisiniň doly öwezini dolmagy göz öňünde tutýardy. Munuň üçin girdejiniň bir bölegi salgytlardan boşadyldy we eklenjinde saklanýan çagalaryň sanyny we ýaşyny hasaba almak bilen ýeňillik pullary tölenýärdi. Orta we hünärment mekdeplerinde, başlangyç hünärment mekdeplerinde immigrantlary taýýarlamak üçin we immigrantlaryň çagalaryny çagalar baglaryna we taýýarlyk synplaryna ýerleşdirmekde ýörite çemeleşmeler göz öňünde tutulypdyr.[22]

- *gytaklaýyn ýa-da gytaklaýyn gaýdyp göçmegi höweslendirýär.* Bu ýagdaýda ýörite döwlet maksatnamalary bar bolsa-da muňa garamazdan wagtlaýyn, ýöne belli bir jemgyýetçilik ýa-da hünär toparlaryny goşmak bilen gaýdyp gelýän migrantlary goldamak üçin çäreler görülýär. Bu çemeleşme Gündogar we Demirgazyk Ýewropanyň käbir ýurtlarynda (mysal üçin Wengriýa, Polşa, Çehiýa, Finlýandiýa), şeýle hem Ýaponiýada, Peruda, Braziliýada ulanylýar.

### Mysal 1.2.2. **Çehiýa respublikasyndaky dolanyş migrasiýasynyň maksatnamasy**

Çehleriň etniki çehler baradaky immigrasiýa syýasaty 1990-njy ýyllaryň başynda başlandy. Migrantlaryň ilkinji bölegi 1991-1993-nji ýyllarda bolup, Çernobyl betbagtçylyk zolagynda esasan Ukrainada we Belarussiýada ýaşaýan etniki çehleri öz içine alýardy. Şol wagt Çehiýa 1812 sany immigrantlary kabul etdi. Döwlet iş bilen üpjün etmekde kömek etdi we ýaşaýyş jaý bilen üpjün etdi, şeýle hem hemişelik ýaşamak üçin rugsat berdi. Soňra, bu kategoriýa migrantlary üçin raýatlyk almak tertibi ýönekeýleşdirildi we 1995-nji ýylda raýatlyk kanuny üýtgeşmeler girizildi.

Göçüşligiň ikinji bölegi 1996-2001-nji ýyllar aralygynda bolup geçdi. Şol döwrüň göçüş maksatnamasy uzakdaky we rahat bolmadyk (çeh häkimiýetiniň pikiri boýunça) çäklerde, esasan hem Gazagystanyň, Russiýa Federasiýasynyň, Özbegistanyň, Gyrgyzystanyň we Moldowa Respublikasynyň çäklerinde ýaşaýan watandaşlar üçin niýetlenendi. Netijede, bu döwürde 818 watandaş Çehiýa göçdi we olar hem ýaşaýyş jaý we iş tapmakda kömek berildi. 2001-nji ýyldan soň etniki çehler taryhy watanyna diňe döwlet meýilnamasyz adaty migrasiýa prosedurasyndan geçensoň baryp bilerler.

Soňky ýyllyk repatriasiýa maksatnamasy Çehiýada 2007-nji ýylda durmuşa geçirildi we şol döwürde bary-ýogy 157 adam göçürildi. Bu maksatnama laýyklykda, etniki çehlere şäher ýaşaýyş jaýlary, dil kurslary we jemgyýetçilik goldawy bilen üpjün etmekde döwlet kömegi berildi (bu çäreler gaçybatalga gözleýänler we bosgunlar berilýän kömekden tapawutlanmaýardy). Öňki maksatnamalarda bolşy ýaly, immigrantlara hemişelik ýaşamak üçin rugsat berildi. Köp ýurtlardan tapawutlylykda, Çeh hökümeti etniki çehleriň gaýdyp göçüp gelmeklik meselesinde kanunçylykda çäklendirilmedik hukuk kadalaryny girizmek ýolundan gitmän, gysga möhletli göçüriş maksatnamalarynyň taýýarlamaga ünsi jemledi.[23]

[22] Şol ýerde, S. 140.

[23] Drbohlaw D. Migrantlaryň bikanun ykdysady işleri (Ýewropa kontekstinde Çehiýa). Praga: Karolinum. 2008.

- *tertipsiz ýa-da öz-özünden gaýdyp gelmek.* Bu ýagdaýda döwlet prossese gatnaşmaýar we adamlar özbaşdak dolanýarlar.

*Gelnen ýurtda* dolanýan migrantlaryň derejelerine baglylykda, migrantlaryň şu aşakdaky derejelerini ýüze çykaryp bolar:

- *kanuny, ýa-da resmileşdirilen dolanýan migrantlar,* olaryň gelen ýurtlaryndaky derejeleri doly suratda kanuny bolýar we kanunçylyga doly laýyklykda resmileşdirilýär, migrant tarapyndan ähli zerur bolan resminamalar alynýar we gelnen ýurtda ähli bellige alyş çäreleri ýerine ýetirilýär;
- *dürli sebäplere görä kabul edýän ýurtda statusy düzgünleşdirilmedik ýa-da resminamasyz gaýdyp gelýän migrantlar,*düzgünleri bozup serhetden geçip bilerdiler, düzgünleri doly berjaý etmediler ýa-da kabul ediji ýurtda işlemäge rugsat almadylar.

*Yzyna gaýdyp gelýän migrantlaryň* ýüze çykmagynyň taryhy aýratynlyklaryna esaslanyp, göç etmegiň aşakdaky görnüşlerini tapawutlandyryp bolar:

- *Köpçülikleýin emigrasiýa sebäpli ozal iri diasporalaryň dörän döwletlerinden dolanyş migrasiýasy.* Mysal üçin, Russiýa Federasiýasyndan we Gazagystandan Germaniýa etniki nemesleriň, ýewreýleriň – Ysraýyla, pontiý grekleriniň ozalky SSSR-den Gresiýa, ýaponlaryň Braziliýadan we Perudan Ýaponiýa dolanyş migrasiýasy;
- *Metropoliýalardan eseli derejede göçüp gelenleri kabul eden, ozal koloniýa ýa-da basyp alnan çäkler bolan döwletlerden dolanyş migrasiýasy.* Mysal üçin, fransuzlaryň we olaryň nebereleriniň ozalky fransuz koloniýalaryndan, ispanlaryň Latyn Amerikasyndan Ispaniýa, portugal dilinde gepleýän ýurtlardan portugallaryň Portugaliýa, ýaponlaryň we nemesleriň Ikinji jahan urşundan soň basyp alnan çäklerden dolanyş migrasiýasy;
- *ýykylmazyndan ozal bir ýurdyň bölekleri bolan beýleki ýurtlardan gaýdyp göçüp gelmek.* Mysal üçin, öňki SSSR respublikalaryndan Russiýa Federasiýasyna, sebitleriň öňki Ýugoslawiýa respublikalaryndan Serbiýa gaýdyp göçüp gelmegi;
- *Etiki sebäplere görä açylýan üçünji ýurda göçmegi şertli ýagdaýy.* Mysal üçin, Germaniýa holokost we faşist tertibi tarapyndan öjükdirilen ýewreý emigrasiýa tolkunlary üçin özlerini dikeltmek maksady bilen ýewreýleriň gaýdyp gelmegi üçin ýörite maksatnama döretdi.

### Mysal 1.2.3. **Ýaponlaryň («nikkeýdzin») Latyn Amerikasyndan Ýaponiýa gaýdyp göçüp gelmegi**

XX asyryň başynda ýaponlar ýersizlikden we garyplykdan gaçyp, ýurdyny terk edip, esasan Demirgazyk we Günorta Amerikada mesgen tutdular. Häzirki wagtda daşary ýurtlarda ýaponlaryň (üçünji nesle çenli) takmynan 1,4 million nesli bar, şol sanda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda 670 müň, Braziliýada 530 müň, Peruda 50 müň. Ýaponiýada daşary ýurtly ýaponlara «nikkeýdzin» diýilýär. Olaryň käbiri zähmet migrantlary hökmünde Ýaponiýada ýerleşýär (Braziliýanyň takmynan 200 müň raýaty we Perunyň 46 müň raýaty). Aslynda, olar senagatda hünärsiz zähmet güýji hökmünde ulanylýar. Kanuny taýdan bolsa, olaryň köpüsi Ýaponiýa garyndaşlaryny görmäge we milli medeniýeti bilen tanyşmaga gelýär. Ýapon häkimiýeti «kadadan çykmak bilen» olara kesgitli artykmaçlyklary berýärler. Hökümet immigrantlaryň bu kategoriýasyna giriş şertlerini aňsatlaşdyrdy we çäklendirilmedik iş görnüşlerinde işlemek hukugyny berdi. «Nikkeýdzin» ýapon asyllylygyny we garyndaşlygyny subut edenden soň,

«ýaponyň äri (aýaly)» ýa-da «uzak möhletli ýaşaýjy» statusyny alýar. Bu ýörite wiza wagtal-wagtal täzelenmeli we ol çäklendirilmedik iş görnüşlerinde işlemäge mümkinçilik berýär. Ýapon gulluklarynda işlemegi halanmaýan daşary ýurtlylar "hünärsiz işçiler" kategoriýasyna, «nikkeýdzin», hakyky kärlerine garamazdan köplenç resmi taýdan "hünarli işçiler" kategoriýasyna bellenilýär. «Nikkeýdziniň» işe alynmagyny aňsatlaşdyrmak üçin Ýaponiýanyň Zähmet ministrligi Tokýoda we Nagoýada ýöriteleşdirilen «nikkeýdziniň» iş merkezlerini döretdi.[24]

## Synag soraglary:

1. Häzirki zaman dünýäsinde esasy migrasion akymlaryň ölçegi nähili? Dünýäde dolanyş migrasiýasynyň gerimi nähili?
2. Dolanmak we dolanyş migrasiýasy näme?
3. Reemigrasiýa repatriasiýadan näme bilen tapawutlanýar?
4. Meýletin we mejbury dolanyşyň tapawudy nämeden ybarat?
5. Dolanyş migrasiýasyny göni we gytaklaýyn höweslendirmek näme bilen tapawutlanýar? Ýurtlara mysal getiriň.
6. Yzyna dolanýan migrantlaryň kadalaşdyrylan we kadalaşdyrylmadyk hukuk derejeleriniň tapawudy näme we olaryň bolmagynyň netijeleri nähili?

## Amaly okuw:

1. Dolanyş migrasiýasynyň iki sany esasy görnüşini deňeşdiriň: meýletin we mejbury. Şol sanda şulary göz öňünde tutuň: a) sebäpler, b) derejesi, ç) gatnaşyjylaryň sosial-demografiki gurluşy, d) döwletiň gatnaşygynyň derejesi. Dürli ýurtlardan mysal alyň. Tanyşdyryş taýýarlaň.
2. Sebitiňizde ýa-da ýaşaýyş ýerlerine gaýdyp gelýän migrantlaryň biri bilen söhbetdeşlik geçiriň. Migrasiýa tejribesiniň nämedigini anyklaň. Näme üçin gaýdyp geldi? Migrasiýa tejribesi oňa durmuşda we şahsy ösüşde nähili kömek etdi?

## Gerekli edebiýat:


1. Demografiki düşündirişli sözlük/ L.L. Rybakowskiýniň red. M.: ЦСП. 2003. 352 sah. [Giriş tertibi: www.socioprognoz.ru/files/File/2012/Demograf%20ponyatini%20slovar.pdf].
2. Amaly demografiýa / L.L. Rybakowskiýniň red. – ЦСП. 2005. 280 c. [Giriş tertibi: www.isras.ru/publ.html?id=2094].
3. Zähmet migrasiýasyny dolandyrmak boýunça okuw modullary. Metodistler üçin gollanma. Ženewa: ÝHHG. MOM. 2011. 348 c. [Giriş tertibi: www.osce.org/ru/secretariat/115544?download=true].


[24] Anisimtsew N.W. Ýaponiýanyň immigrasiýa syýasaty: milli görnüş // Russiýa we Aziýa-Ýuwaş ummany sebiti. 2004. C. 53. [Giriş tertibi: https://cyberleninka.ru/article/v/immigratsionnaya-politika-yaponii-natsionalnyy-variant].

4. Ýudina T.N Migrasiýa: esasy adalgalaryň sözlügi. M .: Russiýa Döwlet Sosial Uniwersitetiniň neşirýaty. 2007. 462 s. [Giriş tertibi: http://yanko.lib.ru/books/cultur/yudina-migraciya-slov-term-2007-a.htm].

5. Migrasiýa pudagynda adalgalaryň sözlügi. Halkara migrasiýa hukugy. Ženewa. HMG (Halkara Migarasiýa Kanuny. Migrasiýa barada sözlük. Ženewa. IOM.) 2004. 78 s. [Giriş tertibi: http://publications.iom.int/system/files/pdf/iml_1_en.pdf].

6. Migrasiýa pudagynda adalgalaryň sözlügi. Halkara migrasiýa hukugy. HMG (Glossary on Migration International Migration Law. HMG). 2019. 98 s. [Giriş tertibi: https://publications.iom.int/system/files/pdf/iml_34_glossary.pdf].

## Goşmaça edebiýat:

7. Worobýow W.P. Ysraýyl döwleti: ýüze çykmagyň hukuk esaslary we şahsyýet statusy. M.: Milli syn. 167 s.

8. Ýeliseýewa I.I. Demografiýa we ilat statistikasy. 3-nji neşir, terj. we goş. Akademiki bakalawriat üçin okuw kitaby. M .: Yuraýt. 405 s.

9. Halkara ynsanperwer hukugy / A.Ýa. Kapustiniň red. . 2-nji neşir, täzeden seredilen we üsti ýetirilen. M. Ýuraýt. 2011. 639 s. [Giriş tertibi: https://ozon-st.cdn.ngenix.net/multimedia/1002960198.pdf].

10. Köp görnüşli migrasiýa/ O.D. Worobýewanyň, A.W. Topiliniň red. M. Ekon-inform. 2014. 261 c. [Giriş tertibi: www.isras.ru/publ.html?id=3685]

11. Öňki SSSR-den giç göçüp gelenleriň kanuny ýagdaýy (Spaetaussiedler). GERMANY.RU. 1999. [Giriş tertibi: http://recht.germany.ru/aussiedler.db/items/18.html?op=].

12. Rýazantsew S.W. Ruslaryň Russiýa göçürilmegi we göçmegi. Rus meselesi / Red. G.W. Osipow, W.W. Lokosow, I.B. Orlowa. M.: Ekonomika. 2007. 237 s.

13. Rýazantsew S.W., Grebenýuk A.A. "Biziňkiler" daşary ýurtlarda. Ruslar, Russiýalylar, Rus dilinde gürleýänler, watandaşlar: göçürmek, birleşme we Russiýa dolandyryş migrasiýasy. M. ИСПИ PAH. 2014. 238 c. [Giriş tertibi: https://istina.msu.ru/publications/book/6531743/].

14. Halkara migrasiýanyň hasabaty. Gündogar Ýewropadaky we Merkezi Aziýadaky ýurtlar üçin amaly gollanma. BMG-nyň ÝYK. ÝUNFPA. Ženewa. 2011 [Giriş tertibi: www.unece.org/fileadmin/DAM/stats/publications/RUS_International_Migration_Statistics_Practical_Guide.pdf].

15. Dünýädeki migrasiýa hakynda nutuk, HMG, Ženewa (World migration report 2018. 2-nji bap. IOM: Geneva. 2017). 50 p. [Giriş tertibi: https://publications.iom.int/books/world-migration-report-2018-chapter-2-migration-and-migrants-global-overview].

# 1.3. Döwletleriň dolandyryş migrasiýasynyň maksatnamalaryny durmuşa geçirmeklik boýunça maksatlary we çemeleşmeleri

***Mazmuny.*** *Kabul ediji ýurtlar üçin dolandyryş migrasyýasynyň oňyn roly. Dolandyryş migrasiýasy ýurtlary ösdürmek üçin mümkin bolan çeşme hökmünde. Ykdysadyýeti we jemgyýeti ösdürmek üçin dolandyryş migrasiýasynyň tejribesinden peýdalanan ýurtlaryň oňyn tejribesi. Dolanyş migrasiýasyny höweslendirýän döwletleriň maksatlary: ynsanperwer, demografik, ykdysady, sebitleýin ösüşi höweslendirmek. Yza gaýdyp gelýän migrantlary höweslendirýän döwletler tarapyndan gaýdyp gelýän migrantlary goldamak çäreleri.*

Dolandyryş migrasiýasy döwletiň we jemgyýetiň ösüşi üçin çeşme bolup durýar. Öz ilatyň ýaly hasaplanýan, akyl we medeni taýdan ýakyn bolan adamlary gaýtaryp getirmek jebisleşdirmekde has az çykdaýjy talap edýär we mundan başga-da, köpeldiji täsiri gaty ýokary bolup biler. Yzyna gaýdyp gelenler üçin sosial maksatnamalara goýlan maýa goýumlary, döwletiň öwezini dolup bolmajak çykdaýjy hökmünde däl-de ýerli ilata maýa goýum hökmünde kabul edilip bilner.

Dolanyş migrasiýasyny höweslendirmek we häkimiýet tarapyndan degişli maksatnamalaryň kämilleşdirilmegi döwletleriň öňünde birnäçe maksatlary goýýar.

**Ynsanperwer maksat,** ýagny, dürli ýagdaýlar sebäpli ýurdyň daşyndagalan döwletiň ilatyna we olaryň nesillerine (watandaşlaryna) öz watanyna gaýdyp gelmeklige kömek bermek we goraglylygyny üpjün etmekdir. Mysal üçin, Russiýa Federasiýasy 2006-njy ýyldan bäri, watandaşlarynyň dolanmagyny höweslendirýän döwlet maksatnamasyny amala aşyrýar. Käbir ýurtlar ýönekeýleşdirilen we çaltlaşdyrylan görnüşde raýatlygy (pasportlary) bermek arkaly gaýdyp gelmegi höweslendirýärler. Mysal üçin, Rumyniýada öz çägine gaýdyp gelýän migrantlary göçürmek üçin maksatnamalar ýok, emma ol Moldowa Respublikasynyň we Ukrainanyň raýatlaryna milli pasport berýän güýçli bir kompaniýa açdy. Rumyniýanyň häkimiýeti şeýle pasportlardan 800 müňe çenli bermek isleýändigini birnäçe gezek mälim etdi. Irlandiýada, garry atasy ýa-da garry enesi Irlandiýaly islendik adama raýatlyk berilýär. Eger özi Irlandiýanyň raýaty bolmak islemese-de, raýatlygyny çagalaryna berip biler. Şuňa meňzeş kanun normalary Serbiýada, Beýik Britaniýada, Koreýa Respublikasynda, Norwegiýada, Horwatiýada, Taýwanda, Hytaý Halk Respublikasynyň welaýatynda, Hytaýda, Slowakiýada, Sloweniýada we Liberiýada bar.

Mysal 1.3.1. **Russiýa Federasiýasynda watandaşlarynyň gaýdyp gelmegini höweslendirmek üçin döwlet maksatnamasy**

Russiýa Federasiýasynyň migrasiýa syýasaty “watandaş” we “watandaşlaryň dolandyryş migrasiýasy” adalgalaryny ulanýar. "Watandaş" düşünjesi ilkinji gezek 1999-njy ýylda[1] kanunçylyk derejesinde berkidildi. 2006-njy ýylda Russiýa Federasiýasyna daşary ýurtlarda ýaşaýan watandaşlarynyň gaýdyp gelmegini höweslendirmek üçin Döwlet maksatnamasy kabul edildi. Ilkibaşda gaýdyp gelen migrantlary kesgitlemek üçin etnik, taryhy we territorial ýörelgeleriň utgaşmasy ulanyldy. Kanunlarda watandaşlaryň Russiýa Federasiýasynda ýaşaýan etnik toparlaryň wekilleri we öňki Sowet respublikalarynyň esasy milleti bolmadyk halklaryň wekilleri bolandygy aýdylýar. Hakykat ýüzünde dolanyş migrasiýasynyň döwlet maksatnamasy amala aşyrylanda «watandaş» adalgasy has giň gerimde düşündirilýär. Döwlet maksatnamasyna gatnaşyjylar üçünji ýurtlarda ýaşaýan daşary döwletleriň derejeli milletleriniň wekilleri bolup durýar. Başga bir möhüm mesele, “rus dünýäsi” bilen dil, medeni we ruhy gatnaşyklaryny ýitirmedik daşary ýurt döwletleriniň esasy milletleriň wekilleriniň statusy boldy. Olaryň köpüsi "watandaşlar" statusyny almaklyga we Russiýa Federasiýasyna gaýdyp gelmek baradaky döwlet maksatnamasyna gatnaşmak isleýändigini aýtdy.

2010-njy ýylda “watandaş” düşünjesine üýtgeşmeler girizilýär: 1) bir döwletde doglan, şol ýerde ýaşaýan ýa-da ýaşan we dilleriniň, taryhynyň, medeni mirasynyň, adatlarynyň we däp-dessurlarynyň umumy alamatlaryna eýe bolan şahslar, şeýle hem görkezilen şahslaryň gönüden-göni nebereleri watandaşlar bolup durýarlar; 2) Russiýa Federasiýasynyň çäklerinden daşarda mydamalyk ýaşaýan, Russiýa Federasiýasynyň raýatlary daşary ýurtlardaky watandaşlar bolup durýarlar; 3) şeýle hem Russiýa Federasiýasynyň çäklerinden daşarda ýaşaýan we adatça Russiýa Federasiýasynyň çäklerinde taryhy nukdaýnazardan ýaşaýan, şeýle hem Russiýa Federasiýasy bilen ruhy, medeni we hukuk gatnaşyklarynyň bähbidini erkin saýlap alan şahslar we olaryň gönüden-göni nebereleri, ýakyn garyndaşlary ozal Russiýa Federasiýasynyň çäklerinde ýaşan şahslar watandalar bolup biler, şol sanda: a) SSSR-iň raýatlygynda bolan, SSSR-iň düzümine giren döwletlerde ýaşaýan, bu döwletleriň raýatlygyny alan ýa-da raýatlygy bolmadyk şahsyýetler; b) Russiýa döwletinden, Russiýa respublikasyndan, RSFSR-den, SSSR-den we Russiýa Federasiýasyndan gelip çykanlar (emigrantlar), degişli raýatlyga eýe bolanlar we daşary ýurt raýatlary bolanlar ýa-da raýatlygy bolmadyklar.[2] Netijede, Russiýa Federasiýasyna gaýdyp gelen migrantlary kesgitlemek sosial-medeni ýörelge bilen dolduryldy.

Barabarlandyrmaklygy tassyklamaklygyň usullary hem giňeldildi: “Şu Federal Kanunyň 1-njy maddasynyň 3-nji böleginde göz öňünde tutulan şahslaryň özleriniň watandaşlara degişliligini ykrar etmekligi olaryň rus dilini, Russiýa Federasiýasynyň halklarynyň ene dillerini saklap galmak, daşary ýurtlarda russiýa medeniýetini kämilleşdirmek, Russiýa Federasiýasynyň watandaşlary bilen döwletleriň dostlukly gatnaşyklaryny berkitmek, watandaşlaryň jemgyýetçilik birleşiklerini goldamak we watandaşlaryň hukuklaryny goramak boýunça jemgyýetçilik ýa-da hünär iş-hereketleri bilen berkidilen ýa-da bu şahslaryň Russiýa Federasiýasy bilen ruhy we medeni gatnaşyklaryň bähbidine erkin saýlamaklygyň beýleki subutnamalary bilen öz-özlerini barabarlandyrmak hereketleri bolup durýar”.

1 «Russiýa Federasiýasynyň daşary ýurtlardaky watandaşlar babatynda döwlet syýasaty hakynda» № 99-ФЗ Federal kanuny [Giriş tertibi: www.kremlin.ru/acts/bank/13875].

2 2010-njy ýylyň 23-nji iýulyndaky “Russiýa Federasiýasynyň daşary ýurtdaky watandaşlaryna degişli döwlet syýasaty baradaky" FZ-179 belgili Federal kanuna üýtgeşmeler girizmek barada.

### Mysal 1.3.2. **Wengriýanyň etniki wengerleriň gaýdyp gelmegini höweslendirmek üçin çemeleşmesi**

Wengriýa Respublikasynyň konstitusiýasy daşary ýurtly wengerleriň ykbaly üçin jogapkärçilik ýörelgesini yglan edýär: "Wengriýa respublikasy öz çäginden daşarda ýaşaýan wengerleriň ykbaly üçin jogapkärçilik çekýär we Wengriýa bilen gatnaşyklarynyň ösmegine kömek edýär."[3] Goňşy döwletler bilen aýratyn gatnaşyklardan we ýokarda görkezilen konstitusiýa düzgünlerini hereket edýän kanunçylyk derejesinde durmuşa geçirip, respublikanyň mejlisi 2001-nji ýylda "Goňşy ýurtlarda ýaşaýan wengerler baradaky kanuny" kabul etdi (Kanun 2002-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girdi).

1-nji maddanyň 1-nji bendi şu kanunda göz öňünde tutulan adamlaryň toparyny görkezýär – "Horwatiýa Respublikasynda, Ýugoslawiýa Soýuz Respublikasynda, Rumyniýada, Sloweniýa Respublikasynda, Slowakiýa Respublikasynda ýa-da Ukrainada ýaşaýan, milleti boýunça özüni wenger hasaplaýan a) Wengriýanyň raýatlygyny meýletin däl ýagdaýda ýitirenler, b) Wengriýada hemişelik galmaga rugsady ýok adamlar".[4] Bu kanun, är-aýallaryna we kämillik ýaşyna ýetmedik çagalaryna-da ulanylýar (şol sanda etnik wenger bolmasada). Bu düzgün Wengriýanyň raýatlygyny meýletin ýitiren ýa-da Wengriýada hemişelik galmaga rugsady bolanlara degişli däldir.

Wengriýanyň milli jemgyýetlerine wekilçilik edýän we Wengriýa Respublikasynyň hökümeti tarapyndan maslahat beriji gurama hökmünde ykrar edilen degişli guramanyň teklibi bar bolsa, "Wengriýanyň kartasy" berilýär. Belli bir ýurduň Wengriýa jemgyýetine wekilçilik edýän bir guramanyň, Wengriýanyň hökümeti tarapyndan teklipleri bermäge hukugy bolan bir gurama hökmünde ykrar edilmegi üçin, "tutuş ýurtdaky wenger jemgyýetiniň bähbitlerine wekilçilik edip bilmäge ukyply bolmaly" we arzalary kabul etmek we baha bermek üçin zerur bolan guramaçylyk hem-de işgär gorlary bolmalydyr. Teklip, ýüz tutujynyň şahsy arzasy (kämillik ýaşyna ýetmedik çagalar üçin – kanuny wekiliniň arzasy) esasynda Wengriýa milletine degişlidigini tassyklamaly we arza berijiniň golunyň hakykygyny tassyklamaly. Teklip şulary öz içine alýar: arza berijiniň arzasy, suraty we ýaşaýan ýeri; şahadatnamada ýazyljak şahsy maglumatlary; maslahat berýän resmi guramanyň ady we möhüri; bu guramanyň adyndan hereket edýän adamyň ady we goly; maslahatyň berlen ýeri we senesi. Daşary ýurtly wengeriň maşgala agzalaryna şahadatnama bermek üçin hödürnamada talapkär bilen wengeriň – bu kanunyň subýektiniň aralaryndaky laryndaşlyk gatnaşyklary tassyklanylýar. Kanun degişli şahadatnama almak üçin başga bir möhüm şerti özünde jemleýär – ýüz tutujylaryň ygtyýarlandyrylan wenger edaralary tarapyndan ýurtdan kowulmaga, giriş/çykyşy gadagan edilendigi ýa-da halkara derejesinde bilkastlaýyn edilen jenaýat işiniň gozgalmandygy barada resmi kararyň ýoklugyny jemleýär.

### Mysal 1.3.3. **Ispaniýada we Portugaliýada yzyna dolanan migrantlar üçin raýatlyk bermek ýörelgeleri**

Ispaniýada we Portugaliýada raýatlyk baradaky kanunlar, bir wagtyň özünde Ispaniýadan – Latyn Amerikasyna, Portugaliýadan Braziliýa, Afrika (Mozambik, Angola, Kobo-Werde we beýleki ýurtlar), Hindistana (Goa), Makao (Aomyn) giden ähli immigrantlaryň nesillerine raýatlyk ýönekeýleşdirilip berilende, "gan hukuklary" ýörelgesine esaslanýar. Öňki Ispan koloniýalaryndan gelip, ispan dilinde gürleýän islendik adam gysgaldylan

3 Ýewropa döwletleriniň konstitusiýasy. T. 1. M. 2001. S. 539.

4 Rýazantsew S.W. Ruslaryň Russiýa göçürilmegi we göçmegi. Rus meselesi / Red. G.W. Osipow, W.W. Lokosowa, I.B. Orlowoý. M.: Ykdysadyýet. 2007. S. 62.

möhletde raýatlyk alyp biler.[5] Portugaliýada hem şuňa meňzeş ýagdaý. Şeýle hem Ispaniýada Sefard ýewreýlerine raýatlyk bermek üçin ýörite düzgünler bar, olaryň haýsydyr biri degişli arzany tabşyran badyna ýurduň raýaty bolýar. Bu ýagdaýdaýy ikinji jahan urşy döwründe Wengriýadaky ýewreýler Ispaniýa göçmek üçin ulandylar we soňky taryhda bosniýaly ýewreýler hem şeýle ýagdaýdan peýdalandylar.[6]

**Demografik maksat**, ýagny dolanyş migrasiýasynyň hasabyna ilat sanynyň artdyrylmagy we "etnodemografik deňölçegliligi" saklanylmagy (aslyýetinde "döwleti emele getirýän" etnosynyň sanyny artdyrmak). Gazagystan oralmanlar üçin dolanyş migrasyýasy maksatnamasy arkaly etniki gazaklary özüne çekýär. Finlýandiýa, Polşa, Wengriýa, Ýaponiýa şular ýaly maksatnamalara eýe.

### Mysal 1.3.4. **Finlýandiýa fin-ingermanlandlaryň gaýdyp geliş maksatnamasy**

Finlýandiýa gaýdyp gelmek meselesinde "gan hukugy" ýörelgesine esaslanýar. "Daşary ýurtly raýatlar hakyndaky Kanuna" laýyklykda Finlýandiýada ýaşamak üçin rugsat alyp bolýar: a) öňki Sowet Soýuzynyň (Ingermanland Finler) çäginde ýaşaýan Finlýandiýaly raýatlar; b) Finlýandiýadan bolan adamlar, Finlýandiýanyň öňki raýatlary we Finlýandiýanyň öňki raýatlarynyň nesilleri.[7] Eger adam: a) erkegiň (aýalyň) fin asly bolsa; b) ene-atasynyň biriniň fin asly bolsa, ýa-da iň azyndan iki atasynyň ýa-da enesiniň fin asly bolsa ol fin raýaty hasaplanýar. Finlýandiýadan gelip çykanlygy bar bolan resminamalar bilen tassyklap bolýar. Şeýle hem ýaşamak üçin rugsatnama Ikinji jahan urşy döwründe, ýagny 1943-nji we 1944-nji ýyllarda SSSR-den Finlýandiýa göçürilen we soňra yzyna gaýtarylan adamlar alyp bilerler. Şeýle hem, Ikinji jahan urşy (1939-1945) döwründe Fin goşunynda gulluk eden adamlara ýaşamak üçin rugsatnama alyp bilýärler.

Immigrantlar üçin birnäçe talaplar bar. Birinjiden, dil talaplary. Immigrantlar, dili öwretmekde umumy ýewropanyň başarnyklaryna laýyklykda Ýewropa Geňeşi tarapyndan düzülen A2 hünär derejesiniň beýanyna görä, fin ýa-da şwed diliniň bilim derejesini barlamaga mümkinçilik berýän dil synagyndan geçmeli ("diri galmak derejesi"). Bu derejede dili ulanyjy ony adaty sosial aragatnaşyklarda we gündelik işlerde ulanýar. Geçirilen synag, dili ulanyjynyň gündelik durmuş ýagdaýlarynda tanyş zatlar hakda ýönekeý we göni dilden ýa-da ýazmaça maglumat alyşmagyny talap edýän zatlar hakynda anyk gürleşip bilýändigini görkezýär. Gündelik durmuş we derrew zerurlyklar bilen baglanyşykly düşnükli we haýal gürleýişe, şeýle hem bu hakda gysga ýönekeý ýazgylara düşünýär. Derejäniň kesgitlenmegi synag tabşyrýan adamynyň nädip bilim alandygyna bagly bolmaly däldir.[8] Ikinjiden, birnäçe ýaşaýyş jaý talaplary bar. Migrantyň Finlýandiýada jaýy bolmaly. Bu iş beriji tarapyndan berlen öý, şeýle hem öz jaýy ýa-da kärendesi bolup biler. Migrant eklenç üçin subutnama bermeli däl. Migrantyň maşgala agzalary (äri, aýaly, bile ýaşaýan erkek, bile ýaşaýan aýal, 18 ýaşa çenli çagalar) hem ýaşamak üçin rugsatnama alýarlar.[9]

---

5 Şol ýerde, S. 61.

6 Watan ýaşamaga çagyrýar. Nokat göçürmesi ýa-da rusça gaýdyp gelmek. Власть. № 26 (680). 3.07.2006 [Giriş tertibi: www.kommersant.ru/doc.aspx?DocsID=687075].

7 Finlýandiýanyň Migrasiýa gullugynyň resmi saýtynyň maglumaty [Giriş tertibi: https://migri.fi/en/home?p_p_id=missinglanguageversionnotification_WAR_languageversiontoolportlet&_missinglanguageversionnotification_WAR_languageversiontoolportlet_missingLanguageVersion=1&path=8,2475].

8 Yza gaýdyp gelen – Ingrian Finler üçin dil synagynyň esaslary. Finlýandiýanyň Zähmet ministrligi. 2003. S. 4.

9 Finlýandiýanyň Migrasiýa gullugynyň resmi saýtynyň maglumaty [Giriş tertibi: https://migri.fi/en/home?p_p_id=missinglanguageversionnotification_WAR_languageversiontoolportlet&_missinglanguageversionnotification_WAR_languageversiontoolportlet_missingLanguageVersion=1&path=8,2475].

### Mysal 1.3.5. **Polşada dolanyş migrasiýasy maksatnamasy**

2000-nji ýylyň 9-njy noýabryndaky "Repatriasiýa barada" kanuny bilen kesgitlenen Polşa gaýdyp barmak ýörelgelerinde "Polşa döwletiniň borjy, gündogarda, esasanam öňki SSSR-iň Aziýa böleginde we deportasiýa, sürgün, milli ýa-da syýasy yzarlamalar sebäpli Polşada mesgen tutup bilmedik polýaklara gaýdyp gelmek mümkinçiligini döretmekden ybarat" diýilýär.[10]

Bu ýörelgelere laýyklykda, polýak milletine degişlidigini yglan eden we aşakdaky talaplary doly ýerine ýetirýän adam: birinjiden, iň bolmanda ene-atasynyň biri, mamasy ýa-da babasy, atasynyň enesi we atasynyň atasy polýak milletine degişli bolan bolsa; ikinjiden, polýak medeniýetine degişlidigini, esasanam polýak dilini, polýak däp-dessurlaryny bilýändigini tassyklasa yzyna gaýdyp gelýän hökmünde ykrar edilip bilner.

Polşanyň raýatlygyny kabul edýän we aşakdaky talaplary doly ýerine ýetirýän adam Polýak milletinden bolan adam hökmünde ykrar edilýär: a) geçmişde Polşanyň raýatlygy ýa-da iň bolmanda ene-atasynda, babasynda ýa-da mamasynda ýa-da atasynyň atasyndan we atasynyň enesinden birinde Polşanyň raýatlygy bolan bolmaly; b) polýak medeniýetine degişlidigini, esasanam polýak dilini, polýak däp-dessurlaryny bilýändigini tassyklasa.

Mundan başga-da, gelip çykyşy polýak hökmünde özüni polýak milleti hökmünde mälim edýän we şu aşakdaky talaplara doly laýyk gelýän şahs ykrar edilýär: a) eje-kakalarynyň, atalarynyň ýa-da eneleriniň, garry atalarynyň ýa-da garry eneleriniň bolmanda biri özleriniň polýak milletine degişlidigini, hususan-da polýak adatlarynyň we däp-dessurlarynyň ornaşdyrmagynyň kömegi bilen tassyklamaly; b) özüniň polýak medeniýetine degişlidigini, hususan-da polýak dilini, polýak adatlaryny we däp-dessurlaryny bilmek bilen, tassyklamaly.

"Polýagyň kartasy" etnik polýaklaryň gaýdyp gelmegi we polýak diasporasy bilen gatnaşyklar bilen gönüden-göni baglanyşykly bolan başga bir resminamadyr. "Polýagyň kartasy" baradaky Kanuna 2007-nji ýylyň 7-nji awgustynda gol çekildi we 2008-nji ýylyň mart aýyndan bu resminama güýje girdi. 2008-nji ýylyň oktýabr aýynda "Polýagyň kartasy" baradaky kanuna üýtgeşmeler girizildi. Bu resminama 2001-nji ýylda girizilen “Wengeriň kartasy” bilen meňzeşlik bilen döredildi, ýöne onuň özboluşly tapawutlary bar, bu barada soňra has jikme-jik durup geçeris. “Polýagyň kartasy” – eýesiniň polýak halkyna degişlidigini tassyklaýan resminama, bu Polşanyň raýatlygyna alternatiwa ýa-da Polşa wizasyna deň däl.

“Polýagyň kartasynda” birnäçe kadalaşdyryjy we maliýe aýratynlyklary bar (meselem, Polşanyň raýatlary bilen bir şertde Polşada iş tapmak we işe başlamak, wiza artykmaçlyklary, syýahatda arzanladyş we ş.m.). Girişiň esasy maksady gatnaşyklary gowulandyrmak we Polşa bilen daşary ýurt diasporasynyň arasyndaky gatnaşyklary güýçlendirmek.[11]

**Ykdysady maksat.** Dolanyş migrasiýasynyň hasabyna döwletler zähmet gorlarynyň, ýokary derejeli hünärmenleriniň, ýaşlarynyň sanyny dolmaklyga, ýurdy ýa-da aýratyn sebitleri kämilleşdirmeklik üçin maýadarlary çekmeklige synanyşýarlar. Şeýlelikde, HHR we Peru bilim migrasiýa maksady bilen gidip we kär derejesi alnandan soňra daşary ýurtda galan ýaşlary yzyna gelmäge höweslendirýärler.

[10] Polşa Respublikasynyň ilçihanasynyň resmi saýtynyň maglumatlary [Giriş tertibi: www.gov.pl/web/rossija].

[11] D. Drbohlav, H. Ágnes and I. Grabowska-Lusińska Experiencing immigration: Comparative analysis of the Czech Republic, Hungary and Poland (Immigrasiýany başdan geçirip: Çeh Respublikasynyň, Wengriýanyň we Polşanyň deňeşdirme seljermesi) 2009.

### Mysal 1.3.6. **Bilim migrantlaryny we ýokary derejeli hünärmenleri Hytaýa gaýtarmak üçin maksatnamalar**

HHR-iň Bilim ministrliginiň habaryna görä, 1978-nji ýyldan 2017-nji ýyla çenli HHR-den daşarda okaýan hytaýly talyplaryň 84% -i (3,132 müň adam) öz watanyna gaýdyp geldi. Diňe 2017-nji ýylda Hytaýa gaýdyp gelen daşary ýurt bilim edaralaryny gutaranlaryň umumy sany 480,9 müň boldy, bu bolsa bir ýyl ozalkydan 11% köp. Bu, 1949-njy ýylda döwlet döredileli bäri watandaşlarynyň Hytaýa yza gaýdyp gelen iň uly üçünji tapgyrydyr. Yza gaýdyp gelmegiň esasy sebäbi – Hytaýyň durnukly ösüşi we ösýän güýji, şeýle hem dolanyş migrantlary çekmek üçin ýörite maksatnamalardyr. Hytaý «1000 adam üçin Meýilnamany» yzygiderli amala aşyrýar. Meýilnamanyň işlenip düzülmegi 2008-nji ýylda başlandy. Bu meýilnama daşary ýurtlardan ýokary derejeli işgärleri möhüm döwlet taslamalaryna, bilim edaralaryna, barlaghanalara, şeýle hem merkezi tabynlykdaky kärhanalara, döwlet ähmiýetli maliýe guramalaryna, ýokary tehnologiýa zolaklaryna çekmäge gönükdirilendir. Ýurtda bireýýäm daşary ýurtdan gelen watandaşlary üçin 300-den gowrak iş ýerleri döredildi, bu ýerde iş mümkinçiligi köp we işiň ýönekeýleşdirilen syýasaty düzgünleşdirilendir. Bu meýilnamanyň çäginde eýýäm 7 müň adamy özüne çekildi. Hytaý, öz işini açmak we innowasiýalary ösdürmek maksady bilen HHR-den daşarda okaýan hytaýly talyplary watanyna dolanmaga höweslendirmek üçin has köp programma döretmegi meýilleşdirýär. Meýilleşdirilen çäreleriň arasynda: ýerli derejede sertifikarlaşdyrmak amallaryny ýönekeýleşdirmek; ýaşamak üçin rugsat almak; hünärmenleriň çagalarynyň bilim zerurlyklaryny üpjün etmek üçin şertleri döretmek; başlangyçlary maliýeleşdirmek üçin intellektual eýeçilik hukuklaryna esaslanýan karzlary bermek; söwda belligini hasaba almagyň ýönekeýleşdirilmegi; eksporta ýüz tutmak prossesini tertipleşdirmek; ylmy we tehnologiki ösüşleriň täjirleşdirilmegine goldawy. Mundan başga-da, Hytaýa gaýdyp gelýän hünärmenlere doly kömek bermek üçin jemgyýetçilik hyzmatlary ulgamy döredilýär. Netijede, HHR kem-kemden zehin eksport edýän ýurtdan ýokary hünärli işgärler bilen zehinleri özüne çekýän ýurda öwrülýär. Daşary ýurtda bilim alyp gelen talyplar diňe bir ylym, bilim, ykdysadyýet, medeniýet ugurlary boýunça öňdebaryjy işgär bolman, eýsem täze görnüşde bir ýurt döretmek üçin hereketlendiriji güýç bolýar.[12]

### Mysal 1.3.7. **Daşary ýurtlardan ýaşlaryň we bilim migrantlarynyň Perua gaýdyp gelmegi**

Peruda migrasiýa syýasatynyň esasy ileri tutulýany Perulylaryň watanyna dolandyrylmagy boldy. Bu, ilkinji nobatda bir wagtlar döwlet tarapyndan daşary ýurda okamak üçin iberilen ýokary bilimli ýaşlara degişlidir. 2004-nji ýylda Perunyň prezidenti öz watanyna gaýdyp gelen Peruly migrantlaryň gümrük salgytlaryndan boşadylmagy barada ýörite karar çykardy.

### Mysal 1.3.8. **«Hindi gelip çykyşy şahsyýeti» we «Daşary ýurtdaky hindi raýatlaryny» Hindistanyň ykdysadyýetine çekmek**

Hindistanda "Hindi gelip çykyşy şahsyýeti" (Person of Indian Origin(PIO)) termini ulanylýar. Hindi kökleri bolan adamyň ýaşamak üçin rugsatnama almaga we hindi raýatlygyna çalt girmäge hukugy bar. Haçan hem bolsa ozal Pakistanyň ýa-da Bangladeşiň raýatlary bolan adamlar kadadan çykma bolup durýar.

[12] Hytaýda hytaý talyplarynyň daşary ýurtlardan dolanmaklygynyň üçünji tapgyry başlandy [Giriş tertibi: http://russian.people.com.cn/n3/2017/1027/c31516-9285649.html]; Hytaý daşary ýurtlarda okaýanlaryň öz watanlaryna dolanmaklaryny höweslendirmek boýunça çäreleri güýçlendirer [Giriş tertibi: http://russian.news.cn/2018-04/05/c_137088856.htm].

2003-nji ýylda kabul edilen Raýatlyk hakyndaky kanun (rejelenen) we 2005-nji ýylda kabul edilen Raýatlyk hakyndaky karar (rejelenen) ýene-de bir düşünjäni – «Hindistanyň daşary ýurt raýatlary» (Overseas Citizens of India (OCI)) girizdi. Daşary ýurtlarda bäş ýylyň dowamynda hasaba alnan hindi raýatlary, doly raýatlyk almak üçin diňe bir ýyl Hindistanda ýaşamaly. Şeýle hem, ilatyň bu kategoriýalary salgyt tölemekde artykmaçlyklary alýarlar. Bu çemeleşmeleriň kömegi bilen Hindistan maýa goýum hökmünde milli ykdysadyýete ep-esli serişdeleri çekmäni başardy.

**Sebitiň ösüşini höweslendirmek maksady.** Dolanyş migrasiýasynyň hasabyna döwletler ýurduň sebitleýin ösüşinde deň ölçegsizligi deňlemeklige synanyşýarlar. Mysal üçin , Russiýa Federasiýasynyň, Germaniýanyň we Gresiýanyň dolanyş migrasiýasy boýunça döwlet maksatnamalarynda watandaşlaryň we repatriantlaryň ýerleşen çäkleri ileri tutulýar. Yzyna dolanýan migrantlaryň ileri tutulýan sebitlere we ilatly nokatlara ugradylmagy gönüden-göni olaryň kämilleşmeginde hem, tutuş döwletiň sebitleýin ýagdaýda deňeçer ösmeginde hem ýardam berip biler.

### Mysal 1.3.9. **Gresiýada gaýdyp gelenler üçin sebitleýin ileri tutulýan ugurlar**

Gresiýanyň dürli sebitlerinde gaýdyp gelenleri paýhasly paýlamak üçin ýurt ýokardaky zonalaryň (sebitleriň) demografiki, ykdysady we sosial aýratynlyklary boýunça degişlilikde dört zolaga (A, B, C, D) bölünýär: A zolagy: Gündogar Makedoniýa, Frakiýa we Demirgazyk Egeý deňziniň adalary; B zolagy: Merkezi we Günbatar Makedoniýa we Epiriň serhet prefektura etraplary; Ç zolagy: Afiny, Irakliýa, Salonikler, Patrah we Pireýe şäher toplumlaryndan başga galan Gresiýa; D zolagy: Afinydaky, Irakliýadaky, Saloniklerdäky, Patrahdaky we Pireýedäky şäher toplumlary. Içeri işler, döwlet dolandyryşy we merkezden daşlaşdyrmak ministriniň, milli ykdysadyýet ministri we Egeý deňziniň ministriniň umumy karary bilen, demografiki, ykdysady we ösüş ölçegleri esasynda A zolagyna we beýleki Egeý adalaryna göçmäge rugsat berilýär.[13]

### Mysal 1.3.10. **Germaniýada giçki migrant maksatnamasynyň sebit aýratynlyklary**

Germaniýada soňky göçüp barýanlary ýerleşdirmekligiň düzgünini Göçürlen şahslaryň we bosgunlaryň işleri hakyndaky kanun (§8) kesgitleýär. Federal ýerler GABIBK-yň (Göçürilen adamlaryň we bosgunlaryň işleri baradaky kanun) §7 2-nji abzasynyň talaplaryna laýyk gelýän giç immigrantlary, olaryň ýanýoldaşlaryny we nesillerini, şeýle hem olar bilen bile gelen maşgala agzalaryny kabul edýär. Ýokardaky talaplara laýyk gelmeýän özleri bilen giç göçüp gelen maşgala agzalary kabul edilýän ýere iberilip bilner. Kabul ediji federal ýeri, bölüniş tertibine laýyklykda Federal Dolandyryş Ofisi (Bundesverwaltungsamt) tarapyndan bellenilýär. Soňky göçüp baranlary ýerleşdirmek ulgamy olaryň öz aralaryndaky ylalaşyk bilen kesgitlenilýär. Şeýle ylalaşyklar bolmadyk halatynda göçürilenler we bosgunlar baradaky kanuna laýyklykda migrantlaryň paýlanyşy aşakdaky gatnaşykda amala aşyrylýar: Demirgazyk Reýn-Westfaliýa – 21,8%, Bawariýa – 14,4%, Baden-Wýurtemberg – 12,3%, Aşaky Saksoniýa – 9,2%, Gessen – 7,2%, Saksoniýa – 6,5%, Reýnland-Pfals – 4,7%, Saksoniýa-Anhalt – 3,9%, Týuringiýa – 3,5%, Brandenburg – 3,5%, Şlezwig-Golşteýn – 3,3%, Berlin – 2,7%, Meklenburg-Pomeraniýa – 2,6%,

[13] Gresiýanyň Kanuny № 2790 [Giriş tertibi: http://businesseuro.ru/imigracgrecia.html].

Gamburg – 2,1%, Saarland – 1,4%, Bremen – 0,9%.[14] Federal dolandyryş edarasy tarapyndan görkezilen federal ýerlerde immigrant geljekgi üç ýyl ýaşamaly. Göçürilen adam döwletiň maddy goldawy bolmazdan ýaşap bilmese, ýer edaralary wagtlaýyn ýaşamagy belläp bilerler.[15] Migrant üç ýyllyk möhlet gutarmanka özi üçin bellenen ýeriň çäginden çyksa, awtomatiki usulda döwletiň sosial kömegini ýitirýär.

Yza gaýdyp gelýän migrantlary täze ýaşaýyş ýerlerine göçürmek, uýgunlaşdyrmak we birleşdirmek prossesini guramak we durmuşa geçirmek üçin esasy çemeleşmeler nukdaýnazaryndan ösüşiň bähbidine ulanýan ýurtlarda möhüm tejribe toplandy.

Iň ýaýranlary şulardyr:

1. Ýaşamaklyga we raýatlyga bolan hukugy almakda artykmaçlyklaryň berilmegi (Russiýa Federasiýasy, Polşa, Ysraýyl, Germaniýa).
2. Täze ýaşajak ýerine barmak üçin ýol töleginiň öwezini dolmak (Wengriýa, Russiýa Federasiýasy).
3. Ýaşaýyş jaýyny, ýer bölegini bermek ýa-da olary almakda ýardam bermek (Ysraýyl, Gresiýa, Gazagystan).
4. Täze ýaşaýyş ýerinde (Ysraýyl, Germaniýa, Gazagystan, Russiýa Federasiýasy) ýerleşmeklik üçin nagt töleg ulgamy.
5. Gaýdyp gelen migrantlara we maşgala agzalaryna (Ysraýyl, Germaniýa, Gresiýa, Wengriýa) lukmançylyk we sosial kömek bermek.
6. Göçüp baranlara işe ýerleşmekde ýardam bermek (Wengriýa, Ýaponiýa, Gazagystan, Russiýa Federasiýasy).
7. Yzyna dolanýan migrantlara dil öwrenmekde, bilim almakda we hünärini kämilleşdirmekde kömek bermek (Wengriýa, Polşa, Gresiýa).

### Mysal 1.3.11. **Wengriýada gaýdyp gelen migrantlar üçin sosial-ykdysady goldaw**

Kanun belli bir wengerlere täsir edýän, Wengriýa Respublikasynyň çäginde kömek bermek we ýeňillikler döretmäge degişli bolanlaryň ýeňillikleri we hukugyny kesgitleýär. Goňşy ýurtlardaky daşary ýurtly wengerler Wengriýada jemgyýetçilik ulaglarynyň ugurlary boýunça ýerli we uzak aralykda (demir ýollarynda – ikinji klass bilen syýahat edenlerinde) gatnamaklyga degişli ýeňilliklere hukuk gazanýarlar. Şol bir wagtyň özünde, alty ýaşa çenli çagalar we 65 ýaşdan uly adamlar çäksiz mukdarda mugt syýahat etmäge haky bardyr. Şol bir kategoriýa ýylda dört gezek köpçülikleýin uzak aralyk ulaglarynda nyrh üçin 90% arzanladyş almaga hukugy bar.

---

[14] Dronfort G. Öňki SSSR-den giç göçüp gelenleriň kanuny ýagdaýy (Spaetaussiedler). Recht-GERMANY.RU. Germaniýa rusça [Giriş tertibi: http://recht.germany.ru/aussiedler.db/items/18.html?op=].

[15] Germaniýa hoş geldiňiz! Immigrantlar üçin maglumat. Giçki migrantlar. Bonifatlus GmbH Druck-Buch-Verlag. Paderborn. 2005. S. 7.

Ýylda bir gezek uzak aralykdaky jemgyýetçilik ulaglarynda syýahat etmek üçin şuňa meňzeş arzanladyş 18 ýaşa ýetmedik azyndan 10 adamdan we iki sany uly ýaşly adamdan ybarat toparlara hem berilýär.

Daşary ýurtly wengerler üçin orta mekdepde ýa-da uniwersitetde ilkinji bilim almaga, şeýle hem ylmy dereje almak ýaly beýleki bilim görnüşlerine hem hukuk taýdan göz öňünde tutulýar. Şol bir wagtyň özünde, döwlet tarapyndan maliýeleşdirilýän bilim maksatnamalarynyň gündizki okaýan talyplary, kanun tarapyndan kesgitlenen talyp haklaryna, talyplaryň zerurlyklary üçin býudžetden bölünip berlen beýleki maliýe töleglerine, şeýle hem käbir lukmançylyk hyzmatlarynyň öwezini dolmaga hukugy bar.

Daşary ýurtly wengerlere işlemek üçin beýleki daşary ýurt raýatlary bilen umumy esasda rugsat almaly. Şeýle-de bolsa, olar üçin belli bir eglişik edildi, sebäbi bu kategoriýadaky daşary ýurt raýatlaryna zähmet bazaryndaky ýagdaýa garamazdan her senenama ýylynyň üç aýyna çenli Wengriýada işlemäge rugsat berilip bilner. Zähmet işine ygtyýar almaklygyň hukuk şertlerini ýerine ýetirmek bilen bagly çykdajylar (hususan-da, zerur bolan bilim derejesini, hünär taýýarlygyny we saglyk ýagdaýy boýunça hünärine bildirilýän talaplara laýyk gelmekligini tassyklatmak üçin çykdajylar) hem täjirçilik däl gaznalaryň üsti bilen öwezi dolunyp bilner.

Kanunda, Wengriýanyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň daşary ýurtlarda ýaşaýan wengerler hakda maglumatlary yzygiderli ýygnamagy we ýaýratmagy, şeýle hem Wengriýa we Wengriýalylar barada maglumatlary daşary ýurtly watandaşlara ibermegi göz öňünde tutýan maddalar bar. Döwlet daşary ýurtlarda ýaşaýan wengerler üçin jemgyýetçilik teleýaýlymlarynyň taýýarlanmagyny we görkezilmegini üpjün edýärler, bu maksatlar üçin täjirçilik däl gaznalary döredýärler we olaryň işlerini goldaýarlar.[16]

## Mysal 1.3.12. **Polşada dolanyş migrantlary üçin sosial-ykdysady goldaw**

Yzyna gaýdyp gelmek wizasy esasynda Polşa gelen adamlar Polşa Respublikasynyň döwlet serhedinden geçenlerinde Polşanyň raýatlygyny alýarlar. Polşa gelenlerinden soňra repatriantlar döwlet býudžetinden kömek alýarlar. Gaýdyp gelenler üçin maliýe kömegi bir gezeklik kömek pullary görnüşinde tölenýär: ulag (syýahat çykdajylarynyň öwezini dolmak), ýaşamak we işlemek üçin çykdaýjylar, şeýle hem mekdep tölegi (gaýdyp gelenleriň ýetginjeklik ýaşyna ýetmedik çagalarynyň Polşada okuwyň başlamagy bilen baglanyşykly çykdaýjylar üçin). Konsul repatriasion wizany alan, emma Polşa göçmeklige tölegleriň ýeterlik serişdelerine eýe bolmadyk şahsyýete ulag ýeňilliklerini töläp biler. Öňki SSSR-iň Aziýa territoriýasyndan Polşa gelýän we Polşadaky ýaşaýan ýerini abatlamak ýa-da düzetmek üçin çykdaýjylary çekmäge mejbur bolan gaýdyp gelen adamlara çykdaýjylaryň bölekleýin öwezini dolmak üçin döwlet býudžetinden kömek berilýär.

Pensiýa ýaşynda bolan gaýdyp gelenleriň, ýerli Sosial ätiýaçlandyryş edarasyndan pensiýa we ýeňillikler almaga hukugy bar. Gaýdyp gelenler Polşada pensiýa alan wagty, daşary ýurtda işlän iş ýyly Polşadaky işlän we ätiýaçladyryş wagty hökmünde kabul edilýär. Mundan başga-da, gaýdyp gelen wagtlaýyn işläp bilmeýän adamlar durmuş ätiýaçlandyryş edarasyndan wagtlaýyn kömek pulyny almak, gaýdyp gelen wagtlaýyn işläp bilmeýän adamlara bolsa wagtlaýyn kömek pulyny almak hukugyna eýedirler. Durmuş üpjünçiligi müdirliginden islendik töleg pensiýa, ýeňillik pullary, şol sanda maşgalalar üçin ýeňillik pullary we saglyk üçin kömek pullary, gaýdyp gelenlere hem Polşa Respublikasynyň ähli raýatlary bilen deň esasda berilýär.

[16] Agajanýan M. watandaşlaryň repatriasiýasy: kanuny goldaw we netijeli durmuşa geçirmek meseleleri. 21-nji asyr. № 1 (3) 2006. S. 29-35.

Gaýdyp gelenler polýak dili kurslaryna we polýak jemgyýetinde uýgunlaşmalara gatnaşyp bilerler. Kanuna laýyklykda, watana gaýdyp gelmek üçin ýüz tutan adamlar ýaşaýan ýurdunda guralan polýak dili kurslaryna gatnaşmak mümkinçiligini alarlar. Bu kurslary Polşa konsullygy tarapyndan maliýeleşdirip bilner.[17]

### Mysal 1.3.13. **Gresiýada gaýdyp gelenlere sosial-ykdysady goldaw**

Repatriantlary şahsy ýaşaýyş jaýy bilen üpjün etmek maksatnamasynyň çäklerinde Gresiýada şu aşakdaky ýaly ýeňillikler bar: Birinjiden, mümkin boldugyça ýerleri mugt üpjün etmek, şeýle hem öz ýaşaýyş jaýlaryny gurmak ýa-da bar bolan ýaşaýyş jaýlaryny abadanlaşdyrmak, erkin bazarda öý satyn almak ýa-da döwlet ýa-da beýleki guramalar tarapyndan taýýar ýaşaýyş jaýy bilen üpjün etmek üçin subsidiýalar. Mundan başga-da, gaýdyp gelenler erkin bazardaky kärende jaýlaryny tölemek ýa-da kireýine alnan jaýlarda ýaşaýyş jaý zerurlyklaryny ödemek üçin subsidiýalary almaga haklydyr. Şeýle hem, döwlet gaýdyp gelenlere ýaşaýyş jaýyny gurmaga ygtyýarnamasy berýär. Bu ygtyýarnama, şäher meýilnamalaşdyryş gullugy tarapyndan berilýär we umumy meýdany 120 inedördül metre çenli bolan esasy we diňe gaýdyp gelen adamlaryň özleriniň mülk ýerlerinde gurulýan ýaşaýyş jaýlaryna degişlidir.

Gresiýa gaýdyp gelenleri döwlet we oba hojalyk pudaklaryndaky iş ýerleri bilen üpjün edýär. Şeýle hem birnäçe ýörite maksatnamalar bar. Mysal üçin, başlangyç we orat bilim edaralarynda gelip çykan ýurduň dilini we medeniýetini hepdede dört sagat okatmak boýunça maksatnama döredilende nobatlylygyň esasynda degişli ýurtlardan göçüp gelen mugallymlar kabul edilýär. Olaryň zähmeti sagatlaýyn tölenýär. Döwlet birnäçe gümrük ýeňilliklerini hem berýär. Immigrantlar öý goşlaryny, bir ulagy, iş guralyny we fin öýüni (her maşgala üçin biri) öz içine alýan şahsy zatlara töleg tölemezden import etmek hukugyna eýedir. Göçüp gelenleriň özleriniň daşamagynyň we gönüden-göni göçürmeginiň hem öwezini dolýar. Immigrantlary has doly şekilde durmuş taýdan uýgunlaşdyrmak üçin azyndan alty aý dowam edýän grek dilini öwrenmek üçin ýörite goşmaça milli maksatnamalar düzülýär, şol sanda täze grek dilini yzygiderli öwretmekden başga-da, zähmet we ätiýaçlandyryş kanunçylygy bölümleri bilen tanyşlyk, dürli edaralaryň işlemegi we ş.m. Mundan başga-da, göçüp gelenlere lukmançylyk kitapçasy berilýär, ol ähli döwlet hassahanalarynda we lukmançylyk merkezlerinde mugt lukmançylyk, ambulator we stasionar hyzmatlaryny almaklyga hukuk berýär. Aýratynam, döwletiň degişli kanunlara laýyklykda karzlaryň yzyna gaýtarylmagy üçin kepillik berýändigini bellemek möhümdir.

### Mysal 1.3.14. **Germaniýada giç göçüp gelenler üçin sosial we ykdysady goldaw**

Giç göçüp gelenlere belli bir topar artykmaçlyk berilýär. Birinjiden, göçmek bilen bagly bolan çykdaýjylaryň öwezini dolýar. Migrantyň haýyşy boýunça göçürilmegi we ýol bilen baglanyşykly çykdaýjylaryň öwezini dolup bilner. Göçmek üçin çykdaýjylaryň öwezini dolmajakdygyny ýadyňyzdan çykarmaň, mysal üçin hassany daşamak zerur bolsa, federal hökümet öz hasabyna mugt uçar biletini beren bolsa. Immigrant çykdajylaryň öwezini dolmak hukugyny haýsydyr bir ulag kompaniýasyna geçirmedik bolsa, ony Federal dolandyryş edarasynda hasaba alyş işiniň çäklerinde alar.

Şeýle-de migranta ilkinji kömek berilýär. Giçki göçüp gelen derejesine eýe bolmak bilen, ol hakyky görnüşde kömegi alýar, ol kömek “Fridlandhilfe” jemgyýetçilik-peýdaly birleşik tarapyndan hödürlenýär.

[17] Polşanyň wiza kanunçylygy hakynda hukuk maglumatlar portalynyň maglumaty «ВИЗА.ПОЛЬША.RU» [Giriş tertibi: http://wiza.polska.ru/repatriacja/index.html].

Immigrant bilen birlikde gelen ýagdaýynda, maşgala agzalary hem bu kömegi alarlar. Ilkinji maliýe kömegine hukugy bolan migrant Germaniýa Federatiw Respublikasyna gelenden soň derrew bellige almak we ýer paýlamak maksady bilen Fridlenddäki esasy federal kabul ediş merkezine baran halatynda berilýär. Ilkinji maliýe kömegi federal hökümeti tarapyndan berilýän meýletin hyzmatdyr. Onuň tölegini Federal dolandyryş edarasy amala aşyrýar. Immigrant işe ukyply, ýöne işsizlik sebäpli onuň girdejisi ýok bolsa, işsizlik boýunça kömek puluny almak üçin ýerli zähmet meseleleri boýunça gullugyna ýüz tutup biler.

Immigrant, 1956-njy ýylyň 1-nji aprelinden öň doglan bolsa we giç immigrantyň ykrar edilen statusyna eýe bolsa, öňki Sowet Soýuzynda mahrum edilen ýa-da azatlyk çäklendirilen ýerlerde galmak netijesinde çekilen zyýanyň öwezini dolmak üçin bir gezeklik kömek puluny talap edip arza bilen ýüz tutup biler. Töleglериň mukdary doglan senesine baglydyr: immigrant 1946-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan öň doglan bolsa, 3067,75 ýewro alýar; 1946-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan 1956-njy ýylyň 31-nji martyna çenli doglan bolsa, bir gezeklik kömek pulunyň mukdary 2045,17 ýewro barabar bolar. Immigrant 30 ýaşdan kiçi bolsa, uniwersitetde okamak bilen baglanyşykly, dil kurslary we uniwersitetlere girmek hukugyny berýän şahadatnamany almak ýa-da tassyklamak üçin ýörite okuw kurslaryny tölemekde dürli kömekleri alyp biler. Bu kömek, ýokary bilim kepillikleriniň bir bölegi hökmünde Otto Benekke adyndaky haýyr-sahawat gory tarapyndan berilýär. Gaznada göçüp gelen ýokary okuw mekdebinde bilem almaklygyň mümkinçiliklere we şertleri barada hem-de ýokary okuw mekdebine goýberilmeklige öňünden döreýän şertler barada giňişleýin maglumaty alyp biler.

Otto Benekke adyndaky fond uniwersitetde okamak bilen baglanyşykly dil kurslaryna, şeýle hem uniwersitetde mundan beýläkki okuwlar üçin taýýarlyk kurslaryna girmäge we uniwersitede okuwa girmäge kömek edýär. Taýýarlyk okuwlary döwründe Gazna dalaşgärler we talyplar barada aladalanýar we olara maslahatlary berýär. Şeýle hem, Fondda ýokary bilimli adamlar üçin bir maksatnama bar, bu migrantyň Germaniýada hünär ýoluna başlamagy üçin möhüm kömek bolup biler. Bu maksatnama giçki migrantlar, ýewreý emigrasiýasy liniýasy arkaly ýurda gelenler we gaçybatalga hukugy bolanlar üçin niýetlenendir. Bu maksatnama gatnaşmagyň şerti, migrantyň gelen ýurdunda tamamlanan ýokary biliminiň bolmagydyr. Şeýle-de bolsa, ýokary bilim şahadatnamasy Germaniýada ykrar edilmese ýa-da diňe bölekleýin ykrar edilse, migrant kömek almak üçin Otto Benekke fondyna ýüz tutmalydyr. Şeýle hem, hünär derejesi ykrar edilse möhüm kömek alyp biler, ýöne Germaniýanyň zähmet bazarynda diňe uniwersitetde goşmaça okuwdan ýa-da goşmaça kursy gutarandan soň iş tapyp biler.[18]

[18] Germaniýa hoş geldiňiz! Immigrantlar üçin maglumat. Giçki migrantlar. Bonifatlus GmbH Druk-Buş-Werlag, Paderborn. 2005. S. 7.

## Synag soraglary:

1. Dolanyş migrasiýasyny höweslendirýän ýurtlar öz öňlerinde nähili maksatlary goýýarlar we nähili meseleleri çözýärler?
2. Dünýäniň dürli ýurtlarynda yzyna dolanýan migrantlary goldamak boýunça nähili çäreler ulanylýar?
3. Näme sebäpden döwletler yzyna dolanýan migrantlaryň uýgunlaşmaklaryny we goşulyşmaklygyny goldamaklyga köp serişdeleri harçlamaklyga taýýar bolýarlar? Bu çykdaýjylar öwezini dolýarmy?
4. Dolanyş migrasiýasynyň kabul edýän ýurduň ykdysadyýeti üçin nähili ähmiýetli taraplary ýüze çykyp biler? Mysal getiriň.

Amaly okuw:

1. 1. 2000-2018-nji ýyllardaky resmi statistika esasynda halkara migrasiýanyň ýurduňyzyň ýa-da sebitiňiziň ösüşine goşan demografiki goşandyny hasaplaň. Şeýle görkezijileri ulanyň: a) ilat sany; b) tebigy ösüş; ç) migrasiýa ösüşi. Daşarky migrasiýa sebäpli siziň ýurduňyzdaky ýa-da sebitiňizdäki ilat nähili derejede azaldy ýa-da köpeldi? Migrasiýanyň täsiri oňynmy ýa-da oňaýsyzmy?
2. Bir ýurduň mysalynda dolanyş migrasiýa maksatnamalarynyň demografik we durmuş-ykdysady netijelerine baha beriň.

## Gerekli edebiýat:


1. Demografiki düşündirişli sözlük/ L.L. Rybakowskiýniň red. M.: ЦСП. 2003. 352 sah. [Giriş tertibi: www.socioprognoz.ru/files/File/2012/Demograf%20ponyatini%20slovar.pdf].
2. Amaly demografiýa / L.L. Rybakowskiýniň red. – ЦСП. 2005. 280 c. [Giriş tertibi: www.isras.ru/publ.html?id=2094].
3. Rýazantsew S.W., Tkaçenko M.F. Dünýä zähmet bazary we halkara migrasiýa. M.: Ekonomika. 2010. 303 s.
4. Zähmet migrasiýasyny dolandyrmak boýunça okuw modullary. Metodistler üçin gollanma. Ženewa: ÝHHG. MOM. 2011. 348 c. [Giriş tertibi: www.osce.org/ru/secretariat/115544?download=true].
5. Ýudina T.N Migrasiýa: esasy adalgalaryň sözlügi. M .: Russiýa Döwlet Sosial Uniwersitetiniň neşirýaty. 2007. 462 s. [Giriş tertibi: http://yanko.lib.ru/books/cultur/yudina-migraciya-slov-term-2007-a.htm].


## Goşmaça edebiýat:


6. Ýeliseýewa I.I. Demografiýa we ilat statistikasy. 3-nji neşir, terj. we goş. Akademiki bakalawriat üçin okuw kitaby. M .: Yuraýt. 405 s.

7. Halkara ynsanperwer hukugy / A.Ýa. Kapustiniň red. . 2-nji neşir, täzeden seredilen we üsti ýetirilen. M. Ýuraýt. 2011. 639 s. [Giriş tertibi: https://ozon-st.cdn.ngenix.net/multimedia/1002960198.pdf].

8. Köp görnüşli migrasiýa/ O.D. Worobýewanyň, A.W. Topiliniň red. M. Экон-информ. 2014. 261 c. [Giriş tertibi: https://elibrary.ru/item.asp?id=21988344].

9. Öňki SSSR-den giç göçüp gelenleriň kanuny ýagdaýy (Spaetaussiedler). GERMANY.RU. 1999. [Giriş tertibi: http://recht.germany.ru/aussiedler.db/items/18.html?op=].

10. Rýazantsew S.W., Grebenýuk A.A. "Biziňkiler" daşary ýurtlarda. Ruslar, Russiýalylar, Rus dilinde gürleýänler, watandaşlar: göçürmek, birleşme we Russiýa dolandyryş migrasiýasy. M. ИСПИ РАН. 2014. 238 c. [Giriş tertibi: https://istina.msu.ru/publications/book/6531743/].

11. Halkara migrasiýanyň hasabaty. Gündogar Ýewropadaky we Merkezi Aziýadaky ýurtlar üçin amaly gollanma. BMG-nyň ÝYK. ÝUNFPA. Ženewa. 2011 [Giriş tertibi: www.unece.org/fileadmin/DAM/stats/publications/RUS_International_Migration_Statistics_Practical_Guide.pdf].

12. Migrasiýa we pul geçirimleri, Bütindünýä banky (Migrasiýa we pul geçirimleri: Soňky ösüşler we dünýägaraýyş. Migrasiýa we ösüş barada gysgaça № 23. World Bank), 2014 [Giriş tertibi: http://pubdocs.worldbank.org/en/848611444756854924/MigrationandDevelopmentBrief23.pdf].

13. Päsgelçilikleri ýeňip geçmek: Adamyň hereketliligi we ösüşi. BMGÖM Adam Ösüş Hasabaty 2009. Nýu-Ýork. Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasy. 2009 [Giriş tertibi:http://hdr.undp.org/sites/default/files/reports/269/hdr_2009_en_complete.pdf].

14. Ratha D. Pul geçirmeleriniň ykdysady ösüşe we garyplygy azaltmaga täsiri. Migrasiýa syýasaty instituty. Policy brief. 2013. № 8 [Giriş tertibi: www.migrationpolicy.org/pubs/Remittances-PovertyReduction.pdf].

15. Sosial gorag, ösüş we iş üpjünçiligi: Hindistandan, Keniýadan, Malawiden, Meksikadan we Täjigistandan subutnamalar. Nýu-Ýork. United Nations Development Programme, 2013. [Giriş tertibi: www.undp.org/content/dam/undp/library/Poverty%20Reduction/Inclusive%20development/Social%20protection,%20growth%20and%20employment/Draft8_SPG&E_web.pdf].

16. Dünýädäki migrasiýa barada nutuk, HMG, Ženewa (Bütindünýä Migrasiýa Nutugy 2013: Migrantlaryň abadançylygy we ösüşi.) Ženewa. IOM). [Giriş tertibi: http://publications.iom.int/bookstore/free/WMR2013_EN.pdf].

## Wideo:

Ilatyň migrasiýasy: oňyn we oňaýsyz taraplary. Ekspertleriň pikirleri 02.02.2017 [Giriş tertibi: www.youtube.com/watch?v=SGAv8UdhOpI].

II-NJI BÖLÜM.

# DOLANYŞ MIGRASIÝASYNYŇ HUKUK ESASLARY

# 2.1. Dolanyş migrasiýasy halkara we sebitleýin hukuk resminamalarynda

***Mazmuny.*** *Halkara migrasiýa hukugy. Migrasiýanyň hukuk kadalaşdyrylyşy we migrantlaryň hukuk düzgünleri. Dolanyş migrasiýasy çygrynda halkara hukuk kadalaşdyrylyşy. Halkara hukugynda dolanyş migrasiýanyň düýp esasynyň kesgitenmesi. Migrantlaryň yzyna dolanmak syýasaty çäginde halkara we döwletleriň hyzmatlaşygyň mazmuny. Dolanyş migrasiýasy prosesleriň düzgünleşdirme pudagynda döwletara, sebitleýin we halkara hyzmatdaşlyk. Sebitleýin şertnamalar we mehanizmler: migrasiýa ugryndaky BMG-nyň hukuk resminamalary, düzgünleşdirilmedik migrasiýa we ynsan söwdasyna garşylyk hereket; migrasiýa prosseslerine täsir edýän ŞHG-nyň hukuk resminamalary; migrasiýa prosesleri täsir edýän ÝAYB--niň hukuk resminamalary; KHŞG we Almaty prossesi çäginde kabul edilen migrasiýa meselelerine degişli resminamalar. Merkezi Aziýa sebitiniň HMG, Ýewropa Bileleşigi döwletleri we beýleki halkara gurluşlar bilen, birinji nobatda BMG-nyň ýöriteleşdirilen edaralary we guramalary bilen hyzmatdaşlygy.*

## MIGRASIÝANYŇ HUKUK DÜZGÜNLEŞDIRMESI WE MIGRANTLARYŇ HUKUK ORNY.

Halkara migrasion hukugy (HMH) – bu halkara hukugynyň migrasiýany kadalaşdyrýan pudagydyr. Onuň esasyny jemagat hukugynyň dürli çeşmeleri düzýär. Migrasiýa degişli bolan hukuk resminamalarynyň toplumyndan ybarat bolan pudakdan tapawutlylykda, HMH – migrantlar bilen bagly halkara hukugyny we döwletleriň borçnamalaryny kadalaşdyrýan kanunlaryň, ýörelgeleriň we kadalaryň bitewiligini beýan etmek üçin ulanylýan adalgadyr.[1]

Halkara migrasiýa hukugyny düzgünleşdirýän çeşmeleriň sanawyny kesgitläliň.

Hukugyň her pudagy esaslandyrýan gözbaşlary we kadalaşdyryjy predmetleri kesgitlenen çeşmeleriň belli bir ýygymy eýeleýär. Hökmany we goşmaça çeşmeleriň kesgitli toplumyna eýe bolan halkara hukugyny hem aradan aýryp bolmaz. Halkara hukugynyň çeşmelerine resmi häsiýet, adatça, iki ugur boýunça berilýär:

- birinjiden, kanun çykaryş arkaly, halkara hukugynyň subýektleriniň ylalaşyklary, hukuk kadasynyň mazmuny ýa-da hökümetara guramalaryň tekliplerini makullanda;
- ikinjiden, ygtyýar bermek arkaly, halkara hukugynyň subýektleriniň adaty kadalary hukuk güýjini berip makullanda.

Halkara hukugynyň çeşmeleri has giňişleýin BMG-niň Halkara kazyýetiniň Statusynyň 38-nji maddasynda sanalyp geçilýär. Olary üç topara bölüp bolýar: esasy, emele gelenler (ikilenji) we kömekçi (2.1.1-nji surat).[2]

---

1 Maksatnamalary işläp taýýarlama hukuk goraýjy çemeleşmeleri, HMG, Ženewa (Rights-based approach to programming IOM. Geneva) [https://publications.iom.int/system/files/pdf/rba_manual.pdf].

2 Halkara jemgyýetçilik hukugy/ K. A. Bekýaşewiň red. M., 2008. Sah. 17-18

Sur. 2.1.1. **Halkara migrasiýa hukuk çeşmeleriň klassifikasiýasy**

| Halkara migrasiýa hukuk çeşmeleri | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Esasy | | Emele gelenler (ikilenji) | Kömekçi | |
| Halkara şertnamasy | Halkara dessur | Halkara guramalarynyň we maslahatlarynyň çözgütleri | Halkara instansiýalarynyň çözgütleri | Halkara hukugy çygrynda görnükli hünärmenleriň doktrinasy |

## HALKARA MIGRASIÝA HUKUGYNYŇ ESASY ÇEŞMELERI

**Halkara şertnamalar.** 1969-njy ýylyň Halkara şertnamalar hukugy barada, Wena konwensiýasy halkara ylalaşygy halkara şertnama hökmünde döwletleriň arasynda *ýazylan şekilde baglaşylan we halkara hukugy tarapyndan düzgünleşdirilýän, we şuňa meňzeş ylalaşyklar bir resminamadan, öz arasynda bagly iki ýa-da bir näçe resminamalardan ybaratdygyna bagly bolman we onuň anyk adyna garamazdan kesgitleýär.*[3]

Halkara hukugynyň çeşmelerinden biri hukuk emele getiriji şertnamalardyr. Halkara migrasiýa hukugy pudagynda şolar ýaly şertnamalary umumy we ýöriteleşdirilen görnüşlere bölüp bolýar. Umumy şertnamalara, mysal üçin, adam hukuklary, umuman düzgünleşdirýän ähli konwensiýalar we paktlary degişlidir. (RSHHP, YDMHHP, AHhÝP) migrasiýa bilen baglylykda hem möhümdir. Ýöriteleşdirilen şertnamalara gönüden-göni migrasion gatnaşyklary kadalaşdyrýan şertnamalar degişli. Häzirki wagtda bu pudakda köp sanly halkara şertnamalar bar, olaryň arasynda indikileri aýratyn görkezip bolýar:

- 1990-njy ýylyň migrant işçiler we olaryň maşgala agzalarynyň hukuklaryny goramak baradaky halkara konwensiýa;
- "Migrasiýa pudagyndaky hyýanatçylyklar we migrant işçiler üçin mümkinçilikleriň we gatnaşyk deňligini üpjün etmek baradaky" 1975-nji ýylyň 24-nji iýundaky 143-nji belgili HZG-nyň konwensiýasy;
- "Migrant işçiler hakynda" 1949-nji ýylyň 01-nji iýulyndaky143-nji belgili HZG-nyň konwensiýasy;
- 2000-nji ýylyň transmilli düzgünleşdirilen jenaýatçylyga garşy BMG-nyň konwensiýasy we oňa degişli iki teswirnama – Migrantlary gury ýerden, deňizden we howadan bikanun getirmäge garşy teswirnama we Ynsan söwdasy, aýratyn-da aýallar we çagalar söwdasyny öňüni almak baradaky teswirnamasy;
- 1951-nji ýyldaky Bosgunlaryň statusy barada konwensiýa we oňa degişli 1967-nji ýylyň teswirnama;
- 1961-njy ýylyň raýatlyksyzlygy azaltmagy hakynda BMG-nyň konwensiýasy;
- Uruş wagtynda raýat ilatyny gorama hakynda (IV) konwensiýa. Ženewa, 1949-njy ýylyň 12-nji awgusty;

[3] Halkara şertnamalary hukugy hakynda Wena konwensiýasy. Birleşen Milletler Guramasy [Giriş tertibi: www.un.org/ru/documents/decl_conv/conventions/law_treaties.shtml].

- 1949-njy ýylyň 12-nji awgustynda kabul edilen Ženewa konwensiýalaryna halkara ýaragly çaknaşyklaryň pidalaryny goramak barada degişli goşmaça teswirnama (Teswirnama I);
- 1949-njy ýylyň 12-nji awgustynda kabul edilen Ženewa konwensiýalaryna halkara däl ýaragly çaknaşyklaryň pidalaryny goramak barada degişli goşmaça teswirnama (Teswirnama II).

**Halkara dessur.** Halkara migrasiýa hukugynyň ikinji möhüm çeşmesi dessur bolup, *hökmany kanun (opinio iuris sive necessitous) diýen düşünje ("hukuk aňy") bilen utgaşýan döwletleriň (usus diýlip atlandyrylýan) utgaşdyrylan we uzyn tejribesine düşünmek adatydyr (opinio iuris sive necessitous).* Halkara dessur, halkara gatnaşyklarda esasan şol bir ýagdaýlara hemişelik we birmeňzeş ulanylmagy esasynda döredilýän düzgünleri we tertipleri (2.1.2-nji surat) aňladýar.[4]

Sur. 2.1.2. **Halkara dessurynyň alamatlary**

| Halkara dessurynyň alamatlary şu aşakdakylardan ybarat: | | | |
|---|---|---|---|
| Tejribäniň dowamly hereket etmegi | Tejribäniň bir görnüşliligi, durnuklylygy | Tejribäniň ählumumy häsiýeti | Degişli hereketiň dogrulygyna we zerurlygyna bolan ynam |

Halkara migrasiýa hukugy pudagyndaky halkara däp-dessurlar barada aýdanymyzda, adamlaryň hereketi, başgaça aýdylanda, migrasiýa prossesleri netijesinde berkedilen özüni alyp barma kadalaryny ýatda saklamaly.[5] Häzirki wagtda dessur, ozaly bilen, adam hukuklarynyň goşmaça gorag serişdesi bolup durýar. Şeýlelikde, döwlet 1951-nji ýyldaky konwensiýany ýa-da başga bir adam hukuklary şertnamasyny tassyklamasa-da, yzyna ibermegi ret edýän ýörelgäni ýa-da non-refoulment , bosgunlara degişli ulanylmaly däl halkara migrasiýa hukugynda dessur hökmünde ykrar edilip bilner. Bu dessur bosgunlaryň halkara goragyny esaslandyrýan birinji derejeli esas bolup durýar.

## HALKARA MIGRASIÝA HUKUGYNY EMELE GETIREN ÇEŞMELER

**Halkara guramalaryň ýa-da maslahatlaryň çözgütleri.** Halkara guramalarynyň rezolýusiýalary halkara hukugynyň täze çeşmesi bolup durýar. Ähli hökümetara guramalarynda diýen ýaly, agza-döwletler üçin hökmany bolan rezolýusiýalary kabul edýän edaralar bolýar.[6] Bu resminamalar halkara gatnaşyklaryny kadalaşdyrmakda hem-de, hususan-da, adam hukuklaryny üpjün etmek we goramak boýunça wajyp ähmiýete eýedirler (sur. 2.1.3).

[4] Martens F. F. Siwilizasiýa halklarynyň häzirki zaman halkara hukugy M., 1996. T. 1. Sah.147.

[5] Parhomowa Ýu. A. Halkara migrasiýa hukugynyň çeşmeleri // Halkara hukugy we halkara gatnaşyklar Žurnaly. No. 3. 2008 S. 30-33.

[6] Halkara jemgyýetçilik hukugy/ K.A. Bekýaşewiň red. M.2008. S. 20.

Sur. 2.1.3. **Halkara gurama çözgütleriň mahsus bolan häsiýetleri**

adam hukuklary ulgamynda kesgitli halkara konsepsiýalary we standartlary kemala getirýärler

şertnamalary kabul etmeklige taýýarlyk görýärler

HALKARA GURAMALARYŇ REZOLÝUSIÝALARY

maslahat berilýän standartlar hökmünde hem hereket edip bilerler, ýa-da hökmany standartlaryň üstüni ýetirip we kämilleşdirip bilerler

adaty hukugyň ýüze çykmagyna we kämilleşmegine ýardam berýärler

Migrasiýa meseleleri we migrantlaryň hukuklaryny düzgünleşdirme pudagynda BMG-nyň Baş Assambleýasynyň çözgütleriň wajyp ähmiýeti bar. Olaryň içinde Üçünji komitetiň doklady boýunça 59/194 rezolýusiýany aýratyn bellemek bolar, onda döwletlere synyň mümkinçiliklerine garamaklyk we zerur bolan ýagdaýynda, migrantlar we olaryň maşgala agzalary babatynda islendik kemsidilme tejribesini aradan aýyrmak maksady bilen migrasion syýasata täzeden garamaklyk maslahat berilýär (8-nji punkt); şeýle hem migrantlara olary kabul edýän ýurtlara doly goşulyşmaklyga mümkinçilik berýän ýörite maksatnamalary kabul etmek mümkinçiligine garamaklyk maslahat berilýär (9-njy punkt).[7] BMG-niň Baş Assambleýasynyň rezolýusiýalarynyň ähmiýeti olary köp döwletleriň ykrar etmekliginde jemlenýär: hökmany güýje eýe bolmasalar hem, olar jedelsiz ruhy täsire eýe bolup durýarlar we döwletler üçin tejribe gollanmasy bolup hyzmat edýärler.[8]

## HALKARA MIGRASIÝA HUKUGYNYŇ KÖMEKÇI ÇEŞMELERI

**Halkara gözegçilik edaralarynyň çözgütleri we kararlary.** Hukuk kadalarynyň mazmuny kesgitlenende kömekçi serişdeler hökmünde halkara gözegçilik edaralarynyň, hususan-da halkara arbitraž kazyýetleriniň çözgütleri we kararlary peýdalanylýar. Olardan birinjisi, adaty boýunça, hemişe hereket edýän instansiýalar. Olara umumy hem-de ýörite sud etmek hukugy bilen halkara kazyýetler we adam hukuklary boýunça mehanizmler (BMG-nyň çäklerinde hereket edýän) we sebitleýin kazyýetler (mysal üçin, AHÝK) degişlidir.

Tejribede ýörite gözegçilik edaralarynyň çözgütleriniň has uly täsiri bar. Şolar ýaly edaralar esasan hem adam hukuklary boýunça halkara şertnamalaryň esasynda döredilýär. Mysal hökmünde Raýat we syýasy hukuklar baradaky şertnama (pakt) esasynda döredilen BMG-nyň Adam hukuklary komiteti, hem-de beýleki mysal, Adam hukuklaryny we esasy azatlyklary goramak konwensiýasy (1950), Adam

[7] Ser.: https://undocs.org/ru/A/RES/59/194.

[8] Parhomowa Ýu. A. Halkara migrasiýa hukugynyň çeşmeleri Halkara hukugy we halkara gatnaşyklar žurnaly. № 3. 2008. S. 30-33.

hukuklary hakyndaky Ýewropa konwensiýa diýlip atlandyrylýan esasda döredilen Adam hukuklary boýunça Ýewropa kazyýeti bolup durýar. Bu edaralara özleriniň hukuklary bozulan we hemme öz ýurdyndaky içerki gorag serişdeler sarp edilen diýip hasaplaýan her bir adam ýüz tutup biler. Bu guramalaryň tejribesinden görnüşi ýaly, köplenç bikanun we esassyz gaýdyp gelmek şikaýatlary bilen, şeýle hem halkara goragy bilen baglanyşykly ýagdaýlarda şahsyýetler olara ýüz tutýarlar.

**Halkara migrasiýa hukugynyň doktrinasy.** Halkara migrasion hukugyň beýleki kömekçi çeşmeleri hökmünde meşhur halkara hukukçylarynyň doktrinal işläp taýýarlamalary çykyş edýär. Sebäbi, halkara hukugynyň kanuny kadalary kodifisirlenen hem bolsa, häzirki wagta çenli birnäçe ugurda bu prosses tamamlanmadyk. Şol sebäpli hukuk ylymlarynyň wekilleri jemlenen hukuk bilimleriniň ulgamlaşdyrylmagyna we kämilleşdirilmegine gatnaşýarlar. Hakara migrasion hukugynyň doktrinasynyň derňelmek çygrynda T.Aleýnikoff, R.Appleýard, B. Çeteýl, K. Bretel, G. Gudwin-Gill, R.Perruşu, R.Çelowinskiý ýaly tanymal alymlary bellemek gerek, olar halkara migrasion hukugynyň esasy düşünjelerini işläp taýýarladyrlar.[9] Kömekçi çeşme hökmünde halkara migrasiýa kanunyň doktrinasy, halkara hukuk kadalarynyň ulanylmagynda we düşündirilmeginde halkara hukugynyň subýektleriniň ýerleşmeleriniň takyk mazmunyny kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Halkara migrasion hukugynyň ähmiýeti onuň aýry-aýry halkara-hukuk kadalaryny düşündirmeklige we aýdyňlaşdyrmaklyga ýardam berýänliginde jemlenýär.

## ADAM HUKUKLARY BARADA HALKARA RESMINAMALARDA MIGRASIÝA MESELELERI WE MIGRANTLARYŇ HUKUK ÝAGDAÝYNYŇ DÜZGÜNLEŞDIRILMEGI

Migrasiýa meseleleri adamynyň hukuklary durmuşa geçirmek we goramak meseleleri biri-biri bilen berk baglanyşykly. Adam hukuklaryna degişli ähli resminamalarda migrasiýanyň esasy bolup duran hereket azatlyga degişli meselelere degip geçýär. Mysal üçin, Adam hukuklary ählumumy jarnamasy indikini görkezýär: "her bir adamyň her ýurdyň çäklerinde erkin hereket etmek we özüne ýaşaýyş ýeri saýlamak hukugy bar" (b.1 mad.13).[10] Bu hukugynyň düzgünleri has jikme-jik Raýat we syýasy hukuklar baradaky halkara şertnamanyň (pakt) 12-nji we 13-nji maddalarynda beýan edildi. Erkin hereket etmek we özüne ýaşaýyş ýeri saýlamak her kime doglan wagtyndan adaty we özgä berilmeýän mümkinçilik bolup durýar. Giň manyda ***ondan-oňa göçmek we ýaşajak ýeriňi saýlamak*** *erkinligini adamyň ýurduň çäklerinde päsgelçiliksiz görnüşde peýdalanmaklyga, şeýle hem onuň päsgelçiliksiz wagtlaýyn ýa-da mydamalayk ýagdaýda hut özüniň kesgitlän ýerinde ýaşamaklyga tebigy ýagdaýda ýüze çykýan, aýrylmaz, kanun tarapyndan berkidilen we kepillendirilen mümkinçiligi hökmünde kesgitläp bolar, şol ýurtda ol kanuny ýagdaýda ýerleşýär.*[11]

Halkara şertnamalar kadalaryň mazmuny erkin hereket etmek hukugy öz içine birnäçe alamatlary salýandygy barada netije çykarmaga mümkinçilik berýär (sur.2.1.4.).

---

[9] Şol ýerde, S. 30-33.

[10] Adam hukuklary ählumumy jarnamasy. Birleşen Milletler Guramasy. [www.ohchr.org/EN/UDHR/Documents/UDHR_Translations/eng.pdf]

[11] Rostowşikowa O.W. Hereket azatlygy we ýaşamagy saýlamak we Russiýada üpjün edilmeginiň we goralmagynyň kepillikleri. 2001. p. 7. [http://dspace.kpfu.ru/xmlui/bitstream/handle/net/116666/0-776739.pdf?sequence=-1].

Sur.2.1.4. **Adamyň hereket azatlygyna bolan hukugynyň alamatlary**




Beýleki halkara resminamalarynda migrantlaryň hukuklaryny goramak üçin esas berýän beýleki hukuklar göz öňünde tutulýar. Şeýlelikde, Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar baradaky halkara şertnama işlemek hukugyny kepillendirýär we esasanam daşary ýurtly raýatlary üçin adalatly we amatly iş şertleriniň döredilmegini üpjün edýär. Mundan başga-da, bu şertnama bilim we saglyk hukugyny goşmak bilen amatly ýaşaýyş şertlerini döretmäge gönükdirilen hukuklaryň toplumyny göz öňünde tutýar. Bu hukuklar migrantlar üçin möhümdir, sebäbi olar durmuşa geçirilende migrantlar öz işlerine deň aýlyk talap etmek, oňat ýaşaýyş şertleri bilen üpjün etmek, döwlet edaralaryna ýüz tutmak mümkinçiligi we ş.m. hukuklary alýarlar. Deňlik ýörelgesiniň berjaý edilmegi we diskriminasiýanyň gadagan edilmegi migrantlaryň hukuklaryny goramak üçin möhümdir. Mysal üçin, şu soraga Jyns taýdan kemsitmegiň ähli görnüşlerini ýok etmek baradaky konwensiýa we Ähli migrant işçileriň we maşgala agzalarynyň hukuklaryny goramak baradaky halkara konwensiýa bagyşlanan. Bu resminamalar dürli sebäplere, şol sanda milli we etnik sebäplere görä bölünmegi, çykarmagy, aýyrmagy ýa-da ileri tutmagy gadagan edýär.

## MIGRASIÝA, KADALAŞDYRYLMADYK MIGRASIÝA WE ADAM SÖWDASYNA GARŞY HEREKETLER ÇYGRYNDA GDA-NYŇ HUKUK RESMINAMALARY

Merkezi Aziýa döwletleri birnäçe döwletara birleşiklerine gatnaýjylar bolup durýarlar, olaryň çäklerinde migrasion prossesler bilen bagly meselelere garalýar.

Agzalan döwletara birleşikleriň arasynda 1991-nji ýylda döredilen GDA-ny belläp geçmek gerek. GDA-ny döretmegiň esasy maksatlarynyň biri öňki Sowet respublikalarynyň arasynda ykdysadyýet we howpsuzlyk pudagynda birleşdiriji gatnaşyklary saklamak üçin hyzmatdaşlygy gurnamakdy.

GDA gatnaşyjy ýurtlar häzirki wagtda şu aşakdakylardan ybarat: Azerbaýjan, Ermenistan, Belarus, Gazagystan, Gyrgyzystan, Moldowa, Russiýa Federasiýasy, Täjigistan, Türkmenistan *(assosirlenen agza),* Özbegistan.

GDA işini düzgünleşdirýän. esasyny goýujy resminamalar GDA döretmegi barada ylalaşyk; Alma-Ata deklarasiýasy; GDA-nyň esasnamasy; Ykdysady bileleşik döretmek barada ylalaşyk. Bu resminamalarda GDA gatnaşyjy ýurtlaryň arasyndaky özara gatnaşyklaryň esasy ugurlary kesgitlenilýär.

GDA çäklerinde GDA agza-döwletlerde migrasiýa prosesleriniň hukuk düzgünleşdirme meselesine has aýratyn üns berilýär. Şeýlelik bilen, GDA-nyň esaslandyryjy resminamalarynda (1991-nji ýylyň 8-nji dekabrynda gol çekilen Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyny döretmek baradaky Ylalaşyk, 1991-nji ýylyň 21-nji dekabrynda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyny döretmek baradaky Ylalaşygyň teswirnamasy, GDA-nyň Tertipnamasy (4-nji madda), 1991-nji ýylyň 21-nji dekabrynda gol çekilen Alma-Ata deklarasyýasy) GDA-a agza ýurtlaryň bilelikdäki işleriniň çägi, Arkalaşygyň çägine gatnaşýan döwletleriň borçnamalaryna laýyklykda umumy utgaşdyryjy guramalaryň üsti bilen deň esasda durmuşa geçirilýän migrasiýa syýasaty bilen baglanyşykly möhüm düzgüni öz içine alýar.

Mundan başga-da, GDA-nyň tertipnamasynda bazar gatnaşyklary esasynda umumy ykdysady giňişligi emele getirmegi we harytlaryň, hyzmatlaryň, maýalaryň we işçi güýjiniň erkin hereketi göz öňünde tutulýar (madda 19).

Hem-de guramanyň çäklerinde, migrasiýa prosseslerini düzgünleşdirmäge gönükdirilen birnäçe ýöriteleşdirilen resminamalar kabul edildi (sur.2.1.5.).

Sur.2.1.5. **GDA-nyň çäklerinde migrasiýany düzgünleşdirýän wajyp resminamalar**

| GDA-nyň çäklerinde migrasion prossesleri kadalaşdyrmaklyga gönükdirilen ýöriteleşdirilen resminamalar (Ylalaşyklar) | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Zähmet migrasiýasy we zähmetkeş migrantlaryň sosial goragy çygrynda hyzmatdaşlyk barada ylalaşyk (1994-nji ýyl) | GDA gatnaşyjy ýurtlaryň bikanun migrasiýa garşy göreş boýunça hyzmatdlyk hakynda ylalaşyk (1998-nji ýyl) | GDA-a agza döwletleriň adam, organ we adam dokumalarynyň söwdasyna garşy göreşde hyzmatdaşlygy baradaky şertnama (2005-nji ýyl) | GDA-a agza döwletleriň adam, organ we adam dokumalarynyň söwdasyna garşy göreşde hyzmatdaşlygy baradaky şertnama (2005-nji ýyl) | GDA-a agza döwletleriň adam, organ we adam dokumalarynyň söwdasyna garşy göreşde hyzmatdaşlygy baradaky şertnama (2005-nji ýyl) | GDA agza döwletleriň çägine girýän üçünji ýurt raýatlaryny we raýatlygy bolmadyk adamlary hasaba almagyň bitewi ulgamy barada şertnama (2011-nji ýyl) |

| GDA-nyň çäklerinde migrasion prossesleri kadalaşdyrmaklyga gönükdirilen ýöriteleşdirilen resminamalar (Konsepsiýalar, strategiýalar, maksatnamalar, konwensiýalar, deklarasiýalar) | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| GDA gatnaşyjy ýurtlaryň bikanun migrasiýa garşy hereket etmekde hyzmatdaşlyk Konsepsiýasy (2004-nji ýyl) | GDA gatnaşyjy ýurtlaryň ylalaşylan migrasion syýasaty barada Deklarasiýa (2007-nji ýyl) | Gatnaşyjy ýurtlaryň zähmetkeş migrantlarynyň we olaryň maşgala agzalarynyň hukuk derejesi barada Konwensiýa (2008-nji ýyl) | GDA-nyň hökümet agzalarynyň 2008-nji ýylyň 14-nji noýabrynda tassyklanan, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşyklarynyň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin ykdysady ösüşiniň Strategiýasy (2008-nji ýyl) | 2014-2018-nji ýyllar üçin adam söwdasyna garşy göreş boýunça GDA gatnaşyjy ýurtlaryň hyzmatdaşlyk Maksatnamasy (2013-nji ýyl) | 2015-2019-nji ýyllar üçin bikanun migrasiýa garşy hereket boýunça GDA gatnaşyjy ýurtlaryň hyzmatdaşlyk Maksatnamasy (2014-nji ýyl) | Adam söwdasyna garşy hereket boýunça GDA gatnaşyjy ýurtlaryň hyzmatdaşlyk Konsepsiýasy (2014-nji ýyl) |

Bu resminamalarda migrasiýa gurşawyndaky hyzmatdaşlygyň esasy ileri tutulýan ugurlary kesgitlenen, olaryň içinde: ylalaşylan migrasion syýasatyny geçirmek üçin şertleriň kemala getirilmegi, kabul edýän döwletiň kanunçylygyny nazara almak bilen, migrantlaryň akymynyň göwrüminiň, ugurlarynyň we düzüm gurluşynyň migrantlaryň bähbitlerine laýyk getirilmegi esasynda zähmet migrasiýasynyň kadalaşdyrylmagy, immigrantlaryň jemgyýete goşulyşmagyny üpjün etmek we GDA gatnaşyjy ýurtlaryň raýatlarynyň olaryň baran ýurtlarynyň kanunçylygyna, diline we medeniýetine hormat goýulmak, kadalaşdyrylmadyk migrasiýa garşy herketleriň dowam etdirilmeklik, readmissiýa barada ylalaşyklary baglaşmaklyk we ş.m.

## MIGRASIÝA, KADALAŞDYRYLMADYK MIGRASIÝA WE ADAM SÖWDASYNA GARŞY HEREKETLER ÇYGRYNDA ALNYP BARYLÝAN IŞLER BARADA ÝEWRAZIÝA YKDYSADY BILELEŞIGI (ÝAYB) HUKUK RESMINAMALARY

Soňky ýyllarda postsowet giňişliginde birnäçe sebitleýin halkara bileleşikleri döredildi, olaryň wezipesi syýasy, durmuş-ykdysady häsiýetli meseleleri çözmekden, şeýle hem sebit howpsuzlygyny üpjün etmekden ybarat. Şolaryň bilelişikleriň arasynda ÝAYB we ŞHG bellemeli.

**Ýewraziýa ykdysady bileleşigi.** ÝAYB – bu halkara hukuk subýektine eýe bolan, sebitleýin ykdysady goşulyşmaklygyň halkara guramasydyr.[12] ÝAYB-de harytlaryň, hyzmatlaryň, maýalaryň we iş güýjüniň erkin hereketi, hem-de agza döwletleriň ykdysadyýet pudaklarynda sazlanan, ylalaşykly ýa-da bitewi syýasatyň geçirilmegi üpjün edilýär.

ÝAYB barada şertnamada zähmet migrasiýasyny düzgünleşdirmäge bagyşlanan özbaşdak bölüm bar ("Zähmet migrasiýasy" şertnamanyň XXVI-njy bölümi). Ol üç maddany öz içine alýar (96-98). Şertnamanyň 96-njy maddasynda "Agza döwletler Bileleşiginiň çäginde zähmet migrasiýasyny kadalaşdyrmak, şeýle hem agza ýurtlardan çykan işgärleri agza ýurtlarda işlemek üçin guramaçylykly işe alynmagy we çekilmegi aňsatlaşdyrmak syýasaty ylalaşmak barada hyzmatdaşlygy amala aşyrýar" diýip bellenilýär. Mundan soňra bu maddada döwletleriň hyzmatdaşlyklarynyň esasy görnüşleri kesgitlenilýär, olara zähmet migrasiýasy gurşawynda umumy çemeleşmeleriň we ýörelgeleriň ylalaşygy, kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň alyş-çalyşygy, maglumat alyş-çalyşygy, nädogry maglumatyň ýaýramagynyň öňüni almaklyga gönükdirilen çäreleriň amala aşyrylmagy , tejribe alyş-çalyygy, hünär okuwlaryny, seminarlary we okuw sapaklaryny geçirmek we maslahat beriş edaralarynyň çäklerinde hyzmatdaşlyk degişli edilýär.

Şu şertnamanyň 97-nji maddasy migrantlaryň zähmet hereketini düzgünleşdirýär. Hususan-da, agza döwletleriň milli zähmet bazaryny goramakdaky çäklendirmeleri hasaba alman işleýän agza döwletleri zähmet işlerine çekmäge hukugynyň bardygy aýratyn bellenilýär. Şunuň bilen bilelikde, agza döwletleriň işgärlere işe ýerleşdiren döwletde işini amala aşyrmak üçin rugsat almagy talap edilenok. Munuň üstesine-de, agza döwletler olaryň milli zähmet bazaryny goramak maksady bilen olaryň kanunlary tarapyndan ýola goýulan çäklendirmelerden peýdalanmaýarlar. Şeýle-de bolsa, bu şertnama we agza döwletleriň zähmet kanunçylygy tarapyndan girizilen iş, kär we raýatlarynyň

[12] Woronina N.A. Ýewraziýa integrasiýa şertlerde daşky zähmet migrasiýasy: hukuk nukdaýnazarlary// RÝA-nyň döwlet we hukuk institutynyň eserleri. № 1. 2017. S. 94-113.

ýaşaýan ýerleriniň çäkleri baradaky milli howpsuzlyk we jemgyýetçilik tertibini üpjün etmek üçin döredilen çäklendirmeler ulanylyp bilner.

Şeýle hem, agza döwletden gelen işgäriň we maşgalasynyň iş ýeriniň çäginde wagtlaýyn bolmagyň (ýaşamagyň) möhleti, agza döwlet işgäri iş beriji ýa-da iş (hyzmat) müşderisi bilen baglaşylan zähmet ýa-da raýat hukuk şertnamasynyň dowamlylygy bilen kesgitlenýär. Agza döwletiň raýatlary başga agza döwletiň çägine işi amala aşyrmak ýa-da işe ýerleşmek niýet bilen baran we olaryň maşgalalaryň agzalary, giriş senesinden 30 günüň dowamynda bellige alynmak (hasaba alynmak) borjundan boşadylýarlar.

Şertnamada zähmet migrantlarynyň hukuklary we borçlary has aýratyn bellenilýär. Hususan-da olara bilim hakyndaky resminamalarda, alymlyk derejesini we (ýa-da) ylmy at berilmek hakyndaky resminamalarda görkezilen hünär we hünär derejeleri bilen baglylykda hünär iş-hereketi bilen meşgullanmaklyga hukuk berilýär. Hem-de olara öz emläklerini eýelemek, peýdalanmak we ygtyýaryna almak, eýeçiligini goramak we päsgelçiliksiz pul serişdeleri almak hukugy berilýär. Zähmet migrantlarynyň durmuş hukuklary aýratyn bellenilýär. Migrantlara we olaryň maşgalalaryna durmuş ätiýaçlandyrylyşy, lukmançylyk kömegi, bilim almaklyga, kärdeşler arkalaşyklaryna agza bolmaklyga we maglumat almaklyga hukuk berilýär.[13]

**Şanhaý hyzmatdaşlyk guramasy.** ŞHG mydama hereket edýän sebitleýin halkara gurama bolup durýar, ol 2001-nji ýylyň iýun aýynda esaslandyryldy. Başda oňa Gazagystan, Hytaý, Russiýa Federasiýa, Täjigistan we Özbegistan girdiler. Häzirki wagtda dört döwlet – Belarus, Eýran, Mongoliýa we Owganystan guramada gözegçi statusyny eýeleýär we alty döwlet – Ermenistan, Azerbaýjan, Kamboja, Nepal, Türkiýe, Şri-Lanka – gepleşik hyzmatdaşy statusyna eýedir.

Ilki bilen ŞHG-nyň wezipeleri Merkezi Aziýa-da ekstremizm, separatizm we terrorçylyk aktlarynyň öňüni almak we iki taraplaýyn sebitara hereketler pudagynda boldy. 2002-njyi ýylyň iýun aýynda ŞHG-nyň döwlet baştutanlarynyň Sankt-Peterburg sammitinde Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Hartiýasyna gol çekildi (2003-nji ýylyň 19-njy sentýabrynda güýje girdi). Bu esasy düzgünnama resminamasy bolup guramanyň maksatlaryny we ýörelgelerini, onuň düzümini we işiniň esasy ugurlaryny kesgitleýär.

2003-nji ýylyň sentýabrynda ŞHG agza ýurtlaryň hökümet ýolbaşçylary, 20 ýyllyk möhleti göz öňünde tutýan Köpugurly söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk Maksatnamasyna gol çekdiler, onuň netijesinde ŞHG-niň işi giň gerimli ykdysady ugry öz içine aldy. Uzak möhletleýin maksady hökmünde ŞHG giňişliginde erkin söwda zolagynyň döredimegi, gysga möhletleýin geljekde bolsa, maýa goýum we söwda pudagynda amatly şertleri döretmek prossesini güýçlendirmek göz öňünde tutulýar.

Migrasiýa meseleleri bu guramasynyň çäklerinde separatizm, terrorçylyk, ýarag söwdasy, neşe serişdeleriniň söwdasy, ynsan söwdasy bilen göreş prizmasy üsti bilen seredilýär. Şonuň bilen baglylykda, ŞHG çäklerinde migrasiýa meselelerini düzgünleşdirýän aýratyn resminama kabul edilmedi. Esasy ünsi ynsan söwdasynyň meselelerini çözmäge gönükdirilendir.

---

[13] Woronina N.A. Ýewraziýa integrasiýa şertlerde daşky zähmet migrasiýasy: hukuk nukdaýnazarlary// RÝA-nyň döwlet we hukuk institutynyň eserleri. № 1. 2017. S. 94-113.

**Almaty prossesi.** Almaty prossesi – bosgunlary goramak we Merkezi Aziýada we onuň çäklerinde halkara migrasiýanyň sebitleýin konsultatiw prossesidir. Bu prosses 2010-njy ýylda oýlap tapyldy. Häzirki wagtda oňa Azerbaýjan, Owganystan, Gazagystan, Gyrgyzystan, Täjigystan, Türkmenistan we Türkiýe gatnaşýar. Merkezi Aziýada bosgunlary goramak we halkara migrasiýanyň birinji sebitleýin maslahaty Almaty şäherinde 2011-nji ýylyň 14-16-njy mart günlerinde geçirildi. Bu maslahata gatnaşyjylar garyşyk migrasiýa gatnaşýan adamlary goramak üçin milli syýasatlary ösdürmegiň möhümdigine göz ýetirdiler, adam söwdasynyň öňüni almak we oňa garşy göreşmek, bu jenaýatyň pidalaryny netijeli goramak üçin çäreler görmäge çagyrdylar we ilatyň garyşyk hereketi bilen baglanyşykly kararlaryň kabul edilmeginiň ähmiýetine ünsi çekdiler. Bu maslahatyň dowamynda has ýerlikli meseleler boýunça sebitleýin gepleşigi we amaly hyzmatdaşlygy ösdürmek hem-de konferensiýanyň netijeleri umumy jemgyýetçiligine elýeterli etmek maksady bilen Almaty deklarasiýasy kabul edildi.

Bu prosses migrasiýanyň çylşyrymly depgini bilen şertlendirilen köp sanly meseleleri aradan aýyrmaklyga hem-de garyşyk migrasiýa boýunça sebitleýin hyzmatdaşlygy we kadalaşdyrylyşyny gowulandyrmaklyga gönükdirilendir. Almaty prossesiniň maksatlary: halkara migrasiýa we bosgunlary goramak boýunça gepleşikleri ýeňilleşdirmek; tertipsiz migrasiýa bilen baglanyşykly meselelere gözegçilik we çözmek mehanizmlerini ösdürmek; migrasiýanyň we göçmegiň sebäpleri we netijeleri barada umumy düşünje gazanmagy höweslendirmek; göçürilenler bilen baglanyşykly giňişleýin we tapawutlandyrylan syýasaty öňe sürmek; bosgunlary goramak ýaly döwletleriň migrasiýa meselelerini dolandyrmak ukybyny güýçlendirmeklige gönükdirilen çäreleriň taslamasyny işläp düzmek. Bu prossesiň barlagsyz migrasiýa meselelerini çözmek, sebitleri dolandyrmak we howpsuzlyk, ynsan söwdasy we olaryň kontrabandasy, migrantlaryň we bosgunlaryň hukuklaryny goramak, zähmet migrasiýasy we ş.m. barada iş çygyrlaryny içine alýar.

2012-nji ýylda agza döwletlerde ministrleriň orunbasarlary derejesinde milli utgaşdyryjylary bellendi, hem-de Hyzmatdaşlygyň sebitleýin çarçuwaly maksatnamasy we Sebitleýin hereket meýilnamasy kabul edildi.

Sebitleýin hyzmatdaşlygyň çarçuwaly maksatnamasy, sebitara gepleşikleri we özara gyzyklanma bildirýän meseleler boýunça hyzmatdaşlygy ýeňilleşdirmegi, şeýle hem zerur gorag derejesini üpjün edip, garyşyk migrasiýa bilen baglanyşykly meseleleri has öňünden aýdylýan, täsirli görnüşde çözmekde döwletleriň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň mümkinçiliklerini güýçlendirýär. Sebitleýin hereket meýilnamasy şu meseleleri çözmek üçin belli çäreleri teklip edýär.

Almatyda geçirilen ministrleriň Bosgunlary goramak we halkara migrasiýa maslahaty netijesinde Almaty prossesi 2013-nji ýylyň 5-nji iýunynda işe girizildi. Maslahatdan soň döwletler Merkezi Aziýa ýurtlarynda garyşyk migrasiýa hereketleriniň döredýän köp kynçylyklaryna sebitleýin gepleşikler, amaly hyzmatdaşlyk we migrantlaryň adam hukuklaryny üpjün etmek üçin gerekli bolan halkara goragyndan peýdalanmak we bosgunlar üçin berk çözgütler üçin zerur bolan milli kanunçylyk binýadyny döretmek arkaly jogap bermäge razy boldular diýilýän bildiriş kabul edildi.

## Synag soraglary:

1. Halkara migrasion hukugyň esasy çeşmeleri nähili?
2. Adam hukuklary we migrant hukuklary meselelerinde halkara-hukuk şertnamalaryň çäklerinde bir döwletiň kanuny taýdan borçly döwlete öwrülmek prossesi barada beýan ediň.
3. GDA, ÝAYB, ŞHG çäklerinde migrasiýa meselesi nähili derejede kadalaşdyrylýar? Her ýagdaýyň nähili aýratynlygy bar?
4. Merkezi Aziýa ýurtlarynyň gatnaşýan migrasiýany kadalaşdyrmak çygryndaky ikitaraplaýyn şertnamalaryň aýratynlyklaryny beýan ediň.
5. Migrantlaryň hukuklaryny goramak boýunça esasy halkara-hukuk şertnamalaryny sanaň we olary häsiýetlendiriň.

## Amaly okuw:

Diňleýjiler dört topara bölünýär. Her topar resminamalaryň sanawyny alýar. Resminamalaryň ýazgysyny seljermek we 10-minutlaýyn soraglara jogaplar bilen plakatly prezentasiýany taýýarlamak zerur. Taýýarlanyş wagty – 30 minut.

**Topar 1.** Ykdysady, sosial we medeni hukuklar hakynda Halkara paktynyň, Raýat we syýasy hukuklar hakynda Halkara paktynyň we Ähli zähmetkeş migrantlaryň we olaryň maşgala agzalarynyň hukuklaryny goramak hakynda Halkara konwensiýasynyň maglumatlaryny peýdalanmak bilen, migrasiýa we migrantlar babatyndaky şu aşakdaky soraglara jogap bermek zerur:

- migrasiýa bilen haýsy adam hukuklary baglanyşyklydyr;
- zähmet migrantlaryna haýsy hukuklar we azatlyklar berilýär;
- migrasiýa bilen baglanyşykly hukuklara degişli haýsy çäklendirmeler göz öňünde tutulýar.

**2-nji topar.** ÝAYB şertnama maglumatlary ulanyp migrasiýa we migrantlar barada soraglara jogap bermeli:

- migrantlara haýsy hukuklaryň ygtyýaryna berilýär;
- Bu Şertnamada migrasiýa babatynda ýurtlaryň arasyndaky hyzmatdaşlygyň nähili görnüşleri göz öňünde tutulan;
- bu resminamada migrantlara degişli nähili çäklendirmeler bellenildi.

**3-nji topar.** Migrasiýa barada GDA-nyň çäklerinde kabul edilen resminamalaryň maglumatlary ulanyp, migrasiýa we migrantlara degişli soragla jogap bermeli:

- migrasiýa prossesleri tertibe salýan GDA-nyň esasy resminamalary sanap geçiň;
- GDA-nyň resminamalary laýyklykda migrantlaryň hukuk ýagdaýy nähili;
- migrasiýa meseleleri hakynda GDA agza döwletleriň nähili hyzmatdaşlyk görnüşleri bar.

## Gerekli edebiýat:

1. Dinorşoýew A.M. Adam hukuklary Ýokary okuw jaýlary üçin okuw kitaby Duşanbe: "Gold-print" neşirýat. 2017.560 s.
2. Halkara ynsanperwerlik hukugy: okuw kitaby/A. Ýa. Kapustiniň red. – 2-nji neşir, düzedilen we üsti ýetirilen. – M.: Ýuraýt; ID Ýuraýt, 2011. -639 s.
3. Halkara jemgyýetçilik hukugy/ K.A. Bekýaşewiň red. M. Neşirýat «Проспект», 2008. 1008 s.
4. Halkara migrasiýa hukugy. Ýokary okuw jaýlary üçin okuw kitaby Red. S.N. Tagaýewa Duşanbe Neşirýat «Эр-граф», 2016. 352 s.

## Goşmaça edebiýat:

5. Abaşin S. Migrasiýa iz Sentralnoý Azii: Praktiki, mestnye soobşestwa, transnasionalizm// Politika i prawo Rossii. 51 Tom. № 3, maý-iýun 2013. S. 6-20.
6. Brounli Ýa. Halkara hukugy. M., «Прогресс» Neşirýaty, 1977 1-nji Kitap. 535 sah.
7. Woronina N.A. Ýewraziýa integrasiýa şertlerde daşky zähmet migrasiýasy: hukuk nukdaýnazarlary// RÝA-nyň döwlet we hukuk institutynyň eserleri. № 1. 2017. S. 94-113.
8. Martens F. F. Siwilizasiýa halklarynyň häzirki zaman halkara hukugy M. Zersalo, 2008. 1-nji Tom. 251 sah.
9. Parhomowa Ýu. A. Halkara migrasiýa hukugynyň çeşmeleri//Halkara hukugy we halkara gatnaşyklar žurnaly. №3. 2008. S. 30-33.
10. Pohlebaýewa A.W. Migrasiýa düşünjesi we onuň klassifikasiýasy//Halkara hukugy we halkara gatnaşyklar žurnaly. 2005. №3. S. 3-6.
11. Tihomirow Ýu.A. Migrantlaryň hukuk ýagdaýy//Daşary ýurt kanunçylygynyň hem-de deňeşdirme hukuk öwreniş žurnaly. №3 (6). 2006. S. 17-20.

# 2.2. MDRK-niň hukuk esaslary

***Mazmuny.*** *Migrasiýa dolandyryş ulgamynyň bitewiligini saklamakda meýletin yzyna dolanmagyň möhüm roluna düşünmeklik; meýletin gaýdyp gelmek we reintegrasiýa kömek maksatnamasynyň täsiriniň esasy aýratynlyklaryny kesgitlemek; MDRK-niň düzümi bilen tanyşdyrma, HMG we MDRK alyp barmak tejribesi, MDRK maksatnamanyň işi barada jikme-jik maglumat.*

## SÖZBAŞY

Migrasiýa meseleler şeýle ululyklara we şeýle çylşyrymlylyk derejesine ýetdiler welin, olary diňe döwletleriň bilelikdäki hereketleriniň kömegi bilen çözüp bolýar. Dolanyş migrasiýasy, bütin dünýä boýunça migrasiýa meseleleri bilen meşgullanýan milli we halkara syýasatçylaryň gün tertibinde esasy mesele bolup durýar, sebäbi bu gelip çykyş ýurtlaryna, üstaşyr geçýän ýerlerine, gaçybatalga gözleýänlere we tertipsiz migrantlara täsir edýär, gaçybatalga we immigrasiýa ulgamlarynyň bütewilik meselesini çözýär. Dolanyş migrasiýasy tapgyrlaýyn migrasion shemalaryň adaty bölegi bolup durýar, ol haçanda barýan ýurdunda galmaklyga ygtyýarlyklary bolmadyk ýagdaýynda, gelip çykan ýurtlaryna dolanmaklyga mejbur bolan ýagdaýlarynda ýa-da meýletin dolanmak maksatnamasyny peýdalananlarynda örän duýarlykly meselä öwrülip bilýär.

## HMG WE DOLANMAK PROSSESI

Dolanyş migrasiýasy aýratyn hadysa däl-de, ýöne aýratyn migrantlaryň halkara migrasiýa aýlanşygyň we hökümet tarapyndan ulanylýan migrasiýa dolandyryş gurallaryň giň kontekstinde seredilmelidir. Gelip çykyş ýurtlarynyň arasyndaky sebitleýin we global akymlary öz içine alýan, üstaşyr we barjak ýerleriniň arasynda migrasiýa aýlanşygy ýa-da kabul edýän döwletde migrantlaryň integrasiýasyna geljekdäki migrasiýa ýa-da meýletin ýa-da meýletin däl ýagdaýda olaryň gelip çykyş ýurdyna dolanmaklygyna eltýär. Migrasiýa has çylşyrymly we aýlawly bolansoň, dolanmak üçin has giňişleýin çemeleşmegiň, şeýle hem barmaly, üstaşyr we gelip çykyş ýurtlaryň arasynda migrantlary yzyna gaýtarmak boýunça bilelikdäki meýilnamany durmuşa geçirmek üçin bilelikdäki çärelere we hyzmatdaşlyga zerurlyk bar.

Şeýlelik bilen, migrasiýa akymlaryny dolandyrmak we migrantlaryň gorag zerurlyklaryny kanagatlandyrmak meselesi migrantlar üçin, şol sanda adam söwdasynyň, ekspluatasiýa ýa-da şular ýaly hyýanatçylykly hereketleriň pidasy bolýan ýoldaşsyz migrant çagalary hem kynlaşdyrýar. Bu tranzit ýurtlaryň gowşak kuwwatlylygy we resminamalary bolmadyk köp sanly migrantlaryň islegleriniň pes derejede kanagatlandyrylmagy migrantlaryň dürli toparlarynyň isleglerini kanagatlandyrmak zerurlygy, hem-de köpçülikleýin tertipde gelýän aýry-aýry migrantlaryň anyk isleglerini ýüze çykarmak we olara seslenmek bilen, şol sanda olaryň goragy bilen bagly ýüze çykýan kynçylyklar bilen şertlendirilendir.

Hakykatdan hem, gelip çykyş, üstaşyr we barmaly döwletler dolanmak meselesi boýunça dürli ugurlarda işläp durlar, şol sebäpli, olaryň nukdaýnazarlary we ähmiýetleri tapawutlanýar. Mysal

üçin, üstaşyr we barmaly döwletleriň köpüsi üçin esasy mesele olaryň migrasiýany dolandyrýan milli ulgamlaryň bütewiligi, şol sanda, kanuny migrasiýanyň shemalary we gaçalga institutydyr. Gelip çykyş we üstaşyr geçýän döwletleriň köpüsi üçin yzyna dolanýan migrantlaryň uly akymyny kabul etmek boýunça mümkinçilikleriň çäkliligi, olaryň reintegrasiýasy we durmuş-ykdysady durnuklylygy sebäpli kynçylykly bolup biler. Şeýlelikde, milli, sebitleýin we halkara derejede ähli degişli gyzyklanýan taraplary çekmegi, ýagdaýlara görä, dolanmak prossesini giňişleýin we doly düşünmeklige ýetmek hem-de netijeli dolanmak syýasatyny etmek üçin möhüm ähmiýeti bar. Has üstünlikli dolanyş çäreler üçin maksimal öz içine alýan we gelip çykyş, üstaşyr we barmaly döwletleriň, hem-de migrantlaryň özleriniň, zerurlyklaryny we meselelerini nazara alar. Şeýlelikde, gepleşikleriň ösdürilmegi gelip çykyş, barýan we üstaşyr geçýän döwletlere hyzmatdaşlygy ýola goýmaga, dolanmak migrasiýa boýunça täsirli syýasatlary bilelikde işläp düzmäge we durmuşa geçirmäge kömek edip biler.

Bu kiçi bölümde dolanmak bilen bagly mehanizmlere giňişleýin garalyp geçiler, olara bu Gollanmanyň beýleki bölümleri bagyşlanan, emma beýlekiler bilen bir hatarda Meýletin dolanyşda we reintegrasiýada kömek (MDRK) Maksatnamasynyň konsepsiýasy açylyp görkeziler.

MDRK maksatnamasynyň çäklerinde her ýyl öýlerine dolanýan on müňlerçe migrantlara möhüm kömek etmek HMG-nyň işiniň esasy görnüşidir. Iş-hereketiň bu gurşawyň gyşarnyksyz ýagdaýda gerimi giňeýär, çünki migrantlary kabul edýän döwletleriň, hem-de gelip çykan ýurtlaryň aglabasy migrasiýany dolandyrmaklygyň netijeli we ynsanpewer taýdan wajyp düzüm bölegi hökmünde MDRK gymmatlygyny ykrar edýärler. Häzirki wagtda HMG MDRK maksatnamalary ähli yklymlarda we dürli ugurlarda: "demirgazyk-günorta" we "günorta-günorta" ugurlarynda amala aşyrylýar.

Soňky dört onýyllyk dowamynda HMG-nyň MDRK maksatnamasyna gatnaşmagy migrasiýanyň üýtgeýän hakykatlaryny görkezdi. Bilgeşleýin we meýletin kararyň netijesi hökmünde görülýän HMG-ýň meýletin dolanmagy köpden bäri dowam edip gelýän ýörelgesi, belli bir gaýdyp geliş işine gatnaşmagyň islendik görnüşi üçin zerur şert bolup, durnukly gaýdyp gelmegiň esasy elementi hökmünde dolanmak islegi baradaky aladany görkezýär. HMG hem-de dolanandan soňky meseleleri çözmekde we dolanmagyň doly hukukly elementleri hökmünde reintegrasiýa kömek etmegiň mehanizmlerini döretmekde öňdäki hatarda durýar. Esasy üns irki döwürde dolanmak we reintegrasiýa mümkinçilikleri çaklamaga, şeýle hem migrantlara dolanmakdan ozal ýa-da öz ýurdunda abadanlaşdyrylmakdan ozal goşmaça çeşmeleri taýýarlamaga we ulanmaga kömek etmeklige gönükdirilen çäreleri tizleşdirmäge gönükdirilendir.

Dört onýyllyk mundan ozal başlanan MDRK, HMG maksatnamalary köpüsi yzyna ibermäniň guramaçylygy üçin esasy goldawy hödürledi. Şol wagtdan bäri olar girdeji durnuklylygyny üpjün etmek integrirlenen hyzmatlar bilen has toplumlaýyn maksatnamalara öwrüldi. Aglaba başlangyçlar aýry-aýry repatriantlaryň reintegrasiýasyny goldamak bilen çäklenmän, eýsem yzyna dolanýanlaryň netijeli we durnukly dolanmaklaryny üpjün etmek bilen bagly meseleleriniň çözülmegine hem ýardam berýärler.

Şeýle wakalar, köp döwletleriň halkara syýasaty döretmek işinde has möhüm orny eýeleýän migrasiýa dolandyryş strategiýalaryna dolanyş migrasiýasyny has köp goşýandygyny görkezýär. MDRK köp

ýurtlarda ýa-da Ýewropa Bileleşigi ýaly köptaraplaýyn guramalarda migrasiýa we gaçybatalga bermekligi syýasatynyň aýrylmaz bölegidir we ileri tutulýan ugur hökmünde hasaplanýar. MDRK, zyýan çeken ýurtlara, şeýle hem kynçylyk çekýän we köplenç eklençden mahrum bolan migrantlara zerur kömegi bermek bilen, zyýan çeken döwletleriň arasynda tranzit migrasiýasy meselesine bilelikdäki jogap hökmünde durmuşa geçirilýän möhüm çäreleriň bir bölegine öwrülýär.

## MDRK-INE NÄME GIRÝÄR?

MDRK migrasiýa dolandyryşyna toplumlaýyn çemeleşmegiň aýrylmaz bölegi bolup, ol serhetleri netijeli dolandyrmagy, gaçybatalgalaryň netijeli işlemegini we aşa ýagdaýlarda kabul ediji döwletde galmak üçin kanuny esaslary bolmadyklaryň mejbury gaýdyp gelmegini öz içine alýar. MDRK kabul ediji/üstaşyr döwletde galmak islemeýän ýa-da islemedik we gelip çykyş ýurduna dolanmana karar beren migrantlara administratiw, maddy-tehniki we maliýe goldawyny berýär, şol sanda reintegrasiýa kömegi.

Ilkibaşda MDRK maksatnamalary Ýewropada ýüze çykdy, bu ýerde HMG tarapyndan goldanýan meýletin dolanmak maksatnamalarynyň köpüsi durmuşa geçirilýär, ýöne soňky 40 ýylda olaryň hereket çygry ep-esli giňeldi. Kabul edýän döwletleriň geografiýasy Ýewropa çäklerinden çykyp gitdi we Afrikada, Aziýada, Demirgazyk we Günorta Amerika we Okeaniýa kabul edýän döwletleri içine alýar. Başga-da, tranzit migrasiýa kontekstinde, MDRK agyr ýagdaýda ýa-da garyp bolan, düzgünleşdirilen ýa-da düzgünleşdirilmedik ýagdaýyna garamazdan, öňe gitmek üçin serişdesi bolmadyk migrantlara kömek etmekde netijeli guraldygyny subut etdi.

Şol bir wagtda, reintegrasiýada kömegi meýletin dolanmak kömeginiň goşundysyna öwrüldi, sebäbi gaýdyp gelenleriň isleglerini kanagatlandyrmak, esasanam gowşak ýagdaýlarda we öýlerine göçürilmegini goldamak reintegrasiýa prossesiniň dowamlylygy üçin möhümdir.

HMG MDRK-ni migrantlaryň ynsanperwer we tertibe salynan göçürmekligi esasy strategiýa hökmünde hasaplaýar. Şeýlelik bilen, migrantlaryň özleri, hökümetler we migrasiýa täsir eden jemgyýetiň beýleki derejeleri üçin özara peýdaly migrasiýa dolandyrmak çemeleşmesiniň aýrylmaz bölegi hasaplanýar.

Esasy syýasy maksatlar indikilerde jemlenýär:

- dolanmak prossesinde migrantlaryň mertebesini we hukuklaryny goramak, ulanylýan halkara ýörelgeleriň we ülňüleriň berjaý edilmegini üpjün etmek;
- migrantlara gorag mehanizmleriň elýeterligini üpjün etmek we bosgun statusyny kesgitlemek;
- tertipli migrasiýa düzümleriniň we badalga beriş düzgüniniň dolulygyny saklamak;
- gelip çykyşy, üstaşyr geçiş we kabul ediş döwletleriň arasyndaky hyzmatdaşlygy güýçlendirmek we gelip çykan ýurtlaryň dolanýan raýatlary babatdaky jogapkärçiligini güýçlendirmek;
- tertipsiz migrasiýanyň düýp sebäplerini ýok etmek;
- tertipsiz migrasiýa meselesini çözmek üçin has täsirli, dowamly we özara peýdaly görnüş hökmünde meýletin dolanmak üçin toplumlaýyn çemeleşmeleriň kabul edilmegini goldamak.

## MDRK-NIŇ ÜÇ TAPGYRY

MDRK indikileri içine alýar:

- ugramazdan öňki kömek we syýahata taýýarlama;
- hakyky öýe ugratma bilen kömek;
- gelip ýetenden soň durmuş-ykdysady taýdan täzeden gurmaklylygy we reintegrasiýa kömegi.

### Deslapky tapgyr:

*Maglumat-düşünjiriş işlerini alyp barmak*

Maglumat-düşündiriş işler diňe bir dolanmak we reintegrasiýa üçin kömege mätäç migrantlaryň arasynda däl, eýsem jemgyýetler, diasporalar, konsullyk wekilhanalary we beýleki gyzyklanýan taraplar ýaly MDRK-niň habardarlygyny ýokarlandyrýar. Migrantlara berilýän maglumatlar obýektiw we degişli faktlara esaslanmalydyr. Migrant jemgyýetleri we degişli diplomatik missiýalar bilen kartalaşdyrmak we özara täsir etmek, habardarlygy ýokarlandyrmak çärelerini ösdürmekde we durmuşa geçirmekde öz işlerini giňeltmäge we şeýle wakalarda dogry habar bermäge mümkinçilik berýär.

*Dolanmak we reintegrasiýa meselelerinde migrantlara maslahat bermek.*

Aýratyn maslahatlar potensial dolananlara kabul ediji ýa-da üstaşyr geçýän döwletde, şeýle hem gelip çykyş döwletdäki hukuklary we mümkinçilikleri barada öwrenmäge, meýletin gaýdyp gelmek we reintegrasiýa kömeginiň şertleri barada maglumat almaga we netijede, dolananlar üçin has gowy saýlawdyr, habarly karar bermäge mümkinçilik berýär.

Migrantyň düşünýän dilinde migrantlara sorag bermäge we pikirlerini erkin beýan etmäge mümkinçilik berýän şertlerde maslahat bermek, şol sanda öz meseleleri barada gürrüň bermek. Bu, meýletin dolanmak kararyna potensial sebäp bolup biler, emma migrantlar gitmezden ozal islendik döwürde pikirlerini üýtgedip bilerler.

### Dolanyş tapgyrlary :

Bu tapgyrda HMG migrantyň ondan-oňa geçmegine ýardam berer, bu ýagdaýda HMG awiakompaniýalara degişli sapary tabşyrmak bilen we migrantyň öz gelip çykan ýurduna dolanmagyndan soň islendik ýük daşalmagyny üpjün etmek bilen ýardam berer. Migrant, HMG goldawy bilen MDRK-niň çäklerinde hemişe täjirçilik uçuşynda, beýleki islendik ýolagçy ýaly, gaýdyp gelýär. Maksatnamanyň meýletin häsiýetini nazara alyp, migrantlar islendik wagtynda öz pikirini üýtgedip bilýärler, hatda edil howa menzilinde bolsa-da.

### Hemişe bolmaklyk tapgyry :

MDRK-niň maksatnamalaryň köpüsinde reintegrasiýa kömegi (bu bölümiň dowamynda ara alnyp maslahatlaşylýar) olaryň gelip çykyş ýurdynda reintegrirlemek ýardam etmek üçin berilýär. Ol pul ýa-da hakyky kömegiöz içine alyp bilýär. Köplenç ýagdaýda kömek gelenden soň amala aşyrylýar.

Adamyň öz gelip çykyş ýurdynda reintegrasiýa ukybyna dürli ýagdaýlar täsir edip bilýär. Bu uzaga çekýän prossesdir, çünki yzyna dolanýan şahslaryň özbaşdak mümkinçilikleri we gowşak taraplary, jemgyýetçiň olary kabul etmeklige bolan mümkinçiligi, şeýle hem daşky gurşaw ýardam berip biler, ýa-da, tersine, durnukly reintegrasiýa üçin päsgelçilik döredip biler.

Reintegrasiýa prossesine we şonuň üçinem onuň durnuklylyga täsir edýän faktorlary, migrasiýa kararyna gelenlere meňzeş bolup biler. Olar ykdysady, sosial we psihososial häsiýete eýe bolup bilerler, aýry-aýry yzyna dolanýanlar, olaryň dolanyp barýan jemgyýet toparlary we düzüm gurluşly gurşaw bilen bagly bolup bilerler.

Reintegrasiýa çylşyrymlylygyny göz öňünde tutup, prossesiň dowamlylygyny üpjün etmek üçin, dolanýanlaryň we jemgyýetleriň özara peýdaly esasda, şeýle hem hereket edýän gurluş faktorlaryny göz öňünde tutýan toplumlaýyn çemeleşme zerurdyr (mysal üçin, ýerli we milli derejedäki dürli döwlet edaralarynyň hyzmatdaşlygy, gaýdyp gelenlere gönükdirilen syýasatlar we hukuk gurallary ýa-da işe ýerleşdirmeklige we esasy hyzmatlara elýeterlilik).

Degişlilikde, reintegrasiýa boýunça çäreler repatriantlar tarapyndan ykdysady taýdan öz-özüňi üpjün etmeklik, öz jemgyýetlerinde sosial durnuklylyk we psihososial abadanlyk derejesine ýetmeklige gönükdirilmelidir, bu olara migrasion faktorlara hötde gelmeklige mümkinçilik berer.

MDRK-niň, migrasiýa we syýasat rowaçlanmagy garamazdan, islendik maksatnama hemişe üç tapgyry öz içine alýandygyny anyklamak zerurdyr.

## MDRK-NIŇ BENEFISIARLARY

Öýe dolanmak üçin kömege mätäç her bir migrant, MDRK çäklerinde ýardam almak üçin ýüz tutup bilýär. Bular ýaly migrantlara indikiler degişlidir:

- tertipsiz migrantlar (deportasiýa, ýurtdan ibermek ýa-da ýurtdan çykarmak barada buýruk almadyklar);
- gaçybatalga bermek baradaky arzasy ret edilen adam (deportasiýa, ýurtdan ibermek ýa-da ýurtdan çykarmak barada görkezme alynmady);
- gaçybatalga gözleýänler, ýöne soňra olar öz arzalary kanagatlandyrmagy gazanmadylar;
- öýlerine dolanmak kararyna gelenler, bosgun statusy ýa-da wagtlaýyn goralýan statusy bolan adamlar;
- ynsan söwdasynyň pidalary;
- ýaşaýan ýurdunda hukuk derejesine eýe bolan, emma öýe dolanmaklyga serişdesi bolmadyk islendik şahs (mysal üçin, garyp ýagdaýda düşen adamlar ýa-da talyplar); şeýle hem
- şertnamalaryň möhleti gutarýan zähmet migrantlary.

## MDRK-NIŇ DEŇEŞDIRME ARTYKMAÇLYKLARY

MDRK migrantlar we hökümetler üçin mejbury gaýdyp gelmekden has peýdaly, sebäbi:

- öýde reintegrasiýasynyň geljegini gowulandyryp, gaýdyp gelmek üçin has ynsanperwer we abraýly çemeleşme hödürleýär;
- netijeli (çykdajylar nukdaýnazaryndan alnanda hem, möhletler nukdaýnazaryndan alnanda hem) we ylalaşykly kähalatlarda jedelli we syýasy taýdan dartgynly şertlere alternatiwany hödürleýär;
- yzygiderli migrasiýa maksatnamalarynyň we gaçybatalga bermekligiň adalatly işleriniň bitewiligini berkidýär;
- maslahat bermek, dolanmagyň meýletin tebigatyna baha bermek we gorag meselelerini çözmek, yzyna gaýtmak prossesinde adam hukuklarynyň bozulmagyny barlamak we halkara ýörelgelerine we ülňülerine hormat goýmana ýardam bermek arkaly yzyna gaýtarmak prossesiniň dogry dolandyrylmagyny üpjün edýär;
- gyzyklanýan migrantlara gelip çykyş jemgyýetlerine sosial-ykdysady reintegrasiýa üçin mümkin bolan mümkinçilikleri kesgitlemäge höweslendirmek arkaly dolanyşa taýýarlanmaga mümkinçilik berýär we şeýlelik bilen gaýdyp gelmeginiň durnuklylygyna goşant goşýar;
- dolananlarynda kömek bermek zerur bolan gowşak migrantlaryň talaplaryna degişli jogaplary berip biler;
- yzyna dolanýan migrantlar üçin geljekde yzygiderli migrasiýa gatnaşmaklyk mümkinçiligini saklap galýar;
- kabul edýän döwletlerde, üstaşyr geçýän döwletlerde we gelip çykyş döwletlerde degişli edaralaryň arasynda dolanmak üçin bilelikdäki çemeleşmäni ýeňilleşdirýär we güýçlendirýär;
- gelip çykyş döwletleriniň MDRK-nyň çäginde gaýdyp gelýän raýatlaryna mejbury gaýdyp gelen ýagdaýyna garanyňda has köp jogapkärçilik çekmegine sebäp bolup biler;
- tertipsiz migrasiýanyň düýp sebäplerini ýok etmäge kömek edip biler we gelip çykyş döwletlerde/sebitlerde guramalaýyn we ykdysady ösüş tagallalaryny maksatly dolanmak we dolananlaryň, şeýle hem dolanan jemgyýetleriň reintegrasiýasyna ýardam etmek arkaly goldap biler (bu goldaw ökde raýatlaryň dolanmagy ýaly çäreler bilen utgaşanda has täsirli bolar ýa-da daşary ýurtlardan işçi güýji dolandyryşyny gowulandyrmak);
- zähmet migrasiýasy baradaky ylalaşyklary we şertnamalary goldap biler we dolanýan işçileriň durmuş we ykdysady taýdan dikeldilmegine kömek edip biler;
- dolananlaryň gyssagly zerurlyklaryny göz öňünde tutup, has täsirli reintegrasiýa kömegini berip biler we özleriniň ýeterlik bolmagyna goşant goşup biler.

## JEMGYÝETLERIŇ ROLY

Migrantlaryň dolannyş we reintegrasiýa prosseslerinde jemgyýetler dürli rol oýnaýarlar. Jemgyýetler sosial gorag ulgamlaryny, güýçli sosial ulgamlaryny, psihososial goldawy we maliýe gorlaryny hödürlemek bilen dolannyş we reintegrasiýa üçin oňaýly şertleri üpjün edip bilerler. Bileleşikler

adamyň dolanmagyny kanagatlanarly kabul edenlerinde, dolanýan migrantlary tagmalamaga ýol bermezlige, sosial gatnaşyklary dikeltmäge we has çalt birleşmäge mümkinçilik berýär. Şonuň ýaly-da, reintegrasiýa prossesi migrantlaryň goşantlary, başarnyklary we tejribesi arkaly jemgyýetlere peýdaly bolmaly (ýa-da iň bolmanda zyýan bermeli däl). Şol bir wagtda, kabul edýän jemgyýetleriň özlerinde reintegrasiýany ýeňilleşdirmek üçin mümkinçilikleri, gurluşlary ýa-da çeşmeleri bolman biler. Yza gaýdyp gelenleriň köpüsi bilen, bar bolan çeşmeler üçin bäsdeşlik güýçlenip, reintegrasiýa bilen baglanyşykly kynçylyklar ýüze çykyp biler. Yzyna gaýdyp gelenleriň jemgyýete gaýtadan goşulmak ukyby, gaýdyp gelmek şowsuzlyk hökmünde seredilende ýa-da göçmek karary ilkinji nobatda adamyň ýurtdan çykmak islegi hökmünde kabul edilende peselip biler. Yza dolanmak, migrasiýa bilen baglanyşykly bergiler sebäpli migrant jemgyýetlere ýa-da maşgalalara has köp ykdysady taýdan, erbet basyş edip biler. Şeýlelik bilen, jemgyýete esaslanýan başlangyçlar jemgyýetiň dolananlary kabul etmek ukybyny güýçlendirmek we gaýdyp gelýän migrantyň, mysal üçin kömek alanda ýa-da migrasiýanyň garaşylýan girdeji getirmedik ýagdaýynda ýüze çykyp biljek nägileligi ýa-da duşmançylygy azaltmak üçin möhümdir.

## DURNUKLY REINTEGRASIÝA SYÝASATYNY WE TEJRIBESINI IŞLÄP TAÝÝARLAMA

Eger dolanmak baradaky çözgüt reintegrasiýa boýunça degişli goldaw tarapyndan goldanan bolsa, onda dolanmaklyk has durnukly bolup biler. Adamlary göçüp gitmäge mejbur eden gurluş faktorlar möhüm hökmünde seredilmese, dolananlaryň ep-eslisi bikanun emigrasiýa ýollaryny gözlemäge dowam edip bilerler.

Soňky ýyllarda dolanyş syýasaty we dolanmakdan soň has netijeli kömegi şeýle goldawa mätäç adamlara mydama kämilleşdirilýär. Şeýlelikde, durnukly dolanmaga ýardam etmekligi migrantlara berilýän kömemek we döwletler syýasatlaryň möhüm bölegi bolup durýar. Diýmek, reintegrasiýada kömek bermeklik ähli taraplar üçin hem durnukly dolanmaklyga ýardam bermekde esasy ähmiýete eýe bolup biler: migrantlar, kabul edýän ýurtlar, gelip çykan ýurtlar, – hem-de meýletin dolanýanlar ýa-da iberýän häkimiýetiň saýasynda dolanýan şahslar üçin uýgunlaşdyrylmalydyr.

Kömek diňe jemgyýete migrantlary reintegrirlemek dälde, eýsem dolanan migrantlaryň jemgyýet tarapyndan kabul edilmesine gönükdirilendir. Şular ýaly çemeleşme reintegrasiýanyň has deňölçegli, adalatly, ölçegli, durnukly we innowasion bolýandygyny kepillendirýär. Yzyna dolanýan jemgyýetleriň isleg-talaplaryny we meselelerini kanagatlandyrmak bilen, şular ýaly kömek bermeklik kadalaşdyrylmadyk migrasiýany höweslendirýän faktlary, şeýle hem ýerli ilat (migrantlar däl) üçin, yzyna dolanýanlara hödürlenýän kömegiň hasabyna, oňaýsyz şertleri aradan aýyrmaklyga ýardam berip biler. Netijeli reintegrasiýa shemalary bilen ähli derejedäki dolanýan jemgyýetleriň ösüş kuwwatynyň arasyndaky baglanyşyk höweslendirilmelidir we uzak möhletli, gurluş we ösüş kömegini öz içine almalydyr. Başga-da, barjak we gelip çykyş döwletlerde reintegrasiýada kömegi özara üstüni doldyrýan we goldaw berýän bolmalydyr. Yza dolananlaryň zerurlyklaryna baha bermek we degişli reintegrasiýa çärelerini işläp düzmek ähli gyzyklanýan taraplaryň arasynda hyzmatdaşlygy talap edýär. Şonuň üçin reintegrasiýa kömegi üçin iň pes standartlaryň berilmegi, şeýle hem innowasion sebitleýin çemeleşmeleriň ykrar edilmegi yzygiderli höweslendirilmelidir.

Reintegrasiýanyň durnukly bolmagy üçin, ýekebara, jemgyýet we düzüm gurluşly derejelerde reintegrasiýa täsir edýän ykdysady, sosial we psihososial faktorlary nazara almak bilen, isleg-talaplara esaslanýan bitewi syýasat zerurdyr.

HMG-na görä, dolananlar ykdysady taýdan öz-özüni üpjün etmek, jemgyýetlerinde sosial durnuklylyk we (re) migrasiýa faktorlaryny ýeňip geçmäge mümkinçilik berýän psihososial abadançylyk derejesine ýetenlerinde reintegrasiýa durnukly hasap edilip bilner. Durnukly reintegrasiýany gazanyp, yzyna dolananlar indiki migrasiýa çözgütlerine, zerurlyk dälde, öz islegi boýunça karar edip bilerler.

Diňe ykdysady, durmuş we psihososial ölçeglerde integrasiýanyň belli bir dereje *bolanda reintegrasiýa syýasatlary üstünlikli bolup biler:*

(a) Ykdysady ölçeg ykdysady özbaşdaklyga ýardam berýän reintegrasiýa jähtlerini öz içine alýar. Bu girdeji çeşmeleriniň bardygyny, işiň ýa-da girdeji getirýän işleriň ygtybarlylygyny we kabul edilmegini, berginiň çykdajylara bolan gatnaşygyny, azyk howpsuzlygyny we ykdysady ýagdaýdan kanagatlanmagyny öz içine alýar.

(b) Sosial ölçegi, dolananlaryň esasy hyzmatlara we infrastruktura, jaý, okuw, adalat edaralary, saglygy goraýyş edaralaryna we ş.m. ýaly elýeterlik derejesini görkezýär.

(c) Psihososial ölçeg reintegrasiýanyň psihologik, şahsyýetara we durmuş-medeni elementleri öz içine alýar. Bu, şahsy goldawy (dostlar, garyndaşlar, goňşular) we raýat jemgyýeti gurluşlaryny (birleşikler, öz-özüne kömek toparlary we beýleki guramalar) dikeltmegi öz içine alýar. Bu, gelip çykyş döwletindäki gymmatlyklaryň, ýaşaýyş durmuşynyň, diliň, ahlak ýörelgeleriniň, jemgyýetiň ideologiýasynyň we däp-dessurlarynyň täzeden gözden geçirilmegine hem degişlidir.

Reintegrasiýa diňe aýratyn dolananlara degişli däl-de, migrantlar dolanýan jemgyýetlere, hem-de dolanmak gurşawyň gurluş şertleri. Şol sebäpli reintegrasiýanyň netijeli syýasaty interwensiýalaryň dürli derejelerini öz içine alar ýaly ýagdaýda işlenilip taýýarlanylmalydyr:

(a) Ýekebara dereje. Benefisiaryň belli bir zerurlyklary kanagatlandyrmak üçin. Ynsan söwdasynyň pidalary ýaly zorluga ýa-da ekspluatasiýa geçirenler, ýa-da beýleki gowşak ýagdaýlarda bolan repatriantlar üçin bu örän möhümdir – bu ene-atasy bilen aýra düşen çaga ýa-da ýoldaşsyz çaga we lukmançylyk kömegine mätäç migrantlar bolup biler.

(b) Jemgyýetçiligiň derejesi. Bikanun migrasiýa sebäplerini ýeňip geçmäge kömek edip, durmyş taýdan gatnaşyklary sazlap we ýokary girdejili sebitlerde jemgyýetlere reintegrasiýa prossesini üstünlikli goldamaga mümkinçilik bermek arkaly migrantlaryň dolanýan jemgyýetleriniň zerurlyklaryna we meselelerine jogap bermek.

(c) Düzüm gurluşly dereje. Migrasiýany degişli ýagdaýda dolandyrmaklyga ýardam bermek we gowy hereket edýän ýerli döwlet gulluklarynyň üsti bilen goldaw bermekligiň yzygiderliligini üpjün etmek.

Jemlemek bilen, reintegrasiýa toplumlaýyn çemeleşmekligiň öňe ilerlemegi üçin mundan beýläk hem tagallalaryň zerurdygyny bellemek gerek. Häzirki migrasion landşafty, reintegrasiýanyň amallaryny we

syýasatyny şeýle hem tertipsiz migrasiýanyň ösýän çärelerine jogap bermegi has ýokary derejede üýtgetmäge mümkinçilik berýär. Reintegrasiýa durnukly ösüşiniň maksatlaryna ýetmäne ýardam edýän gural hökmünde garalmalydyr.

## HUKUK ESASLARY

MDRK-niň esaslary halkara hukugynda bellenildi we iki esasy ýörelgä daýanýarlar:

### Dolanmak we reintegrasiýa prosseslerinde migrantlaryň hukuklaryny goramak.

Migrantlaryň adam hukuklary we döwletleriň borçlary, Adam hukuklarynyň alhlumumy Jarnamasynda (1948), şeýle hem ähli adamlara, şol sanda migrantlary öz içine alýan we ähli ugurlarda, şol sanda migrasiýa öz içine alýan ähli dokuz sany esasy halkara adam hukuklary şertnamalarynda beýan edilýär. Mundan başga-da, Migrantlary gury ýerden, deňizden we howadan bikanun getirmäge garşy teswirnama (2000) we Ynsan söwdasy, aýratyn-da aýallar we çagalar söwdasyny öňüni almak baradaky teswirnama (2000-nji ýyl) esasyna howpsuzlyk we abraýly dolanmak ýörelgesi goýuldy, hem-de ol ynsan söwdasynyň pidalarynyň (YSP) meýletin dolanmagyny goldaýar. Migrantlary goşmak bilen, döwletiň garamagyndaky hemme şahsyýetlere adam hukuklaryny berýän, Adam hukuklary baradaky Ýewropa konwensiýasy (1950 ý.), Amerikanyň adam hukuklary baradaky konwensiýasy (1969 ý.) we Adam we halklaryň hukuklary barada Afrikanyň hartiýasy (1981 ý.) ýaly goşmaça sebit gurallary hem ulanylyp bilner.

Döwletiň çäginde ýa-da başga bir döwletiň garamagynda ýerleşýän migrantlaryň hukuklary, raýatlygyna ýa-da migrasiýa ýagdaýyna garamazdan hiç hili diskriminasiýa bolmazdan howpsuzlygyny, fiziki bitewiligini, abadançylygyny we mertebesini goramak üçin, hormatlanýar we goralýar. Migrantlaryň hukuklaryna indikiler degişlidir, çäksiz:

- öz ýurdyna dolanmak hukugy;
- her hili döwleti terk etmek;
- gaçalgany gözlemek hukugy;
- jynsyna, dinine, milletine, belli bir jemgyýetçilik toparyna ýa-da syýasy pikirine baglylykda adamyň janyna ýa-da erkinligine howp abanýan ýa-da adamyň gynamalara ýa-da beýleki rehimsiz, adamkärçiliksiz howplara sezewar bolýan ýurda gaýtarylmazlyk hukugy, kemsidiji bejergi ýa-da başga düzedip bolmajak zyýan;
- hususy we maşgala durmuşynyň sylanmasy hukugy;
- saglyga we durmuş we saglyk hyzmatlara elýeterlik hukugy;
- hem-de çaga hukuklary, ähli çaga-migrantlaryň we, hususan-da, ugradylmaýan çaga-migrantlaryň dolanmaklary boýunça ulanyp boljak, çaga bähbitlerini has gowy üpjün etmek ýörelgesine doly hormat goýmaklygy goşmak bilen.

### Döwlet garaşsyzlygy

Döwletler halkara hukugynyň degişli düzgünlerine, şol sanda ölüm, gynamalar we beýleki rehimsiz, adamkärçiliksiz we kemsidiji äňetme bolup biläýjek we hakyky howp ýa-da jeza ýa-da başga düzedip bolmajak zyýan ýagdaýynda migrantlaryň köpçülikleýin kowulmagy we yzyna gaýtarylmagy baradaky gadagançylygy berjaý etmezden, öz territoriýasyna kimiň girip we galyp biljekdigini kesgitlemek üçin özygtyýarly hukuga eýe.

Halkara kanunçylygyna görä, döwletler öz ýurdunyň dolanýan raýatlaryny, esasanam gaýdyp gelmek hukugyny meýletin ulanýanlary kabul etmeli.

## MDRK-NIŇ GURLUŞY

Gurluş, HMG-nyň MDRK pudagynda esasy ornuny we köp ýyllyk tejribesini yzygiderli, prinsipli we hemmetaraplaýyn aç-açan tassyklamagyň zerurlygyna esaslanýar. MDRK *nämedigini*, onuň nähili durmuşa *geçirilýändigini* we *näme üçindigini* beýan etmeli, şeýle hem MDRK-ni ösdürmek we durmuşa geçirmek üçin gollanma bolup biljek HMG-nyň MDRK-ne institusional çemeleşmesi barada umumy düşünje bermeli. Merkezi Aziýanyň kontekstinde, bu gurluşyň içinde migrasiýa dolandyryşynyň möhüm elementi we migrantlaryň meýletin, ynsanperwer we abraýly dolananlar üçin ileri tutulýan görnüşi hökmünde MDRK-niň ähmiýetini nygtaýar. MDRK-niň ýörelgeleri MDRK-niň we HMG-niň global syýasatynyň soňky üýtgeşmelerini nazara almak bilen, düzüm gurluşda garalýar.

## MDRK-NIŇ ÝEDI ÝÖRELGESI

MDRK bilen bagly işe gatnaşmaga üçin umumy esasyny döredýän ýedi ýörelge:

### 1-nji ýörelge. **Meýletinlik**

MDRK kontekstinde iki şert ýerine ýetirilen halatynda hoşniýetlilik mümkindir: (a) MDRK maksatnamasyna ýazylanda fiziki ýa-da psihologiki basyşyň ýoklugy hökmünde kesgitlenýän erkinlik; we (b) öz wagtynda, obýektiw we ygtybarly maglumatlaryň bolmagyny talap edýän delillendirilen kararyň bardygy. Käbir ýagdaýlarda, ökde hünärli hünärmenler adamyň şeýle erkin we doly karara gelip biljekdigini we haýsy adamyň, şeýle mümkinçiligi bolmasa, onuň adyndan kanunyň karar berip biljekdigini kesgitlemek üçin baha bermeli bolarlar.

### 2-nji ýörelge. **Anyk migranta gönükmeklik**

Anyk migrantyň hukuklaryny we zerurlyklaryny nazara almagy MDRK-niň esaslarynyň biridir. Jyns we ýaş aýratynlyklaryny göz öňünde tutmak bilen, dolanyş we reintegrasiýa prossesiniň dowamynda her bir migranta aýratyn goldaw bermek üçin aýratyn baha berilmelidir. Bu, anyk salgy boýunça kömek bilen bir hatarda, doly baha berilmegini talap edýän ejiz ýagdaýlarda bolan migrantlar üçin has möhümdir.

### 3-nji yörelge. **Howpsuzlyk**

MDRK maksatnamalarynda umumy howpsuzlyk derejesi we dolanandan soň we reintegrasiýa dowamynda kömeginiň üpjün etmäge täsir edip bilýän operatiw işiniň meseleleri ýaly howpsuzlyk meseleleri nazara alynmalydyr. Belki, bu faktorlaryň biri ýa-da olaryň utgaşmagy, GDBK-nyň çäginde kömek bermek dolanýan migrantlaryň we (ýa-da) işgärleriň howpsuzlygyna howp salýan ýagdaýy döredýän bolsa, belli sebitlere ýa-da ýurtlara dolanmak prossesi çäklendirilip ýa-da togtadylyp bilner.

### 4-nji yörelge. **Reintegrasiýanyň durnuklylygy**

Gaýtadan gaýdyp gelenler (re) migrasiýa faktorlaryny ýeňip geçmäge mümkinçilik berýän ykdysady taýdan öz-özüni üpjün etmek, jemgyýetlerinde sosial durnuklylyk we psihososial abadançylyk derejesine ýetenlerinde, reintegrasiýa durnukly hasap edilip bilner. Durnukly reintegrasiýany gazanyp, yzyna dolananlar indiki migrasiýa çözgütlerine, zerurlyk däl-de, öz islegi boýunça karar edip bilerler.

### 5-nji yörelge. **Gizlinlik**

Migrantlaryň gizlinligi, MDRK-niň benefisiarlary şahsy maglumatlaryny gaýtadan işlemek üçin berk seresaplyk çärelerini görmek, şahsy maglumatlaryň gizlinligini we şahsyýetleriň gizlinligini saklamak üçin ähli göwnejaý we zerur seresaplyk çärelerini görmek bilen hormatlanmalydyr. Maglumatlary goramak halkara ülňülerine laýyklykda ähli şahsyýet maglumatlary toplanmaly, ulanylmaly, gowşurmaly we ynamdar saklanmalydyr.

### 6-njy yörelge. **Gepleşik we hyzmatdaşlyk aragatnaşyklary**

Institusional gepleşik MDRK işiniň dürli tapgyrlarynda gyzyklanýan taraplaryň arasynda konstruktiw we balansirlenen özara alşygy ösdürýär. Ol dolanmak we reintegrasiýa bilen bagly meseleleri umumy ýagdaýda düşünmeklige ýardam edýär, şonuň bilen birlikde syýasaty işläp taýýarlama prossesine maglumat berip we täsir edip bilýär. Dürli gatnaşyjylaryň – hökümet we hökümete degişli bolmadyk – guramalaryň -halkara, sebit, milli we milletara derejesinde hyzmatdaşlygy, migrantlara dolanmagynda berilýän kömekleriň düşünjesini we hilini giňeltmek, gaýtalanan tagallalaryň köpelmeginiň öňüni almak we durnukly reintegrasiýa prossesini mäkäm üpjün etmek üçin zerurdyr.

### 7-nji yörelge. **Subutnamalara esaslandyrylan programmirleme**

MDRK çäreleriniň täsiriniň derejesini kesgitlemek we häzirki we geljek maksatnama gurluşy üçin maglumat ýygnamak maksady bilen yzygiderli we üznüksiz maglumat ýygnamak, gözegçilik we baha bermek ähli MDRK prossesinde bolup geçmeli. Migrantlara açyk we gizlin görnüşinde alnan kömek barada öz pikirlerini aýtmagyna mümkinçilik bermek üçin gaýdyşly aragatnaşyk mehanizmleri hem bolmaly.

Ýedi ýörelgäniň hemmesi MDRK maksatnamasynyň elementleri we onuň düýp manysy barada düşünje berýär, ýagny mätäç *migrantlara howpsyz we abraýly ýagdaýda meýletin gaýdyp gelmäge kömek edilýär, statuslaryna garamazdan adam hukuklaryna doly hormat bilen durnukly reintegrasiýa ýetmekde goldaw berilýär.*

MDRK-niň ýörelgeleri, durmuşa geçirilende, ähli MDRK maksatnamalarynda ynsanperwer we abraýly gaýdyp gelmegi we durnukly birleşmegi kepillendirýän umumy düşünje meýilnamasyny üpjün edýär.

Indiki bölümleri syýasaty düzmek, meýilnamalary işläp taýýarlamak we çäre görmek üçin MDRK-niň meýletin dolanmak we reintegrasiýa üçin ýörelgeleri nädip ulanmalydygyny düzýän alty sany strategiki maksatdan ybaratdyr. Her bir maksat, MDRK-niň ähli potensial ýa-da hakyky benefisiarlaryna degişli gutarnykly däl hereketler bilen suratlandyrýar. Soňky maksat açyk bolup durýar we migrantlara gowşak ýagdaýlarda ýardam etmek işine degişlidir.

## MDRK GURLUŞYNYŇ ŞEKILI




Piramida görnüşinde görkezilen diagramma MDRK-niň düzüm gurluşynyň nähili işleýändigi barada aýdyň düşünje berýär. Bu ýokarda beýan edilen 7 ýörelgä we 6 maksada esaslanýan MDRK maksatnamasynyň umumy görnüşidir.

## Synag soraglary

1. Siziň sebitiňizde MDRK maksatnamasy dolanmak migrasiýanyň käbir meseleleri nädip çözüp biler?
2. Dolanylýan ýurtlaryň, migrantlaryň we gelip çykan ýurtlaryň umumy bähbitlerini we meselelerini beýan ediň.
Deýaniýe Ýu. Gazagystan Respublikasynyň Administratiw hukuk bozulmalary kodeksiniň 2-nji bölüminiň 517-nji maddasy dogry kwalifikasiýa edilen. Yu. jeza berlende, bäş çagasynyň bardygyny we eden işine ak ýürekden puşman bolandygy göz öňünde tutulýar. Beýan edilenlere esaslanyp, Gazagystan Respublikasynyň Administratiw hukuk bozulmalary kodeksiniň 818, 819, 821-823 maddalaryny gollanyp Almaty welaýatynyň Alakol etrabynyň 2-nji etrap kazyýetiniň kazysy Ýu. Gazagystan Respublikasynyň Administratiw hukuk bozulmalary kodeksiniň 2-nji bölüminiň 517-nji maddasynda görkezilen administratiw hukuk bozulmalary edenligi üçin günäli bilmeli diýen karara geldi we 29,730 (ýigrimi dokuz müň ýedi ýüz otuz) teňňe bolan iň pes on bäş görkeziji mukdaryndaky administratiw jerime salmaly. Jerime karar güýje giren gününden başlap 30 günüň dowamynda meýletin tölenmeli.[19]

## Mysal 2.3.2.

2015-nji ýylyň 27-nji noýabrynda Pawlodarda Pawlodar oblastynyň СОВБНМ ДВД işgärleri tarapyndan daşary ýurtly raýat bolup durýan, Özbegistan Respublikasynyň raýaty Tuhtaýew A.M. 2015-nji ýylyň 8-nji sentýbrynda “Gazagystan” BGN üsti bilen Gazagystan Respublikasyna gelendigi we 2015-nji ýylyň 20-nji oktýabryna çenli möhlet bilen wagtlaýyn bellige alynandygy, emma migrasion kartoçkada möhletiň tamamlanmagy bilen ýurtdan çykmaklykdan ýüz öwrendigi, netijede möhletinden üç gün artdyrandygy anyklanyldy.

Bu işe kazyýetde seredilende A.M.Tuhtaýew administratiw hukuk bozulma günäsini doly boýun aldy we migrasiýa kartasyny ýitirenligi sebäpli Gazagystanyň çäginden wagtynda çykyp bilmändigini düşündirdi. Gazagystan Respublikasynda tanyşlary we garyndaşlary ýok.

A.M.Tuhtaýewiň günäsi Gazagystan Respublikasynyň Administratiw hukuk bozulmalary kodeksiniň 4-nji bölüminiň 517-nji maddasynda görkezilen administratiw hukuk bozulmalary edendigi bolup, kazyýet işiniň seredilýän wagty boýun alma görkezmeleri, 2015-nji ýylyň 27-nji noýabryndaky 0114375 belgili administratiw hukuk bozulma hakyndaky protokol, Pawlodar sebitiniň Içeri işler departamentiniň Migrasiýa polisiýasynyň maglumatlary we kazyýetde gözden geçirilen ýeterlik we kabul edip boljak subutnama bolan materiallar esasynda kesgitlendi.

A.Tuhtaýewiň düşündirişini, prokuroryň A.M.Tuhtaýewi Gazagystan Respublikasyndan administratiw ýurtdan çykarmak görnüşinde administratiw jeza we administratiw jogapkärçilige çekmek netijesini eşidip, kazyýet işiniň materiallaryny öwrenip, kazy A.M.Tuhtaýew hasaba alnan wagty migrasiýa kartasynda görkezilen möhlet gutarandan soň üç günden köp wagtlap gitmekden saklanandygy üçin Gazagystan Respublikasynyň Administratiw hukuk bozulmalary kodeksiniň 4-nji bölüminiň 517-nji maddasy boýunça administratiw jogapkärçilige degişli diýip hasaplaýar.

[19] Gazagystan Respublikasynyň Ýokary kazyýetiniň kazyýet kabineti [Şu salgyda elýeterli: http://office.sud.kz/forumTaldau/forum.xhtml?content=banks&category=48&article=3517&view=article ].

Administratiw temmi berilen ýagdaýynda administratiw hukuk bozulmasynyň häsiýeti, onuň amala aşyrylyşynyň ýagdaýy, günäliniň şahsyýeti baradaky maglumatlar, onuň emläk ýagdaýy, administratiw hukuk bozulmasy üçin günäsini ýeňledýän/agraldýan ýagdaýlaryň bolmazlygy nazara alynýar.

Mundan başga-da, kazyýet A.M.Tuhtaýewiň ýakyn maşgala gatnaşyklarynyň ýoklugyny göz öňünde tutýar, şeýle hem Gazagystandaky beýleki baglanyşyklar we bu meselede hemişelik ýa-da wagtlaýyn ýaşamak üçin ýeriniň ýoklugy sebäpli jerime ýa-da administratiw tussaglyk görnüşinde oňa administratiw jeza çäresini bermäge esas ýok.

Beýan edilenleri nazara almak bilen, kanunçylyga bildirilýän talaplary berjaý etmek we hukuk düzgünlerine hormat goýmak, eýle hem täze hukuk bozulmalarynyň amala aşyrylmagynyň öňüni almak maksady bilen, kazy Tuhtaýew A.M Gazagystan Respublikasynyň çäklerinden daşary administartiw ýagdaýda kowup çykarmak görnüşinde administartiw temmi çärelerini ulanmaklygy zerur hasaplaýar.

Gazagystan Respublikasynyň Administratiw hukuk bozulmalary kodeksiniň 1-nji bölümiň 1-nji bendiniň 821-nji, 822-nji we 823-nji maddalaryna gollanmak bilen Pawlodar şäheriniň ýöriteleşdirilen administratiw kazyýetiniň kazysy Tasmagambetowa S.K. Tuhtaýew Ahmadžon Mamatžonowiçi Gazagystan Respublikasynyň Administratiw hukuk bozulmalary kodeksiniň 4-nji bölümiň 517-nji maddasyna laýyklykda administratiw hukuk bozma işinde günäkär diýip hasap etmeli we Gazagystan Respublikasyndan administratiw ýurtdan çykarmak görnüşinde administratiw jeza bermeli. Tuhtaýew A.M. kazyýet karary güýje giren gününden başlap 10 (on) günüň içinde Gazagystan Respublikasynyň çäginden çykmaly.[20]

## Gerekli edebiýat:


1. Bekýaşew D. K., Iwanow D. W. Mejbury hem-de zähmet migrasiýasynyň halkara hukuk düzgünleşdirmesi. M.:Prospekt, 2013. 392 s.
2. Migrasiýa hukugy: okuw gollanmasy / A.H. Çaşiniň red. M.: Delo i serwis, 2013. 176 s.
3. Worobewa O.D., Topilin A.W., Grebenýuk A.A. we başgalar. Ilatyň migrasiýasy: nazaryýet, syýasat: okuw usuly ulanmak M.: Экономическое образование. 2012. 364 s.


## Goşmaça edebiýat:


1. Alaýewa G.T. Migrasiýa kanunlarynyň esaslary. "Häzirki zaman global prosessleriniň çäginde Merkezi Aziýada integrasiýa" halkara ylmy-amaly konferensiýasynyň materiallary (2014-nji ýylyň 24-nji oktýabry. "Turan" uniwersiteti. Almata, Gazagystan). Almata: Aragatnaşyk barada maglumat. 2014. S. 112.
2. BMG-niň Howpsyz, tertipli we düzgünleşdirilen migrasiýa barada global şertnamasy. Howpsyz, tertipli we kanuny migrasiýa boýunça global şertnamanyň kabul edilmegi üçin hökümetara konferensiýada kabul edildi (2018-nji ýylyň 11-12-nji dekabry). Marrakeş, Marokko). BMG resminamasy A / RES / 73/195 [Giriş tertibi: https://refugeesmigrants.un.org/ru/migration-compact].
3. Adam hukuklary boýunça Aziýa forumynyň Samarkant jarnamasy "Ähliumumy adam hukuklarynyň jarnamasynyň ýetmiş ýyllygynyň netijesi: döwrüň kynçylyklary we hakyky ýagdaý"


[20] Gazagystan Respublikasynyň Ýokary kazyýetiniň kazyýet kabineti [Şu salgyda elýeterli: http://office.sud.kz/forumTaldau/forum.xhtml?content=banks&category=48&article=3517&view=article ].

Adam hukuklary boýunça Aziýa forumynda (2018-nji ýylyň 22-nji we 23-nji noýabry) kabul edildi. Samarkant, Özbegistan). BMG resminamasy A7/73/730.

4. 2002-nji ýylyň 7-nji oktýabrynda (Kişinew, Moldowa) kabul edilen Kämillik ýaşyna ýetmedikleri olaryň mydamalykýaşaýan döwletlerine gaýtarmak meselelerinde GDA gatnaşyjy ýurtlaryň hyzmatdaşlygy hakynda Ylalaşyk [Giriş tertibi: www.conventions.ru/view_base.php?id=1434].

5. Adam hukuklary ählumumy jarnamasy. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1948-nji ýylyň 10-njy dekabryndaky 217 A (III) rezolýusiýasy bilen kabul edildi [Giriş tertibi: www.un.org/ru/universal-declaration-human-rights].

6. Migrant işçileriň we olaryň maşgala agzalarynyň ähli hukuklaryny goramak boýunça halkara konwensiýa. BMG Baş Assambleýasynyň 1990-njy ýylyň 18-nji dekabryndaky 45/178 karary bilen tassyklandy (8-nji madda) [Giriş tertibi: www.un.org/ru/documents/decl_conv/conventions/migrant.shtml].

7. Gulçulyk hakynda konwensiýa. 1926-njy ýylyň 25-nji sentýabrynda Ženewa şäherinde gol çekilen, 1953-nji ýylyň 7-nji dekabryndaky beýan bilen üýtgeşme girizilen[Giriş tertibi: https://www.un.org/ru/documents/decl_conv/conventions/convention_slavery.shtml].

8. Ýewraziýa ykdysady bileleşigi hakynda Şertnama Astana, Gazagystan, 2014-nji ýylyň 29-njy maýy) (2018-nji ýylyň 15-nji martynda düzediş girizildi) [Giriş tertibi: https://online.zakon.kz/document/?doc_id=31565247].

9. Gazagystan Respublikasynyň 2011-nji ýylyň 22-nji iýulyndaky 477-IV belgili "Ilatyň migrasiýasy hakynda" kanuny [Giriş tertibi: http://adilet.zan.kz/rus/docs/Z1100000477].

10. Gyrgyzystan Respublikasynyň 2007-nji ýylyň 26-njy noýabryndaky 175 belgili "Gyrgyz Respublikasyna göçüp gelýän etniki gyrgyzlaryň döwlet kepillikleri hakynda" kanuny [Giriş tertibi: http://cbd.minjust.gov.kg/act/view/ru-ru/202209?cl=ru-ru].

11. Gazagystan Respublikasynyň 2015-nji ýylyň 31-nji oktýabryndaky 377-V 3PK belgili Raýat Iş ýörediş Kodeksi. Kazakhstanskaýa prawda. 03.11.2015 210 belgili (28086) [Giriş tertibi: http://adilet.zan.kz/rus/docs/K1500000377].

12. Gazagystan Respublikasynyň 1995-nji ýylyň 19-njy iýunyndaky "Daşary ýurtlylaryň hukuk ýagdaýy hakynda" kanuny [Giriş tertibi: http://adilet.zan.kz/rus/docs/U950002337_].

13. Gazagystan Respublikasynyň 2014-nji ýylyň 5-nji iýulyndaky 235-V belgili 3PK administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksi [Giriş tertibi: http://adilet.zan.kz/rus/docs/K1400000235].

14. Gazagystan Respublikasynyň 2014-nji ýylyň 4-nji iýulyndaky 231-V belgili 3PK Jenaýat iş ýörediş Kodeksi [Giriş tertibi:http://adilet.zan.kz/rus/docs/K1400000231].

15. 2017-2021-nji ýyllarda Özbegistan Respublikasynyň ösüşiniň has ileri tutulýan bäş ugry boýunça hereketler strategiýasy. Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 7-nji fewralyndaky UP-4849 belgili karary bilen tassyklandy [Giriş tertibi: https://online.zakon.kz/document/?doc_id=39674168].

16. Gazagystan Respublikasynyň Ýokary Kazyýetiniň kazyýet kabineti [Giriş tertibi: http://office.sud.kz/forumTaldau/forum.xhtml?content=banks&category=48&article=3517&view=article].

HMG-niň ulagy Täjigistanyň uzakda ýerleşen sebitlerindäki gowşak bileleşiklere kömek eltýär.

Surat: HMG Täjigistan






Surat: HMG Täjigistan

Çagalar HMG-niň goldamagynda guralan adam söwdasy bilen bagly sahnalaşdyrylan tomaşa syn edýärler. Bohtar, Täjigistan

Surat: HMG Täjigistan, 2016



III-NJI BÖLÜM.

# MERKEZI AZIÝANYŇ DOLANYŞ MIGRASIÝASYNYŇ SEBÄPLERI WE AÝRATYNLYKLARY

# 3.1. Merkezi Aziýa ýurtlarynda demografiki ösüş we migrasiýa ýagdaýy

***Merkezi Aziýa ýurtlarynyň demografiki ösüşi.** Ilat sanynyň dinamikasy we gurluşy. Migrasiýa meýilleri. Merkezi Aziýada migrasiýanyň görnüşleri. 2010-2018-nji ýyllarda sebitdäki umumy migrasiýa ýagdaýy (emigrasiýa we immigrasiýa gerimi, migrasiýa deňagramlylygy). Merkezi Aziýa ýurtlarynyň migrasiýa netijeliligi boýunça görnüşleri: ugradýan we kabul edýän. Merkezi Aziýa ýurtlarynyň migrasion alyş-çalyşynda Russiýa Federasiýasynyň orny. Häzirki zaman şertlerinde Merkezi Aziýa ýurtlarynda zähmet migrasiýasy esasy migrasiýa görnüşi hökmünde. Merkezi Aziýa ýurtlarynda migrasion ýagdaýyň kämilleşmeginiň geljegi.*

Soňky ýyllarda Ýewraziýada we Merkezi Aziýada migrasiýa prossesleri boýunça ep-esli derejede ösüşler gazanyldy: halkara migrasiýalaryň mukdary boýunça 2005-nji ýyla çenli postsowet giňişligi (Russiýa Federasiýasyndaky migrantlary özüne çekiji merkez bilen) Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndan soň dünýäde ikinji ýerde durýar.[1] Soňra Russiýa Federasiýasy ikinji orny Germaniýa berdi. 2015-nji ýylda Russiýa Federasiýasynda migrantlaryň umumy sany 11 million boldy.[2] Kem-kemden sebitde – Gazagystanda migrantlary özüne çekýän ikinji merkez döredildi: dürli maglumatlara görä 2,5 milliondan 3,5 milliona çenli migrant işçi, bosgun, mejbury, tertipsiz we tranzit migrantlary.[3] GDA-nyň çäklerinde serhetara migrasiýalaryň takmynan deň ýarysy – bu Merkezi Aziýa sebitinden Russiýa Fedrasiýasyna we, hususan-da Gazgystana iş bilen gelýän akymdyr. Mundan başga-da, Russiýa Federasiýasy we Gazagystan Aziýany we Ýewropany birleşdirýän iri üstaşyr geçelge bolup durýar.

Merkezi Aziýada kiçi sebitleýin migrasiýa ulgamy döredilip, Gazagystan zähmet migrantlaryny kabul edýän ýurt we sebitdäki beýleki ýurtlar "iberýän" ýurt hasaplanýar. Russiýa Federasiýasy ähli GDA döwletleri üçin özüne çekmek boýunça esasy ýurt, postsowet migrasion kiçi ulgamyň merkezi bolupdy we bolmagynda galýar.[4] Şular ýaly migrasion kiçi ulgamyň kemala gelmegi durmuş-ykdysady, syýasy we beýleki faktorlaryň tutuş tapgyry bilen şertlendirildi.

Bir tarapdan, Merkezi Aziýa ýurtlary bilen, beýleki tarapdan Russiýa Federasiýasy bilen Gazagystan Respublikasynyň arasynda, ilatyň hereketi we pul geçirimleri nukdaýynazaryndan, dünýäde iň ulularyň biri hasaplanýan durnukly migrasiýa geçelgesi meýdana geldi. Gyrgyzystan, Täjigistan we Özbegistan sebitdäki köp sanly migrant işçileri ugradýan we migrasiýa prosseslerine işjeň gatnaşýan ýurtlar hasaplanýarlar. Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we kabul edýän hyzmatdaşlaryň (Russiýa Federasiýasynyň we Gazagystanyň) aralaryndaky zähmet migrasiýasyna takmynan 3,8 mln adam gatnaşýar, bu Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ykdysady taýdan işjeň ilatynyň takmynan 14%-i emele getirýär. Sebitde uly göwrümli migrasion prossesler iberýän we kabul edýän ýurtlar üçin göze görünýän durmuş-ykdysady, demografik we syýasy netijeleri berip bilýär.

1 Halkara migrasiýa. BMG. New York. 2013 [Giriş tertibi: http://esa.un.org/unmigration/documents/WallChart2013.pdf].

2 Dünýädäki migrasiýa hakynda nutuk, HMG, Ženewa (World migration report 2018. IOM. Geneva. 2019) [Giriş tertibi: https://publications.iom.int/system/files/pdf/wmr_2018_en.pdf].

3 Şol ýerde.

4 Sadowskaýa Ýe.Ýu. Halkara zähmet migrasiýasy we Merkezi Aziýa respublikalarynda pul geçirimleri: ýaşaýyş strategiýasymy ýa-da ösüş strategiýasy? [Giriş tertibi: http://demoscope.ru/weekly/2008/0315/analit03.php].

Tablisa 3.3.1. **2016-njy ýylda öz ýurtlarynyň daşynda işlän Merkezi Aziýa ýurtlaryndan gelen migrant işçileriň sanynyň kesgitlenmesi.**[5]

| Migrantlaryň çykyş ýurdy | Daşary ýurtlarda işleýän migrantlaryň sanynyň kesgitlenmesi, müň adam | Migrant işçiler üçin esasy işe ýerleşme ýurtlary | 2016-njy ýylda ykdysady taýdan işjeň ilatyň sany, müň adam | Ykdysady taýdan işjeň ilatyň arasynda migrant işçileriň paýy, % |
|---|---|---|---|---|
| Gazagystan | 350 – 500 | Russiýa Federasiýasy, Germaniýa, Amerikanyň Birleşen Ştatlary, Kanada, Ysraýyl, Ýewropanyň beýleki ýurtlary | 8 998,8 | 3,9 – 5,6 |
| Gyrgyzystan | 620 – 700 | Russiýa Federasiýasy, Gazagystan Respublikasy, Türkiýe, Birleşen Arap Emirlikleri, Katar, Koreýa Respublikasy, Amerikanyň Birleşen Ştatlary, Ýewropanyň beýleki ýurtlary | 2 547,4 | 24,3 – 27,5 |
| Täjigistan | 700 – 850 | Russiýa Federasiýasy, Gazagystan Respublikasy, Özbegistan Respublikasy, Ysraýyl, Amerikanyň Birleşen Ştatlary, Kanada, Ýewropanyň beýleki ýurtlary | 2 439,3 | 28,7 – 34,9 |
| Türkmenistan | 200 – 300 | Russiýa Federasiýasy, Gazagystan Respublikasy, Azerbaýjan, Türkiýe, Eýran Respublikasy | 2 426,6 | 8,2 – 12,4 |
| Özbegistan | 1 200 – 1 500 | Russiýa Federasiýasy, Gazagystan Respublikasy, Türkiýe, Birleşen Arap Emirlikleri, Katar, Koreýa Respublikasy, Amerikanyň Birleşen Ştatlary, Ýewropanyň beýleki ýurtlary | 14 022,0 | 8,6 – 10,7 |
| Jemi | 3 070 – 3 850 | | 26 872 | 11,4 – 14,3 |

Merkezi Aziýa sebitinden zähmet migrasiýasynyň esasy akymy Russiýa Federasiýasy bolup durýar. Russiýa Federasiýasyna Täjigistandan zähmetkeş migrantlaryň 85% çenli,[6] Gyrgyzystandan zähmetkeş migrantlaryň 85% çenli,[7] Özbegistandan zähmetkeş migrantlaryň 70% golaýy ugraýarlar.[8] Bir tarapdan, Russiýa Federasiýasy bilen Gazagystanyň arasynda işçi migrantlarynyň we pul geçirimleriniň akymy, beýleki tarapdan baý bolmadyk Merkezi Aziýa ýurtlary ep-esli derejede gerim alýar. Bu resmi we

[5] Rýazantsew S. Ykdysady çökgünlik şertlerinde Merkezi Aziýadan Russiýa zähmet migrasiýasy. Waldaý bellikleri. 55 belgili. Awgust 2016. C. 7 [Giriş tertibi: http://ru.valdaiclub.com/files/22140]; 2013-2016-njy ýyllar üçin GDA ýurtlarynyň milli bazarlarynyň ýagdaýlarynyň monitoringi. M .: Garaşsyz Döwletler Arkalaşygynyň döwletara statistika komiteti, 2017. S. 36-37 [Giriş tertibi: www.cisstat.com/rus/Monitoring_labour2013-2016.pdf].

[6] Olimowa S., Bosk I. Täjigistandan zähmet migrasiýasy. Duşanbe, 2003. S.21.

[7] Gyrgyzystan Respublikasynyň Milli statistika komitetiniň maglumatlary [Giriş tertibi:www.stat.kg].

[8] Merkezi Aziýa, Russiýa Federasiýasy, Owganystan we Päkistan ýurtlarynda zähmet migrasiýasy. Analitik syn. – Almaty, 2005. S. 64.

resmi däl düzüme mahsus bolan akymlar Merkezi Aziýa-dan gelip çykanlaryň medeni, dil, jyns we institusional bitewiligini we diasporalaryň giňelmegini Russiýa Federasiýasynda we Gazagystanda şöhlelendirýärler.

Merkezi Aziýa ýurtlarynda agrar taýdan ilat sanynyň artan wagtynda, Russiýa Federasiýasynda, demografik çökgünliligiň netijesinde, ilatyň sany peselýär. 2006-njy ýyldan başlap Russiýa Federasiýasynda her ýylda işe ukyply ilatyň takmynan 1 mln adam azalýandygy bellenilýär.[9]

Çaklamalaryň görkezişi ýaly, orta möhletli geljekde, Russiýa Federasiýasynyň zähmet gorlarynyň ýetmezçiligi artar. Munuň tersine, Merkezi Aziýa ýurtlarynda ilat köpeler (surat. 3.1.1).

Surat. 3.1.1. **Merkezi Aziýa ýurtlarynda we Russiýa Federasiýasynda ilatyň umumy sanynyň ösüş depgini, müň adam**[10]




BMG-niň çaklamalary boýunça, 2050-nji ýyla çenli Russiýa Federasiýasynyň ilaty azalyp biler. Mundan başga-da, Russiýa Federasiýasynda ilat garrar: pensiýa ýaşyndaky adamlaryň paýynyň artmagy, şeýle hem ýaşlaryň we işe ukyply ilatyň paýynyň kemelmegi dowam eder. Bu hökümetiň pensiýa töleglerine, saglygy goraýyş we durmuş harajatlaryna edýän çykdajylarynyň köpelmegi bilen baglanyşykly.

Russiýa Federasiýasynda we Gazagystanda ilatyň depopulýasiýasy we garramaklary ýagdaýynda Merkezi Aziýa ýurtlarynda demografik ýagdaý düýpli gapma-garşylykly görünýär. Bu ýerde zähmete ukyply ýaşdaky ilatyň sany 2050-nji ýyla çenli artar: Özbegistanda – 6,4 million, Täjigistanda – 2,8 million, Türkmenistanda – 900 müň, Gyrgyzystanda – 600 müň adama.

Merkezi Aziýa ýurtlarynda ilatyň köpelmegi – fertillik koeffisiýenti 1 aýal üçin 2,4-den 3,2 çaga, Russiýa Federasiýasynda bolsa 1,7 çaga bilen häsiýetlendirilýär. Hatda Merkezi Aziýa döwletlerinde ykdysadyýetiň çalt ösmegi hem, ähli zähmete ukyply ilat iş tapyp bilmez. Ýokary derejeli ähtimallykda

9 Topilin A.W. Bikanun migrasiýa: gerimi we durmuş-ykdysady netijeleri. Gündogar. 2006. Goýb. 5 (41). S. 10.

10 Dünýä demografiki perspektiwalary (World Population Prospects: The 2017 Revision, custom data acquired via website. UN Department of Economic and Social Affairs.) 2017 [Giriş tertibi: https://population.un.org/wpp/DataQuery].

orta möhletli geljekde Merkezi Aziýa ýurtlary Russiýa Federasiýasy we Gazagystan üçin esasy migrasion donor bolup galarlar.

Russiýa Federasiýasynyň oňyn migrasion saldosyndan tapawutlylykda, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň migrasion saldosy otrisatel bolup galar (sur.3.1.2). 2017-nji ýylda Russiýa Federasiýasynyň migrasiýanyň saldosy 212 müň adama barabar boldy. Täjigistan ilkinji gezek donor ýurtlaryň arasynda täze lider boldy: Täjigistandan Russiýa Federasiýasyna migrasiýa akymy 31 müň adamdan geçdi. 2018-nji ýylda Russiýa Federasiýasyna gelýän her bir dördünji immigrant Täjigistandan geldi. Ikinji orunda – Gazagystan (+26.5 müň adam). Üçünji orunda – Ukraina (+14,8 müň). Ondan gelýän akym 2017-nji ýyl bilen deňeşdirilende üç esse köp azaldy (47,7 müň). Emma Ukraina Russiýa Federasiýasyna gelen migrantlaryň sany boýunça, dört ýylyň dowamynda, 2014-nji ýyldan bäri öňdäki orny eýeledi. Beýleki ýurtlardan Russiýa Federasiýasyna migrasion akym 2018-nji ýylda 2005-nji ýyla garanyňda, Rosstatyň maglumatlaryna görä, 124,9 müň adama çenli azaldy. 2017-nji ýyl bilen deňeşdirilende migrasiýa ösüşi 41% ýa-da 87 müň adam azaldy. Netijede soňky on ýylyň dowamynda ilkinji gezek migrasion akym tebigy kemelmäniň öwezini dolup bilmedi, we Russiýa Federasiýasynyň ilatynyň sany 93,5 müň adama azaldy.

Surat. 3.1.2. **Merkezi Aziýa ýurtlary boýunça 2010-2017-nji ýyllarda migrasiýa balansy, müň adam**[11]




Resmi suratda Merkezi Aziýa-dan zähmetkeş migrantlaryň aglabasy Russiýa Federasiýasyna zähmet çekmek maksady bilen gelýärler. Emma olaryň köpüsi soňy bilen, wagtlaýyn ýaşamaklyga, ýaşamaklyga we raýatlyga ygtyýar almak bilen Russiýa Federasiýasyny mydamalyk ilatyny doldurýarlar. Moskwa işçi migrantlaryň köpçüligini kabul edýär. 2017-nji ýylda Russiýa Federasiýasynyň paýtagtynda 1250 müň sany zähmetkeş migrantlar bellige alyndy. Ondan soň Sankt-Peterburg we Leningrad oblasty – 719 müň, Moskwa oblasty – 344 müň, Swerdlowsk oblasty – 101 müň adam. Zähmetkeş

[11] GDA-nyň Döwletara statistiki komitetiniň saýtynda "Migrasiýa" bölümi [Giriş tertibi: www.cisstat.com].

migrantlaryň beýleki sebitlerden gelýänleriň içinde Krasnodar ülkesinden, Samara oblastyndan, Nowosibirsk oblastyndan, Hanty-Mansiýsk AO, Krasnoýarsk ülkesinden, Irkutsk oblastyndan we Tatarystandan gelýänler has ýörgünlidir. Aýlyk haklary sebäpli Moskwa gelýän işçi migrantlar ýaşaýyş jaý bahalarynyň arzanlygy sebäpli Moskwa oblastynda ýerleşmegi makul bilýärler, şonuň üçin hünärmenler şäher býudžetiniň durmuş çykdajylaryň ep-esli ýokarlanmagyny talap etmeýändigini, şäheriň diňe maliýe ýagdaýynyň gowulaşýandygyny we oňa ýokary karz derejesini we oňyn dünýägaraýyş berýändigini aýdýarlar.

*Gazagystan* hemişe işjeň üstaşyr zolagy bolmak bilen bir hatarda, migrasiýa ýagdaýyny iberýän ýurtdan kabul ediji ýurda ýuwaş-ýuwaşdan üýtgetdi. Häzirki wagtda Gazagystan uly kabul ediji ýurt statusyny saklamak bilen bir hatarda dürli migrasiýa meýilleriniň çäginde migrantlaryň işjeň donoryna öwrülýär. Russiýa Federasiýasynyň immigrasion kanunçylygynda üýtgetmeler we çäklendirmeler bilen baglanyşyklykda bolsa (administartiw hukuk bozulmalaryny amala aşyran daşary ýurtlylar üçin ikilenç gelmekligi gadagan edilmeginiň girizilmegi), Merkezi Aziýa-da gelýän köp sanly zähmetkeş migrantlar üçin Gazagystan Russiýa Federasiýasyna alternatiwa hökmünde garalýar.

Merkezi Aziýa ýurtlary (Türkmenistandan başga) we Russiýa Federasiýasy bilen wizasyz düzgüni şeýle hem ÝAYB hereket etmegini we daşary ýurtly raýatlary hasaba almak ulgamynda yzygiderli kemçilikleri nazara almak bilen, Gazagystanda migrasiýanyň hakyky ölçeglerine baha bermek ýeterlik derejede kyn. 2016-2018 ýyllarda Gazagystandaky migrantlaryň umumy sany 1,3 mln – dan 3 mln-a çenli (ýylda ortaça) hasaba alynýar. 2016-njy ýylda geçirilen gözleglere görä, Gazagystanda wagtlaýyn hasaba alnan Gyrgyzystandan, Täjigistandan we Özbegistandan gelen migrantlaryň sany 1 265 müň adama barabar boldy.[12] 2018-nji ýylda Gazagystan Respublikasynda GDA-nyň wagtlaýynça ýaşaýan raýatlarynyň sany 1812 müň adam diýlip çaklanylýardy, olaryň 85% -den gowragy iş we hususy telekeçilik üçin gelen Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň we Özbegistanyň[13] raýatlarydy. Bu üç ýurduň wekilleriniň arasynda Özbegistanyň raýatlary agdyklyk etdi (takmynan 90%).

Gyrgyzystan iň täze taryhyň dowamynda, iberýän ýurt bolmak bilen, otrisatel migrasion saldo eýe bolýar. Oňyn migrasiýa balansy diňe üç ýurt: Özbegistan, Täjigistan we Hytaý bilen bellenilýär.[14] Gyrgyzystandan emigrasiýanyň depginine respublikanyň özünde hem, esasy migrasion hyzmatda bolan ýurtlaryň hem durmuş-ykdysady we syýasy faktorlary täsir edýär (mysal üçin, Russiýa Federasiýasynyň migrasion kanunçylygynyň üýtgedilmegi we ykdysady ýagdaý).[15]

Gyrgyzystanyň 700 müňden gowrak raýaty zähmet migrantlary hökmünde ýurduň daşynda, şol sanda Russiýada 640 müňden gowrak, Gazagystanda 35 müň, Türkiýede 30 müň, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda 15 müň, Italiýada 5,5 müň, Koreýa Respublikasynda we Germaniýada – 5 müň adam.

12 Merkezi Aziýada migrantlaryň gowşaklygy we integrasiýa zerurlyklary: migrant we jemgyýet zerurlyklaryna baha bermek we töwekgelçilikleri dolandyrmak. Astana, 2017. [Giriş tertibi: www.iom.kz/images/books/2017-DAR-executive-summary-rus.pdf].

13 Gazagystan Respublikasynyň Içeri işler ministrliginiň maglumatlary.

14 Gyrgyzystan Respublikasynyň ýyllyk statistika neşiri. Red. A. Sultanow. Gyrgyzystan Respublikasynyň milli statistika komiteti. Bişkek. 2019 S. 63.

15 HMG, Gyrgyzystan – giňeldilen migrasiýa tertibi. Bişkek. 2016. S. 33-37. [Giriş tertibi: https://iom.kg/wp-content/uploads/2011/07/Migration-Profile-2018-in-Russian.pdf].

2018-nji ýylda Russiýa Federasiýasynda migrasion hasaba Gyrgyzystan Respublikasynyň 640 müň raýaty goýuldy – bu Gyrgyzystandan daşary ýurda gidýän migrantlaryň takmynan 90%.[16]

Gyrgyzystandan Russiýa Federasiýasyna gelen zähmetkeş migrantlaryň mukdary 2018-nji ýylyň başyndan 2017-nji ýyl bilen deňeşdirilende tas iki esse diýen ýaly azalypdyr. Kabul edilen işçi migrantlarynyň umumy sany boýunça 247,6 müň adam görkeziji bilen dördünji orny eýeledi, ýöne 2017-nji ýylda Russiýa Federasiýasyna Özbegistandan – 1,5 million we Täjigistandan – 780 müň adam gelen bolsa, Gyrgyzystandan bary-ýogy 472 müň adam gelipdir.

Russiýa Federasiýasynda "gara sanawlaryň" girizilmegi, Merkezi Aziýadan Zähmetkeş migrantlar üçin köpçülikleýin deportasiýalar we girmeklige gadagan edilmeler Gyrgyzystan Respublikasyndan emigrasiýanyň peselmegine we Gyrgyzystan Respublikasyna dolanyş migrasiýasynyň artmagyna sebäp boldy. Täze ykdysady çökgünlilik we Russiýa Federasiýasynyň migrasion kanunçylygynyň berkemegi bilen baglylykda, 2014-nji ýylda ýagdaý has hem ýitileşdi. Eger 2013-nji ýylda Gyrgyzystan Respublikasynyň 7 müň raýaty "gara sanawda" bolan bolsa, 2014-nji ýylyň ortalaryna – 60 müň, 2015-nji ýylyň başyna 200 müňe golaý adam, 2018-nji ýylyň başynda bolsa 77 müň adam bardy.[17] Dolanyş migrasiýasy döwlet üçin täze meseleleri öňe goýýar: goşmaça iş ýerleriniň döredilmegi, bilim hyzmatlaryny goşmak bilen durmuş hyzmatlary bermek, maşgala girdejileriniň biraz azalmagy we ş.m.

*Täjigistandan* zähmet emigrasiýasynyň ösüşi 1998-nji ýylda başlaýar. Ýurduň häzirki durmuş-ykdysady ýagdaýyny Täjigistan Respublikasynyň özygtyýarlylygy döwründe iň uly durmuşy hadysa öwrülen we häzirki wagtda ilatyň aglaba böleginiň durmuş goldaw ulgamyna aýgytly täsir edýän zähmet emigrasiýasy bolmazdan göz öňüne getirip bolmaz. Häzirki wagtda zähmet emigrasiýasy işsizleriň ep-esli bölegini öz içine alýar we dürli çeşmeleriň maglumatlaryna görä, ýurduň ilatynyň ykdysady taýdan işjeň böleginiň 40% -ini öz içine alýar. Bu prosses, esasanam ilatyň çat depginde köpelýän sebitlerine täsir etdi.

Täjigistanda, umuman alanyňda, ilatyň ösüşi we iş ýaşyndaky ilat sanynyň ösüşiniň ýokary derejesi bellenilýär. Täjigistan Respublikasynda ilatyň şeýle düýpli köpelmeginiň esasy kesgitleýji sebäbi, çaga dogluş derejesiniň ýokary bolmagydyr. Täjigistanyň zähmet bazary birnäçe faktorlar sebäpli ýüze çykýan deňagramsyzlyk we dartgynlylyk bilen tapawutlanýar.

2015-nji ýylyň başynda zähmet resurslarynyň sany 4983 müň adama ýetdi. Şol bir wagtyň özünde, işleýänleriň sanynyň (92 müň) köpelmegi zähmet bazaryndaky amatsyz ýagdaýy kynlaşdyrýan zähmet resurslarynyň (453 müň) köpelmeginden ep-esli (bäş esse ýaly) yza galýar.[18] Soňky 20 ýylyň dowamynda Täjigistanyň ilatynyň sany 31%, zähmet gorlary bolsa 67% artdy. Şol bir wagtyň özünde iş bilen üpjünçilik derejesi bary-ýogy 9% ýokarlandy, iş üpjünçiliginiň ösüşi zähmet resurslarynyň ösüşinden 58% yzda galýar. Täjigistanyň zähmet bazarynyň ähli işe ukyply ilaty iş bilen üpjün etmek mümkinçiligi ýok, bu meselede daşary ýurtlarda işlemek maksady bilen täjikleriň işjeň zähmet emigrasiýasy bellenilýär.

---

16 Gyrgyzystan Respublikasynyň häkimiýetiniň ýanyndaky Döwlet migrasiýa gullugynyň maglumatlary [www.ssm.gov.kg].

17 Russiýa Federasiýasyndaky ykdysady ýagdaý we onuň Gyrgyzystan Respublikasyndaky migrasiýa proseslerine täsiri. Strategiki gözlegler boýunça milli institutyň hasabaty. Bişkek. 2015. S. 27. [Giriş tertibi: www.nisi.kg].

18 Azimowa M., Mahmadbekow M., Raimdodow U. we başg. Täjigystan Respublikasynda durmuş taýdan we zähmet gatnaşyklar gurluşunda zähmet migrasiýasy. Duşanbe. 2016. S. 8.

Mundan sanlyja wagt aralygyna çenli GDA giňişliginde Russiýa Federasiýasy Täjigistandan işçi güýjüni migrasion häsiýetde özüne çekýän ýeke-täk ýurt bolup galýardy. Şu günki günde Gazagystanyň güýçli depgin bilen ösýän ykdysadyýeti hem Täjigistandan zähmet gorlaryny işjeň ýagdaýda çekýär we postsowet giňişliginde daşary ýurt işçi güýjüne ýokary derejedäki bäsdeş bolup durýar. Munuň bilen birlikde Täjigistan işçi migrantlarynyň beýleki ýurtlara akymynyň ugruny göz öňünde tutýar.

Umuman alanyňda, Täjigistanda däp boýunça berk maşgala gatnaşyklary bolanlygy sebäpli zähmet migrasiýasynyň möwsümleýin we dolanyş häsiýeti bar. Zähmet migrantlarynyň köpüsi daşary ýurtlarda zähmeti maşgalanyň maliýe meselelerini çözmek üçin wagtlaýyn çäre hökmünde görýärler. Şeýle-de bolsa, soňky 5-7 ýylyň içinde pul gazanmak üçin daşary ýurtda bolmagyň dowamlylygyna we hünär derejesi boýunça tapawutlandyryşyň derejesiniň ýokarlanmagyna syn edilýär.

*Türkmenistanyň* migrasiýa modeli emele geliş döwründe. Sowet döwründen soňraky giňişliginiň köp ýurtlary ýaly Türkmenistan emigrasiýa ýurdy diýlip hasaplanýar. Şol bir wagtyň özünde, ilatyň ýurdyň daşyna çykmagy gaty ujypsyz we esasan ilatyň zähmet we bilim migrasiýasy bilen baglanyşyklydyr. Migrasiýa prossesleri ýurt üçin möhüm we çynlakaý meseleleri ýüze çykarmady.

Özüniň garaşsyz ösüş döwründe Türkmenistan, beýleki Merkezi Aziýa ýurtlary bilen deňeşdirilende, ýurtdan migrant akymynyň iň azyna eýe boldy. Bütindünýä bankynyň maglumatlaryna görä, 2010-njy ýylda Türkmenistanyň 261 müň raýaty ýa-da ilatynyň 5%-i ýurduň daşynda bolýardy.[19] Türkmenistandan migrantlar üçin esasy kabul edıji ýurtlar Russiýa Federasiýasy we Türkiýe Respublikasydyr. 2000-2011-nji ýyllarda Russiýa Federasiýasynda işlän Türkmenistanly raýatlaryň sany ortaça 3 müň zähmetkeş migrantlardan köp däldi. Russiýa Federasiýasynyň FMG-niň maglumatlary boýunça zähmet migrasiýasynyň iň ýokary nokady 2002-nji ýyla gabat gelýär, şonda Türkmenistanyň 7 müň raýatlaryna Russiýa Federasiýasynda işlemeklige rugsatnama berildi. 2008-nji ýylda Russiýa Federasiýasynda 3,1 müň türkmen raýatlary işledi, 2010-njy ýylda bolsa – diňe 500 adam.[20] Türkmen zähmet emigrasiýasynyň özboluşly aýratynlygy, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň emigrasiýasyndan tapawutlylykda, onuň uly geografik diwersifikasiýasy bolup durýar. Türkmenistanyň raýatlary Eýrana, BAE, GDA we Ýewropa ýurtlaryna hem göçüp gidýärler. Zähmet migrasiýasynyň täze ugry hem güýçli depginde ösýän Katar döwleti bolup durýar.

Türkmenistanda berk çäklendirmelere eýe bolýan emigrasiýanyň üstünde döwletiň restriktiw gözegçiliginiň bardygy baradaky pikir hakykata laýyk gelmeýär.[21] Migrasiýa baradaky kanuna laýyklykda, Türkmenistanyň raýatlary okuw we zähmet işlerini amala aşyrmak maksady bilen kanuny taýdan ýurtdan çykyp bilerler (32-nji madda). Türkmenistanyň häkimiýetiniň esasy çemeleşmesi migrantlaryň girmegi we çykmagy, bikanun migrasiýany we adam söwdasynyň öňüni almanyň anyk düzgünleşdirmekdir. Türkmenistan, ilkinji nobatda adam söwdasy bilen baglanyşykly bikanun migrasiýa döwlet üçin mesele hökmünde seredýär.

---

[19] Migrasiýa we pul geçirimleri, Bütindünýä banky (Migrasiýa we pul geçirimleri. Fact book – 2011. World Bank.) 2012. Sah. 247.

[20] Rýazantsew S.W., Pismennaýa Ýe.Ýe., Tkaçenko M.F. Kiçi ýewraziýa migrasiýa ulgamynyň Merkezi Aziýa segmentiniň emele gelmegi. Halkara prossesler. Tom 11. № 3-4 (34-35). Sentýabr-Dekabr 2013.

[21] Şol ýerde.

*Özbegistanyň* häsiýetli aýratynlygy ilatyň çalt depginde köpelmegidir. Işçi güýjüniň ýyllyk artmagy 350-370 müň adama barabardyr. Häzirki wagtda Özbegistan Respublikasy maýatnik migrasiýasy, ýagny ilatyň günüň dowamynda obalardan şäherlere göçmegi bilen häsiýetlendirilýär. Bu, ilkinji nobatda oba ýerleriniň ýaşaýjylarynyň köpüsiniň şäherlerde işlemekleri we okamaklygy bilen bagly. Bu nukdaýnazardan Daşkent we Andijan aglomerasiýalary aýratyn tapawutlanýar. Mysal üçin, Andijan aglomerasiýasynyň 624,4 müň ilaty bar, ýöne gündiz ilat sany 1 million adama çenli köpelýär. Fergana oblastynyň şäherlerinde senagatyň dürli pudaklary kämilleşýär. Migrasiýanyň maýatnik görnüşli ýagdaýy oba ýerleriniň ýaşaýjylarynyň iş bilen meşgully derejeleriniň, olaryň medeniýetiniň ýokarlanmagyna, oba we şäher jemgyýetçilikleriniň özara gatnaşyklarynyň gowulanmagyna ýardam berýär.

Maglumatlaryň seljerilmegi, Özbegistanda içerki we daşarky migrantlaryň arasyndaky deňeçerliginiň ýuwaş-ýuwaşdan üýtgeýändigini görkezýär. 2010-njy ýylda migrantlaryň takmynan 15%-i Özbegistanyň daşyna göçmek islän bolsa, 2016-njy ýylda migrantlaryň köpüsi Özbegistanyň içinde göçmek isledi.[22] Alty ýylyň dowamynda ýurduň käbir sebitleriniň ykdysady ýagdaýy üýtgedi we indi potensial migrantlar işe ýerleşmek maksady bilen Özbegistanyň sebitlerini saýlaýarlar.

2017-nji ýylda dürli maksat bilen daşary ýurda giden Özbegistanyň raýatlarynyň umumy sany 6,8 million bolan bolsa, 2018-nji ýylda 13,8 million adam boldy. Ýurtda çykyp giden Özbegistanyň raýatlarynyň sany: erkekler – 58% (8 mln adam), aýallar – 42% (5,8 mln adam). GDA ýurtlaryna 13,3 mln adam(96%), daşary ýurtlara – 531 müň adam (4%) çykyp gitdiler. Özbegistanyň raýatlarynyň has köp mukdary Gazagystana – 7,1 mln (52%), Gyrgyzystana – 3,1 mln (23%), Russiýa Federasiýasyna – 1,1 mln (9%), şeýle hem Koreýa Respublikasyna, Türkiýä, HHR, Amerikanyň Birleşen Ştatlary we Germaniýa çykyp gitdiler. Ýurt daşyna syýahat etmegiň iň meşhur maksady garyndaşlaryny baryp görmek boldy (58%).[23] Özbegistandan daşary ýurda mydamalyk çykyp giden adamlaryň sany 2017-nji ýylda 19 müň adam artdy, şol sanda 47% – Russiýa Federasiýasy we Gazagystan, Amerikanyň Birleşen Ştatlary we Ysraýyl hersi 1%. Özbegistandan zähmet çekmek maksady bilen gelýän migrantlar esasan hem Russiýa Federasiýasyna we Gazagystana gelýärler. Bütindünýä bankynyň maglumatlaryna görä, 2017-nji ýylda Özbegistandan erkek zähmetkeş migrantlarynyň 81% we zenanlaryň 67% Russiýa Federasiýasynda, degişlilikde 12% we 10% – Gazagystanda, degişlilikde 3% we 18% Türkiýede.[24] 2018-nji ýylda Özbegistanyň 4,5 million raýaty Russiýa Federasiýasynda migrasiýa hasabyna alyndy, şolardan iş maksatly gelen 1 574 müň adama barabardyr.

Migrant işçileriň Merkezi Aziýadan Russiýa we bölekleýin Gazagystana durnukly ugrukdyrylmagynyň esasy sebäpleri, beýleki ýurtlaryň entek bäsleşip bilmeýän geografiki we durmuş-ykdysady elýeterliligi zähmet bazaryndaky bäsdeşlik artykmaçlyklarydyr.

Hat-da Ýakyn Gündogarda, Türkiýede we Koreýa Respublikasynda has ýokary aýlyk derejesi, durmuş-ykdysady çykdajylary ödäp bilmeýär: ýerine ýetirilýän işiň hiline bolan berk talaplar, iş wizasyny

---

[22] Geçiş döwründäki durmuş, Ýewropanyň dikeldiş we ösüş banky (Life in Transition Surveys I, II, III. 2010-2016. European Bank for Reconstruction and Development.) [Giriş tertibi: www.ebrd.com/what-we-do/economic-research-and-data/data/lits.html].

[23] Özbegistan Respublikasynyň statistika boýunça döwlet komitetiniň maglumatlary [Giriş tertibi: https://stat.uz/ru/press-tsentr/novosti-komiteta/5310-kolichestvo-lits-v-ekhavshikh-i-vyekhavshikh-iz-respubliki-uzbekistan].

[24] Merkezi Aziýada başarnyklar we zähmet boýunça gysgaça syn, Bütindünýä Banky (Central Asia's Labor and Skills Survey (CALISS) Survey. World Bank.) 2017. [Giriş tertibi: http://documents.worldbank.org/curated/en/304791468184434621/pdf/106454-REVISED-PUBLIC-SecM2016-0167-1.pdf].

almagyň kynlygy, bilim zerurlygy we dil öwrenmegiň kynlygy, iş berijileriň berk garaýşy. Şeýle-de bolsa, “täze migrasiýa” ýurtlarynyň Merkezi Aziýadan işçi migrantlaryny çekmek syýasaty has işjeňleşip, Russiýa Federasiýasyndaky garaýyşlary erbetleşip, ykdysady çökgünlik dowam etse, ýagdaýyň ösüş wektorlary üýtgäp biler. Merkezi Aziýa ýurtlaryndan migrant işçileriň akymy teoretiki taýdan Ýakyn Gündogar (Türkiýe we Eýran), Pars aýlagy (Katar, Oman, Birleşen Arap Emirlikleri, Saud Arabystany) we Gündogar Aziýa (Koreýa Respublikasy) ýurtlaryna ugrukdyrylyp bilner.

Emigrasiýanyň esasy ugry hökmünde Merkezi Aziýa-da Russiýa Federasiýasyna emigrasiýany ertlendirýän esasy faktorlara şu aşakdakylary degişli edip bolar.

Birinjiden, *ykdysady faktor.* Iki görnüşde ýüze çykýar. Bir tarapdan, Merkezi Aziýa ýurtlarynda “itekleýän” faktor hökmünde: iş aýlygynyň pes derejesi; esasanam oba ýerlerinde işsizligiň; esasanam sebitlerde garyplygyň ýokary derejesi. Beýleki bir tarapdan, Russiýa Federasiýasynda “özüne çekýän” faktor hökmünde: uly göwrümli zähmet bazary; zähmet haklarynyň has ýokary derejesi, sebitlerde we pudaklarda işgärlere bolan isleg-talap.

Tablisa 3.1.2. **Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Russiýa Federasiýasynyň 2017-nji ýyl üçin durmuş-ykdysady görkezijileri**[25]

| Ýurt | Ortaça aýlyk, dollar. Amerikanyň Birleşen Ştatlary | Işsizlik derejesi, % | Garyplyk derejesi, % |
|---|---|---|---|
| Gazagystan | 463 | 4,9 | 2,6 |
| Gyrgyzystan | 228 | 6,9 | 25,6 |
| Russiýa Federasiýasy | 672 | 5,2 | 13,2 |
| Täjigistan | 134 | 6,9 | 30,3 |
| Türkmenistan | 320 | 3,7 | maglumat ýok |
| Özbegistan | 185 | 5,8 | 14,1 (2013) |

Ikinjiden, *durmuş-demografiki faktor.* Bir tarapdan Rusiýa Federasiýasynda zähmet gorlarynyň ýetmezçiligini ýüze çykarýan zähmete ukyply ilatyň sanynyň azalmagy we ilatyň garramagy bellenilýär. Beýleki tarapdan, Merkezi Aziýa ýurtlarynda her nämede bolsa oňaýly demografiki ýagdaý we işçi güýjüniň artykmaçlygy bar.

Üçünjiden, *medeni we taryhy faktor.* Umumy taryhy geçmişde, migrantlaryň rus dilini bilýändigi (mysal üçin, rus diliniň Gyrgyzystanyň resmi dili hökmünde statusy), umumy düşünjede beýan edilýär. Bularyň hemmesi iş tapmak mümkinçiligini artdyrýar. Şeýle hem Russiýa Federasiýasynda sosial ulgamlaryň we garyndaşlyk gatnaşyklarynyň bolmagy hem wajypdyr. Bu zähmet bazaryna uýgunlaşmagy we rus jemgyýetine integrasiýany ýeňilleşdirýär.

[25] Şu aşakdakylaryň maglumatlary esasynda taýýarlandy: GDA-nyň Döwletara statistiki komiteti [Giriş tertibi: www.cisstat.com]; Maglumatlaryň dünýä atlasy [Giriş tertibi: https://knoema.ru/atlas/Туркменистан/Уровень-безработицы]; Газета.uz [Giriş tertibi: www.gazeta.uz/ru/2018/01/16/wage].

Dördünjiden, ***infrastruktura-geografiki faktor*** ýurtlaryň birek-birege ýeterlik derejede ýakyn ýerleşmegini, ulag elýeterliligini – Russiýa Federasiýasy bilen Merkezi Aziýa ýurtlarynyň arasynda howa ulagynyň ösenligini göz öňünde tutýar.

Bäşinjiden, ***syýasy faktor*** "itergi berýän" faktorlary (1990-njy ýyllarda Täjigistanda, 2005 we 2010-njy ýyllarda Gyrgyzystanda etniki-syýasy ýagdaýyň durnuksyzlygy) we ÝAYB-niň çägindäki ýurtlaryň syýasy we ykdysady integrasiýasynda "özüne çekiji" faktorlary öz içine alýar.[26]

Russiýa Federasiýasy üçin Merkezi Aziýa ýurtlaryndan migrasiýa akymynyň durmuş-ykdysady netijelerine seredeliň. Rus hünärmenleri, daşary ýurtlylaryň Russiýa Federasiýasyna girdeji gazanmaga gelmeginiň birnäçe oňyn netijelerini belleýärler, mysal üçin işçi güýjiniň ýetmezçiligini aradan aýyrmak, ykdysadyýetiň köp pudaklarynda görkezijileriň ösüşi we býudžete salgyt girdejileriniň köpelmegi. Ýöne bilermenleriň köpüsi Russiýa Federasiýasy üçin migrasiýa akymynyň netijelerini otrisatel diýip hasaplaýarlar.

Aşakdakylar Russiýa Federasiýasy üçin halkara zähmet migrasiýasynyň ýaramaz netijeleri hökmünde tapawutlanýar:

1. Migrantlar mydama ýokary hünär derejelerine eýe däldirler. Zähmetkeş migrantlaryň akymy tebigy ýagdaýda bolup geçýär, işçi güýjüne hakyky isleg-talabyň bolmagynda teklipleriň sazlaşyklygy bolmaýar. Işçi güýjüniň migrasion akymy Russiýa Federasiýasynyň işsizlik şertlerinde bolup geçýär.

2. Zähmetkeş migrantlaryň esasy bölegi ykdysadyýetiň oňaýsyz böleginde zähmet çekýärler, salgyt tölemeýärler, bu bolsa ýerli býudžetiň ýitirilmegine getirýär.

3. Migrasion akym Russiýab Federasiýasynyň ykdysadyýetiniň we jemgyýetiniň esasy meseleleriniň – oba hojalygynyň pese gaçmagynyň, obalaryň ilatynyň azalmagynyň, ýurduň günbatar böleginde ilatyň azalmagynyň öňüniň alynmagy bilen bagly meseleleriň çözlmegine ýardam bermeýär. Russiýa Federasiýasyna gelýän migrantlar akymynyň esasy bölegi oba hojalygyna we oba ýerlerine iberilmeýär-de, ýurduň ýewropa böleginiň şäherlerine we Russiýa Federasiýasynyň Günortasyna iberilýär. Şol bir wagtda-da Russiýa Federasiýasynyň ykdysadyýetiniň kämilleşmegi üçin Sibir we Uzak Gündogar sebitlerine ilatyň akymy zerur.

4. Ykdysady işjeňligiň käbir ugurlarynda migrantlaryň artykmaç konsentrasiýasynyň görnüşleri emele gelýär: bölek söwda, gurluşyk we abatlaýyş, jemgyýetçilik iymit kärhanalary we başgalar.[27]

Russiýa Federasiýasyna ilatyň akymynyň oňaýly netijeleri hökmünde derňewçiler, ilkinji nobatda ýurtda demografik çökgünliligiň gowşamagyny belleýärler. Hut Merkezi Aziýa ýurtlaryndan migrasion akym görnetin derejede depopulýasiýa netijesinde Russiýa Federasiýasynyň ilatynyň azalmagynyň öwezini dolýar. Russiýanyň ykdysadyýetiniň käbir pudaklarynda, esasanam ýokary hünär derejesini talap etmeýän we az aýlykly iş ýerlerinde, işçi güýjiniň ýetmezçiligi duýulýar. Işçi migrantlar bu kemçiligiň öwezini bölekleýin dodurýarlar. "Daşary ýurtly işçi güýji köplenç rus raýatlary üçin abraýly däl we şonuň üçin ýerli ilat tarapyndan talap edilmeýän boş ýerleri doldurýar." Daşary ýurt işçi güýjüniň

[26] Rýazantsew S.W. Ykdysady çökgünlik bilen baglanyşykda Merkezi Aziýadan Russiýa zähmet migrasiýasy. Russiýa global syýasatda 31.08.2016 [Giriş tertibi: https://globalaffairs.ru/valday/Trudovaya-migratciya-iz-Tcentralnoi-Azii-v-Rossiyu-v-kontekste-ekonomicheskogo-krizisa-18333].

[27] Hodow L.G. Hususy işeňňir ilatyň halkara migrasiýasynyň ykdysadyýeti (global we rus taraplary). Okuw gollanmasy. M. 2001. S. 46.

netijeliligi we hili ýeterlik derejede ýokary, “bu babatda bäsdeşlik bolsa ýerli ilata gowy çelgileri we höwesleri berýär”.[28] Merkezi Aziýa-dan gelen zähmetkeş migrantlar Russiýanyň ýerli ilaty üçin özüne çekmeýän zähmet bazarlaryndaky orunlary eýeleýärler. Umuman, bu hyzmatlary ulgamynyň kämilleşmegine ýardam berýär, tutuş ilatyň ýaşaýyş şertleriniň hiline oňaýly täsirini ýetirýär.

Merkezi Aziýa ýurtlaryndan gelen migrantlar Russiýanyň býudžeti üçin beýle bir agyr däl, sebäbi Russiýa Federasiýasy migrantlar üçin durmuş ýeňillikler e zähmet işleriniň netijesinde alýanlaryndan has az pul harçlaýarlar.

Geosyýasy pikirlere esaslanyp, Merkezi Aziýadan gelen migrantlar has ileri tutulýar, sebäbi sebit ýurtlarynyň Russiýa Federasiýasy bilen umumy serhedi ýok. Merkezi Aziýa-dan gelen zähmetkeş migrantlar rus etnomedeni gurşawa ýeterlik derejede kynçylyksyz goşulýarlar. Olaryň uýgunlaşmakda uly meselesi ýok, sebäbi olaryň köpüsi rus dilini gaty gowy bilýärler ýa-da çalt öwrenýärler.

Bütindünýä bankynyň gözlegine görä, Russiýa Federasiýasy gelýän migrantlaryň sany boýunça (Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndan soň) dünýäde ikinji ýere geçdi. Ýakyn geljekde daşary ýurtly işçi güýjiniň akymy köpeler. Bütindünýä bankynyň hünärmenleriniň pikiriçe, Russiýa Federasiýasy kabul edýän ýurt hökmünde eýýäm migrantlaryň köpçülikleýin, arzan zähmetinden uly netije gazandy. Migrantlar saýasynda Russiýa Federasiýasynda kärhanalaryň çökgünliligi az derejede boldy, telekeçiligiň täze görnüşleri kämilleşdi, gurluşyga maýa goýumlar höweslendirildi.

Şol bir wagtyň özünde migrasiýa käbir kynçylyklary döredýär. Kadalaşdyrlmadyk migrasiýa jenaýatçylygyň artmagyna getirýär we korrupsiýa üçin esasy sebäpleriň çeşmesi bolýar. Häkimiýet üçin çynlakaý meseleleriň bir-de resmileşdirilmedik migrantlar tarapyndan salgytlaryň tölenmezligi we migrantlaryň hasaba alynmadyk pul geçirimleri bolup durýar. Şeýle hem bolsa, Bütindünýä bankynyň hünärmenleriniň pikiriçe, Russiýa Federasiýasy üçin zähmetkeş migrantlaryň akymynda oňaýsyz taraplara garanyňda oňaýly taraplar has agdyklyk edýär.[29]

Merkezi Aziýadan Russiýa Federasiýasyna zähmet migrasiýasynyň ösüş möhletini göz öňünde tutup, köp rus hünärmenleri mümkin bolan demografiki we wagtlaýyn çäklendirmeleri görkezýärler. Olaryň pikiriçe, orta möhletde Merkezi Aziýa sebitinden zähmet migrasiýasynyň mukdary 5 million adam derejesinden geçip bilmez. Russiýa Federasiýasy üçin bu mukdar iş bilen meşgullyk, harytlar we hyzmatlar bazarlarynda çökgünlilik toparyny döretmeýär, Merkezi Aziýa sebitleri üçin bolsa populasion artykmaçlyklaryň we zähmet artykmaçlyklarynyň görnetin peselmegini aňladýar.[30]

Merkezi Aziýa ýurtlarynyň töleg balansynyň esasy bölegini Russiýa Federasiýasyndan zähmetkeş migrantlaryň pul geçirimleri düzýär. “Ýöne bu geçirimlere beýleki taraplardan seredip bilersiňiz. Russiýanyň serhedinde birneme durnukly ýagdaýy saklamaga möhüm goşant goşýarlar."[31]

Merkezi Aziýa ýurtlary üçin ýerli ilatyň daşary ýurda gitmeginiň ýaramaz tarapy aşakdaky jähtlerda beýan edilýär:

---

[28] Russiýada migrasiýa we howpsuzlyk. M. 2000. S. 104.

[29] Migrasiýa we daşary ýurtda işleýän raýatlardan gelen pul girdejileri. Gündogar Ýewropa we öňki Sowet Soýuzy. Waşington: Bütindünýä banky. 2007. S. 19.

[30] Borişpolets K., Babajanow A. Merkezi Aziýa ýurtlarynyň migrasiýa töwekgelçilikleri. Russiýanyň Daşary Işler Ministrliginiň Moskwa Döwlet Halkara Gatnaşyklar Institutynyň analitik bellikleri. M .: Moskwa Döwlet Halkara Gatnaşyklar Instituty, Russiýanyň Daşary Işler ministrligi. 2007. Goýb.2 (22). S. 7.

[31] Zaýonçkowskaýa Ž.A. Russiýa zähmet migrasiýasy // Içerki bellikler. 2003. № 3. S. 186.

1. Giden raýatlar özlerini kabul eden döwletde içerki önüm öndürýärler, olar kabul edýän ýurduň milli baýlygyny artdyrýarlar. Daşary ýurtlarda pul gazanyp, emigrantlar bu serişdeleriň ep-esli bölegini şol ýerde harçlaýarlar.
2. Sebit ýurtlaryndan ilatyň iň gowy, has bäsdeşlige ukyply we işewür bölegi gidýär, netijede milli ykdysadyýet gowşaýar, zähmete ukyply ilat gatlagy azalýar.
3. Ýaşlaryň köpçülikleýin gitmegi Merkezi Aziýa ýurtlarynyň demografiki ýagdaýyna, maşgala içi gatnaşyklaryna we milli däp-dessurlaryň dowamlylygyna otrisatel täsir edip biler.
4. Migrantlaryň pul geçirimleriniň we maýalarynyň göwrümini kesgitlemek we çaklamak juda kyndyr. Daşary ýurtlarda migrantlar näçe köp ýaşasa, pul geçirimleri hem azalýar we watany bilen gatnaşyklary kem-kemden gowşaýar.

Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ýerli ilatynyň häzirki zaman zähmet migrasiýasynyň oňyn taraplarynyň arasynda aşakdakylary tapawutlandyryp bolar:

1. Zähmetkeş migrantlaryň çykyp gitmekleri Merkezi Aziýa respublikalarynda işçi güýjüniň artyklygy bilen bagly meseleleri çözmeklige ýardam berýär. Zähmet migrasiýasy işsizligiň azalmagyna getirýär, durmuş ýeňilliklerine çykdajylaryň azalmagy, işsizleriň täzeden taýýarlanmagy, olar üçin jemgyýetçilik işini guramagy we maşgalalaryna kömek.
2. Daşary ýurtda işlemek bilen, işçi migrantlary hünärlerini ýokarlandyrýarlar, täze önümçilik we guramaçylyk ukyplaryny ele alýarlar. Has ösen tehnologiýalar, has ýokary talaplar, zähmet standartlary bolan ýurtda bolmak bilen, Merkezi Aziýadan gelen migrantlar umumy bilim we medeni derejesini ýokarlandyrýarlar. Migrantlar beýleki döwletlerdäki hyzmatdaşlary bilen şahsy gatnaşyklaryny giňeldýärler. Migrantlar watanynda peýdaly boljak gymmatly tejribe edinýär we bilim alýarlar.
3. Migrantlar, daşary ýurtlarda işlemek bilen, yzyna dolananlaryndan soňra kiçi we orta kärhanalary döretmek üçin başlangyç maýany toplaýarlar. Şeýlelik bilen, orta synpyň kemala gelmegine ýardam döreýär.

Gysgaça jemleýäris. Russiýa Federasiýasy demografiki çökgünligi başdan geçirýär, onuň ilaty azalýar. Russiýa Federasiýasy uly tebigy baýlykly az ilatly uly çäkleriň eýesi. Olaryň özleşmegi üçin ilat akymy gerekdir. Russiýa Federasiýasy üçin, aglabasy Merkezi Aziýa ýurtlarynda jemlenen, GDA ýurtlaryndan gelen migrantlar ileri tutulýar. Merkezi Aziýa ýurtlarynda gelýän zähmetkeş migrantlaryň akymy Russiýa Federasiýasynyň bähbitlerine garşy gelmeýär, sebäbi ýurduň ykdysadyýetine arzan işçi güýji goşulyşýar. Merkezi Aziýa-dan migrantlar, geosyýasy garaýyşdan alnanda hem has amatlydyr, çünki sebitleriň ýurtlary Russiýa Federasiýasy bilen bir serhete eýe däldirler. Merkezi Aziýadan gelen işçi migrantlary rus etniki medeni gurşawyna integrasiýa etmek aňsat. Migrantlaryň hasabyna demografiki meseleler hem çözülýär. Şol bir wagtyň özünde-de kadalaşdyrylmadyk zähmet migrasiýasy jenaýatçylygyň, korrupsiýanyň artmagyna getirýär. Kadalaşdyrylmadyk derejeli migrantlar tarapyndan salgytlaryň tölenmezligi we zähmetkeş migrantlaryň hasaba alynmadyk pul geçirimleri uly meseleleriň biri bolup durýar.

## Synag soraglary:

1. Migrasiýa prosseslerine gatnaşyjy hökmünde Merkezi Aziýa ýurtlarynyň görnüşlerini kesgitläň. Olaryň esasy aýratynlyklary haýsylar?
2. Häzirki zaman tapgyrda öz ýurduňyzyň demografik ösüşiniň esasy meýillerini seljeriň.
3. Ýurduňyzyň iň täze taryhynda migrasiýa prosesleriniň dinamikasyny näme häsiýetlendirýär? Durmuş-syýasy we demografiki faktorlar migrasiýa nähili täsir etdi?
4. Merkezi Aziýa ýurtlaryndan zähmet migrasiýasyny kesgitleýän “itekleýän” faktorlar haýsylar?

## Amaly okuw:

1. Demografiki we durmuş-ykdysady ösüşi göz öňünde tutup, ýurduňyzdaky (sebitdäki, ilatly ýerlerdäki) häzirki migrasiýa ýagdaýy barada prezentasiýa taýýarlaň.

   Mysaly meýilnama:

   a) Migrasion prossesleri şertlendirýän faktorlar;

   b) migrasiýanyň meýilleri we gerimi;

   ç) migrasion akymlaryň görnüşleri;

   d) ýurt üçin netijeler.
2. Rawenşteýniň migrasiýa kanunlaryny derňäň we olar üçin ýurduňyzyň hakykatlary nukdaýnazaryndan tassyklama tapyň (Seret. Goşmaça edebiýat sanawyndan 4-nji çeşme).
3. Koreýa Respublikasynyň, Ýaponiýanyň, Türkiýäniň we beýleki ýurtlaryň siziň ýurduňyzdan işçi migrantlaryny çekmek üçin alyp barýan işleri barada maglumat ýygnaň. Döwrebap şertlerde ýurtlar migrantlary çekmegiň haýsy usullaryny ulanýarlar?

## Gerekli edebiýat:


1. Azimowa M., Mahmadbekow M., Raimdodow U. we başg. Täjigystan Respublikasynda durmuş taýdan we zähmet gatnaşyklar gurluşunda zähmet migrasiýasy. Duşenbe: 2016. 163 s. [Giriş tertibi: www.rtsu.tj/upload/files/data3/Монография_ТРУДОВАЯ%20МИГРАЦИЯ.pdf].
2. Worobýowa O.D., Topilin A.W., Mukomel W.I. we başg. Ilatyň migrasiýasy: nazaryýet, syýasat: okuw kitaby. M.: Ykdysady bilim, 2012. 364 s. [Giriş tertibi: https://www.isras.ru/publ.html?id=2971&printmode].
3. Toşow A.R. Ykdysady özgeriş şertlerinde Täjigistan Respublikasynyň ilatynyň iş üpjünçiligi we zähmet migrasiýasy: ykdysadyýet ylymlaryň kandidatynyň bäsdeşlik üçin dissertasiýa: 08.00.14. M. 2015. 158 s.

4. Gyrgyzystanda we Täjigistanda zähmet migrasiýasy we zähmeti köp talap edýän pudaklar: Merkezi Aziýada adam ösüşi üçin mümkinçilikler. Sankt-Peterburg: Ýewraziýa ösüş bankynyň integrasiýa barlama merkezi. 2015. 127 s. [Giriş tertibi: https://eabr.org/upload/iblock/0b9/report_ca_labour_migration_and_labour_intensive_sectors_full_rus.pdf].

5. Russiýa Federasiýasyndaky ykdysady ýagdaý we onuň Gyrgyzystan Respublikasyndaky migrasiýa proseslerine täsiri. Strategiki gözlegler boýunça milli institutyň hasabaty. Bişkek. 2015. 59 с. [Giriş tertibi: www.nisi.kg/141-infografika-nisi/400-ekonomicheskaya-situatsiya-v-rf-i-ejo-vliyanie-na-protsessy-migratsii-v-kr.html].

## Goşmaça edebiýat:

1. Abaşin S. Merkezi Aziýadan migrasiýa: Amallar, ýerli bileleşikler, transmillilik. Russiýanyň syýasaty we hukugy. Tom 51. № 3. Maý-iýun 2013. S. 6-20.

2. Gazagystan Respublikasynyň demografiki çaklamasy: esasy meýiller, kynçylyklar, amaly teklipler. Analitiki doklad. Astana: 2014. 66 s. [Режим доступа: www.akorda.kz/upload/nac_komissiya_po_delam_zhenshin/Демографическая%20политика/4.2%20рус.pdf].

3. Warşawskaýa Ýe.Ýa., Denisenko M.B. Daşary ýurtly işçileriň Russiýanyň zähmet bazaryndaky hereketliligi // Sosiologiki gözlegler. 2014. № 4. S. 63-73.

4. Wasilenko P.W. Ilat migrasiýasynyň daşary ýurt teoriýalary. 2013. [Giriş tertibi: https://cyberleninka.ru/article/n/zarubezhnye-teorii-migratsii-naseleniya].

5. Ikromow D.Z. Merkezi Aziýa ýurtlaryndan halkara zähmet migrasiýasynyň Russiýanyň sosial-ykdysady ösüşine täsiri: ykdysadyýet ylymlarynyň kandidaty diýen alymlyk derejesini almaklyk üçin dissertasiýa: 08.00.14. Sankt-Peterburg, 207 s.

6. Sanlarda Gyrgyzystan – 2018. Bişkek: 2019.344 s. [Giriş tertibi: http://stat.kg/ru/publications/sbornik-kyrgyzstan-v-cifrah/].

7. Gyrgyzystan – giňeldilen migrasiýa ugry. Bişkek: 2016. 234 с. [Giriş tertibi:https://iom.kg/wp-content/uploads/2011/07/Migration-Profile-2018-in-Russian.pdf].

8. Malahow W.S., Demintsewa Ýe.B., Ýelebaýew A.B., Musabaýewa A.D. Gyrgyzystan Respublikasynyň Ýewraziýa Ykdysady Bileleşigine girmegi: migrasiýa prosseslerine täsiri / Red. I.S. Iwanowa; Russiýanyň halkara meseleler boýunça geňeşi (RHMG). 2015. № 26. M.: Спецкнига, 2015.57 s. [Giriş tertibi: https://russiancouncil.ru/common/upload/WP-Kyrgyzstan-26-Rus.pdf]

9. Migrantlaryň mynasyp we netijeli işe girmeginiň elýeterligine gözegçilik etmek. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Halkara ösüş gullugynyň hasabaty, HMG. Astana: 2018. 44 s. [Giriş tertibi: https://redcrescent.kz/wp-content/uploads/2018/10/Doklad-po-dostupu-migrantov-k-dostojnomu-effektirnomu-trudoustrojstvu-Krasnyj-Polumesyats-RK.pdf или https://kkassiyet.files.wordpress.com/2019/02/reportaccesstolabour2018redcrescent.pdf].

10. Täjigistan Respublikasyndaky zähmet bazary. Duşanbe: Täjigistan Respublikasynyň Prezidentiniň ýanyndaky statistika baradaky agentlik. 2015.128 s.

11. Rýazantsew S.W. Ykdysady krizis şertlerinde Merkezi Aziýadan Russiýa zähmet migrasiýasy // Global syýasatda Russiýa.31.08.2016. [Giriş tertibi: https://globalaffairs.ru/articles/trudovaya-migracziya-iz-czentralnoj-azii-v-rossiyu-v-kontekste-ekonomicheskogo-krizisa/].

12. Stançin I.M., Israfilow N.T. Türkmenistanyň ilatynyň migrasiýa hereketliligi // Sinergiýa. 2018. № 4. S. 49-57 [Giriş tertibi: https:/ https://cyberleninka.ru/article/v/migratsionnaya-podvizhnost-naseleniya-turkmenistana].

13. Gyrgyzystan Respublikasynyň statistiki ýyllyk ýazgysy / Red. A. Sultanow. Bişkek: Gyrgyzystan Respublisakynyň milli statistika komiteti. 2019.468 s. [Giriş tertibi: www.stat.kg/media/publicationarchive/dde27f81-3272-44bc-ad5b-cc7647fea167.pdf].

14. Täjigistan: öý hojalygynyň satyn alyş kuwwatynyň düýpgöter peselmegi bilen ykdysady ösüşiň ortaça haýallamagy. Täjigistanyň ykdysady ösüşi hakynda hasabat. Duşanbe: 2015. №. 2. 30 s. [Giriş tertibi: http://documents.vsemirnyjbank.org/curated/ru/859581468185963151/pdf/101278-REVISED-Box394821B-PUBLIC-TJK-RUSSIAN-FOR-WEB-REV.pdf].

15. Çernow A.S. Zähmet migrasiýasynyň sebitdäki zähmet bazaryna täsiri // Вестник MDTU. 2012. T. 15. № 1. S. 245-249.

16. Dünýä demografiki perspektiwalary (World Population Prospects: The 2017 Revision, Key Findings and Advance Tables. Working Paper No. ESA/P/WP/248. Nýu-Ýork. United Nations. Population Division. Department of Economic and Social Affairs. 2017.) [Giriş tertibi: https://population.un.org/wpp/DataQuery].



Duşenbe şäheriniň ýaşaýjylary Adam söwdasyna garşy göreşmekligiň Bütindünýä gününe bagyşlanyp geçirilen habar beriş-düşündiriş kampaniýasynyň barşynda alan maglumatlaryny ara alyp maslahatlaşýarlar.

Surat: HMG Täjigistan, 2017

# 3.2. Merkezi Aziýa ýurtlarynda dolanyş migrasiýasynyň sebäpleri we meýilleri

***Mazmuny.*** *Häzirki zaman şertlerinde Merkezi Aziýada dolanyş migrasiýasynyň faktorlary we görnüşleri. 2010-2018-nji ýyllarda dolanyş migrasiýasynyň akymlarynyň göwrümine we dinamikasyna baha bermek. Sebitde dolanyş migrasiýasynyň esasy ugurlary. Merkezi Aziýada dolanyş migrasiýasynyň sosial-demografik we etniki düzüm gurluşy. Aýry-aýry Merkezi Aziýa ýurtlarynyň derejesinde dolanyş migrasiýasynyň görnüşleri. Zähmet dolanyş migrasiýasy. Ýokary hünärli hünärmenleriň dolanyş migrasiýasy. Bilim dolanyş migrasiýasy. Bosgunlaryň gaýdyp gelmegi. Etniki dolanyş migrasiýasy. Merkezi Aziýa ýurtlaryna migrantlary yzyna gaýtarmagyň strategiýasy we tejribesi. Merkezi Aziýa ýurtlary we aýry-aýry migrantlar üçin dolanyş migrasiýasynyň kynçylyklary. Dolanyş migrasiýasynyň çaklanylýan meýilleri (täze ugurlar, durmuş-demografiki toparlar, täze ýagdaýlar).*

Dolanyş migrasiýasy Merkezi Aziýa sebitinde täze we möhüm meýil hasaplanýar. Dolanyş migrasiýasy Merkezi Aziýa ýurtlary üçin möhüm ähmiýete eýe, bu entek ýeterlik derejede öwrenilmedik hadysa bolup galýar. Gelip çykyş we gidýän ýurtlarda migrasiýa syýasatynyň täsiri, mundan beýläkki ösüş ugurlary, migrantlaryň gowşak goralan çeşmeleriniň arasyndaky baglanyşyk we sebitdäki has umumy töwekgelçilikler we mümkinçilikler ýaly ugurlar az öwrenilen. Şeýle hem Merkezi Aziýa ýurtlarynda meýletin dolanyş migrasiýasy baradaky kanunçylygyň ösdürilmegi talap edilýär.

Bu meseläni düzgünleşdirmek üçin, 1993-nji ýylyň 24-nji sentýabryndaky bosgunlara we mejbury göçüp gelenlere kömek bermek hakynda şertnamanyň, 1993-nji ýylyň 24-nji sentýabrynda Bosgunlara we mejbury göçüp gelenlere kömek bermek hakynda döwletara gaznasynyň Düzgünnamasynyň, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň agza döwletleriniň bikanun migrasiýa garşy göreşde hyzmatdaşlygy hakynda şertnama, ŞHG tertipnamasy we resminamalary, migrasiýa meselelerine we beýlekilere täsir edýän sebit şertnamalarynyň kabul edilendigini bellemelidiris.

Migrasiýa meselesinde möhüm jäht, Merkezi Aziýa sebitiniň ýurtlarynyň HMG, Ýewropa Bileleşigi we beýleki halkara gurluşlar, ilkinji nobatda ýöriteleşdirilen guramalar we BMG guramalary bilen hyzmatdaşlygydyr.

Bar bolan hyzmatdaşlygyň formatlary, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň migrasiýa pudagynda özara gatnaşyklaryny güýçlendirmek, şol sanda meýletin gaýdyp gelmek üçin kanunçylyk binýadyny döretmäge oňat esas bolup durýar.

Bu meselede görkezilen ýurtlaryň migrasiýa kanunlaryny, düşünjelerini we strategiki meýilnamalaryny gowulandyrmak üçin käbir işler alnyp barylýar, bu bolsa dolanyş migrasiýa baradaky kanunlaryň kämilleşmegine hem esas bolup biler.

XIX asyryň başynda migrasiýa akymlarynyň migrantlaryň "ters akymlarynyň" ýüze çykmagyna sebäp bolup biljekdigi barada köp subutnama bardy. Şeýle-de bolsa, gürrüň esasan watanyna gaýdyp gelen migrantlar hakda boldy. Migrantlaryň gaýdyp gelmegi tegelek migrasiýa mahsus hasaplanylýar. Şeýle-de bolsa, gözlegçiler tarapyndan henizem degilmedik köp sanly ullakan migrasiýa taryhynda, dolanyş

migrasiýa prossesiniň çylşyrymly, köp derejeli gapma-garşylyklarynda köp zat näbelliligine galýar. Munuň bir sebäbi geçmişde migrantlaryň öz başlangyjy bilen öz watanyna dolanmagyna gözegçilik edilmeýändigi bilen baglanyşykly, sebäbi bu göçürmek we integrasiýa prosseslerinden tapawutlylykda munuň zerur däldigi aýdylýar.

Migrasiýa dolandyryşy nukdaýnazaryndan gaýdyp gelýän migrantlaryň üç esasy kategoriýasy bar, olar belli bir migrantyň barjak ýurdundaky ýagdaýy bilen hiç hili baglanyşygy ýok, ýagny:

- mejbur etmezden meýletin gaýdyp gelmek – daşary ýurtlarda bolmagyň bir ýa-da başga bir pursatynda migrantlar öz islegleri we öz hasabyna watanyna dolanmak kararyna gelýärler;
- meýletin hökmany gaýdyp gelmek – migrantlar ýurtda bolmaga rugsat berlen möhleti gutarýar, gaçybatalga berilmeýär ýa-da başga sebäplere görä ýurtda bolup bilmeýär, şonuň üçin olar öz islegleri bilen watanyna gaýdyp gelmek barada karar kabul edilýär;
- meýletin däl gaýdyp gelmek, ýagny kabul edýän ýurduň häkimiýetleriniň buýrugy bilen deportasiýa.[1]

Merkezi Aziýa sebiti, etniki gyrgyzlaryň – "kaýrylmanlaryň", etniki gazaklaryň – "oralmanlaryň" yzyna gaýdyp gelmegi baradaky döwlet maksatnamasynyň kömegi bilen amala aşyrylýan dolanyş migrasiýa görnüşi bilen häsiýetlendirilýär.

Şeýle-de bolsa, gaýdyp gelmek geljekde mydama migrantyň gelip çykyş ýurdunda hemişelik ýaşamagy aňlatmaýar we gaýdyp geleninden soň hersi başga bir sosial-ykdysady täsir edýän ssenariýalar durmuşa geçirilip bilner. Gaýdyp gelmek wagtlaýyn ýa-da gutarnykly, ýa-da üçünji ýurda göçmek onuň yzyndan gelip biler, ýa-da esasanam Merkezi Aziýa migrantlarynyň arasynda ýaýran tegelek ýa-da möwsümleýin migrasiýa tapgyrlarynyň biri bolar.

Dolanyş migrasiýanyň gerimini ölçemek köplenç gaty kyn, sebäbi köp ýurtlar raýatlarynyň gidendigi we gaýdyp gelendigi barada ýazgylary ýöretmeýär, şonuň üçin dolanyş migrasiýa barada statistikanyň ýoklugy bu hadysany öwrenmekde esasy päsgelçilik bolup meýdana geldi. Hatda, migrantlaryň akymlary baradaky maglumatlaryň döwlet edaralary tarapyndan toplanylýan Russiýa Federasiýasynda hem, getirilýän sanlar – bu diňe yzyna dolanýan migrantlaryň sanyna çen bilen berlen bahadyr, sebäbi olar şol bir adamlary hökmany suratda hasaba almaýarlar. Gaýdyp gelmegiň netijelerini, migrantlaryň öz watanyna gaýdyp barmazdan ozal we gaýdyp gelýän wagty iberen maddy we maddy däl resurslaryň jemi bilen kesgitläp bolýar. Şeýle geçirmeler ykdysady, jemgyýetçilik we syýasy bolup biler. Ykdysady geçirimleriň syýasy töwereklere gönüden-göni täsirine has köp üns berilýändigine we olaryň ösüşe edýän täsiri eýýäm giňden öwrenilendigine garamazdan, durmuş geçirimleri, ýagny ideologiýany migrasiýa arkaly geçirmek we ýaýratmak görnüşindäki başarnyklaryň, islegleriň, pikirleriň we syýasy geçirimleriň geçirilmegi durmuş-ykdysady ösüşde möhüm rol oýnaýar we netijeli migrasiýa syýasatlarynyň üsti bilen çözülmeli potensial peýdalary we kynçylyklary getirip biler.[2]

Raýatlarynyň gaýdyp gelmeginden oňyn netije almak üçin barmaly ýurdunda gadaganlyk ýa-da ykdysady perspektiwalaryň ýoklugy sebäpli migrasiýa meýillerini ýerine ýetirip bilmedik işsiz we ejiz

---

1 Migrasiýany dolandyrmagyň esaslary. Wezipeli işgärler we amalyýetçiler üçin gollanma. Jilt III. Migrasiýa dolandyryşy. Bölüm 3.9 "Dolanyş migrasiýasy". HMG. 2006.

2 Merkezi Aziýada migrantlaryň gowşaklygy we integrasiýa zerurlyklary. Dolanyş migrasiýasynyň esasy sebäpleri we durmuş-ykdysady netijeleri. Merkezi Aziýada sebitleýin baha bermek. HMG-nyň nutugy. Astana. 2016. S.4-6 [Giriş tertibi: https://kazakhstan.iom.int/publications].

migrantlara kömek etmeklige uly ähmiýet berilmelidir. Olaryň köpüsi daşary ýurtda işlän wagtynda gazanan kämilleşdirilen ýa-da täze başarnyklar bilen gaýdyp gelýär; bu potensialy dünýä tejribesinde ulanmak üçin okuw we sertifikasiýa ulgamlary işlenip düzüldi we üstünlikli işleýär. Taýlandda we Bangladeşde hünär okuwyna we sertifikata gözegçilik etmek üçin ýörite döwlet edaralary döredildi; olaryň alyp barýan işleri, gaýdyp gelen işçi migrantlaryň ozal alan bilimlerini we başarnyklaryny tanamak arkaly ýerli zähmet bazaryna girmegini aňsatlaşdyrmaga gönükdirilendir.[3] Pul geçirimleriniň we tygşytlamalaryň ep-esli bölegi öý hojalygynyň häzirki zerurlyklaryna sarp edilýän we girdeji getirýän kärhanalara maýa goýumlary gaty seýrek duş gelýän ýagdaýynda, migrantlaryň zähmet bazaryndaky zerurlyklaryna uýgunlaşmak üçin has oýlanyşykly çäreler netijeli bolup biler, ýöne şeýle çäreler Merkezi Aziýa ýurtlary tarapyndan aýgytly syýasy çäreleri talap edýär.

Mundan başga-da, durmuş-ykdysady reintegrasiýa, dolanyş migrasiýadan oňyn netijeleri almak üçin esasy faktor bolup durýar, sebäbi gaýdyp gelýän migrantlaryň gowşaklygy olary bikanun adam gaçakçylygy bilen ýa-da bikanun iş tapmak bilen meşgullanýan adamlaryň kömegi bilen düzgünleşdirilmedik statusda Russiýa gitmäge mejbur edip biler. Kadalaşdyrylmadyk migrasiýanyň öňüni almaklygyň usuly hökmünde reintegrasiýa maksatnamalaryny Russiýa Federasiýasynda daşary beýleki ýurtlarda hem, mysal üçin Gazagystanda migrantlara iş üpjünçiligi çygrynda ýardam bermek boýunça çäreler bilen bir hatarda amala aşyrmak zerurdyr.

Russiýa Federasiýasynyň çäklerinden daşary migrantlaryň ösen sosial ulgamlarynyň bolmazlygy Merkezi Aziýa ýurtlaryna migrantlaryň guramaçylykly kabul edilmeginiň maksatnamalaryny utgaşykly işläp taýýarlamak zerur bolýar, hususan-da bileleşik şertnamasynyň esas goýujy ýörelgeleriniň biri bolup durýan işçi güýjüniň erkin hereket etmekligi üçin bu ugurda ÝAYB agza ýurtlaryna bilelikde iş alyp barmak gerek.[4]

Merkezi Aziýa-da dolanyş migrasiýasy düýpli özgerişleri başdan geçirýär, olar dünýäde bolup geçýän global özgerişler bilen baglydyr. Siriýada, Ukrainada iri harby dawalar, Pakistanda we beýleki birnäçe ýurtlarda dartgynlylygyň artmagy, Günbataryň Russiýa Federasiýasyna goýan ykdysady sanksiýalary Merkezi Aziýa ýurtlarynda migrasion geçişlere, şol sanda dolanyş migrasiýasyna hem düýpli täsirini ýetirdi.

Has ähmiýetli faktor hökmünde 2015-nji ýylda girizilen Russiýa Federasiýasyna daşary ýurtlylaryň kesgitli derejeleriniň ikinji ýola girmekligini gadagan edýän düzgüni bellemek gerek.

Bu gadagançylyk esasan Merkezi Aziýadan gelen 2 milliondan gowrak adama täsir etdi we gadaganlygyň dowamlylygy üç ýyldan on ýyla çenli dowam edýär.[5]

---

3 Işçi güýjüni artdyrmak: Bangladeşde zähmet migrasiýasy we başarnyklary tanamak we sertifikatlaşdyrmak. Halkara Zähmet Guramasynyň Bangladeş boýunça edarasy. Dhaka. 2014 [Giriş tertibi: www.ilo.org/wcmsp5/groups/public/---asia/---ro-bangkok/---ilo-dhaka/documents/publication/wcms_304402.pdf]; Harnessing the Skills of Migrants and Diasporas to Foster Development: Policy Options. YHÖG. Fransiýanyň Içeri Işler Ministrligi. Paris. 2012 [Giriş tertibi: www.oecd.org/migration/Policy_Brief_Migrants_En_BD%20DEFINITIF.pdf]; Stella P. Filippinler we dolanyş migrasiýasy: Gaýdyp gelmek we reintegrasiýa syýasatlaryna we hyzmat berişine çalt baha bermek. ILO, 2012 [Giriş tertibi: www.ilo.org/manila/publications/WCMS_177081/lang--en/index.htm].

4 Migrantlaryň gowşaklygy we Merkezi Aziýada integrasiýa zerurlyklary: dolanyş migrasiýanyň esasy sebäpleri we sosial-ykdysady netijeleri. Merkezi Aziýada sebitleýin baha bermek. HMG-nyň nutugy. Astana, 2016 [Giriş tertibi: https://kazakhstan.iom.int/publications].

5 2016-njy ýylda Merkezi Aziýadaky HMG-nyň missiýasy we Gazagystan Respublikasynyň ilkinji Prezidentiniň kitaphanasy ("Nazarbaýew merkezi") tarapyndan Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Halkara Ösüş Gullugynyň "Mertebe we hukuklar" maksatnamasynyň çäginde geçirilen sebitleýin baha berişiň I Tapgyry barada hasabat.

Tablisa 3.2.1. **2015-2018 ýyllarda Russiýa Federasiýasynda administratiw jogapkärçilik astyna düşen daşary ýurtlylaryň sany, adam**[6]

| | 2015-nji ýyl | 2016-nji ýyl | 2017-nji ýyl | 2018-nji ýyl (birinji ýarymy) |
|---|---|---|---|---|
| Russiýa Federasiýasyna girmek gadagan | 490 893 | 229 013 | 210 708 | 145 397 |
| Daşary ýurt raýatlary ýurtdan çykarylan we deportasiýa edilenler | 117 493 | 60 042 | 68 998 | 13 600 |
| Administratiw jogapkärçilige çekildi | 369 287 | 271 014 | 334 145 | 125 180 |

Russiýa gaýtadan girmek gadagançylygynyň girizilmegi, gelip çykan ýurda girmegi kynlaşdyrýan maliýe kynçylyklary bilen ýüzbe-ýüz bolan, käwagt bir maşgalanyň birnäçe agzasy şol bir wagtyň özünde ret edilen zähmet migrantlarynyň hereketiniň ugruny we gurluşyny çynlakaý üýtgetdi.

Şeýle hem bu faktor galan agzalar, hususan-da çagalar, garrylar üçin pul geçirimleriň çeşmeleriniň ýitmegine ýardam berýär; öýlerine dolananlarynda işe ýerleşmek bilen bagly kynçylyklar döreýär; duýdansyz yzyna dolanmak we hak üçin Russiýa Federasiýasyna dolanmaga mümkinçiligiň ýoklugynda garyndaşlar tarapyndan maşgalada nägilelikler we dartgynlylyklar döreýär. Dolanýan migrantlar, öz hukuklaryny bilmän we ykdysady ýagdaýlaryny gowylandyrmaklyga mümkinçilikleri bolman, sosial kömegi alyp bilmän, kyn we kesgitsiz ýagdaýlara düşýärler.

Merkezi Aziýadaky HMG-nyň sebitleýin baha berişinde habar bermegine görä, gaýtadan girmegi gadagan edilen şeýle ejiz migrant toparlarynyň, dürli terrorçy we jenaýatçy toparlara çekilmek ähtimallygy bar. Migrantlaryň özleriniň daşlaşdyrylandygyny we iş ýerlerinde hukuklarynyň bozulýandygyny görüp, döwletden gorag almak mümkinçiligine bolan ynamyny ýitirýär we netijede ekstremist we (ýa-da) jenaýat guramalaryna kömek sorap ýüz tutup biljekdigi bellenilýär. Merkezi Aziýanyň hökümetleriniň sanalan meseleleri çözmek üçin alyp barýan syýasy çäreleriniň seljermesi, gaýtadan girmegi gadagan etmek meselesiniň henizem howpsuzlyga howp hökmünde seredilýändigini görkezýär, "girmegi gadagan" migrantlar, olaryň integrasiýasyny ýeňilleşdirmek üçin has giňişleýin çärelere mätäçdir.[7]

Dolanyş migrantlaryň sanynyň köpelmegi aşakdaky görkezijilere bagly bolup biler:

Birinjiden, *Russiýa Federasiýasynda 2014-2015-nji ýyllarda ykdysady çökgünlilik,* şübhesiz, Merkezi Aziýadan migrasiýa üçin oňaýsyz netijelere eýe boldy. Önümçiligiň azalmagy sebäpli işçi migrantlaryň iş üpjünçiligi azaldy, sebäbi ilkinji nobatda olar işden boşadyldy. Rublyň hümmetiniň gaçmagy sebäpli watana pul geçirimleriniň mukdary ep-esli azaldy: takmynan hasaplamalara görä, gaçmagyň gerimi

[6] Russiýanyň Içeri işler ministrliginiň Migrasiýa meseleleri boýunça baş müdirliginiň maglumatlary.

[7] Migrantlaryň gowşaklygy we Merkezi Aziýada integrasiýa zerurlyklary: dolanyş migrasiýanyň esasy sebäpleri we sosial-ykdysady netijeleri. Merkezi Aziýada HMG-nyň sebitleýin meýdan kegitlemesi. Astana, 2017. 68 s. [Giriş tertibi: https://kazakhstan.iom.int/publications].

30% -den 50% aralygynda boldy. Russiýa Federasiýasynda işini ýitiren işçi migrantlaryň bir böleginiň Merkezi Aziýa ýurtlaryna gitmegi başlandy.

Ikinji möhüm faktor *kabul edýän döwletiň migrasiýa syýasaty hasaplanýar.* Mysal üçin, 2014-nji ýyldan bäri Russiýa Federasiýasynyň häkimiýetleri kanuny bozan daşary ýurtlylara giriş gadaganlygyny girizip, bikanun migrasiýa garşy göreşi güýçlendirdiler. FMG-niň habaryna görä, 2015-2016-njy ýyllar aralygynda 1,6 milliondan gowrak daşary ýurtlylaryň girmegini gadagan etdi.

Üçünji faktor bolsa – *patent tabşyrmak üçin çykdajylaryň ýokarlanmagydyr.* Mysal üçin, Russiýa Federasiýasynda 2015-nji ýyldan başlap, zähmetkeş migrantlarň sany artdy, olar tygşytlylyk üçin resmileşdirilmän başladylar. Şol sebäpli olaryň käbiri ykdysadyýetiň resmi däl pudagyna geçdi.

Ýokarda sanalyp geçilen faktorlar sebitde özüne çekmek boýunça ikinji merkez bolup durýan Gazagystanyň Russiýa Federasiýasyna girmeklik gadagan edilen we ýaşamaklyga alternatiw ýurtlary gözleýän ýüz müňlerçe migrantlaryň, şeýle hem Russiýa Federasiýasynda işçi güýjüne bolan isleg-talaplaryň azaldylmagynyň netijesinde öz öýlerine dolanyp biljek müňlerçe raýatlarynyň dolanyş migrasiýasyna taýýar bolmagynyň gerekdigini aňladyp biler.

***Zähmet dolanyş migrasiýasy.*** Düzgün bolşy ýaly, migrant peýdalara we ýitgilere oýlanyşykly baha bermek esasynda watanyna gaýdyp barmak kararyna gelýär. Köplenç wagtlaýyn migrasiýa hemişelik bolýar. Migrasiýa gelmek, mesgen tutmak, durnukly girdeji almak bilen beýleki ýurtlaryň raýatlary rus we beýleki raýatlyklaryny alyp başlaýarlar. "Ýokary Ykdysadyýet Mekdebi" Milli Barlag Uniwersitetiniň 2017-nji ýylyň fewral-mart aýlarynda geçirilen barlagyna görä, sorag edilenleriň dörtden biri Russiýa Federasiýasynda galmagy arzuw edýär, hatda Russiýa Federasiýasynyň raýatlygyny almak isleýänleriň arasynda 20%-den gowragy öz watanynda şeýle raýatlyk bilen ýaşamak isleýär (3.2.2-nji görkezgiç). Rus pensiýalary, enelik üçin kömek pullary, enelik maýasy – ruslar üçin ähmiýetsiz ýa-da ownuk ýaly görünýän bu bonuslaryň hemmesi öňki SSSR respublikalarynyň raýatlary üçin köp zady aňladýar.

Tablisa 3.2.2. **Merkezi Aziýa ýurtlaryndan bolan migrantlaryň Russiýa Federasiýasynda ýaşamak bilen baglylykda meýilnamalary, %**[8]

| Gelip çykyş ýurdy | Russiýa Federasiýasynda mydamalyk galmak | Russiýa Federasiýasy we gelen ýurdunyň arasynda mydama gatnamaklyk. | Bir-iki ýyl işläp öz ýurduňa dolanmak | Pul gazanmak we birnäçe aýdan gelen ýurduňa gaýdyp gitmek | Russiýa Federasiýasynda az wagt ýaşap başga bir ýurda göçmek | Başga ýa-da jogap ýok |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Gazagystan | 65,5 | 8,6 | 7,8 | 3,5 | 3,9 | 10,5 |
| Täjigistan | 35,2 | 24,7 | 21 | 11,1 | 1,1 | 6,9 |
| Gyrgyzystan | 24,8 | 28,2 | 25,8 | 13,3 | 0,8 | 7,2 |
| Özbegistan | 19,9 | 27,6 | 27,2 | 18,5 | 0,9 | 6 |

Geçirilen barlaglaryň maglumatlaryna görä, migrantlaryň ýarysyndan gowragy Russiýa Federasiýasyndan öz ýurtlaryna dolanmak isleýärler. Häzirki garyplyk we işsizlik derejesini göz öňünde tutup, gaýdyp gelýän migrantlar zähmet bazaryna goşmaça ýük bolup durýar, bu esasanam 2014-2015-nji ýyllardan soň has belli bolup başlady. Migrantlary reintegrasiýa etmek üçin maksatnamalaryň

8 Tebigaty boýunça migrant. Indi kim Russiýa işlemäge gidýär. Коммерсантъ. 12.08.2017. [Giriş tertibi: www.kommersant.ru/doc/3380376].

ýoklugy, gaýdyp gelýän migrantlaryň uýgunlaşmagy we bu fonda ýerli zähmet bazarlaryny ösdürmek çäreleri hakykatdanam çynlakaý ýalňyşlyk. Migrantlaryň şeýle şertlerde gaýdyp gelmegi olaryň ýaşaýşyny garyplykda we işsiz dowam etmegini aňladýar.

Merkezi Aziýa ýurtlaryna gaýdyp gelýän işçi migrantlarynyň ýüzbe-ýüz bolýan esasy meseleleri:

1. *Iş bilen üpjün etmeklik* Migrantlar, iş gözlemek üçin 4-5 aýa çenli uzak wagt gerekdigini belleýärler, migrasiýada bolsa 3 günden bir hepdä çenli wagt gerek bolýar. Ýene-de bir kynçylyk – garaşylýan aýlyk derejesi. Sebitdäki ýurtlarda gowy aýlykly iş tapmak kyn we migrantlaryň özleriniň belleýşi ýaly, bu ýerde eden şol bir işleri üçin migrasiýada ep-esli köp alýarlar. Mundan başga-da, gaýdyp gelýän migrantlar fiziki zähmet bilen baglanyşykly bolmadyk, hünäri boýunça iş tapmaga umyt edýärler.

2. *Maddy hal-ýagdaý* Migrasiýada işlemek ýaşaýyş jaý şertlerini, umuman durmuş ýagdaýyny gowulaşdyryp biler. Köplenç migrant gaýdyp gelenden soň maşgalanyň maddy ýagdaýy erbetleşýär. Durnukly gowy tölenýän aýlykly işiň bolmazlygy ýaramaz psihologiki esas döredýär we maddy ýagdaýyň erbetleşmegi gaýdyp gelýän migrantlara täzeden migrasiýany meýilleşdirmäge itergi berýär.

3. *Medeni uýgunlaşmada kynçylyklar, durmuş abadançylygy.*

4. *Maşgalada är-aýal, garyndaşLar bilen gatnaşyklarynyň ýaramazlaşmagy, çagalara ýeterlik üns berilmezligi we başgalar.*[9]

S.Tiýemeniň geçiren barlagyna görä, Russiýa Federasiýasyndan we Gyrgyzystandan zähmetkeş migrantlar öz ýurtlaryna däl-de, has iri şäherlere dolanmaklyga meýilli,bu bolsa içerki migrasiýa akymlarynda şöhlelenýär. Elbetde, bu sebitdäki okatmak we bejermek, "süýrenmek" migrasiýasy we ş.m. ugurlaryň hünärsizleşdirilmegini hasaba almak bilen durmuş-ykdysady ýagdaýa we ösüşe täsir edýär. Dürli ýaş toparlaryndaky adamlar gaýdyp gelmek üçin dürli sebitleri ileri tutýarlar. Garry adamlar öýlerine, dogduk obalaryna gaýdyp barmagy makul bilýärler, ýaşlar bolsa geljegini şäher bilen baglanyşdyrýarlar. Köplenç migrantlaryň gaýdyp gelmegi täze migrasiýa ýa-da bar bolan aýlawyň dowam etmegine getirýär.

Yzyna gaýdyp gelýän migrantlaryň köpüsi iş ýerleriniň ýoklugy, aýlyk hakynyň pes bolmagy, ykdysady ýagdaýyň ýaramazlygy, ýaşaýyş şertleriniň ýaramazlygy, infrastrukturanyň ösmezligi we ş.m. sebäpli obalara dolanmak islemeýär. Oba ýerlerine gaýdyp gelýän az sanly migrantlar – maldarçylyga maýa goýmak üçin ýeterlik tygşytlylygy bar bolanlar. Gaýdyp gelýän migrantlaryň başga bir topary watanynda ykdysadyýetiň ösmegine az derejede goşant goşýar, sebäbi bu gaýdyp gelmek saglyk meseleleriniň ýüze çykmagy, kanun, maşgala bilen baglanyşyklydyr we deportasiýa sebäpli mejbury gaýdyp gelmek mümkinçiligi hem bar.[10]

---

[9] Gyrgysyztan Respublikasynyň raýatlarynyň watanyna gaýdyp gelenlerinden soň, işçi migrantlaryň durmuş reabilitasiýa şertleri we ýagdaýy. Analitik hasabat. Bişkek: Merkezi Aziýadaky Amerikan uniwersitetiniň Jemgyýetçilik gözleg merkezi. 2007 [Giriş tertibi:https://auca.kg/uploads/Migration_Database/Social%20rehabilitation%20of%20migrants%20after%20return,%20rus.pdf].

[10] Tiýeme S. Nirä dolanmaly? Içerki we daşarky zähmet migrasiýasynyň şertlerinde oba we şäher gatnaşyklary. Analitik bellik. Merkezi Aziýadaky Amerikan uniwersitetiniň Jemgyýetçilik gözleg merkezi. [Giriş tertibi:https://auca.kg/uploads/Migration_Database/Susan_rus.pdf].

### Mysal 3.2.1. **Potensial dolanyş migrantyň watanynda mümkin bolan reintegrasiýa kynçylyklary**

Azamat 29 ýaşynda, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Çikago şäherinde ýaşaýar. 2011-nji ýylda Bişkek uniwersitetiniň üçünji ýyl talyby hökmünde "Work & Travel" programmasy boýunça Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna gitdi. Ol ýarym düzgünleşdirilen ýagdaýda, uzak aralyga gatnaýan sürüji bolup işleýär. 2011-nji ýylda programmanyň gutarmagy bilen galmak kararyna gelen Azamat "Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda birnäçe ýyl işlemegi, pul tygşytlamagy we Gyrgyzystana dolanmagy" meýilleşdirdi. Ýöne her ýyl ýene tygşytlamagy umyt edip, gaýtmagyny gijikdirýärdi. 8 ýyldan soň, indi watanyna dolanmak islemeýär we sebäpleriniň biri hem jemgyýete reintegrasiýa etmekde garaşylýan kynçylyklar: "Goý, men dolanaryn. Kim bolup işlärin? ÝOJ-ny gutarmadym, diplom almadym, näme, 30 ýaşymda 18 ýaşlylar bilen okarynmy? Onda nädip pul gazanyp bilerin? Diplom alsam-da, zähmet ýolumy ilki başdan başlamaly bolaryn. Deň-duşlarym kassirleriň, hünärmenleriň bu etaplaryny eýýäm geçdiler, men özümden kiçi adamlar bilen işleşerin, başlyklarym hem has ir başlansoň, menden kiçi adamlar bolar. Men dolanmak mümkinçiligini sypdyrdym".

Täjigistan *üçin* häzirki wagtda dolanyş migrasiýanyň esasy görnüşi möwsümleýin zähmet migrasiýasydyr. Zähmet migrasiýasy, soňky ýyllarda bolsa dolanyş migrasiýasy we dolanan zähmetkeş migrantlaryň reintegrasiýasy bilen bagly meseleler, Täjigistan Respublikasy we hyzmatdaş ýurtlar – Gazagystan we Russiýa Federasiýasy bilen durmuş-ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça Hökümetara toparlaryň we işçi toparlaryň mejlislerinde yzygiderli ara alnyp maslahatlaşylýar, ýogsa gol çekilen resmi resminamalar zähmet migrasiýalary bilen bagly wajyp meseleleri çözmeklige mydama ýardam berip durmaýar.

Dolanyş migrasiýasy boýunça innowasion ösüş merkezi tarapyndan geçirilen gözlegiň netijesi, zähmet migrasiýasyndan gaýdyp gelmegiň esasy sebäpleriniň, mejbury gitmegine sebäp bolan käbir düzgün bozmalar bolandygyny görkezýär – 42%. Soraga gatnaşanlaryň 23%-ne Russiýa Federasiýasynda çökgünlik ýagdaýy oňaýsyz täsir etdi, bu bolsa girdejileriň birdenkä peselmegine getirdi we işlemek ykdysady taýdan amatsyz bolup başlady. Şol bir wagtyň özünde, takmynan 15%-i şahsy sebäplere görä (dynç alyş, toý, maşgala ýagdaýlary) gaýdyp geldi. Hatlon welaýatynda 51% ykdysady sebäplere görä, Duşanbe we Sogdiýa welaýatynda – 37%-i – giriş gadaganlygy sebäpli geldi. Bu Daglyk-Badahşan awtonom oblastynyň soraga gatnaşyjylarynyň 68%-i üçin hem esasy sebäp boldy.[11]

Işçi migrantlaryň gowşaklygynyň başga bir sebäbi kanuny bilimleriň bolmazlygydyr. Aglaba ýagdaýda bu hukuk bozulmalaryna getirýär, we netijede olary deportasiýa edýärler. Kowulanlaryň diňe 60%-i deportasiýa edilmeginiň sebäbini bilýär. Hatlon welaýatyndan gelenleriň (92%) ýurtdan çykarylmagynyň sebäplerini has gowy bilýändiklerini we olaryň 73%-iniň kazyýet kararynyň bir nusgasyny alandygyny bellemelidiris. Gözlegiň netijesine görä, migrantlaryň diňe 42%-i kazyýetiň kararynyň bir nusgasyny aldy. Giriş gadagançylygynyň sebäplerini bilýänleriň 44%-i – hasaba alynmazlygy we 52%-i patentsiz işlemegi sebäpli.[12]

Täjigistanda eýýäm dolanyş migrasiýany dolandyrmak üçin kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny kabul etmek tejribesi bar. Soňky ýyllarda Täjigistan Respublikasynda dolanyş migrasiýa çägindäki esasy meseleleriň biri, belli bir döwürde Russiýa Federasiýasyna girmegi gadagan edilen adamlary işe

[11] Täjigistan Respublikasynyň işçi migrantlarynyň gaýdyp gelmeginiň durmuş-ykdysady meseleleriniň derňewi. "Innowasion ösüş merkezi" jemgyýetçilik guramasynyň gözlegleriniň netijeleri. Duşanbe. 2018. S. 12. [Giriş tertibi: http://mehnat.tj/nii/ru/2018/12/23/2018г-анализ-социально-экономических-проблем].

[12] Şol ýerde, S. 13.

almak bolup durýar. 2015-nji ýylyň başyndan bäri, Täjigistan Respublikasynyň zähmet, migrasiýa we iş üpjünçiligi ministrliginiň buýrugy bilen Zähmet migrantlary üçin iş üpjünçiligi meýilnamasy kabul edildi we tassyklandy, bu Russiýa Federasiýasynyň we beýleki ýurtlaryň çägine girmegi gadagan edilen migrantlar üçindir.

Ykdysady çökgünligiň çäginde içerki we daşarky zähmet bazarlarynda bu ýagdaýy durnuklaşdyrmak üçin ykdysady, durmuş we institusional häsiýetli çäreleri görmek zerurlygy ýüze çykdy. Täjigistan Respublikasynyň hökümeti Täjigistan Respublikasynyň zähmet bazaryny ösdürmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Döwlet strategiýasyny[13] kabul etdi, bu meýilnamada dolanyş migrasiýa akymlaryny kadalaşdyrmagyň düzgünleri we proseduralary beýan edilýär. Döwlet maksatnamasy iş orunlaryny döretmäge, zähmet öndürijiliginiň ýokarlandyrmaga, netijeli iş üpjünçiligini we ilatyň durmuş gorag derejesini ýokarlandyrmaga kömek edýär.

Tejribäniň görkezişi ýaly, gaýdyp gelýän işçi migrantlarynyň esasy bölegini Russiýa Federasiýasyndan gelen işçi migrantlar düzýär (98%). Olaryň köpüsi Russiýa Federasiýasynyň Ýewropa böleginde zähmet çekdi. Soňky wagtlarda Gazagystandan gelen migrantlar peýda bolýar – takmynan 2%. Sorag-jogap berlenleriň arasynda migrasiýadan gaýdyp gelenleriň köpüsi 35-45 ýaş aralygyndaky adamlar – 46%, 18-29 ýaş aralygyndakylar – 42% düzýärler. Ýagny, soraga gatnaşanlaryň aglaba bölegi (88%) ýaşlar we orta ýaşly adamlar. 46 ýaşdan uly – 12%.[14]

*Özbegistan* zähmetkeş migrantlar, şol sanda Russiýa Federasiýasyndan deportirlenenler bilen bagly meseleler uly göwrümini nazara alýar. Özbegistan Respublikasynyň Daşary işler ministrligi Russiýa Federasiýasyndaky Özbegistan konsullyklarynyň işgärler tablisasynda migrant attaşesi wezipelerini girizdi we Özbegistan Respublikasynyň daşarky zähmet migrasiýasy agentligi Russiýa Federasiýasynda şahamçalaryny açyp başlady.

*Türkmenistanda* gaýdyp gelen migrantlar barada statistika ýok. Esasan Türkmenistanda watana meýletin gaýdyp gelmek görkezilýär. Dolanyş migrantlarynyň esasy akymyny aşakdaky kategoriýalar düzýär: zähmet migrantlary şol sanda ýokary hünärli hünärmenler; daşary ýurtda bilim alan adamlar (bilim dolanyş migrasiýasy); şeýle hem daşary ýurtlardaky maşgalalary bilen birleşip bilmedik adamlar (dolanyş maşgala migrasiýasy). Meýletin gaýdyp gelmek prossesi şahsy sebäpler bilen şertlendirilen: zähmet şertnamalarynyň tamamlanmagy, okuw jaýlary tamamlamak we diplomyň alynmagy, saglyk ýagdaýynyň erbetleşmegi, nikadan aýrylyşmak, çagalar ýa-da garyndaşlar bilen baglanyşykly meseleler we maşgalalaryň birleşmeginiň zerurlygy.

Russiýa Federasiýasynda, Türkiýede bolmaklygyň düzgünlerini bozan käbir zähmetkeş migrantlar, resmileşdirilmedik migrantlara öwrülmek bilen, öz watanyna, Türkmenistana deportirlenýärler. Şeýle-de bolsa, bu hadysa giňden ýaýran däldir. Adam söwdasynyň pidalarynyň dürli ýagdaýlar sebäpli daşary ýurtlarda gulçulyga düşen adamlarynyň gaýdyp gelmegi bellenilýär.

*Etnik dolanyş migrasiýasy.* Bu prossesde her bir ýurduň öz aýratynlyklary bar, ýöne umuman alanyňda, watana gaýdyp gelmek meselesi üç sany global ahlak we maddy gerimden we ähmiýetden ybarat:

[13] Täjigistan Respublikasynyň zähmet bazaryny 2020-nji ýyla çenli ösdürmek boýunça döwlet strategiýasy (Täjigistan Respublikasynyň hökümetiniň 2015-nji ýylyň 27-nji aprelindäki 238 belgili karary bilen).

[14] Täjigistan Respublikasynyň işçi migrantlarynyň gaýdyp gelmeginiň durmuş-ykdysady meseleleriniň derňewi. "Innowasion ösüş merkezi" jemgyýetçilik guramasynyň gözlegleriniň netijeleri. Duşanbe. 2018. C. 16. [Giriş tertibi: http://mehnat.tj/nii/ru/2018/12/23/2018г-анализ-социально-экономических-проблем].

1. repatriantlary öz taryhy watanlaryna geçirmekligi guramak,
2. olary ýaşaýyş jaýy, iş we okuw ýeri bilen üpjün etmek we ýerleşdirmek,
3. raýatlyk hukukygy bermeklik ýa-da dikeltmeklik.

Bu nukdaýnazardan, soňky ýyllaryň we geljegiň, meselem, Gazagystan üçin dolanyş migrasiýasynyň iň möhüm meýilleri, şolardan ybarat:

- birinjiden, Gazagystandan migrantlaryň etniki toparlarynyň öz döwletlerine dolanmagy: ruslar Russiýa Federasiýasyna, täjikler – Täjigistana, ozal – ýewreýleriň Ysraýyla nemesleriň bolsa Germaniýa etniki emigrasiýasy. Bu prossesler Gazagystan üçin möhüm demografiki we durmuş-ykdysady ähmiýetli netijelere eýe boldy;
- ikinjiden, etniki gazaklaryň ("oralmanlaryň") soňraky integrasiýa we Gazagystan jemgyýetine uýgunlaşmagy bilen döwlet derejesinde gaýdyp gelmäge höweslendirmek. 1991-nji ýyldan başlap etnik yzyna gaýdyp gelenleriň sany 1 milliondan geçdi. Garaşsyzlyk ýyllarynda gelen oralmanlaryň demografiki goşandy sebäpli ters migrasiýa balansynyň derejesini 28% azaltmak mümkin boldy.[15] Oralmanlaryň 74% golaýy GDA ýurtlaryndan gelip çykanlar bolup durýar: Özbegistandan, Türkmenistandan, Russiýa Federasiýasyndan ýene 26% uzak daşary ýurtlaryndan, esasan hem Mongoliýadan we Hytaýdan.[16] Dolanyş diýlip hem kesgitlenýän etnik migrasiýa, Gazagystanyň migrasiýa syýasatynyň möhüm ugry bolup, ýurduň umumy migrasiýa ýagdaýyny we demografiki ösüşini kesgitleýär;
- Üçünjiden, halkara donorlary we Gazagystanda HMG tabşyrygy tarapyndan goldanýan migrasiýa. Bu ugur, HMG-nyň tabşyryklary tarapyndan amala aşyrylýan Belgiýa, Kanada, Finlýandiýa, Gollandiýa, Norwegiýa, Portugaliýa, Şwesiýa, Şweýsariýa, Türkiýe we Beýik Britaniýadan ýörite gaýdyp gelmek programmalary arkaly Gazagystana gaýdyp gelmek we reintegrasiýa boýunça kömekleri öz içine alýar. Yza gaýdyp gelmegiň bu görnüşi HMG we hyzmatdaş ýurtlar tarapyndan işlenip düzüldi we Gazagystanyň hakyky şertlerinde beýleki girdeji modelleriniň ösmegi üçin oňat esas bolup biler;
- dördünjiden, Gazagystanda ösdürilip bilinjek iň möhüm gaýdyp gelmek ugry, Merkezi Aziýa sebitiniň raýatlarynyň gelip çykyş ýurtlaryna (Gyrgyzystan, Täjigistan we Özbegistan) işçi dolanyş migrasiýasydyr;
- bäşinjiden, entek dogry ösüşi alyp bilmedik dolanyş migrasiýasynyň başga bir görnüşi, Gazagystanda wagtlaýyn ýaşaýan üstaşyr migrantlarynyň watanyna gaýdyp gelmegidir. Şeýle-de bolsa, bu migrantlar toparynyň gaty ejizdigini we kesgitlemek kyn bolandygyny bellemelidiris. Üstaşyr döwlet hökmünde Gazagystan üçin şeýle ýagdaýlarda degişli kömek bermek diýseň kyn, ýöne migrantlaryň bu kategoriýasy bilen işlemek zerurdyr.

Gyrgyzystanda gaýdyp gelýän etniki gyrgyzlara, kaýrylmanlara watanyna dolanmak we raýatlyk almak üçin ýönekeýleşdirilen düzgünler hereket edýär. Etnik gyrgyzlaryň immigrasiýasy pudagyndaky döwlet

[15] Gazagystan Respublikasynyň hökümetiniň 2017-nji ýylyň 29-njy sentýabryndaky "Gazagystan Respublikasynyň 2017-2021-nji ýyllar üçin migrasiýa syýasatynyň konsepsiýasy we 2017-2021-nji ýyllar üçin Gazagystan Respublikasynyň migrasiýa syýasaty konsepsiýasyny durmuşa geçirmek meýilnamasyny tassyklamak hakyndaky karary".

[16] Gazagystan Respublikasynyň ilaty Gazagystan Respublikasynyň 2009-njy ýyldaky milli ilat ýazuwynyň netijeleri. Jilt 1. Statistiki ýygyndy. Red. Smailowa A.A. Astana. 2011. 242 s.

syýasaty, Gyrgyzystan Respublikasynyň “Etnik gyrgyzlaryň taryhy watanyna gaýdyp gelmeginiň döwlet kepillikleri hakynda” kanuny bilen düzgünleşdirilýär. Kanun kaýrylmanlar üçin zerur ýaşaýyş şertlerini, durmuş we beýleki esaslary döretmegi göz öňünde tutýan bolsa-da, iş ýüzünde munuň ýeterlik däldigi ýüze çykdy we 2016-njy ýylda 2017-2022-nji ýyllar üçin Gyrgyzystan Respublikasynyň hökümeti tarapyndan "Kaýrylman" maksatnamasy kabul edildi.

Kaýrylmanlaryň köpüsi Özbegistandan, Täjigistandan we Hytaýdan gelýär, dolanyş migrantlaryň esasy göçýän ýerleri Çuý welaýaty, Bişkek we ýurduň günorta welaýatlarydyr. Kaýrylmanlaryň akymynda iş ukyply ýaşdaky adamlar agdyklyk edýär, çagalaryň we garrylaryň paýy bolsa ujypsyzdyr. Jyns assimetriýasyna hem syn edilýär: aýallaryň agdyklyk etmegi bilen.[17] 1995-nji ýyldan bäri 50 müňden gowrak adam Gyrgyzystan Respublikasynyň raýatlygyny we “kaýrylman” statusyny aldy.

Etnik özbekleri taryhy watanyna gaýtarmak prossesinde hadysalar gyradeň däl dowam etdi. 1990-njy ýyllaryň başynda özbekler Özbegistana işjeň gaýdyp geldiler – olar immigrantlaryň umumy sanynyň 40%-ini tutdy; 2000-nji ýyllaryň başynda bu prosses haýallaşdy – etniki özbekleriň paýy immigrantlaryň bary-ýogy 17-19%-inden ybarat boldy. 2010-njy ýyllarda bu görkeziji ýene-de ýokarlandy we käbir ýyllarda 35-40%-e baryp ýetdi.

Şeýlelik bilen, Merkezi Aziýa ýurtlarynda dolanyş migrasiýasynyň birnäçe görnüşi ösdi: mejbury däl ýagdaýda meýletin gaýdyp gelmek – zähmet we bilim migrantlary üçin häsiýetlidir; meýletin-hökmany gaýdyp gelmek – migrantlaryň ýurtda bolmaga rugsat berlen möhleti gutaranda, olara gaçybatalga berilmeýär ýa-da başga sebäplere görä ýurtda bolup bilmeýärler, şonuň üçin öz islegleri bilen watanyna gaýdyp gelmek karary kabul edilýär; meýletin däl gaýdyp gelmek, ýagny kabul edýän ýurduň häkimiýetleriniň buýrugy bilen deportasiýa edilmegidir. Gazagystanda we Gyrgyzystanda etniki gyrgyz – “kaýrylmanlaryň”, etniki gazak – “oralmanlaryň” gaýdyp gelmek baradaky döwlet maksatnamasynyň kömegi bilen dolanyş migrasiýasy amala aşyrylýar.

[17] HMG, “Gyrgyzystan – giňeldilen migrasiýa tertibi”. Bişkek. 2018. S. 51-53.

## Synag soraglary:

1. Dolanyş migrasiýasy nämani aňladýar? Dolanyş migrasiýasynyň haýsy görnüşlerini bilýärsiňiz?
2. Meýletin gaýdyp gelmegiň öňüni alýan ýagdaýlary häsiýetlendiriň.
3. Ýurduňyzda gaýdyp gelýän köp sanly migrantlary kabul etmek zerurlygy barmy?
4. Ýurduňyzda dolanyş migrasiýasynyň netijeleri nähili?
5. Dolanyş migrasiýasyny kadalaşdyrmagyň çäginde ýurduňyzyň hökümeti kim bilen hyzmatdaşlyk edýär?
6. Migrantlaryň, migrantlaryň özleriniň, şeýle hem migrantlaryň gelip çykyş ýurtlarynyň yzyna gaýdyp gelmegini amala aşyrýan döwletleriň umumy bähbitleri nämeden ybarat?
7. Migrantlary yzyna gaýtarmak prossesiniň ygtybarlylygyny we netijeliligini ýokarlandyrmak üçin nähili çäreleri görmeli?
8. Mejbury dolanyş migrasiýasynyň haýsy görnüşlerini bilýärsiňiz? Olary gysgaça häsiýetlendiriň we ýurduňyzyň tejribesinden mysallar beriň.

## Amaly okuw:

*"Siz öňki migrant" atly rolly oýun.*

Oýunyň maksady: diňleýjileriň tejribesini ulanmak bilen, migrasiýa sebäplerini, gaýdyp gelmegiň sebäplerini, migrantlaryň mümkin bolan meselelerini, migrasiýa we gaýdyp geliş şertlerini gowulandyrmak üçin zerur ädimleri derňäň.

Mugallym diňleýjilerden auditoriýada öňki işçi migrant bolan diňleýjileriň bardygyny ýa-da ýokdugyny soraýar. Eger siz Merkezi Aziýada bolsaňyz, adatça, diňleýjileriň arasynda migrasiýa tejribesi bolan adamlar hökman bolar, bolmasaňyz, meýletinçilerden migrantlaryň "roluny oýnamagyny" haýyş ediň. Soňra mugallym yzygiderli soraglar berýär. Soraglaryň kesgitlemesi mugallyma we auditoriýa bagly bolup durýar. Ine, iň köp ýaýran umumy soraglaryň käbirleri:

- Zähmet migrasiýasynda näçe wagt sarp etdiňiz?
- Näçe çalt iş tapdyňyz? Bu iş hünäriňize görä iş boldymy?
- Öýüňize gaýdyp baranyňyzda näçe çalt iş tapdyňyz?
- Zähmet migrasiýasy size nähili oňyn tejribe getirdi? Bu tejribäni ulanýarsyňyzmy?
- Zähmet migrasiýasynda bolanyňyzda nähili kynçylyklara uçradyňyz?
- Gaýdyp geleniňizde nähili kynçylyklara uçradyňyz? (Jogaplar, migrasiýada az wagt bolanlar bilen migrasiýada ep-esli wagt bolanlaryň arasynda üýtgäp biljekdigini ýadyňyzdan çykarmaň.)

## Gerekli edebiýat:


1. Täjigistan Respublikasynyň işçi migrantlarynyň gaýdyp gelmeginiň durmuş-ykdysady meseleleriniň derňewi. "Innowasion ösüş merkezi" jemgyýetçilik guramasynyň gözlegleriniň netijeleri. Duşanbe: 2018. 69 s. [Giriş tertibi:http://mehnat.tj/nii/ru/2018/12/23/2018г-анализ-социально-экономических-проблем].
2. Merkezi Aziýada dolanyş migrasiýasy we çagyrmalar: 2017-nji ýylyň töwekgelçilik seljerişi. Almaty: HMG-Gazagystan. 2017. 68 s.
3. Migrasiýany dolandyrmagyň esaslary. Wezipeli işgärler we amalyýetçiler üçin gollanma. HMG. 2006.
4. Tiýeme S. Nirä dolanmaly? Içerki we daşarky zähmet migrasiýasynyň şertlerinde oba we şäher gatnaşyklary. Analitik bellik. Merkezi Aziýadaky Amerikan uniwersitetiniň Jemgyýetçilik gözleg merkezi Bişkek. [Giriş tertibi: https://auca.kg/uploads/Migration_Database/Susan_rus.pdf].
5. Merkezi Aziýada migrantlaryň gowşaklygy we integrasiýa zerurlyklary: migrant we jemgyýet zerurlyklaryna baha bermek we töwekgelçilikleri dolandyrmak. Astana: MHG. 2017. 48 s. [Giriş tertibi: https://bit.ly/3c4OsoA].


## Goşmaça edebiýat:


1. Abaşin S. Merkezi Aziýadan migrasiýa: Amallar, ýerli bileleşikler, transmillilik. Russiýanyň syýasaty we hukugy. Tom 51. № 3. Maý-iýun 2013. S. 6-20.
2. Azimowa M., Mahmadbekow M., Raimdodow U. we başg. Täjigystan Respublikasynda durmuş taýdan we zähmet gatnaşyklar gurluşunda zähmet migrasiýasy. Duşanbe: 2016. 163 s. [Giriş tertibi: www.rtsu.tj/upload/files/data3/Монография_ТРУДОВАЯ%20МИГРАЦИЯ.pdf].
3. Britwina I.B. Migrant sosial işiniň obýekti hökmünde: Okuw kitaby. Kurgan: Kurgan döwlet uniwersitetiniň neşirýaty. 248 s.
4. Ikromow D.Z. Merkezi Aziýa ýurtlaryndan halkara zähmet migrasiýasynyň Russiýanyň sosial-ykdysady ösüşine täsiri: ykdysadyýet ylymlarynyň kandidaty diýen alymlyk derejesini almaklyk üçin dissertasiýa: 08.00.14. Sankt-Peterburg. 2017. 207 s.
5. HMG, "Gyrgyzystan – giňeldilen migrasiýa tertibi". Bişkek, 2018. 152 s. [Giriş tertibi: https://iom.kg/wp-content/uploads/2011/07/Migration-Profile-2018-in-Russian.pdf].
6. Tebigaty boýunça migrant. Indi kim Russiýa işlemäge gidýär. Коммерсантъ. 12.08.2017 [Giriş tertibi: www.kommersant.ru/doc/3380376].
7. Mukomel W.I. Diaspora – Täjigistan üçin ösüş hyzmatdaşydyr. Duşanbe. 2014. 147 s. [Giriş tertibi: www.iom.tj/files/ru_Diaspora_research_tajikistan.pdf].
8. Täjigistan Respublikasyndaky zähmet bazary. Duşanbe: Täjigistan Respublikasynyň Prezidentiniň ýanyndaky statistika baradaky agentlik. 2015.128 s.
9. Migrasiýa pudagynda terminologiýa gollanmasy. 2-nji neşir. HMG. 2011. 98 s. [Giriş tertibi: https://publications.iom.int/system/files/pdf/iml_2_rus.pdf].

10. Täjigistan: öý hojalygynyň satyn alyş kuwwatynyň düýpgöter peselmegi bilen ykdysady ösüşiň ortaça haýallamagy. Täjigistanyň ykdysady ösüşi hakynda hasabat. Duşanbe: 2015. № 2. 30 s. [Giriş tertibi: www.vsemirnyjbank.org/ru/country/tajikistan/publication/economic-update-fall-2015.print].

11. Toşow A.R. Ykdysady özgeriş şertlerinde Täjigistan Respublikasynyň ilatynyň iş üpjünçiligi we zähmet migrasiýasy: ykdysadyýet ylymlaryň kandidatynyň bäsdeşlik üçin dissertasiýa: 08.00.14. M. 2015. 158 s.

12. Çernow A.S. Zähmet migrasiýasynyň sebitdäki zähmet bazaryna täsiri. Вестник МГТУ. T. 15. № 1. 2012. S. 245-249.

13. Çobanýan A. Dolanyş migrasiýasy we reintegrasiýa meseleleri: Ermenistan. CARIM-East RR 2013/04. Florence: European University Institute. Robert Schuman Centre for Advanced Studies. 2013. 26 c. [Giriş tertibi: https://cadmus.eui.eu/bitstream/handle/1814/27864/CARIM-East_RR-2013-04.pdf?sequence=1&isAllowed=y].

14. Kassarino J.-P. Nazary dolanyş migrasiýasy: Dolanyş migrantlarynyň gaýdyp gelmegine konseptual çemeleşme. Köp medeniýetli jemgyýetler boýunça halkara žurnaly, ÝUNESKO. 2004. № 6 (2). Pp.253-279.

15. Dolanyş migrasiýasy: Beýik Britaniýadan nazaryýet we empirik subutnamalar. Kristian Dustmann we Ýoram Weiss. Iňlis senagat gatnaşyklary žurnaly. 2007-nji ýylyň 2-nji iýuny. Pp. 236-256.




Täjigistanyň raýatlary, zähmet migrasiýasyna ugramak bilen, HMG tarapyndan Duşenbe şäheriniň howa menzilinde guralan göçme laboratoriýalarda lukmançylyk barlagyndan geçýärler. Aksiýa Halkara migrantlaryň gününe bagyşlanan.

Surat: HMG Täjigistan, 2017

# 3.3. Merkezi Aziýa ýurtlarynyň sebit ösüşine dolanyş migrasiýasynyň ykdysady we durmuş-demografiki goşandy we mümkinçiligi

***Mazmuny.*** *Migrantlaryň Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we kabul edýän ýurtlaryň durmuş-ykdysady ösüşine goşandy. Dolanyş migrantlaryň ilat sanynyň, zähmet resurslarynyň we ilatyň käbir durmuş-demografiki toparlarynyň köpelmegine goşandy. Merkezi Aziýa ýurtlarynda ýerli we sebit derejesinde gaýdyp gelýän migrantlaryň mümkinçiliklerinden peýdalanmak. Merkezi Aziýada gaýdyp gelen migrantlaryň iş üpjünçilik ugurlary. Merkezi Aziýa ýurtlarynda dolanyş migrantlaryň telekeçilik mümkinçiliklerini durmuşa geçirmek görnüşleri. Dolanyş migrantlary tarapyndan açylýan biznesleriň we kärhanalaryň görnüşleri. Dolanyş migrantlary tarapyndan getirilen täze tehnologiýalar. Dolanyş migrantlary tarapyndan ýa-da dolanyş migrantlary üçin döredilen infrastruktura desgalary. Pul tygşytlamalary we olaryň Merkezi Aziýa ýurtlaryndaky dolanyş migrantlarynyň reintegrasiýasyndaky roly.*

BMGÖM we ÝÖB tarapyndan geçirilen seljeriş belliginde “häzirki wagtda dünýäde iň uly halkara zähmet migrasiýasy akymlaryny we degişli pul geçirimleri GDA-nyň çäginde, Russiýa Federasiýasy bilen Merkezi Aziýanyň baýlygy az bolan ýurtlarynyň arasynda bolup geçýär”.[1] 2000-nji ýyllarda amatly daşky konýunkturanyň kömegi bilen Russiýanyň ykdysadyýeti çalt depginde ösdi. Ykdysadyýetiň durnukly ösüşini üpjün etmek üçin arzan zähmet resurslary talap edilýärdi. Rus iş berijileri uly býurokratik we korrupsiýa faktorlary bilen ýüzbe-ýüz bolup, ýerli işgärlere ýokary aýlyk töläp bilmediler. Kyn iş şertleri we pes aýlyk ýerli ilaty ykdysadyýetiň käbir pudaklaryndan çykardy. Bu bolsa öz gezeginde Russiýanyň ykdysadyýetini esasan Merkezi Aziýa ýurtlaryndan daşary ýurt migrant işçi güýjüne garaşly etdi. Bu esasanam gurluşykda aýdyň görünýär.[2]

5. 5. Ýewraziýa Ykdysady Bileleşigi baradaky şertnama (Astana şäherinde 2014-nji ýylyň 29-njy maýynda gol çekildi; 2018-nji ýylyň 15-nji martynda düzediş girizildi) [Giriş tertibi: www.consultant.ru/document/cons_doc_LAW_163855].
6. Migrantlaryň mynasyp we netijeli işe girmeginiň elýeterligine gözegçilik etmek. Doklad. – Astana, 2018. [Giriş tertibi: https://redcrescent.kz/wp-content/uploads/2018/10/Doklad-po-dostupu-migrantov-k-dostojnomu-effektirnomu-trudoustrojstvu-Krasnyj-Polumesyats-RK.pdf или https://kkassiyet.files.wordpress.com/2019/02/reportaccesstolabour2018redcrescent.pdf].

7. Mukomel W.I. Russiýada migrantlaryň uýgunlaşmagy, integrasiýasy we reintegrasiýasy//Russiýada migrasiýa: XXI asyryň ilkinji onýyllygy. Hrestomatiýa 3 j. /. I.S. Iwanowyň redaksiýasy M.: Russiýanyň halkara işler boýunça geňeşi, 2013. T. I. 2. B. S. 692 – 702.

8. Mukomel W.I. Russiýada migrantlary integrasiýa syýasaty: kynçylyklary, mümkinçilikleri, töwekgelçilikleri: iş kitaby.; Baş red. I.S. Iwanow; Russiýanyň Halkara işler boýunça geňeşi (РСМД). M.: Спецкнига, 2013. 34 с.

9. Täjigystan Respublikasynda durmuş taýdan we zähmet gatnaşyklar gurluşunda zähmet migrasiýasy. Duşanbe, 2016. 163 с. [Giriş tertibi: www.rtsu.tj/upload/files/data3/Монография_ТРУДОВАЯ%20МИГРАЦИЯ.pdf].

10. Tiýeme S. Nirä dolanmaly? Içerki we daşarky zähmet migrasiýasynyň şertlerinde oba we şäher gatnaşyklary. Analitik bellik. MAAU jemgyýetçilik gözleg merkezi. [Giriş tertibi: https://auca.kg/uploads/Migration_Database/Susan_rus.pdf].

11. Gazagystanda zähmet migrantlary: statussyz we hukuksyz. Sentýabr, 2016 [Giriş tertibi: www.fidh.org/IMG/pdf/note_kazakhstan_681r_6_sept_2016_ru_web.pdf].

12. Öýe tarap kyn ýol: Pamir gyrgyzlarynyň gaýdyp gelmegi. "Mir-24" Habarlar gullugy. 2018-nji ýylyň 8-nji apreli [Giriş tertibi: https://mir24.tv/articles/16299948/trudnaya-doroga-domoi].

13. Integration: The Role of Communities, Institutions, and the State// Migration Policy Institute. [Giriş tertibi: www.migrationpolicy.org/article/integration-role-communities-institutions-and-state].

## Wideosýužetler:

1. Watanymyza gideris – Pamir gyrgyzlary nämeden nägile bolýarlar? Sputnik Gyrgyzystan. 2018-nji ýylyň 13-nji iýuly [Giriş tertibi: https://ru.sputnik.kg/video/20180710/1040104513/kyrgyzstan-pamirskie-kyrgyzy-video-zhizn.html].

2. Migrantlaryň integrasiýa meselesini medeniýetleşdirmek – W. Malahow [Giriş tertibi: www.youtube.com/watch?v=P7dPH-Ut_Os].

# 3.5. Merkezi Aziýa ýurtlaryna Dolanyş migrasiýasynyň kuwwatly çeşmesi, diasporalar bolup durýar.

*Mazmuny. Diaspora düşünjesi we onuň görnüşleri Daşary ýurtlarda ýaşaýan Merkezi Aziýa ýurtlaryndan bolan diasporalaryň göçmegi we durmuş-demografiki gurluşy: esasy ýurtlar, sany, durmuş-demografikigurluşy. Diasporalaryň watanlary bilen aragatnaşygynyň görnüşleri. Diasporalaryň öz watanlary bilen özara gatnaşyklarynyň ykdysady taraplary. Diasporalaryň Merkezi Aziýa ýurtlaryna pul geçirimleri. Diasporanyň öz watany bilen jemgyýetçilik-medeni arabaglanyşygy. Diasporalaryň wekilleriniň dogduk mekanyna gaýdyp gelmegi boýunça migrasiýa babatda görkezmeler. Mümkin bolan dolanýan migrantlaryň sanynyň we durmuş-demografiki toparlarynyň takmynan çaklamalary.*

Grek dilinden “diaspora” sözi “ýaýrama” diýmegi, bu sözüň özi bolsa watanynda ýaşamaýan adamlaryň bir bölegini aňladýar. Ilkibaşda "diaspora” adalgasy "ýewreýleriň biziň eýýamymyzdan öň VI asyrda Palestina sebitleriniň daşynda Wawilon ýesirliginden göçürilmegi" hökmünde garalýar. Britan ensiklopediýasynda bu düşünje ýewreý taryhynyň täsiri arkaly düşündirilýär. Bu ýagdaýda ýewreý diasporasy beýleki ähli halklaryň ýaýramasynyň “diaspora” adalgasyna laýyk gelýändiklerini barlamak üçin başlangyç nokadyna öwrülýär.[1]

Ýewreýleriň we beýleki halklaryň Wawilon ýesirliginden azat edilenden we olaryň Kir imperiýasynyň hemme ýerinde ýaýramagyndan soň, hereketi tutuş Ahamenidler imperiýasyny öz içine alýan Manifest kabul edildi (bu dünýäde adam hukuklarynyň ilkinji Jarnamasy hasaplanyp bilner). Beýik Kiriň adyndan bu resminamanyň VI bendi: *“Men ähli halklaryň uýýan dinini we däp-dessurlaryny saýlap almakda erkindigini, ýaşaýan ýerini saýlamaga hukugynyň bardygyny, wepaly bolan islendik ybadat görnüşini saýlap almaga hukugynyň bardygyny, islän hünäri we işini saýlap almakda, ýöne diňe beýleki adamlaryň hukuklaryny bozmazlyk ýa-da kemsitmezlik şerti bilen, erkindigini yglan edýärin."*[2]

Häzirki wagtda diaspora diýip gelip çykan ýurduň daşynda ýaşaýan islendik etniki toparlary atlandyrýarlar. Bu adalganyň täze düşündirilmegine we has giňişleýin düşündirilmegine sebäp boldy we ýörite edebiýatlarda "täze ýa-da häzirki zaman diasporasy" jümlesi ulanylyp başlandy. ***Diaspora*** *– bu taryhy watanynyň daşynda (ýa-da halkynyň çäginden daşarda) daşary ýurt etniki gurşawda ýaşaýan we bu jemgyýetiň ösüşi we işlemegi üçin jemgyýetçilik guramalaryna eýe bolan, bir etnik gelip çykyşy bolan durnukly jemgyýetdir.*[3]

Diaspora meselelerini öwrenmegiň we düşündirmegiň ýerlikli migrasiýa meseleleri bilen bilelikde ähmiýetiniň aşakdaky konseptual netijelere degişlidigini aýratyn bellemelidiris:

---

[1] Kondratýewa T.S. Häzirki zaman dünýäsindäki diasporalar: hadysalaryň we düşünjeleriň ewolýusiýasy // Geljegi. Taryhy geljegiň gaznasynyň barlag we analitika merkezi. 2010. [Giriş tertibi: www.perspektivy.info/srez/etnos/diaspory_v_sovremennom_mire_evolucija_javlenija_i_ponatija_2010-02-27.htm].

[2] Sadizoda J., Fayzizoda, N. Beýik Kiriň Jarnamasy we Erkinligiň beýik hartiýasy: meňzeşlikler we tapawutlar // Hukuk durmuşy. 2015. № (10) S. 74-88.

[3] Toşçenko Z.T., Çaptykowa T.I. Diaspora sosiologiki barlaglaryň obýekti hökmünde // Sos. 1996. №12. S. 37.

Birinjiden, diaspora we diasporizasiýa prossesi migrasiýanyň çuňňur taryhy kökleriniň bardygyny we asyrlar boýy adamzat jemgyýetindäki kanuny hadysa bolandygyny görkezýär.

Ikinjiden, belli bir migrasiýa prosessleriniň netijesi hökmünde diaspora özüni diýseň oňyn tarapdan görkezdi we bu prosesiň diňe güýçlendirilip bilinjekdigi sebäpli, bu sosial hadysany migrasiýa bilen bilelikde oýlanşykly dolandyrmak üçin ylmy derňewiň we ylmy düşündirişiň derwaýyslygyny şertlendirýär.

Üçünjiden, belli bir migrasiýa prosessleriniň netijesinde diaspora migrantlar bilen watanlarynyň arasynda, şeýle hem donor ýurt bilen kabul edýän ýurduň arasynda köpri bolup hyzmat edip, dolanyş migrasiýa mehanizmleriniň üstünlikli durmuşa geçirilmegine goşant goşýar.

Dördünjiden, uly migrasiýa akymlarynyň netijesinde diasporizasiýa prossesi ösüp biler, şonuň üçin bu prosesleri düzgünleşdirmek we kriminallaşdyrylmagynyň öňüni almak üçin ýörite we kämil mehanizmi işläp düzmek zerurlygy ýüze çykýär. Diýmek, dolanyş migrasiýasy meseleleri diasporalaryň işleri bilen bilelikde çözülmelidir, sebäbi olar migrantlaryň meýletin gaýdyp gelmegine ýardam edip bilerler we bu düşünjäni durmuşa geçirmekde maliýe kömegini üpjün edip bilerler.

Bäşinjiden, soňky onýyllyklarda diasporizasiýa prossesi özboluşly öwüşgine eýe bolýar we häzirki zaman dünýäsiniň ähli ýurtlarynda diýen ýaly gözegçilik edilýär, ýöne kadalaşdyryjy mehanizm ýok halatynda bu prosses käbir ýaramaz netijelere sebäp bolup biler.

Şunuň bilen baglylykda, biz adamzat taryhynda diasporalaryň emele gelmegi we häzirki zaman dünýäsinde bu prossesiň ösüşi barada käbir maglumatlary bermegi zerur hasapladyk.

Diaspora üçin onuň jemgyýetçilik wezipesi – diaspora agzalarynyň sosial goragy, hukuklaryny goramak, Adam hukuklary jarnamasyna laýyklykda kepillikleriň we üpjünçiliginiň alynmagy boýunça iş aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Soňky döwürde diasporanyň bähbitlerini öňe sürmek görnüşinde, şeýle hem diasporanyň goşmaça hukuklary we kepillikleri ele almak üçin alyp barýan dürli çäreler görnüşinde ýüze çykýan syýasy wezipesi barha uly ähmiýete eýe bolup başlady.

Iňlis sosiology R. Koen diasporalaryň dört görnüşini kesgitleýär: pida diasporalary (ýewreýler, afrikaly, ermeni, palestinaly), zähmet diasporasy (hindi), söwda (hytaý) we imperiýa (iňlis, fransuz, ispan, portugal).[4]

Barlagçy G. Şeffer diasporalaryň aşakdaky görnüşlerini tapawutlandyrýar: çuňňur taryhy kökleri bolan diasporalar (muňa ermeni, ýewreý we hytaý diasporalary degişli); "ukydaky" diasporalar (Ýewropadaky we Aziýadaky amerikalylar we Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndaky skandinawlar); "ýaş" diasporalar (olar grekler, polýaklar we türkler tarapyndan emele getirilýär); "täze döreýän", ýagny diňe başlangyç döwründe (olary koreýler, filippinliler we öňki Sowet respublikalaryndaky ruslar emele getirip başlaýarlar); "öýsüzler", ýagny öz döwleti bolmadyk (kürtleriň we sygan diasporalary bu kategoriýa girýär); "etniki milli" diasporanyň iň ýaýran görnüşidir; "dagynyk" diasporalar we ykjam ýaşaýan diasporalar.[5]

---

4 Kondratýewa T.S. Häzirki zaman dünýäsindäki diasporalar: hadysalaryň we düşünjeleriň ewolýusiýasy // Geljegi. Taryhy geljegiň gaznasynyň barlag we analitika merkezi. 2010. [Giriş tertibi: www.perspektivy.info/srez/etnos/diaspory_v_sovremennom_mire_evolucija_javlenija_i_ponatija_2010-02-27.htm].

5 Şeffer G. Dünýä syýasatynda diasporalar // Diasporalar. 2003. № 1. S. 165.

Diasporanyň watanlary bilen ykdysady we jemgyýetçilik-medeni arabaglanyşygy, ilkinji nobatda, diasporalaryň häzirki wagtda migrantlary, şol sanda zähmet migrantlaryny meýletin yzyna gaýtarmak we birleşdirmek proseduralarynyň we maksatnamalarynyň ýerine ýetirilmeginde möhüm orun eýelemeginden ybaratdyr we bu amal öz içine aşakdakylary alýar: kabul edýän ýurtda migrantlara hemaýat we goldaw bermek; kabul edýän ýurtda migrantlar üçin uýgunlaşma gurşawyny döretmek; gelip çykyş ýurdy bilen aragatnaşygy saklamak; migrantlaryň gelip çykyş ýurduna dolanyp gelmegine kömek bermek.

Halkara derejesinde diasporalaryň gelip çykyş we ýaşaýan ýurtlarynyň ösüşine goşýan goşandyny öwrenmek boýunça tagallalar barha işjeňleşdirilýär. 2013-nji ýylda diasporalar boýunça ilkinji ýokary derejeli MHG derejesinde gepleşikler geçirildi. Dünýäniň dürli künjeklerinden 55 ministr hem-de ministr derejesindäki wezipeli işgärleri iki günläp, diasporalaryň barha globallaşmagy we olaryň ösüşe goşýan goşandy bilen baglanyşykly meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar. Gatnaşyjylar öz ýurtlarynyň şertlerine we zerurlyklaryna laýyk gelýän diasporalar bilen özara gatnaşyklar üçin syýasaty we maksatnamalary işläp düzmek we durmuşa geçirmek üçin esas hökmünde syýasy we institusional borçnamalary nädip güýçlendirip boljakdygy barada pikir alyşmagy başardylar.

Gelip çykyş ýurtlarynda diaspora jemgyýetlerini çekmek MHG-nyň işiniň möhüm tarapydyr. Daşary ýurt diaspora jemgyýetleriniň ençeme agzalary gelip çykyş ýurdy bilen baglanyşykly bolmagynda galýar. Olar öz täze ýurduna goşant goşýarlar, ýöne gelip çykyş ýurdunyň ösüşine hem täsirli gatnaşyjylar bolup bilýärler. Migrasiýa we ösüş pudagyndaky MHG taslamalary gelip çykyş ýurtlaryny dikeltmek we ösdürmek üçin bilimleri we başarnyklary alyşmaga gönükdirilendir. MHG gelip çykyş ýurtlarynda bilim boýunça alyşmaklygyň esasynda daşary ýurtdaky diaspora jemgyýetleriniň wagtlaýyn bellenilmegini üpjün edýän maksatnamalar bilen işlemekde 30 ýyldan gowrak tejribe toplady. Hususan-da, Niderlandlarda HMG 2004-nji ýyldan bäri Ganadaky saglyk taslamasy (MIDA Gana saglygy), Cape Verde diasporasynyň gatnaşmagy (Dias de Cabo Verde), Günbatar Balkanlarda Ösüş üçin Migrasiýa (MIDWEB) we 2006-njy ýyldan bäri hünär derejeli raýatlaryň wagtlaýyn dolanmagynyň üç tapgyry (TRQN) ýaly migrasiýa we ösüş ugrundaky taslamalary durmuşa geçirmekde alnan gowy netijelere daýanýar.

HMG we Migrasiýa syýasaty instituty (MPI) "Diasporalary ösüş prossesine çekmegiň ýol kartasy" taslamasy syýasaty işläp düzüjilere we taslamalary durmuşa geçirýän işgärlere hökümet başlangyçlarynyň häzirki ýagdaýy barada amaly gollanma hödürleýär. Gollanma hakyky dünýä wakalaryna esaslanýan durmuşa geçirip boljak syýasatlaryň we maksatnamalaýyn wezipeleriň saýlama sanawyny hödürleýär.[6]

Köp ýurtlaryň hökümetleri gelip çykyş ýurtlary bilen diaspora gatnaşyklaryna barha uly ähmiýet berýärler we olar bilen hyzmatdaşlyk etmegiň ýollaryny gözleýärler. Diasporalaryň wekilleriniň watanyna iberýän pul geçirimlerinden (2010-njy ýylda 400 milliard dollardan gowrak) başga-da, olar möhüm we ösýän pudaklara esasy gönüden-göni maýa goýujylar, täze döreýän syýahatçylyk başlangyçlarynyň howandarlary we sahy haýyr-sahawatçylardyr. Syýasatçylaryň öňünde duran

---

[6] Ösüş meýilnamalaşdyrylyşynyň barşynda migrasiýa meseleleriniň hasaba alnyşy: direktiw edaralar we işgärler üçin gollanma. MOM (Mainstreaming Migration into Development Planning: A Handbook for Policy-makers and Practitioners. IOM. Global Migration Group.) 2010. 152 b. [Giriş tertibi: https://publications.iom.int/es/books/mainstreaming-migration-development-planning-handbook-policy-makers-and-practitioners].

mesele diňe bir diasporalaryň gelip çykyş ýurtlaryna peýdaly bolup biljekdigi ýa-da däldigi bolman, eýsem muny nädip amala aşyrýandyklary we döwlet syýasatlarynyň we maksatnamalarynyň haýsy görnüşleriniň şeýle gatnaşyklaryň ösmegine goşant goşup biljekdigidir.

### Mysal 3.5.1. **Azerbaýjan diasporasy bilen işlemekde Azerbaýjanyň tejribesi**

Azerbaýjanda diaspora bilen işleşmek baradaky Döwlet komiteti döredildi. Komitetiň iş ugrunyň beýleki çäreleriniň arasynda, daşary ýurtlarda ýaşaýan azerbaýjanlylary, şeýle hem olar tarapyndan döredilen diaspora guramalaryny, şol sanda Azerbaýjan bilen dostlukly halklaryň diasporalaryny Azerbaýjan Respublikasynyň döwlet garaşsyzlygyny we özygtyýarlylygyny goramaklyga we berkitmeklige, ýurduň ykdysady, durmuş we medeni ösüşine gatnaşmaga, jemgyýetiň we döwletiň syýasy durmuşynda, şeýle hem Azerbaýjan Respublikasynyň beýleki ýurtlar bilen özara peýdaly gatnaşyklaryny ösdürmäge we gurmaga gatnaşmaga çekmek ýaly işleri bar. Döwlet komitetiniň wezipe-borçlarynyň hataryna: daşary ýurtlarda ýaşaýan watandaşlary Azerbaýjan Respublikasyndaky ykdysady özgertmelere işjeň çekmek, Azerbaýjan ykdysadyýetine maýa goýmak üçin amatly şertleri we ýurtda telekeçilik işini erkin alyp barmak mümkinçiligini döretmek, daşary ýurtlarda ýaşaýan azerbaýjanlylara Azerbaýjan Respublikasy bilen gatnaşyklary ýola goýmakda we ösdürmekde, döredilen jemgyýetçilik, medeni we beýleki birleşiklere özara gatnaşyklary ýola goýmaga kömek bermek.[7]

**Gazak diasporasy.**Döwlet garaşsyzlygyny alandan soň, Gazagystan Bütindünýä Gazaklar Assosiasiýasynyň (BGA) maglumatlaryna görä, daşary ýurtlarda ýaşaýan 5 milliondan gowrak gazak diasporasy babatdaky syýasatyny alyp barmaklyga başlady. Häzirki wagtda gazaklar 44 döwletde ýaşaýarlar, esasy bölegi – Hytaýda (1,5 million), Özbegistanda (1,5 million) we Russiýa Federasiýasynda (800 müň). GDA-nyň beýleki ýurtlarynda-da 187 müň, Mongoliýada – 83 müň, Owganystanda – 30 müň, Türkiýe bilen Eýranyň hersinde – 10 müň, Kanadada – 7 müň, Päkistanda – 5 müň, Germaniýa bilen Fransiýanyň hersinde – 2 müň, Amerikanyň Birleşen Ştatlary bilen Saud Arabystanyň hersinde – 1 müň, Awstraliýada – 900, Awstriýada – 700, Argentinada – 500, Beýik Britaniýada – 300, Şwesiýa bilen Iordaniýada – 200, Ysraýyl bilen Siriýanyň hersinde – 100, Şweýsariýada, Niderlandlarda, Norwegiýada, Marokkoda, Müsürde, Belgiýada, Taýwanda – 100 adamdan az.[8]

Bütinrussiýa Ilat ýazuwynyň (2010) maglumatlaryna görä, Russiýa Federasiýasynyň 21 subýektindäki gazaklaryň sany 648 müň adama barabar boldy. Ilat ýazuwynyň ilata kembaha garalandygyny nazara alsaň, Russiýa Federasiýasyndaky gazaklaryň hakyky sany 800 müňden 1,5 milliona çenli bolup biler. Gazaklar Russiýa Federasiýasynda tatarlardan, başgyrtlardan we çuwaşlardan soň dördünji türki dilli halk we ýurtdaky ähli etniki toparlaryň arasynda onunjydyr. Gazak diasporasynyň ýygjam ýaşaýan ýerleri Gazagystan Respublikasy bilen serhetleşýän sebitlerdir: Astrahan – 149 müň, Orenburg – 120 müň, Omsk – 78 müň, Saratow – 76 müň, Wolgograd – 76 müň, Çelýabinsk – 35 müň, Týumen – 19 müň, Moskwa we Moskwa oblasty – 13 müň adam.

Daşary ýurtlarda ýaşaýan gazaklar Gazagystan Respublikasynyň milli syýasatynyň obýektlerinden biridir. Gazagystanyň diasporasynyň taryhy we häzirki zaman meselelerini öwrenmek Gazagystanyň

---

[7] Azerbaýjan Respublikasynyň diaspora bilen işleşmek baradaky döwlet komiteti hakyndaky düzgünnama [Giriş tertibi: http://diaspor.gov.az/ru/esasname].

[8] Gazak diasporasy [Giriş tertibi: https://e-history.kz/ru/scorm/course/434].

milli bähbitleri nukdaýnazary jähtden derwaýysdyr. Halkyň sosial-psihologiki, fiziologiki we dünýägaraýyş ukyplaryna täsir eden çarwa durmuş ýoly bilen genetiki taýdan emele gelen ajaýyp uýgunlaşma ukyby sebäpli, köp etnik, köp medeniýetli we köp dini gurluşy bolan ýurtlarda üstünlikli işlemegi gazak diasporasynyň häsiýetli aýratynlygydyr.

Häzirki zaman gazak diasporasy üçin iki tapgyr mahsus: etniki aýratynlygy saklamak we Gazagystana gaýdyp gelmek. Gazak diasporasynyň wekilleri birnäçe ölçüt boýunça etnik aýratynlygyny saklanandygyny bellemek bolar: nikanyň we maşgalanyň, etnik jemgyýetleriň we milli mekdepleriň bolmagy, gazak diliniň gorap saklanylmagy we ulanylmagy. Gazak diasporasynyň häsiýetli aýratynlyklaryndan biri hem, olar şäherleşen gurşawda ýaşaýarlar.

1991-nji ýyla çenli daşary ýurtdaky gazaklaryň az sanlydygy we gazaklaryň türk birleşiklerine we beýleki etnik guramalara goşulmagy sebäpli guramalary ýokdy. Gazagystan Respublikasynyň garaşsyzlygy yglan edilenden soň ýagdaý üýtgedi. Bu, dünýäniň dürli ýurtlarynda gazak jemgyýetlerini döretmekde başlangyç nokat bolup hyzmat etdi, olaryň gatnaşyjylary häzirki wagtda yzygiderli duşuşýarlar, bilelikdäki medeni we sport çärelerini gurnaýarlar. Gazak diasporasynyň ösüş strategiýasy etnik şahsyýeti goramak pikirine esaslanýar. Gazak diasporasy gelip çykyşy boýunça üç ýurtdan emele gelýär: Gazagystan, Türkiýe we Hytaý, soňra bolsa bütin dünýä ýaýraýar. Dünýäniň dürli ýurtlarynda ýaşaýan gazaklar üçin üç dillilik has mahsusdyr: gazak dili, gelip çykyş ýurdunyň dili we ýaşaýan ýurdunyň dili.

Häzirki wagtda gazak diasporasy Gazagystan üçin esasan demografiki çeşmeleriň ätiýaçlygy, şeýle hem gazak halkynyň medeni mirasynyň saklaýjysydyr. Köp onýyllyklaryň dowamynda Gazagystanyň daşynda ýaşaýan gazak maşgalalary däp-dessurlaryny, urp-adatlaryny we dilini saklap geldiler. Bu ýerde gürrüň milli aňyýeti gorap saklamak babatda gidýär, sebäbi taryhy watandan uzakda bolsa-da, köp gazak diasporasynyň ýaşaýan ýurdunda beýleki milletlere siňip gitmek üçin köp mümkinçiligi bar. Bu ýagdaýdan çykmagyň ýoly ýa mekdeplerde çagalary ene dilinde okatmak ýa-da Gazagystana gaýdyp barmak bolup durýar. Gazak milletiniň wekilleriniň dil kynçylygy elipbiý bilen, has dogrusy üç dürli elipbiýi ulanmak bilen baglanyşykly: kiril, latyn we arap harplary. Hytaýda we Eýranda ýaşaýan gazaklar arap grafikasyny, türk gazaklary latyn elipbiýini, GDA ýurtlarynda ýaşaýan gazaklar kiril elipbiýini ulanýarlar. Uzak wagt bäri bar bolan bu hadysa, gazak diasporalarynyň arasynda we Gazagystandaky garyndaşlary bilen ýakynlaşma prossesini kynlaşdyrýar.

Daşary ýurtlarda ýaşaýan gazaklaryň köpüsi şu güne çenli umumy gazak halkynyň bir aýrylmaz bölegi bolmagynda galýar. Olar ene dilinde gürleýärler, milli däp-dessurlaryny we urp-adatlaryny berjaý edýärler, Gazagystany özleriniň taryhy watany diýip hasaplaýarlar. Käbir ýurtlarda gazaklaryň gür ýaşaýan ýerlerinde olar ene dilinde bilim alyp, milli medeniýetini we däp-dessurlaryny ösdürip bilerler. Netijede, diasporanyň wekilleri daşary ýurtlarda gazak medeniýetiniň, edebiýatynyň we sungatynyň baý gatlagyny emele getirmegi başarypdylar.[9]

Gazagystan Respublikasynyň daşary işler ministrligi daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalary we BGA arkaly daşary ýurtdaky watandaşlaryna medeni, ynsanperwer we amaly kömek berýär. Gazagystanyň we Russiýa Federasiýasynyň serhetýaka sebitleriniň arasyndaky medeni gatnaşyklar

[9] 1960-njy ýyllarda watandaşlaryň gaýdyp gelmegi. GDA ýurtlaryndaky gazaklar. №. 454 [Giriş tertibi: https://e-history.kz/ru/scorm/course/417].

işjeň ösýär. BGA we sebitleýin milli-medeni awtonomiýalar tarapyndan gurnalýan Russiýadaky gazaklaryň uly we kiçi gurultaýlary yzygiderli geçirilýär. Şeýle duşuşyklar Russiýa Federasiýasyndaky watandaşlaryň derwaýys meselelerini ara alyp maslahatlaşmak üçin pikir alyşma platformasy bolup hyzmat edýär. Russiýanyň sebitlerinde we şäherlerinde Gazagystanyň 50-den gowrak dürli milli-medeni we jemgyýetçilik birleşikleri işleýär, olaryň esasy wezipeleri ene dilini, medeniýetini we däp-dessurlaryny gorap saklamak we ösdürmekdir.

Ilçihananyň, Gazagystan Respublikasynyň Baş konsullyklarynyň we Russiýa Federasiýasyndaky konsullyklarynyň arasynda watandaşlaryň jemgyýetçilik guramalary bilen gatnaşyklary ýola goýuldy we medeni we gumanitar ugurda bilelikdäki çäreler geçirilýär. Diplomatik wekilhanalaryň watandaşlar bilen gatnaşygyny kämilleşdirmek maksady bilen, her ýyl ýygnaklar gurnalýar, meseleleri dessin çözmek we bilelikdäki taslamalary ara alyp maslahatlaşmak üçin aýda bir gezek bilelikdäki onlaýn maslahatlar geçirilýär. Gazagystan Respublikasynyň Russiýa Federasiýasyndaky ilçihanasy tarapyndan Russiýa, taryhy we medeniýeti bilen baglanyşykly gazak halkynyň görnükli wekilleri barada täzelenen maglumatlary öz içine alýan iki jiltlik “Gazaklar Russiýada” neşiri çap edildi.[10]

Täjigistanyň çäginde gazak diasporasynyň sany dürli döwürlerde 70 müň adama ýetýärdi. SSSR-iň dargamagynyň öňüsyrasynda gazaklar Täjigistanda san taýdan dokuzynjy millet bolupdy. Köpçülikleýin göçmek 1990-njy ýyllarda raýat urşy, ýurduň syýasy we ykdysady durnuksyzlygy sebäpli ýüze çykypdy. Täjigistan bilen umumy serhedi bolmadyk Gazagystan takmynan 12 müň adamdan ybarat 2752 gazak maşgalasyny taryhy watanyna göçürmägi we ýerleşdirmegi başardy. Yza gaýdyp gelenleriň takmynan 95%-i Gazagystanyň günortasynda ýerleşdi. Häzirki wagtda Täjigistanda gazaklardan bary-ýogy 936 adam galdy, şolardan 350 adam Sogd oblastynda (37%), Hatlon oblastynda – 311 (34%), respublikan tabynlygyndaky dokuz raýonlarda – 87 adam (9%), Duşanbe şäherinde 185 adam (185 adam) 20%), Daglyk Badahşan awtonom oblastynda – diňe üç gazak ýaşaýar. Gazaklar täjik halkynyň medeniýetine hormat goýýarlar, täjik dilini öwrenýärler ýa-da bilýärler, Gazagystan bilen gatnaşyklary saklamaga çalyşýarlar. 2002-nji ýyldaky ilat ýazuwyna görä Täjigistandaky gazaklaryň 22% -i täjik dilini ene dili hasaplaýar ýa-da ony erkin bilýär. Gazaklaryň ähli milli jemgyýetleri bilen oňat aragatnaşygy sosial uýgunlaşmagyň ýeterlik derejede ýokarydygyna şaýatlyk edýär.

Öz içine Gazagystanda bolup geçýän wakalara goşulmak isleýän watançylary, höwesjeňleri, öňki mugallymlary, türgenleri, tälimçileri, psihologlary, lukmanlary, gözlegçileri birleşdirýän “Baýterek” gazak medeni merkezi diasporany jebisleşdirýär. “Baýteregiň» ýolbaşçysy Z. Saminowa, Täjigistan Respublikasynyň Prezidentiniň ýanyndaky Jemgyýetçilik Geňeşiniň agzasy. “Baýteregiň” işjeň agzasy, tanymal tälimçi M. Idirisow, 2011-nji ýylda Astanadaky Gazagystanyň IV Dünýä Gurultaýynyň wekili. A. Nuraliýewiň gazaklaryň Täjigistana göçmegi, olaryň iş we ykdysady işjeňligini, respublikanyň ösüşine goşan goşandy öwrenilen “Täjigistanyň gazaklary” atly kitaby taýýarlandy we neşir edildi.[11]

2018-nji ýylyň başynda Gyrgyzystanda 35 müňden gowrak etniki gazak ýaşaýardy. 2018-nji ýylyň 19-njy awgustynda Bişkekde Gyrgyzystanyň Gazaklar Assosiasiýasynyň adatdan daşary gurultaýy geçirildi. Gurultaýda Žogorku Keneşiň deputaty G.Asylbaýewa gazak diasporasynyň başlygy edilip saýlandy.

[10] Russiýadaky gazaklar: taryhy oçerk Gazagystan Respublikasynyň Russiýa Federasiýasyndaky ilçihanasy [Giriş tertibi:: https://kazembassy.ru/rus/diaspora/kazahi_v_rossii].

[11] Duşanbede “Täjigistanyň gazaklary” atly kitap neşir edildi [Giriş tertibi: http://theopenasia.net/articles/detail/v-dushanbe-vyshla-kniga-kazakhi-tadzhikistana].

Gyrgyzystanyň Gazaklar Assosiasiýasy Gyrgyzystanyň Halklarynyň Assambleýasynyň howandarlygynda işleýär. Garaşsyz Gyrgyzystanda gazak diasporasynyň ilkinji jemgyýeti 1992-nji ýylyň 22-nji maýynda “Otan” medeni merkezi ady bilen döredildi. 2010-njy ýylyň dekabrynda “Otan” medeni merkezi we “Alaş” Gazak jemgyýetçilik birleşigi Gyrgyzystanyň Gazaklar Assosiasiýasyna birleşdi.[12]

Gazaklaryň IV Bütindünýä Gurultaýynda döwlet baştutany, GBA prezidiumynyň başlygy N.Nazarbaýew alymlara daşary ýurtlarda gazak diasporasynyň taryhyny öwrenmek üçin ylmy gözlegleri geçirmegi tabşyrdy. 2013-nji ýylda Medeniýet we maglumat ministrliginiň howandarlygynda GBA Bilim we ylym ministrliginiň birnäçe ylmy institutlary bilen bilelikde "Gazak diasporasynyň döredijilik mümkinçiligi: taryhy we häzirki döwri" atly respublikan ylmy we amaly maslahaty geçirdi.

Gazagystanyň ýokary okuw jaýlarynda diaspora meselelerine üns berilýär. Mysal üçin, A. Baýtursynow adyndaky Kostanaý döwlet uniwersitetinde "Diaspora" ýörite kursy okadylýar.[13] Gazagystanda diasporadan bolan ýaşlaryň bilim almagy üçin şertler döredildi. 2018-nji ýylda Özbegistandan 12 müň çaga Gazagystana okamak üçin geldi, şolardan takmynan 5 müň etniki gazaklar.[14] 2019-njy ýylda beýleki ýurtlardan 4 müň gazak çagasy 20 sany Nazarbaýew intellektual mekdeplerinde halkara ülňülerine laýyk gelýän ösen bilim ulgamynda okar.

Gazagystan Respublikasynyň hökümetiniň karary bilen daşary ýurtdaky gazak diasporalaryna bilim almak, ene dilini öwrenmek we taryhy watany bilen medeni we ynsanperwerlik gatnaşyklaryny ösdürmek üçin täze mümkinçilikleriň döredilmegini göz öňünde tutýan 2018-2022-nji ýyllar üçin daşary ýurtdaky etniki gazaklary goldamak boýunça meýilnama tassyklandy.[15] Gazagystan Respublikasynyň Prezidentiniň görkezmesine laýyklykda 2017-nji ýylda GBA V Gurultaýynda "Otandastar" gaznasy döredildi. Guramanyň işi daşary ýurtlarda ýaşaýan watandaşlara, şeýle hem Gazagystana gelen etniki gazaklara goldaw bermeklige gönükdirilendir. Şol bir wagtyň özünde-de Gaznanyň esasy maksady taryhy watanyna gaýdyp gelen watandaşlara uýgunlaşmakda maglumat bermek, guramaçylyk we maslahat beriş kömegi bermekden, şeýle hem olaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goldamakdan ybaratdyr.

1992-nji ýylyň 29-njy sentýabrynda Almaatyda Gazaklaryň birinji dünýä gurultaýynyň karary bilen döredilen Gazaklaryň Bütindünýä Assosasiýasy “Alystaky agaýyn” filmleriniň bir toparyny döretdi. “Gazagystan” döwlet telewideniýe we radio korporasiýasy daşary ýurtly gazaklar barada (11 bölümden ybarat bolan) dokumental filmi surata düşürdi. Gazagystanyň Jemgyýetçilik ösüşi ministrliginiň howandarlygynda her ýyl daşary ýurtly gazaklaryň kiçi gurultaýy geçirilýär, olaryň maksady asyl medeniýeti, däp-dessurlary, urp-adatlary dikeltmek we ösdürmekdir.

"Otandastar" gaznasy Gazaklaryň Bütindünýä Assosasiýasy bilen bilelikde “Tugan žerge tagzym» atly giň gerimli taslamany – daşary ýurtlarda ýaşaýan watandaşlar üçin Gazagystanyň mukaddes ýerlerine taryhy-tanyşdyryş gezelençleriniň tapgyryny durmuşa geçirdi. 2018-nji ýylyň 20-21-nji noýabrynda taslamanyň ilkinji geçirilen gezelenji üçin türk dünýäsiniň ruhy paýtagty – Türküstan saýlanyp alyndy.

[12] Žogorku Keneşiň deputaty Gyrgyzystanda gazak diasporasyna ýolbaşçylyk etdi [Giriş tertibi: https://informburo.kz/novosti/deputat-zhogorku-kenesha-vozglavila-kazahskuyu-diasporu-v-kyrgyzstane.html].

[13] Gazaklar: Pekinden Berline çenli [Giriş tertibi: http://kstnews.kz/newspaper/612?node=43932].

[14] «Otandastar» gaznasy hem-de HMM hyzmatdaşlyk hakynda ähtnama baglaşdylar [Giriş tertibi: http://ru.qazaq-alemi.kz/2019/02/26/memorandum-o-sotrudnichestve-zaklyuchili-fond-otandastar-i-tsmp/].

[15] Gazagystan Respublikasynyň hökümetiniň 2018-nji ýylyň 18-nji maýynda çykaran 280 belgili karary: “2018-2022-nji ýyllar üçin daşary ýurtdaky etniki gazaklary goldamak boýunça hereket meýilnamasyny tassyklamak hakynda” [Giriş tertibi: http://adilet.zan.kz/rus/docs/P1800000280].

Taslamanyň maksady – Hoja Ahmet Ýasawynyň, Arystan-Babyň mawzoleýleri, Türküstanyň taryhy muzeýi we ş.m. ýaly sebitiň özüne çekiji ýerlerini watandaşlaryna tanyşdyrmak arkaly gazak halkynyň medeni we ruhy gymmatlyklaryny wagyz etmekdir.[16]

Gazak diasporasynyň köp wekili taryhy watany üçin peýdaly bolmak we onuň ösüşine goşant goşmak isleýär. Watandaşlaryň islegini Gazagystan Respublikasynyň Medeniýet we sport ministrligi goldady. 11 ýurtdan gazak diasporalarynyň wekilleri maglumat toparyny döretdiler. Özboluşly jemgyýetiň bir görnüşini döretmegiň başlangyjy "Žanaşyr" halkara jemgyýetçilik gaznasy bolup, onuň wezipesi diasporanyň ýaşaýan ýurtlarynda Gazagystan we gazak medeniýetiniň ileri tutulýan ugurlaryny wagyz etmekdir.

### Mysal 3.5.2. **Finlýandiýada gazak önümlerini tanatmakda diasporanyň orny**

Finlýandiýanyň dürli sebitlerinde ýaşaýan 20 gazak maşgalasynyň tagallasy bilen ýerli daýhanlarda soňky ýyllarda Gazagystanyň milli tagamlaryna gyzyklanma döredi. Gazak aşhanasynyň merjenleri bolan gymyz we et tagamlary özleriniň ajaýyp tagamlary bilen bu ýurtda hem meşhur boldy. Fin fermerleri indi sowuk nahar hökmünde milli gazak tagamlary bolan kazy-kartany hem-de žal-žaýany saçaga äberýärler.

"Geçen gezek watanyma ýeke özüm gelmedim. Meniň bilen fermerleriň kiçi topary geldi" – diýip Finlýandiýanyň Turku şäherinden Aýken Solomen "Liter" gazetine beren söhbetdeşliginde gürrüň berdi. Olar üçin gymyz öndürilişine seretmek, gazagystanly fermerleri bilen gürrüňdeş bolmak, tejribe alyşmak, hyzmatdaşlyk barada ylalaşmak gyzyklydy. Finlýandiýadaky gazaklary birleşdirýän "Žulduz" jemgyýeti, Gazagystany öňe ilerletmäge gönükdirilen köp sanly çäräni geçirýär. Nowruz – diňe watandaşlarymyz üçin däl, eýsem Finlýandiýanyň ilatynyň arasynda hem meşhur baýramçylykdyr. Gazagystanyň milli lybaslaryny geýip Nowruz baýramyny bellemek däbi Finlýandiýanyň ýokary okuw jaýlarynda okaýan gazak talyplary tarapyndan goýuldy.[17]

**Gyrgyz diasporasy** Soňky ýyllarda Gyrgyzystandan göçüp gidilýän esasy ýurtlar – Russiýa Federasiýasy, Gazagystan we Türkiýe. Bu ýurtlar migrantlary diňe bir geografiki, medeni ýakynlygy bilen däl-de, eýsem gyrgyz diasporalarynyň barlygy bilen hem özüne çekýär.[18] Bilermenleriň çaklamalaryna görä, 2017-nji ýylda Russiýa Federasiýasynda Gyrgyzystandan gelenleriň sany 1 milliondan gowrakdy we olaryň ýarysy Gyrgyzystanyň raýatlygyny eýýäm Russiýa Federasiýasynyň raýatlygyna öwrüpdi. Täze ildeşlikler Gazagystanda – 50 müň, Türkiýe we Koreýa Respublikalarynda hersi 15 müň adam – Ýewropa ýurtlarynyň birnäçesinde we Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda hem döredildi. 2002-nji ýyldaky ilat ýazuwyna laýyklykda, Russiýa Federasiýasynda 29 müň Gyrgyzystan raýaty we 32 müň etniki gyrgyz ýaşaýardy. 2010-njy ýylda olaryň sany degişlilikde 45 müň we 103 müňe ýetdi. Russiýa Federasiýasynyň Içeri işler ministrliginiň maglumatlaryna görä, 2017-nji ýylda Gyrgyzystan Respublikasynyň 880 müň raýaty dürli maksat bilen Russiýa Federasiýasynda hasaba

[16] "Otandastar" gaznasy Gazaklaryň Bütindünýä Assosasiýasy bilen bilelikde "Tugan žerge tagzym" atly giň gerimli taslamasyna badalga berdi. [Giriş tertibi: http://ru.qazaq-alemi.kz/2018/11/18/fond-otandastar-sovmestno-so-vak-zapuskaet-masshtabnyj-proekt-tu-an-zherge-ta-zym/].

[17] Daşary ýurtda ýaşaýan gazak diasporalarynyň Gazagystandaky duşuşyklary her ýyl geçiriler [Giriş tertibi: https://old.liter.kz/ru/articles/show/12903-vstrechi_kazahskih_diaspor_prozhivayushih_za_rubezhom_stanut_v_kazahstane_ezhegodnymi].

[18] HMG, Gyrgyzystan – giňeldilen migrasiýa tertibi. Bişkek. 2018. S. 15.

alyndy. Gyrgyzystandan gelenler esasan Moskwada, Moskwa oblastynda, Sankt-Peterburgda, Leningrad oblastynda we ýurduň gündogar böleginde jemlenendir.

Gyrgyzystandan gelen köp sanly migrant işçileriň zähmet bazarynda artykmaçlyklarynyň bardygy, Russiýanyň ykdysadyýetinde has ýokary durmuş-ykdysady orunlary eýeleýändigi sebäpli, olar rus jemgyýetine has gowy uýgunlaşýarlar. Gyrgyzystandan gelen zähmet migrantlary bir wagtlar özlerinde bar bolan ýeňilliklerden peýdalanyp, esasan Russiýa Federasiýasynda hemişelik ýaşamak üçin Russiýanyň raýatlygyny işjeň aldylar. 2001-2011-nji ýyllarda Gyrgyzystanyň 374 müň raýaty Russiýanyň raýatlygyny aldy. Gynansak-da, Gyrgyzystandan gelen immigrantlara raýatlyk bermek meselesinde Russiýa Federasiýasynyň migrasiýa syýasaty durnuklylyk bilen tapawutlanmady we 2002-nji we 2010-njy ýyllarda amallary çylşyrymlaşdyrýan we düzgünleri kynlaşdyrýan döwürleri bolup geçipdi. 2014-2016-njy ýyllarda Gyrgyzystanyň takmynan 23 müň adamy Russiýa Federasiýasynyň raýaty boldy. Russiýa Federasiýasynyň Içeri işler ministrliginiň maglumatlaryna görä, 2017-nji ýylda Gyrgyzystandan 8,8 müň adam Russiýanyň raýaty boldy, ýene 5 müň adam Russiýa Federasiýasynda ýaşamak üçin rugsat aldy we 7,6 müň adam wagtlaýyn ýaşamak üçin rugsat aldy.

Sosiologiki pikir soraýyşlar daşary ýurtly gyrgyz migrantlarynyň dörtden bir böleginiň Gyrgyzystan Respublikasyna dolanmak islemeýändigini görkezýär. Watandaşlaryny Gyrgyzystan Respublikasyna dolanmaga itergi berip biljek iň möhüm sebäpler, infrastrukturanyň/ýaşaýyş şertleriniň gowulaşmagydyr; korrupsiýanyň azaldylmagydyr; işe başlamak üçin iň oňat mümkinçilikler; çagalar üçin iň gowy bilim; hünär ugry boýunça iş tapmak mümkinçiligi; Gyrgyzystanda has ýokary aýlykly iş tapmak mümkinçiligi. Gyrgyz halkynyň köpüsi ýylda bir gezek Gyrgysyztan Respublikasyna gelýär. Gelmekleriniň iň köp ýaýran sebäbi maşgalalaryna we dostlaryna zyýarat etmekdir (79%).

Soraga gatnaşanlaryň 88% töweregi Gyrgyzystan Respublikasyndaky ösüş başlangyçlaryna gatnaşmak isleýär, bu bolsa bu ugurda işlemek üçin geljegiň barlygyny subut edýär. Watandaşlar maglumat alyş-çalşygy (25%), maslahat beriş hyzmatlary (19%), leksiýalara we master sapaklara (17%), okuwlara (16%), birleşiklere gatnaşmaga (10%), ösüşe şahsy goşant goşmaga taýýar (7%). Olar Gyrgyzystana bilim we ylym (12%), syýahatçylyk we hyzmatlar (11%), ýaşlaryň başlangyçlary (9%), haýyr-sahawat taslamalary (8%), telekeçilik we maýa goýumlary (7%), oba hojalygy (7%), saglygy goraýyş (6%) ulgamlaryny we ş.m. goldaw bermäge taýýar.

Gyrgyzystanyň watandaşlarynyň öz sebitleriniň we ilatly nokatlarynyň ösüşine maýa goýmak isleýändiklerini bellemelidiris, emma soraga gatnaşanlaryň üçden bir bölegi doglan ýerine garamazdan islendik sebitiň ösmegine goşant goşmaga taýýardyr. Watandaşlaryň ýurdundaky ösüş başlangyçlaryna gatnaşmagyna itergi berýän faktorlar aşakdakylardyr: syýasy ýagdaýyň gowulaşmagy (23%), anyk taslamalar, ideýalar, ýerli telekeçileriň işewürlik-meýilnamalary barada öz wagtynda maglumat berilmegi (21%), döwlet we hökümet tarapdan borçnamalar (16%), hyzmatdaşlar bilen hyzmatdaşlyk üçin wirtual aragatnaşyk platformasynyň bolmagy (12%), taslama başlangyçlary üçin serişdeleri geçirmek üçin ygtybarly kanallaryň (ýollaryň) bolmagy (10%).

Heniz Gyrgyzystandan göçüp gelenleriň esasy ýurtlarynyň hiç birinde-de ösen hem-de ähli migrantlary gurşap alýan guramalar (birleşikler, doganlyklar) emele gelmedi. Adatça, jemgyýetçilik guramalary aktiwistleriň tagallalary bilen döredilýär we daşary ýurda hemişelik ýaşamak üçin göçüp gelenleri, raýatlygyny üýtgeden ýa-da Gyrgyzystanyň raýatlygyndan ýüz öwürmän täze raýatlyk alan adamlary birleşdirýär. Adatça guramalaryň işjeň agzalary migrasiýa döwründe ýüze çykýan kynçylykly

meseleleri üns merkezine çykarýarlar, käbir ýagdaýlarda migrant işçileriň we olaryň maşgala agzalarynyň esasanam watandaşlaryň bilelikde işleýän ýerlerinde iri guramalar, söwda bazarlarynda ýa-da sosial ulgamlar arkaly hukuklaryny we bähbitlerini goraýarlar, olara maslahat berýärler we köpçülikleýin kömek başlangyjy hökmünde çykyş edýärler.

Gyrgyz ildeşlikleri we birleşikleri bilen iş döwlet gurluşlary we hökümete degişli bolmadyk guramalar tarapyndan amala aşyrylýar. "Mekendeşter» Bütindünýä watandaşlar forumy iki ýylda bir gezek geçirilýär we daşary ýurtlardaky ildeşlik toparlaryny we gyrgyz jemgyýetlerini birleşdirýär.[19] Foruma Gyrgyzystan Respublikasynyň hökümeti we "Roza Otunbaýewanyň başlangyçlary" halkara jemgyýetçilik gaznasy tarapyndan goldaw berilýär. Döwlet derejesinde Gyrgyzystan Respublikasynyň Prezidentiniň ýanyndaky Daşary ýurtdaky watandaşlar bilen aragatnaşyk geňeşi hereket edýär.

Daşary ýurtlarda iň meşhur we işjeň, Gyrgyz diaspora birleşikleri aşakdakylardyr: Kyrgyz Club Germany, Kyrgyz Club New York, Gyrgyzystan Dostuk žana Madaniýat Koomu. Stambul", Kyrgyz USA Community, "Ala-Too Moskwa". Şeýle hem, BAE-de, Italiýada, Ukrainada, Hytaýda, Koreýa Respublikasynda, Polşada, Awstriýada, Malaýziýada, Kanadada, Şweýsariýada, Katarda, Beýik Britaniýada we Belgiýada Gyrgyz diaspora guramalary döredildi we işleýär. Gyrgyz diaspora birleşikleriniň aglabasy Russiýa Federasiýasynda ýerleşýär.[20]

Şeýle birleşmeleriň esasy wezipesi gyrgyz şahsyýetini, gyrgyz dilini, medeniýetini, däp-dessurlaryny we däp-dessurlaryny gorap saklamaklykdyr, şonuň üçin diasporalar esasan etniki gyrgyzlary birleşdirýär. Beýleki milletleriň wekilleri diasporanyň işlerine az derejede gatnaşýarlar. Mysal üçin, Gyrgyzystany terk edip göçüp gelen, Russiýa Federasiýasynda ýaşaýan ruslar tizräk rus raýatlygyny almaklyga we rus jemgyýetine goşulmaklyga ymtylýarlar, şonuň üçin olar beýle guramalaryň işine gatnaşmaýarlar. Işjeň migrasiýa şertlerinde jemgyýetçilik guramalarynyň roly möhümdir. Gyrgyzystan Respublikasynyň döwlet gurluşlary bolmadyk we watandaşlary bilen yzygiderli we göni aragatnaşyk saklap bolmaýan sebitlerde migrantlaryň jemgyýetçilik birleşikleri özara kömek merkezine öwrülýärler, olar ildeşlikleri emele getirýärler, bilelikdäki duşuşyklary, dabaralary we oturylyşyklary, sport ýaryşlaryny geçirýärler.

### Mysal 3.5.4. **Gyrgyz diasporasynyň Gazagystandaky geljegi.**

Kynçylyklary ýeňip geçenleriň beýlekilere zerur bolan gymmatly tejribesi, bilimleri bar. Emma, gynansak-da, bu tejribe üçin ne ilçihanalaryň hem konsullyklaryň işgärleri, ne-de diasporal birleşikler ýüz tutýarlar. Gazagystanyň döwlet edaralary bilen gatnaşyklary güýçlendirmek, şeýle hem migrasiýa meselesini çözmek üçin Gyrgyzystanyň raýatlary üçin üstünlikli bolmagy üçin güýçlendirilmeli.[21]

Gyrgyzystan diasporadan, migrantlary ýurduň ykdysadyýetine maýa goýmak üçin çagyrmaga, söwda gatnaşyklaryny ýeňilleşdirmäge, hukuk we maslahat beriş kömegini bermäge, şeýle hem daşary ýurtdaky watandaşlaryň uýgunlaşmagyna kömek bermegine garaşýar.[22]

---

[19] [Giriş tertibi: https://roza.kg/initiative/sustainable-development/6].

[20] Gyrgyz diasporalarynyň kartasy we daşary ýurtdaky watandaşlaryň sanawy. Barlag hakynda analitiki hasabat. Bişkek. 2016.

[21] Gyrgyz diasporalarynyň kartasy we daşary ýurtdaky watandaşlaryň sanawy. Barlag hakynda analitiki hasabat. Bişkek. 2016. S. 52.

[22] HMG, Gyrgyzystan – giňeldilen migrasiýa tertibi. Bişkek. 2018. S. 172.

**Täjik diasporasy.** Täjik diasporasynyň taryhy asyrlaryň jümmişine uzalyp gidýär. Gözbaşyny biziň eramyzyň II müňýyllygyň başynda, Sogdylaryň Hindistanda we Hytaýda öz koloniýalaryny guran döwründe tapmak bolar. VII asyryň ikinji ýarymynda arap basybalyjylarynyň yzarlamalaryndan gaçyp, zaratuştraçylyk dinine uýýanlar, eýran dilli halklar bu ýurtlarda gaçybatalga tapdylar. Täjikleriň dürli sebäplere görä köpçülikleýin göçmegi olaryň taryhynyň soňky döwürlerinde-de hasaba alyndy. Täjik halkynyň taryhy diasporalaryň taryhy, şeýle hem Täjikleriň Hytaýyň, Owganystanyň, Eýranyň, Özbegistanyň, Gazagystanyň we Türkmenistanyň çäginde göçürilmegi bilen ýakyndan baglanyşyklydyr. Täjigistan diasporalary esasan Irredenta Terra (italýan dilinden – "azat edilmedik toprak" ýa-da ata-baba topragynda ýaşaýan milli azlyklardan), ýörelgesi boýunça, ýagny diasporanyň emele gelmegi serhetleriň süýşmegi sebäpli ýüze çykypdyr.

Häzirki wagtda dünýäde 24-30 million etnik täjik ýaşaýar, şol sanda Owganystanda – 9,8 milliondan 11,5 milliona, Täjigistanda – 7 million, Özbegistanda- 1,5 milliondan (resmi maglumatlara görä) 8 milliona çenli (resmi däl çaklamalar), Päkistanda – 1,2 million, Eýranda – 388 müň, Russiýada – 300-den 980 müňe çenli, Germaniýada – 100 müň, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda – 76 müň, Hytaýda- 53 müň, Gyrgyzystanda – 52 müň, Beýik Britaniýada- 40 müň, Gazagystanda – 32 müň, Şwesiýada – 26 müň, Ukrainada – 7,4 müň, Türkmenistanda – 5,3 müň, Belgiýada – 5 müň, Italiýada – 4,8 müň, Finlýandiýada – 3,5 müň, Gollandiýada – 3,4 müň, Kanadada – 2,4 müň, Polşada – 2 müň adam.

Täjigistanyň resmi statistikasyna görä, wagtlaýyn işe ýerleşmek maksady bilen 420 müň adam ýurduň daşynda boldular, şol sanda Russiýa Federasiýasynda 413 müňden gowrak, Gazagystanda 4 müň, Gyrgyzystanda, Belorussiýada we Özbegistanda, Ukrainada 2 müň adam – takmynan 1 müň adam. Bu maglumatlar statistiki we sosiologiki barlaglaryň netijelerine gabat gelmeýär. S.W. Rýazantsewiň maglumatlaryna görä, Täjigistanyň takmynan 600 müň raýaty zähmet migrasiýasyna gatnaşdy, olaryň 85%-i işlemek üçin hut Russiýa Federasiýasyna gidýär.[23] Bütindünýä bankynyň maglumatlaryna görä, 2010-njy ýylda Täjigistanyň 791 müň raýaty ýa-da ýurduň ilatynyň 11%-den gowragy ýurdyň daşynda boldy.[24] Bu çaklamalaryň wagt taýdan öňlügine garamazdan, olar kän bir üýtgemedi.

Täjigistanly işçi migrantlary Russiýa Federasiýasynyň ähli sebitlerinde diýen ýaly işleýär. Olaryň aglabasy kiçi we orta kärhanalarda işleýär. Russiýa Federasiýasynda Täjigistanly işçi migrantlarynyň iki toparyny tapawutlandyrmak bolar. Birinjisi – has köp sanlysy – bu möwsümleýin işçiler. Olaryň akymy ýazda we tomusda Russiýa Federasiýasyna oba hojalygy we gurluşyk işlerine gidenlerinde artýar. Gürrüň möwsümleýin iş hakda barýan bolsa, bu adatça gyş döwri, Russiýa Federasiýasynyň ykdysadyýetiniň oba hojalygy we gurluşyk ýaly pudaklarynda işjeňlik pese gaçýar. Güýzüne olar öýlerine gaýdýarlar. Takmynan hasaplamalara görä, Russiýa Federasiýasynyň käbir sebitlerinde möwsümleýin migrantlaryň takmynan 75-80%-i täjiklerden ybarat.[25]

Täjigistanly migrantlaryň ikinji topary – Russiýa Federasiýasynda uzak wagtlap bolýan we işleýän, ýöne köplenç doly kanuny statusy bolmadyk adamlar. Migrantlaryň köpüsi kanun boýunça hem resmi taýdan

[23] Rýazantsew S. W., Horiýe N. Merkezi Aziýa ýurtlaryndan Russiýa Federasiýasyna gelýän zähmet migrasiýasynyň akymlaryny modelirlemek: Ykdysady-durmuş barlagy. M .: Ylmy dünýä. 2011-nji ýyl. S. 35.

[24] Migrasiýa we pul geçirimleri, Bütindünýä banky (Migration and Remittances Factbook. Washington. World Bank.) 2011. P. 235.

[25] Rýazantsew S. W., Krasinets E. S. Merkezi Aziýadan Russiýa zähmet migrasiýasynyň häzirki zaman meýilleri we ykdysady täsiri. Ylmy syn. 1-nji tapgyr. Ykdysadyýet we hukuk. 2016. № 5. S. 5-14.

hasaba alynmazdan ýa-da bolýan ýerinde, gurluşykda, hyzmatlar ulgamynda, ýaşaýyş jaý we jemagat hojalygynda hasaba alynmazdan işleýär. Täjigistandan zähmet migrantlarynyň arasynda geçirilen soramalaryň netijesine görä, migrantlaryň agramly bölegi (takmynan 69%) Russiýa Federasiýasynda dilden ylalaşyk esasynda işleýär. Zähmet migrantlarynyň diňe dörtden bir bölegi ýazmaça zähmet şertnamasy baglaşýardy. Şeýle hem, soraga gatnaşanlaryň diňe 23%-iniň Russiýa Federasiýasynda iş rugsatnamasy bardy.[26]

Russiýa Federasiýasynda Täjigistandan zähmet migrantlarynyň arasynda erkekler agdyklyk edýär. Bu prossesiň soňky döwürde feminizasiýalaşýandygy görülse-de: Täjigistandan Russiýa göçýän akymlarda işe bir özi ýa-da adamsy, kakasy, dogany we beýleki maşgala agzalary bilen işe gelýän aýallaryň sany artýar. Migrantlaryň arasynda maşgalalara ýa-da çagalary bilen gelýän aýallara barha köp duş gelmek bolýar. Russiýa Federasiýasy, kabul edýän döwlet hökmünde maşgala migrasiýasyna gyzyklandyrma görkezmeli. Sebäbi, maşgala bilen, esasanam çagalar bilen göçülmegi, migrantlary has-da kabul edýän gurşawa goşulmaga mejbur edýär; amatly psihologiki atmosfera döredýär; medeni garaýyşlaryň ýitmeginiň öňüni alýar, migrantlaryň jemgyýetden çetleşdirilmeginiň öňüni alýar. Şeýle-de bolsa, aýallar, esasanam çagalar bilen bile gelenler, kabul edýän jemgyýetiň migrasiýa we jemgyýetçilik guramalaryna (bilim ulgamyna, saglygy goraýyş, sosial kepilliklere) girmek üçin birnäçe özboluşly talaplary bildirýärler we kabul edýän jemgyýete, onuň jemgyýetçilik jogapkärçiligi üçin bir tüýsli kynçylyk döredýärler.

RAN sosiologiýa institutynyň barlaglarynyň netijelerine görä (soraglar 2004-nji ýylda Moskwada geçirildi, şeýle hem, Moskwada, Samarada we Astrahanda 2005-nji ýylda), Täjigistandan gelýän köp zähmet migrantlary ýolda we Russiýa Federasiýasynda işleýän döwründe uly kynçylyklary çekýärler. Aýratynlykda, respondentleriň 53% jogaplaryna göra Russiýa Federasiýasyna barýan döwründe iň uly kynçylyk serhet geçilende resminama barlaglary bolupdyr, respondentleriň 44% gümrükçiler, serhetçiler we polisiýa tarapyndan agyr salgytlar salnypdyr.[27]

Täjigistandan gelen çagaly migrantlaryň maşgala agzalarynyň Russiýanyň raýatlygynyň ýoklugy sebäpli uly kynçylyklara sezewar bolan halatlarynyň bardygy mälim. Mysal üçin, adamsy Russiýa Federasiýasynyň raýaty bolsa-da, bu onuň Russiýadaky aýalyna we çagalaryna awtomatiki usulda kanuny status bermeýär. Netijede, öz ýagdaýyny kanunlaşdyrmak üçin, aýaly patent resmileşdirmeli ýa-da her üç aýdan Russiýa Federasiýasyndan çykmaly. Russiýa Federasiýasynyň uly şäherlerinde kynçylykly soraglary biri bolup migrantlaryň Täjigistanyň raýaty bolan çagalarynyň mekdebe we çagalar bagyna gatnamagy biolup durýar. Russiýa federasiýasynda ýaşamaklyga we hemişelik ýaşamaklyga rugsat berýän resminamany almak üçin Täjigistanyň raýatlary resminama berende köp sanly býurokratiýa çäklendirmeler saklanylýar. Russiýa Federasiýasynyň raýatlygy bolan aýaly ýa-da äri bolan ýagdaýynda-da Ýogsa Russiýanyň häzirki demografiki ýagdaýynda, Täjigistandan gelen Russiýanyň raýatlygy bolan immigrantlaryň är-aýallary we çagalary – käbir rus sebitleriniň ilatynyň sanyny doldurmak üçin gowy çeşme bolup bilerdi.

[26] Rýazantsew S.W. Russiýanyň migrasiýa syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary. Ylmy syn. 1-nji tapgyr. Ykdysadyýet we hukuk. № 6. 2015. S. 34-39.

[27] Akramow F. Ş. Demografiki ýagdaý we Täjigistandan Russiýa zähmet migrasiýasy // Russiýa Federasiýa daşary ýurt işçi güýjüni çekmek we ulanmak tejribesi: tendensiýalar, mehanizmler, tehnologiýalar: Ylmy-amaly konferensiýanyň materiallary (2006-njy ýylyň 16-17-nji oktýabry) / Jogapkär red. S.W. Rýazantsew. M. 2006. S. 5-10.

Russiýa Federasiýa migrasiýa kanunçylygynda migrantlaryň maşgala agzalaryna, şol sanda çagalaryna-da kän bir ähmiýet berilmeýär. Ilkinjilik bilen bu olaryň Russiýa Federasiýasynda bolmagynyň hukuk taýdan resmileşdirmegine, ýerleşmegine, bilim we saglygy goraýyş hyzmatlaryny almaga degişlidir. Köplenç bu meselelere diňe rus jemgyýeti üçin sosial çykdajylaryň prizmasy arkaly seredilýär. Ýogsa geljekde migrantlaryň çagalaryny bilim ulgamyndan, migrantlaryň özlerini bolsa saglyk ulgamyndan çykarmaklyk rus jemgyýetine has gymmat düşer.

Russiýa Federasiýasynda "Adžam", "Täjik Zähmet Migrantlary", "Täjikler Halk Ligasy, "Täjik diasporasy", "Hukuk we gülläp ösüş", "Somoniýon", "Somon" atly resmi täjik jemagatlary hasaba alyndy.

Ykdysady çökgünlikler we migrasiýa syýasatynyň güýçlendirilmegi Täjigistanly işçi migrantlary öz watanyna dolanmagyna iterýär.

**Türkmen diasporasy.** Öňki Sowet Soýuzynyň ähli ýurtlarynda diýen ýaly, şeýle hem Yrakda (takmynan 3 million adam), Siriýada (takmynan 3 million adam), Owganystanda (2 million töweregi), Eýranda (1,5 milliondan 3 milliona çenli) we käbir Ýewropa ýurtlarynda (Germaniýa, Şwesiýa we ş.m.) emele geldi. Umuman, SSSR-iň düzümine girmedik ýurtlarda takmynan 10 million etniki türkmen ýaşaýar.

2000-nji ýyldaky ilat ýazuwynyň maglumatlaryna görä Özbegistanda takmynan 152 müň türkmen ýaşaýardy. Türkmenler Özbegistanda esasan serhetýaka, öň gadymy Horezme degişli bolan etraplarda hem-de Amyderýanyň basseýniniň ugrunda ýaşaýarlar.

2010 ýylyň umumy Russiýa ilat ýazuwyna laýyklykda Russiýa Federasiýasynyň dürli sebitlerinde 36 müňden gowrak türkmen ýaşapdyr. Iň köp sanly türkmen diasporalary Stawropol sebitinde, Moskwada we Astrahan oblastynda ýaşaýar. Türkmen monoetniki ilatly nokatlary bar, olarda türkmenler medeniýeti, dili, milli özboluşlylygy, Türkmenistan bilen aragatnaşygy saklaýarlar (meselem, Stawropol ülkesiniň Blagodarnensk etrabynyň Edelbaý obasy).

Resmi maglumatlara görä, Täjigistanda 20 müň töweregi türkmen ýaşaýar. Öňki Sowet Soýuzyna giren döwletleriň beýlekilerinde etniki türkmenleriň sany az we köplenç beýleki milletleriň kategoriýasynda ýa-da beýleki türk etnik toparlary bilen bilelikde hasaplanýar.

Daşary ýurt döwletlerinde dürli sosial toparlary birleşdirýän türkmen etniki birleşikleri döredildi. Meselem, uly rus uniwersitetlerinde talyplaryň türkmen ildeşlikleri bar. Türkmen diasporalarynyň işiniň esasy ugurlary Türkmenistandan gelen immigrantlara (migrantlara) ýurtda uýgunlaşmak we jemgyýetleşmek üçin ýardam bermek, olara bolýan ýurtlarynda maglumat goldawyny bermek, ýurduň bilim edaralarynda okaýan türkmen talyplaryna hemaýat etmek, degişli ýurt bilen Türkmenistanyň arasyndaky sosial-medeni we ynsanperwer gatnaşyklary ösdürmekdir. Olar migrantlar bilen Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynyň/konsullyk edaralarynyň arasyndaky özboluşly baglaýjy bolup, migrantlaryň – Türkmenistanyň raýatlarynyň hukuklaryny goramak bilen baglanyşykly dürli meseleleri çözmäge kömek edýär.

Daşary ýurt döwletlerinde türkmen diasporalarynyň işine ýardam bermek maksady bilen Türkmenistanda Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşigi (DTYB) hereket edýär, ol 1991-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda döredildi. Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşigi – wekilhanalarynyň ýerleşýän ýurtlarynyň kanunlaryny berjaý edýän halkara ynsanperwer jemgyýetçilik guramasydyr.

Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň Türkmenistanyň welaýatlaryndaky şahamçalaryndan başga dünýä boýunça 27 bölümleri hereket edýär. Türkmen diasporalary Russiýa Federasiýasynda, Germaniýada, Gazagystanda, Özbegistanda, Irakda, Eýranda, Fransiýada we Norwegiýada bar. Ýöne DTYB-yň hemme ýurtlarda şahamçalary ýok. Olaryň hasaba alnan jemi 14 döwleti sanalýar, meselem, Russiýa Federasiýasy, Ukraina, Özbegistan, Owganystan, Päkistan, Gazagystan, Täjigistan we beýlekiler.

DTYB-niň türkmen şahamçalary daşary ýurtly hyzmatdaşlary bilen ynsanperwer, medeni we ykdysady gatnaşyklary yzygiderli saklaýar. Ýüzlerçe aýry-aýry agzalar, şol sanda daşary ýurtlardan 400 töweregi, şeýle hem dünýädäki 340 kärhana we guramalar tarapyndan wekilçilik edilýän köpçülikleýin agzalar DTYB-niň agzalygynda durýarlar.

DTYB her ýyl daşary ýurtdaky watandaşlarymyzyň derwaýys meselelerini ara alyp maslahatlaşmak üçin özboluşly gürrüňdeşlik meýdançasy bolup hyzmat edýän duşuşyklary geçirýär. Soňky ýyllarda DTYB-niň daşary ýurtly watandaşlar bilen alyp barýan işiniň mazmuny we ugurlary ep-esli giňeldi. Ylym we bilim, medeniýet we sungat we telekeçilik ugurlarynda hyzmatdaşlyk işjeňleşdi. Birleşigiň, Türkmenistan bilen beýleki döwletleriň arasyndaky hyzmatdaşlygyň ösmeginde, watandaşlaryň we migrantlaryň arasynda Türkmenistanyň syýasatyny öňe sürmekde aýratyn orny bardyr. DTYB-niň we diasporanyň şahamçalarynyň üsti bilen migrantlar migrasiýa gatnaşyklary, şol sanda watanyna dolanyp barmak babatynda ähli zerur maglumatlary alyp bilerler.

DTYB birleşigiň şahamçalary bolan ýurtlarda türkmen medeniýetini, däp-dessurlaryny we dilini wagyz etmek üçin çäreleri yzygiderli geçirýär. Onuň başlangyjy bilen “Beýik Galkynyş zamanasy we dünýä türkmenleri” atly döredijilik bäsleşigi geçirildi. Bäsleşige dürli ýurtlardan gelen türkmen milletiniň wekilleri gatnaşdylar we eminlik etdiler.

DTYB-niň Türkmenistanda ýerleşýän şahamçalary zähmet toparlarynyň daşary ýurtly kärdeşleri bilen duşuşyklaryny geçirýär, duşuşmak üçin daşary ýurda mysal üçin Russiýa Federasiýasynyň Stawropol sebitinde, Germaniýa we ş.m. gidýär.

DTYB-niň işiniň beýleki esasy ugry hem – ynsanperwerlikdir. Adatdan daşary sowuk gyşlarda, DTYB-niň başlangyjy bilen ýüzlerçe tonna dizel ýangyjy, un we egin-eşik görnüşinde ynsanperwerlik kömegi Täjigistana we Owganystana iberildi. Mundan başga-da Owganystana 4 mln. dollardan gowrak bergisi geçildi. Şeýle hem bu ýurda ýeňillikli bahalardan elektrik energiýa iberilýär hem-de demir ýoly gurulýar.

Türkmenistanyň Prezidenti G. Berdimuhamedow Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň prezidenti hökmünde daşary ýurtdaky watandaşlary jebisleşdirmek boýunça işe uly üns berýär. Prezidentiň başlangyjy bilen türkmen diasporalaryna dili we özboluşly däpleri saklamakda, sosial-medeni obýektleriň gurluşygynda ýardam berilýär. Şeýle wakalaryň biri, iň köp türkmen kowçumlarynyň ýaşaýan ýeri bolan Russiýa Federasiýasynyň Astrahan oblastynyň Priwolžsk raýonynyň Funtowo obasynda Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy bilen türkmen gurluşykçylary tarapyndan gurlan umumy bilim berýän orta mekdebiň açylmagydyr.

Aşgabat şäherindäki Mekan köşgünde DTYB – niň ştab-kwartirasynda muzeýiň bolmagy hem Birleşigiň daşary ýurt şahamçalary bilen hyzmatdaşlygynyň çynlakaýlygyna şaýatlyk edýär, bu ýerde alty dilde: türkmen, rus, arap, iňlis, fransuz, türk dillerinde Türkmenistanyň taryhy, medeniýeti,

etnografiýasy baradaky edebiýatlar bilen tanyşmak bolýar. Muzeý gaznalary täsin eksponatlar bilen yzygiderli doldurylýar.

**Özbek diasporasy.** Häzirki wagtda dünýäniň dürli ýurtlarynda birnäçe million etniki özbek Özbegistanyň çäginiň daşynda ýaşaýar. Has köp sanly özbek diasporalary Owganystanda (1,7-2,7 mln adam aralygynda), Gyrgyzystanda we Täjigistanda (900 müňden), Gazagystanda (550 müň), Türkmenistanda (500 müň), Russiýa Federasiýasynda (300 müň), Türkiýede (70 müň), Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda (70 müň), Päkistanda (70 müň) ýerleşýär . Hazirki wagtada daşary ýurt döwletleriniň ilçihanalarynda we konsullyklarynda hemişelik konsullyk hasabynda 126 müň Özbegistanyň raýaty bar, olardan Gazagystanda – 49 müň, Russiýa Federasiýasynda – 47,5 müň, Ukrainada – 8 müň, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda – 6,5 müň, Germaniýada – 5,5 müň, Izrailde we Türkmenistanda – 1,3 müňden, Täjigistanda – 780, Koreýa Respublikasynda – 660, Gyrgyzystanda – 470, Türkiýede – 400, BAE – 240 adam.

Özbek diasporasynyň düzüminde şulary aýratynlandyrmak bolar:

- birinjiden, *hemişelik ýaşamak üçin daşary ýurda giden ýa-da zähmet çekmek maksady bilen şol ýerde wagtlaýyn ýaşaýan Özbegistanyň raýatlary;*
- ikinjiden, *daşary ýurt raýatlygyny alan daşary ýurtlarda ýaşaýan Özbegistan Respublikasynyň öňki raýatlary, şeýle hem dürli ýyllarda daşary ýurda giden respublikanyň çäginde doglan we ýaşaýan özbek milletinden bolan adamlar.* Şol bir wagtyň özünde-de olar Özbegistany öz watany hasaplaýarlar, onuň bilen umumy ruhy we medeni gatnaşyklaryň bardygyny duýýarlar, gündelik durmuşda ene dilini, däp-dessurlaryny we urp-adatlaryny bilmäge, watanyndaky garyndaşlary ýa-da tanyşlary bilen aragatnaşyk saklamaga çalyşýarlar.

Daşary ýurda hemişelik ýaşamaga çykyp giden Özbegistanyň raýatlarynyň ählisiniň ýaşaýan ýurdunyň Özbegistan Respublikasynyň wekilçiliklerinde we konsulluklarynda hemişelik konsulluk hasabyna durmaýanlygyny hasaba alsak, bu görkezijiler daşary ýurtda hemişelik ýaşaýan özbek raýatlarynyň hakyky sanyndan tapawutlanyp biler. Pasportda degişli bellik etmek bilen hemişelik konsullyk hasaba alyş durmaklyk meýletin çäre, ýöne Özbegistan Respublikasynyň "Özbegistan Respublikasynyň raýatlygy hakynda" Kanunyna laýyklykda (21-nji madda, 2-nji bent), üç ýylyň (2017 ýyla çenli – bäş ýyl) dowamynda konsullykda hasaba alynmadyk Özbegistan raýaty raýatlygyny ýitirip biler.[28] Şunuň bilen baglylykda, raýatlygyny saklamak isleýän daşary ýurtlarda ýaşaýan Özbegistanyň raýatlary, ýaşaýan ýurdundaky Özbegistanyň ilçihanasynda ýa-da konsullygynda ýa-da ýok bolsa, diplomatik missiýasy bolan goňşy ýurtda hemişelik konsullyk bellige alynmak isleýär.

Ýaşaýan ýeri boýunça hemişelik ýazgysyny saklap daşary ýurtda diňe işlemek maksady bilen bolýan Özbegistanyň raýatlarynyň sany ol ýerde hemişelik ýaşaýanlaryň sanyndan has köpdür. Meselem, Özbegistan Respublikasynyň 1 milliondan gowrak raýaty Russiýada wagtlaýyn bolup ýörler we işleýärler, konsullyk hasaba alyşda bolsa – 47,5 müň töweregi adam hemişelik hasaba alynýar; Gazagystanda 500 müňden gowrak adam işleýär, konsullyk hasaba alnyşynda takmynan 49 müň adam hasaba alyndy; Koreýa Respublikasynda – 20 müňden gowrak adam işleýär;konsullyk ýazgylarynda –

[28] "Özbegistan Respublikasynyň raýatlygy hakynda" Özbegistan Respublikasynyň kanuny 1992-nji ýylyň 2-nji iýuly. Özbegistan Respublikasynyň Ýokary Geňeşiniň Wedomosty. 1992. №9. 338-nji madda; Özbegistan Respublikasynyň kanunçylygynyň ýygyndysy. 2004. № 51. 514 madda; 2015. № 32. 425 madda; 2016. № 39. 457 madda.

660 adam töweregi; Türkiýede -konsullyk bölüminde 400 töweregi adam hasaba alyndy, wagtlaýynça baryp işleýänleriň sany bolsa ep-esli köpdür.

Iş ýa-da okuw maksady bilen wagtlaýyn daşary ýurtda bolan Özbegistanyň raýatlary wagtlaýyn konsullygy bellige almak üçin ilçihanalara ýa-da konsullyklara ýüz tutup bilýärler, ýöne hakykatda isleg ýa-da zerurlygyň ýoklugy sebäpli ýüz tutýanlaryň sany köp däl. Daşary ýurtda wagtlaýyn galanlaryň we işleýänleriň içinde – Özbegistan Respublikasynyň takmynan 2 million raýatyndan diňe 7,5 müň adam Özbegistanyň diplomatik wekilhanalarynda wagtlaýyn konsullyk hasapda durýar.

2017-nji ýylyň maýynda ÖR Ministrler Kabinetinde Prezidentiň permany bilen Respublikan halkara medeni merkeziniň we dostluk jemgyýetiniň esasynda daşary ýurtlar bilen halkara aragatnaşygy we dostlukly gatnaşygy boýunça komitet döredildi.[29] Komitetiň wezipeleri dostlukly halkara aragatnaşygy ýola goýmak, öndürijilikli hyzmatdaşlygy ösdürmek we daşary ýurtlaryň raýat jemgyýeti, şol sanda daşary ýurtlarda ýaşaýan watandaşlarymyz bilen dostlugy berkitmek boýunça tagallalary utgaşdyrmaklygy öz içine alýar. Özbegistan Respublikasynyň Daşary işler ministrligine daşary ýurtlarda hereket edýän degişli guramalar, özbek medeni merkezler we jemgyýetler hakynda maglumatlar binýadyny döretmekde we ýöretmekde, şeýle hem işleýän degişli guramalar bilen özara hyzmatdaşlygy ýola goýmakda we ösdürmekde Komitete amaly kömek bermek tabşyryldy.

2017-nji ýylyň dekabr aýynyň ahyrynda Özbegistan Respublikasynyň Hökümetiniň karary bilen Prezidentiň ýanyndaky Döwlet dolandyryş akademiýasynyň, Medeniýet, Daşary işler ministrlikleriniň, Adam hukuklary baradaky milli merkeziniň, Aýallar komitetiniň, "Mähällä", "Nuroniý" gaznalarynyň, ýaşlar, ýazyjylar birleşikleriniň, Kärdeşler arkalaşyklarynyň federasiýasynyň, Ylymlar akademiýasynyň wekillerini öz içine alýan Komitetiň Jemgyýetçilik Geňeşi baradaky Düzgünnama tassyklandy.[30] Jemgyýetçilik Geňeşi, Komitetiň işini kämilleşdirmäge we onuň işi boýunça kadalaşdyryjy-hukuk namalaryny işläp düzmäge kömek eder.

Daşary ýurtdaky watandaşlar bilen özara gatnaşygy ýola goýmaklyk, esasan hem özbek diasporalarynyň jemgyýetleri bilen medeniýet pudagynda halkara hyzmatdaşlygyň çäginde, şeýle hem watandaşlarymyzyň dürli meseleler boýunça diplomatik wekilhanalara ýüz tutanlarynda aragatnaşyk gurmak arkaly bolup geçýär.

Häzirki wagtda dünýäniň 19 ýurdunda özbek diasporasynyň 30 guramasy bilen aragatnaşyk ýola goýuldy: olaryň arasynda Gazagystandaky Özbek medeni merkezi; Gyrgyzystandaky "Oş" Özbek jemgyýeti; Täjigistandaky Özbek ruhy we aň-bilim merkezi; Özbek watandaşlaryň Russiýadaky "Umid" merkezi; Türkiýedäki Türküstanlylara medeni we jemgyýetçilik kömek merkezi; Germaniýadaky Türküstan watandaşlarynyň medeni jemgyýeti; Ysraýyldaky Özbek medeni merkezi; Türküstan-Amerikan Assosiasiýasy, Amerikanyň Birleşen Ştatlary we Kanadanyň Buhara ýewreýleriniň kongresi, Amerikanyň Birleşen Ştatlary we Kanadadaky Kanadaly Özbekleriň Medeniýet Bileleşigi; Hytaýda Özbek dilini we medeniýetini öwrenmek merkezi we ş.m.

---

[29] Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 19-njy maýyndaky UP-5046 belgili "Milletara gatnaşyklary we daşary ýurtlar bilen dostlukly gatnaşyklary mundan beýläk-de kämilleşdirmek çäreleri barada" karary. Halk sözi. 2017-nji ýylyň 23-nji maýy. №101 (6765).

[30] Özbegistan Ministrler Kabinetiniň 2017-nji ýylyň 25-nji dekabryndaky 1018 belgili karary: "Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň garamagynda Daşary ýurtlar bilen milletara gatnaşyklar we dostlukly gatnaşyklar baradaky komitetiniň garamagynda Jemgyýetçilik geňeşini guramak barada". SPP. № 12. 301-nji madda.

Daşary ýurtdaky ugurdaş edaralar bilen aragatnaşyk etmek arkaly işini alyp barýan Milletara gatnaşyklar we dostluk gatnaşyklary komiteti, şeýle hem diplomatik wekilhanalary we konsullyk edaralary arkaly gönüden-göni watandaşlaryna we olaryň döredýän jemgyýetlerine çykyp bilýän Daşary işler ministrligi watandaşlar bilen aragatnaşyklary ýola goýmak üçin jogapkär baş edaralar bolup durýarlar.

Daşary ýurtlardaky özbek diasporasynyň wekilleri, ýaşaýan ýurdunyň kanunlarynyň çäginde bilelikde dürli çäreleri geçirmek, şol sanda milli baýramçylyklary (Nowruz, Gurban we ş.m.) bellemek üçin, däp-dessurlary we urp-adatlaryny gorap saklamak, çagalara özbek dilini öwretmek maksady bilen öz jemgyýetlerini (meselem, döwlete degişli bolmadyk hem-de täjirçilik däl guramalary görnüşinde) döredip, şeýle hem alyp barýan işleri üçin ýerli häkimiýetlerden goldaw alyp bilerler. Şeýlelikde, bir ýurtda köplenç Özbek milletinden bolan adamlaryň ýygjam ýaşaýan ýerlerinde biri-birinden garaşsyz emele gelen şeýle jemgyýetleriň birnäçesi bolup biler.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti tarapyndan teklip edilen daşary ýurtlarda ýaşaýan we işleýän watandaşlarymyz bilen hyzmatdaşlyk baradaky döwlet syýasaty konsepsiýasy şeýle işleri hil taýdan täze derejä çykarmaga gönükdirilen. Toplanan daşary ýurt tejribesini göz öňünde tutup, daşary ýurtlarda ýaşaýan we işleýän Özbegistan Respublikasynyň raýatlary bolan watandaşlarymyzyň hukuklaryny we bähbitlerini goramaga, zerur bolan konsullyk hyzmatlaryny bermäge, zerurlyk ýüze çykan halatynda watanyna dolanmagyna hemaýat bermäge gönükdirilen guramaçylyk we hukuk çäreleri, medeniýet we syýahatçylyk pudagynda halkara hyzmatdaşlygyň çäginde Özbegistanyň ygtyýarly döwlet gurluşlary bilen daşary ýurt raýatlygy bolan watandaşlarymyz bilen özara aragatnaşygyny ýola goýmak boýunça çäreler göz öňünde tutulýar. Konsepsiýanyň çäginde döwlet ministrlikleriniň we edaralaryň, jemgyýetçilik guramalarynyň daşary ýurtdaky watandaşlar bilen hyzmatdaşlygy bilen baglanyşykly işlerini düzgünleşdirýän maksatnamalar we kanunlar hem kabul ediler.

Özbegistanda geçirilýän ykdysady özgertmeler, adamlaryň durmuşynyň ähli ugurlarynda oňyn üýtgeşmeler hem-de döredilýän täze mümkinçilikler barada maglumat bermek watandaşlarymyz bilen işleşmegiň möhüm ugurlaryndan biri bolup durýar.

2018-nji ýylyň 25-nji oktýabrynda Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň PP-3982 belgili "Özbegistan Respublikasynyň daşary ýurtlarda ýaşaýan watandaşlarymyz bilen hyzmatdaşlykda döwlet syýasatyny mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça çäreler barada" karary kabul edildi, onda geçen döwür içinde daşary ýurtda ýaşaýan watandaşlarymyz bilen yzygiderli gepleşigi we hyzmatdaşlyk ösdürmek, olary ýurtda alnyp barylýan özgertmelere gatnaşmagyny höweslendirmek, şeýle hem hukuklarynyň we bähbitleriniň doly we hemmetaraplaýyn durmuşa geçirilmegine ýardam bermek üçin möhüm işleriň edilendigi bellenildi.[31]

Häzirki wagtda watandaşlaryň köpüsi özleriniň taryhy Watany – Özbegistanyň ykdysadyýetini, durmuş ulgamyny, ylmy, medeniýetini, sportuny we beýleki ugurlaryny ösdürmeklige, watanynyň abraýyny artdyrmaklyga, şeýle hem onuň daşarky dünýä bilen gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga mynasyp we äşgär goşantlaryny goşýarlar. Şol bir wagtyň özünde, watandaşlarymyz bilen aragatnaşyklaryň şertsiz ähmiýetine we barha artýan ösüşine garamazdan, netijeli hyzmatdaşlyga we geçirilýän özgertmeleriň

[31] Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 25-nji oktýabryndaky № PP-3982 belgili karary: "Özbegistan Respublikasynyň daşary ýurtlarda ýaşaýan watandaşlarymyz bilen hyzmatdaşlyk pudagynda döwlet syýasatyny mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça çäreleri hakynda".

hil taýdan gowulaşmagyna olaryň mümkinçiliklerini doly derejede çekmäge päsgel berýän birnäçe mesele saklanyp galýar:

- döwlet edaralarynyň we guramalaryň watandaşlar bilen aragatnaşyk guramakda öndürijiligiň pes derejesi we bölekleriň bolmagy;
- ileri tutulýan ykdysady, durmuş, maýa goýum, ylym, bilim, medeni we beýleki taslamalary we maksatnamalary durmuşa geçirmekde watandaşlarymyzyň mümkinçiliklerinden netijesiz peýdalanylmagy;
- watandaşlaryň özbek dilini, medeniýetini we däp-dessurlaryny gorap saklamaga we wagyz etmäge gönükdirilen guramalarynyň işine goldaw bermegiň toplumlaýyn we uzak möhletleýin strategiýasynyň bolmazlygy;
- Özbegistanyň daşary ýurtda okaýan ýaşlary bilen işlemeklige ýeterlik üns berilmezligi, olar ýurda gaýdyp geleninden soň iş üpjünçilik ulgamynyň ýola goýulmazlygy.

2017-2021-nji ýyllarda Özbegistany ösdürmegiň bäş ileri tutulýan ugry boýunça Hereket strategiýasynyň maksatlaryna esaslanyp, watandaşlar bilen uzak möhletleýin döwre niýetlenen hyzmatdaşlyk täsirli ulgamy döretmek üçin, şeýle hem ony netijeli durmuşa geçirmek üçin Özbegistanyň watandaşlar bilen hyzmatdaşlyk ulgamynda döwlet syýasatynyň esasy maksatlary kesgitlenildi:

- ýaşaýan ýurduň kanunçylygyna we Özbegistan Respublikasy bilen baglaşylan halkara şertnamalaryna esaslanyp, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgelerine we kadalaryna laýyklykda daşary ýurtdaky watandaşlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny durmuşa geçirmek üçin kömek bermek;
- Özbegistanyň medeni, ylmy we ruhy mirasynyň giňden ýaýramagyna, onuň öwrenilmegine we dünýäde ýaýramagyna, watandaşlaryň ýaşaýan ýurtlarynda özbek diliniň, medeniýetiniň we däp-dessurlarynyň goralmagyna we ösmegine, Özbegistanda bilim mümkinçiliklerini giňeltmäge gönükdirilen watandaşlaryň işine goldaw bermek;
- Özbegistan Respublikasynyň durmuş-ykdysady ösüşine goşant goşmak we daşary ýurtlar bilen özara peýdaly we dostlukly gatnaşyklaryny ösdürmäge goşant goşmak isleýän watandaşlar hem-de olaryň döreden guramalary bilen gatnaşyklary ösdürmek we berkitmek;
- watandaşlaryň Özbegistanyň çäginde hünär işini, şol sanda telekeçilik, maýa goýumlary, ylmy, bilim we medeni işi alyp barmagy üçin amatly hukuk, durmuş we ykdysady şertleri döretmek;
- watandaşlaryň mümkinçiliklerini Özbegistanda geçirilýän iri möçberdäki jemgyýetçilik-ykdysady we jemgyýetçilik-syýasy özgertmeleri goldamak, Özbegistan Respublikasynyň halkara abraýyny has-da berkitmek üçin çekmek.

Bu Kararyň kabul edilmegi bilen Özbegistan Respublikasynyň daşary ýurtlarda ýaşaýan watandaşlarymyz bilen hyzmatdaşlyk babatynda döwlet syýasaty baradaky Konsepsiýa tassyklanyldy. Bu Konsepsiýa laýyklykda ýurduň bu ugurdaky syýasatynyň ýörelgeleri, maksatlary, esasy ugurlary we mehanizmleri kesgitlenildi. Daşary ýurtda ýaşaýan watandaşlarymyzyň özüne kesgitleme berildi:

- Özbegistanyň çäginden daşarda hemişelik ýaşaýan ýa-da okuwy, zähmet çekmek, maşgalasy we beýleki ýagdaýlary sebäpli wagtlaýyn daşary ýurtda bolýan Özbegistan Respublikasynyň raýatlary;

- Özbegistandan daşary ýurda giden we daşary ýurt raýaty bolan immigrantlar, şeýle hem olaryň Watany bilen ruhy we medeni taýdan arabaglanşyk duýgusyny saklan, Özbegistan Respublikasy bilen dostlukly medeni, ynsanperwer, durmuş-ykdysady we beýleki gatnaşyklary ösdürmäge synanyşýan nesilleri;
- özlerini etniki we dil degişliligi, şeýle hem medeni we taryhy nukdaýnazardan özbek ýa-da garagalpak hasaplaýan hem-de Özbegistan bilen hemmetaraplaýyn aragatnaşyk saklamak isleýän, daşary ýurtlarda ýaşaýan daşary ýurt raýatlary ýa-da raýatlygy bolmadyk adamlar.

Watandaşlaryň guramalaryna hem kesgitleme berildi – bu olaryň öz başlangyçlary bilen döredilen we watandaşlaryň bähbitlerini beýan edýän hem-de halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgelerine we kadalaryna, ýaşaýan ýurdunyň we Özbegistan Respublikasynyň kanunlaryna, şeýle hem öz tertipnamalaryna (düzgünnamalaryna) laýyklykda hereket edýän jemgyýetçilik medeni we milli merkezler, birleşikler, talyplar jemgyýetleri, mekdepler, fondlar we telekeçiler bileleşikler.

Konsepsiýa laýyklykda Özbegistan Respublikasynyň watandaşlary bilen hyzmatdaşlyk etmegiň ýörelgeleri kesgitlenildi:

- Özbegistan bilen ruhy, medeni we kanuny baglanyşygy saklamak, şeýle hem ýurduň ykdysady we jemgyýetçilik durmuşyna gatnaşmak isleýän watandaşlarymyz bilen hyzmatdaşlygy saklamak we ösdürmek Özbegistan Respublikasynyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir;
- Özbegistan bilen daşary ýurtdaky watandaşlarymyzyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň ähli görnüşleri we ugurlary açyklyk, hyzmatdaşlyk, meýletinlik, kanunylyk, ýaşaýan ýurdunyň kanunlaryna, döwletiň özygtyýarlylygyna we garaşsyzlygyna hormat goýmak, deňhukuklyk we birek-biregiň içerki işlerine goşulmazlyk, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgelerini we kadalaryny, Özbegistan Respublikasynyň halkara şertnamalaryny berjaý etmelik ýörelgelerine esaslanýar;
- bu ugurdaky döwlet syýasaty munuň bilen gyzyklanýan ähli watandaşlarymyz bilen hemmetaraplaýyn dostlukly hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga, şeýle hem etniki, milli, dini we jemgyýetçilik degişliligine garamazdan öz hukuklarynyň we azatlyklarynyň durmuşa geçirilmegine, hususan-da medeniýet, dil, bilim, maglumat we Özbegistan Respublikasy bilen ykdysady we ynsanperwer gatnaşyklary ösdürmek ulgamynda goldaw bermäge gönükdirilendir;
- ýurtlaryň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary berkitmek, watandaşlaryň durmuş-medeni zerurlyklaryny kanagatlandyrmakda goldaw bermek we ýaşaýan ýurtlarynda medeni aýratynlyklaryny gorap saklamak we ösdürmek üçin amatly şertleri döretmeklik maksady bilen watandaşlaryň guramalary bilen özara gatnaşyklara hemişelik üns berler.

Ýokardaky ýörelgelere esaslanyp, Özbegistan bilen watandaşlarymyzyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň esasy maksatlary hem kesgitlenildi:

- Halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgelerine we kadalaryna, ýaşaýan ýurduň kanunçylygyna we Özbegistan Respublikasynyň halkara şertnamalaryna laýyklykda daşary ýurtdaky watandaşlarymyzyň hukuklaryny we azatlyklaryny durmuşa geçirmäge hemaýat etmek;
- watandaşlaryň Özbegistanyň medeni, ylmy we ruhy mirasyny giňden ýaýratmak, ony öwrenmek we dünýäde ýaýratmak, watandaşlaryň ýaşaýan ýurtlarynda özbek dilini, medeniýetini we däp-

dessurlaryny gorap saklamak we ösdürmek, olaryň Özbegistanda bilim almak mümkinçiliklerini giňeltmek maksady bilen alyp barýan işine goldaw bermek;

- Özbegistan Respublikasynyň durmuş-ykdysady ösüşine goşant goşmak we daşary ýurtlar bilen özara peýdaly we dostlukly gatnaşyklaryny ösdürmäge goşant goşmak isleýän watandaşlar hem-de olaryň döreden guramalary bilen gatnaşyklary ösdürmek we berkitmek;
- watandaşlaryň Özbegistanyň çäginde hünär işini, şol sanda telekeçilik, maýa goýumlary, ylmy, bilim we medeni işi alyp barmagy üçin amatly hukuk, durmuş we ykdysady şertleri döretmek;
- watandaşlaryň mümkinçiliklerini Özbegistanda geçirilýän iri möçberdäki jemgyýetçilik-ykdysady we jemgyýetçilik-syýasy özgertmeleri goldamak, Özbegistan Respublikasynyň halkara abraýyny has-da berkitmek üçin çekmek.

Şol bir wagtyň özünde-de, Özbegistanyň ösüşine goşant goşmak, ýaşaýan ýurtlarynda onuň medeni, ylmy, ruhy mirasy we häzirki üstünliklerini gorap saklamak we ýaýratmak üçin watandaşlarymyzyň işini amala aşyrmakda her dürli kömek berer. Ykdysadyýet, ylym we tehnologiýa, lukmançylyk, bilim, medeniýet we sport ulgamlarynda ýokary hünär derejeleri we üstünlikleri bolan, beýleki ugurlarda zehinleri we hyzmatlary bilen ykrar edilen watandaşlarymyz bilen özara gatnaşyklara aýratyn üns berler.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 25-nji oktýabryndaky № PP-3982 belgili: "Özbegistan Respublikasynyň daşary ýurtlarda ýaşaýan watandaşlar bilen hyzmatdaşlyk pudagynda döwlet syýasatyny mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça çäreleri hakynda" karary bilen tassyklanan Özbegistan Respublikasynyň daşary ýurtda ýaşaýan watandaşlar bilen hyzmatdaşlyk etmegiň döwlet syýasatynyň Konsepsiýasynyň düzgünlerine laýyklykda ýurduň ykdysady we jemgyýetçilik durmuşyna gatnaşmak isleýän watandaşlarymyz bilen hyzmatdaşlygy dowam etdirmek we ösdürmek Özbegistan Respublikasynyň bu ugurdaky watandaşlary bilen hyzmatdaşlygynyň esasy maksatlary hökmünde kesgitlenildi.

Özbegistan şu aşakdaky maksatlar üçin watandaşlaryň arasynda işewür toparlarynyň wekilleriniň, daşary ýurt kompaniýalarynyň işgärleriniň, maýadarlaryň, halkara maliýe guramalarynyň işgärleriniň we beýleki hünärmenleriň maliýe-ykdysady we intellektual-tehnologiki mümkinçiliklerini çekmek isleýär:

- Özbegistan Respublikasynyň durmuş-ykdysady ösüşine goldaw bermek we onuň daşary ykdysady gatnaşyklaryny giňeltmek;
- ykdysadyýetiň ileri tutulýan pudaklaryna göni daşary ýurt maýa goýumlaryny, öňdebaryjy tehnologiýalary işjeň çekmek, bilelikdäki kärhanalary döretmek, Özbegistanda eksporta gönükdirilen önümleriň önümçiligini ýola goýmak;
- ýurduň öndürýän önümleriniň eksportynyň mukdaryny artdyrmaga we onuň geografiýasyny giňeltmäge ýardam bermek;
- daşary ýurtly syýahatçylary çekmek, ýurduň syýahatçylyk potensialyny, syýahatçylyk infrastrukturasyny we Özbegistanda syýahatçylygyň täze görnüşlerini ösdürmek;
- bank we maliýe işlerini kadalaşdyrmagyň häzirki zaman ýörelgelerini we mehanizmlerini ornaşdyrmak;
- maýa goýumlarynyň özüne çekijiligini ýokarlandyrmakda, telekeçiligi ösdürmekde we Özbegistanda daşary ýurt maýadarlarynyň işinde halkara öňdebaryjy tejribäni öwrenmek hem-de girizmek;

- öňdebaryjy daşary ýurt tejribesini, dünýä ylymlarynyň soňky gazananlaryny, innowasion ideýalary, oýlap tapmalary we tehnologiýalary girizmeklik, şeýle hem Özbegistanda degişli ykdysady, ylmy, tehniki ugurlarda we beýleki ugurlar boýunça ýokary hünär derejeli hünärmenleri taýýarlamak arkaly, ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň çalt innowasion ösüşini üpjün etmek üçin daşary ýurtly hünärmenleri, maslahatçylary we bilermenleri çekmek.

Bu ugurdaky amaly ädimler, mysal üçin Özbegistan Respublikasynyň Maýa goýumlar boýunça Döwlet komitetiniň wekilleriniň, diasporalaryň öz watany bilen ykdysady jähtden özara gatnaşyklarynyň näderejede netijeli bolup biljekdigine şaýatlyk edýär. 2018-nji ýylyň 2-nji maýynda Russiýa Federasiýasyndaky Özbek diasporasyna wekilçilik edýän işewür toparlaryň wekilleri bilen resmi däl duşuşygy geçirildi. Delegasiýa Russiýa Federasiýanyň sebitinde: Swerdlowsk ülkesi, Primorskiý ülkesi, Krasnodar we Astrakhan oblastlary, Çuwaşiýa respublikasy we Tatarstan, Udmurt respublikasynda üstünlikli işleýän 8 adamy öz içine aldy. Gürrüňdeşligiň barşynda Özbegistan Respublikasynyň çägindäki bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek üçin rus maýadarlaryndan göni maýa goýumlaryny çekmek arkaly mümkin bolan hyzmatdaşlyk ara alnyp maslahatlaşyldy.

Lukmançylyk ulgamyndaky taslamalara gyzyklanma bildirildi. Ýurduň sebitlerinde onkologiýa merkezlerini gurmak we Russiýa Federasiýasynda giňden meşhurlyga eýe bolan otolaringologiki hyzmatlary hödürleýän klinikalaryň ulgamynyň Horezm şäherinde franşizasyny açmak meselesi ara alnyp maslahatlaşyldy. Nebit-gaz we senagat ugurlaryndaky hyzmatdaşlygyň geljeginiň uludygy bellenip geçildi. Senagatda dürli tehnologiki prosseslerde ulanylýan şit klapanlaryny hem-de wakuum gurluşlaryny öndürmek we üpjün etmek meselesi gozgaldy. Duşuşygyň ahyrynda Russiýa Federasiýasyndaky özbek diasporasynyň wekilleri Russiýa Federasiýasynyň beýleki sebitlerindäki özbek işewür diasporasynyň wekilleri bilen we Özbegistan Respublikasynyň Maýa goýumlary boýunça Döwlet komitetiniň, Söwda palatasynyň hem-de Daşary söwda ministrliginiň gatnaşmagynda işewürlik forumyny guramaga kömek etmek isleýändiklerini mälim etdiler.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 25-nji oktýabryndaky № PP-3982 belgili: "Özbegistan Respublikasynyň daşary ýurtlarda ýaşaýan watandaşlarymyz bilen hyzmatdaşlyk pudagynda döwlet syýasatyny mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça çäreleri hakynda" karary bilen tassyklanan Özbegistan Respublikasynyň daşary ýurtda ýaşaýan watandaşlar bilen hyzmatdaşlyk etmegiň döwlet Konsepsiýanyň düzgünlerine laýyklykda watandaşlaryň Özbegistanyň medeni, ylmy we ruhy mirasyny giňden ýaýratmak, ony öwrenmek we dünýäde ýaýratmak, watandaşlaryň ýaşaýan ýurtlarynda özbek dilini, medeniýetini we däp-dessurlaryny gorap saklamak we ösdürmek, olaryň Özbegistanda bilim mümkinçiliklerini giňeltmek maksady bilen alyp barýan işine goldaw bermek Özbegistan Respublikasynyň watandaşlary bilen hyzmatdaşlygynyň bu ugrunyň esasy maksatlary hökmünde kesgitlenildi.

Özbegistan Respublikasy watandaşlary we olaryň guramalary bilen medeniýet, ylym, bilim we maglumat ugurlary boýunça işjeň hyzmatdaşlyk etmegi, Özbegistan we beýleki ýurtlaryň arasynda dostlukly gatnaşyklary berkitmäge gönükdirilen bilelikdäki çäreleri gurnamagy maksat edinýär:

- bilelikdäki ylmy, bilim, lukmançylyk, medeni, aň-bilim, sport we beýleki taslamalary durmuşa geçirmäge, şeýle hem Özbegistan Respublikasynyň raýatlarynyň arasynda ýaş işgärleri we hünärmenleri taýýarlamaga olaryň mümkinçiliklerini çekmek;

- watandaşlarymyzyň bilim almak we hünär derejesini ýokarlandyrmak okuwlaryna, şeýle hem taryhy watanynyň ylmy, medeni we jemgyýetçilik durmuşyna gatnaşmak mümkinçiligini giňeltmek;
- watandaşlaryna we olaryň guramalaryna hemişelik ýaşaýan ýurdunda özbek dilini, medeniýetini we däp-dessurlaryny ýaş nesillere öwretmekde, gorap saklamakda we ýaýratmakda hemmetaraplaýyn hemaýat etmek;
- daşary ýurtdaky watandaşlarymyzyň durmuşyny we işini has doly beýan etmek, şeýle hem olara Özbegistan barada degişli maglumatlary bermek maksady bilen maglumat alyş-çalşygyny hem-de köpçülikleýin habar beriş serişdeleri pudagynda hyzmatdaşlygy giňeltmek;
- daşary ýurtlarda okaýan Özbegistanyň raýatlarynyň arasynda ýaş watandaşlarymyz bilen yzygiderli aragatnaşygy ýola goýmak we saklamak, Özbegistanda işe ýerleşmek üçin zerur goldaw we kömegi bermek.

Şeýle hem, Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 25-nji oktýabryndaky PP-3982 belgili "Özbegistan Respublikasynyň daşary ýurtlarda ýaşaýan watandaşlar bilen hyzmatdaşlyk ulgamynda döwlet syýasatyny mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça çäreler barada" Kararynyň düzgünlerinde aşakdaky tertipde watandaşlara döwlet goldawyny bermegiň çärelerini tassyklandy:

- giriş wizalaryny, şol sanda köp gezeklik we uzak möhletli wizalarynyň, ýaşamak üçin rugsatnamalary, şeýle hem zähmet çekmeklik üçin rugsatnamany resmileşdirilmegini ýönekeýleşdirmek;
- Özbegistanda gerekli hünärler boýunça ýokary hünärli işgärleri işe ýerleşdirmek;
- ýaşaýyş we durmuş meseleleri çözmekde kömek bermek;
- watandaşlarymyza telekeçilik, ylmy-barlag, bilim, innowasion we beýleki taslamalary we maksatnamalary durmuşa geçirmek üçin döwlet eýeçiligindäki boş obýektleri we ýer meýdanlaryny bermek;
- watandaşlaryň okuwlaryny, işini we beýleki sosial meselelerini doly (bölekleýin) maliýeleşdirmek;
- ýokary hünär derejeli watandaşlary döwlet we hojalyk dolandyryş edaralarynda, ýerlerde ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynda, Özbegistan Respublikasynyň beýleki döwlet guramalarynda ýolbaşçylyk ediji wezipelerde, şeýle hem olaryň ýolbaşçylarynyň geňeşçileri (maslahatçylary) hökmünde işlemek üçin çekmek;
- ýeňilleşdirilen tertipde Özbegistanyň raýatlygyny bermek;
- daşary ýurduň raýatlary bolan watandaşlara Özbegistanyň ýokary okuw jaýlarynda özbek dili we edebiýaty, taryh, kino, medeniýet, teatr, telewideniýe we radio ugurlar boýunça okamak üçin grantlar bermek;
- KHBS-iň wekilleri bolan watandaşlarymyzy Özbegistanda akkreditasiýa etmegiň ýönekeýleşdirilen tertibi;
- Özbegistanyň ösüşine ähmiýetli goşant goşan watandaşlary döwlet baýraklary bilen sylaglamak we olara hormatly atlary dakmak.

## Synag soraglary:

1. Diaspora diýmek näme? Ony kesgitlemekligiň nähili çemeleşmeleri bar?
2. Diasporalar gelip çykan we ýaşaýan ýurtlarynyň ösüşinde nähili orny eýeleýär?
3. Merkezi Aziýa ýurtlarynda haýsy döwlet edaralary diasporalar bilen özara aragatnaşyk saklaýar?
4. Gazak, gyrgyz, täjik, türkmen we özbek diasporalarynyň arasynda nähili meňzeşlikler we tapawutlar bar?
5. Merkezi Aziýa ýurtlarynyň öz diasporalaryna gatnaşykda syýasaty nähili tapawutlanýar?

## Amaly okuw:

1. Gyrgyzystan Respublikasynyň hökümeti tarapyndan teklip edilen “Meken kart” ulgamyny diaspora bilen gatnaşyk nukdaýnazaryndan seljeriň. Daşary ýurtlar bilen deňeşdiriň. Bu başlangyjyň Gyrgyzystanyň durmuş-ykdysady ösüşine nähili täsir etjekdigine çaklama ediň.
2. Gazak, gyrgyz, täjik, türkmen we özbek diasporalarynyň aýratynlyklaryny deňeşdiriň.

   Deňeşdirmegiň takmynan meýilnamasy:

   a) sany;

   b) göçen ýerleriniň geografiýasy;

   ç) diasporanyň watanynyň ösüşine goşandy;

   d) watan bilen özara gatnaşyklaryň aýratynlyklary;

   d) watanyň diaspora gatnaşykda döwlet syýasaty.

   Tanyşdyryş taýýarlaň.
3. Ýurduňyzda diaspora işleri boýunça ministrligi döretmek zerurlygyny (zerurlygyň ýoklugyny) esaslandyryň.

## Esasy edebiýat:


1. Kondratýewa T.S. Häzirki zaman dünýäsindäki diasporalar: hadysalaryň we düşünjeleriň ewolýusiýasy // Geljegi. Taryhy geljegiň gaznasynyň barlag we analitika merkezi. 2010. [Giriş tertibi: www.perspektivy.info/srez/etnos/diaspory_v_sovremennom_mire_evolucija_javlenija_i_ponatija_2010-02-27.htm].
2. Rýazantsew S. W., Horiýe N. Merkezi Aziýa ýurtlaryndan Russiýa Federasiýasyna gelýän zähmet migrasiýasynyň akymlaryny modelirlemek: Ykdysady-durmuş barlagy. M.: Научный мир. 2011. 250 s.
3. Toşçenko Z.T., Çaptykowa T.I. Diaspora sosiologiki barlaglaryň obýekti hökmünde // Sos. 1996. №12. S. 33-42.
4. Şeffer G. Dünýä syýasatynda diasporalar // Diasporalar. 2003. № 1. S. 162-184.

5. Diasporas: New Partners in Global Development Policy. Ed. by K. Newland. Migrasiýa syýasaty instituty. USAID. 2010.288 s. [Giriş tertibi: www.migrationpolicy.org/research/diasporas-new-partners-global-development-policy].

## Goşmaça edebiýat:

1. Akramow F. Ş. Demografiki ýagdaý we Täjigistandan Russiýa zähmet migrasiýasy // Russiýada daşary ýurt işçi güýjüni çekmek we ulanmak tejribesi: tendensiýalar, mehanizmler, tehnologiýalar: Ylmy-amaly konferensiýanyň materiallary (2006-njy ýylyň 16-17-nji oktýabry) / Jogapkär red. S.W. Rýazantsew. M. 2006. S. 5-10.
2. Baltabaýewa K.N., Mamaşew T.A., Ermekbaý Z.A. we başgalar. Gazak diasporasy we repatriýasiýa (1991-2012). Almaty: Ýoltanym. 2015. 187 s.
3. Merkezi Aziýada dolanyş migrasiýasy we çagyrmalar: 2017-nji ýylyň töwekgelçilik seljerişi. Astana: HMG – Gazagystan. 2017. 68 s.
4. Gyrgyz diasporalarynyň kartasy we daşary ýurtdaky watandaşlaryň sanawy. Barlag hakynda analitiki hasabat. Bişkek. 2016.
5. Mendikulowa G.M. Gazak diasporasy we irredenta: taryh we häzirki döwür. Gazak diasporasy we irredenta: kesgitlemesi, tipologiýa we häsiýetnama // Gazak diasporasy: häzirki we geljek zamanda. Astana: Ýolorda. 2005. S. 38-47.
6. Rýazantsew S. W., Krasinets E. S. Merkezi Aziýadan Russiýa Federasiýasyna zähmet migrasiýasynyň häzirki zaman meýilleri we ykdysady täsiri. Ylmy syn. 1-nji tapgyr. Ykdysadyýet we hukuk. 2016. № 5. S. 5-14.
7. Sadizoda J., Fayzizoda, N. Beýik Kiriň Jarnamasy we Erkinligiň beýik hartiýasy: meňzeşlikler we tapawutlar // Hukuk durmuşy. 2015. № 2 (10) . S. 74-88.
8. Ösüş meýilnamalaşdyrylyşynyň barşynda migrasiýa meseleleriniň hasaba alnyşy: direktiw edaralar we işgärler üçin gollanma. MOM (Mainstreaming Migration into Development Planning: A Handbook for Policy-makers and Practitioners. IOM. Global Migration Group). 2010. 152 p. [Giriş tertibi: https://publications.iom.int/es/books/mainstreaming-migration-development-planning-handbook-policy-makers-and-practitioners].

## Wideosýužetler:

HMG-nyň Baş direktorynyň gutlag haty (Welcome Message of Director General IOM. Diaspora Ministerial Conference 18-19-njy iýun 2013)) [Giriş tertibi: https://diaspora.iom.int].

IV-NJI BÖLÜM.

# MERKEZI AZIÝADA YZYNA DOLANYŞ MIGRASIÝASY, ÇAGYRYŞLARY WE STRATEGIÝALARY

# 4. 1. Merkezi Aziýa döwletleriniň migrasiýa syýasaty we durmuş-ykdysady ösüşiniň strategiýalary: dolanyş migrasiýanyň orny

***Mazmuny.*** *Merkezi Aziýa döwletlerinde durmuş-ykdysady ösüşiň milli strategiýalary we olaryň içinde ösüş çeşmesi hökmünde migrasiýa. Merkezi Aziýa döwletleriniň migrasiýany dolandyrmakda çemeleşme usullary. Migrasiýa syýasatynyň sosial-ykdysady ösüşiň milli strategiýasy bilen gatnaşygy. Merkezi Aziýa döwletleriniň durmuş-ykdysady strategiýalarda migrasiýanyň täsiri. Milli strategiýalarda yzyna dolanyş migrasiýasy. Milli ösüş strategiýalarynda yzyna dolanyş migrasiýasynyň goşulmagynyň geljegi. Merkezi Aziýa döwletlerinde sebitleýin we ýerli durmuş-ykdysady ösüş meýilnamalarynda yzyna dolanyş migrasiýasy. Meýilnamalarda yzyna dolanyş migrasiýanyň goşulmagynyň geljegi.*

Migrasiýa ulgamyndaky syýasat milli häkimiýetleriň başarnyklaryna degişlidir. Ýöne migrasiýa geljekde bütindünýä ösüş düşünjeleri baradaky jedellerde has hem möhüm orny özünde jemleýär. Onuň orny, 2015-nji ýylyň sentýabr aýynda geçirilen BMG-nyň sammitinde dünýä we milli derejede 2030-njy ýyla çenli durnukly ösüş prossesine gözegçilik etmegiň çäginde kabul edilen durnukly ösüş Maksatlaryna (DÖM) ýetmek üçin äşgärdir. Esasan:

DÖM-nyň 8. 8.8 maksady şulara çagyrýar "zähmet hukuklarynyň goralmagyny üpjün etmek we ähli işçiler, şol sanda migrant işçiler, esasanam migrant aýallar we durnukly işe eýe bolmadyklar üçin howpsyz we ygtybarly iş şertlerini döretmek";

DÖM-nyň 10. 7 maksady şulara çagyrýar "guramaçylykly, howpsyz, yzygiderli we jogakärçilikli göçmekligi ýola goýmak, şeýle hem meýilleşdirilen we ýerlikli dolandyrylýan migrasiýa syýasatynyň amala aşyrylmagy esasynda bolmagy";

DÖM-yň 17.18 wezipesi "Ösýän ýurtlar üçin mümkinçilikleri artdyrmak goldawyny ... girdejiniň artdyrylmagy, jyns, ýaş, rasa, etnik erkinlik, migrasiýa ýagdaýy, saglyk ýagdaýy, geografiki taýdan bölünmedik hil, öz wagtynda we ygtybarly maglumatlaryň elýeterliligini ep-esli ýokarlandyrmaga çagyrýar. Ýerleşişi we milli şertlere degişli beýleki ölçegler";

DÖM-nyň 10. maksady şulara çagyrýar "Migrantlaryň pul serişdelerini ibermek bilen baglanyşykly amal çykdajylaryny 3%-den azaltmak we 5%-den ýokary çykdajylarbilen pul iberiş kanallaryny ýok etmek".[1]

BMG-nyň migrasiýa we ösüş boýunça bilelikdäki başlangyjy, ýerli we sebitleýin häkimiýetlere migrasiýa we ösüş boýunça syýasatyň ylalaşygyny ýokarlandyrmak üçin dolandyryşlaryň ähli ulgamlarynda özleriniň tagallalaryny ýola goýmaga ýardam etmek üçin niýetlenen "Ýerli ösüş meýilleşdirilende göçmekligi dahylly etmek boýunça kada" barada görkezmeleri çap etdi. Dürli pudaklarda migrasiýa we ösüş boýunça syýasatyň ýerine ýetirilmegini görkezýän görkezijileriň toplumy işlenip düzüldi. Bu görkezijilere ýetmek üçin gurluş, syýasat we interwensiýa boşluklaryny ýa-da göçmekligiň

[1] DÖM [Giriş tertibi: https://sustainabledevelopment.un.org/focussdgs.html].

bütinleşmeginiň gowşak taraplaryny ýüze çykarmak we olary ýerli derejede ýok etmek boýunça jogapkär amal-hünärmenleri zähmet çekýärler. Gollanma görkezijileri iki esasy kategoriýa bölünýär: (1) guramaçylyk çäreleri we (2) syýasatlar we amallar.[2]

HMG-BMÖM-nyň Bilelikdäki bütindünýä maksatnamasynyň umumy maksady, hökümetlere we olaryň hyzmatdaşlaryna göçmegiň döwlet ösüşine edýän täsirlerini has takyk ölçemäge we köpçülige ýetirmäge mümkinçilik bermek; adam ösüşiniň netijelerini gowulandyrmak we gelip çykan we barjak ýerlerinde migrantlar, olaryň maşgalalary we jemgyýetleri üçin töwekgelçiligi azaltmak maksady bilen göçmek hadysasyny dolandyrmak.[3] Umuman aýdanyňda, her bir ýurduň milli migrasiýa syýasatynyň kompleksliligine baha bermek üçin, Migrasiýa dolandyryş görkezijileri (MGI) nukdaýnazaryndan seljerilmeli.

2015-nji ýylda HMG “ýerlikli dolandyrylýan migrasiýa syýasatynyň” milli derejede nämedigini kesgitlemek üçin migrasiýa dolandyryş gurluşyny (MiGOF) işläp düzdi. Şol ýylda HMG agza döwletler MiGOF-ny hem goldadylar. Migrasiýa dolandyryş görkezijileri (MGI) milli gurluşlara baha bermek we MiGOF-yň amaly ýagdaýda durmuşa geçirilmegine kömek etmek üçin işlenip düzüldi.

MGI – bu ýurtlaryň migrasiýa dolandyryşyny ösdürmek üçin ulanyp biljek syýasy güýjüne düşünmek üçin bir guraldyr. MGI migrasiýa syýasatyny işläp düzmek ýa-da durmuşa geçirmek üçin ýurtlary tertipleşdirmek üçin niýetlenmän, eýsem ýurtlara migrasiýa syýasatynyň çylşyrymlylygyna baha bermekde, şeýle hem boşluklary we işiň esasy ugurlaryny kesgitlenende kömek etmek üçin niýetlenendir. MGI-niň ýerine ýetirilmeginiň maksady – "ýerlikli dolandyrylýan migrasiýa" 10.7 DÖM-nyň maksady hökmünde nähili ýagdaýda görünjekdigini anyklamak ýoly arkaly migrasiýa ugry boýunça gürrüňdeşlikleriň hödürlenmegidir.

MiGOF we MGI migrasiýa dolandyryşynyň alty jähtini öz içine alýar:

1. *Migrantlaryň hukugy.* Bu ugurdaky görkezijiler, bir ýurduň raýatlary bilen derejesi deňeşdirilende, migrantlaryň saglyk, bilim we durmuş üpjünçiligi ýaly esasy jemgyýetçilik hyzmatlardan peýdalanmak nukdaýnazaryndan derejesine baha berýär. Şeýle hem onuň içinde, migrantlaryň maşgalalary birleşdirmek, işlemek, ýaşamak we raýatlyk hukuklary beýan edilýär. Bu ýerde şeýle-de esasy halkara konwensiýalaryň tassyklanmagy hem goşulandyr.

2. *Umumy döwlet tarapyndan çemeleşme.* Bu ugurdaky görkezijiler ýurtlaryň migrasiýa syýasaty boýunça guramaçylyk, hukuk we kadalaşdyryjy gurluşyna baha berýär. Şeýle hem bu ýerde, ösüşe laýyk gelýän milli migrasiýa strategiýalarynyň, guramaçylygyň aç-açanlygyň we migrasiýa dolandyryşy bilen utgaşyklygyň bardygy gözden geçirilýär. Bu ugur, şeýle hem hökümetleriň migrasiýa maglumatlaryny haýsy derejede ýygnaýandyklaryny we ulanýandyklaryny öwrenmek üçin niýetlenendir.

3. *Hyzmatdaşlyk.* Bu ugur, beýleki döwletler we degişli jemgyýetçilik guramalary, şol sanda raýat jemgyýeti guramalary we hususy pudak bilen migrasiýa meselelerinde döwletleriň hyzmatdaşlyk

---

[2] Ýerli ösüşi meýilleşdirmekde migrasiýany hasaba almagy ýolbaşçylyk ýörelgeleri (Success Stories Guidelines on Mainstreaming Migration into Local Development Planning) [Giriş tertibi: http://migration4development.org/sites/default/files/guidelines_on_mainstreaming_migration.pdf].

[3] Milli ösüş strategiýalaryna esasy akym [Giriş tertibi: www.iom.int/mainstreaming-migration-national-development-strategies].

boýunça tagallalaryna ünsi jemleýär. Hyzmatdaşlyk standartlaryny ylalaşmak we ýokarlandyrmak, gepleşikleri güýçlendirmek we kynçylyklary ýeňip geçmek üçin gurluşlar döretmek arkaly dolandyryşy ösdürmäge mümkinçilik döreder.

4. *Migrantlaryň abadançylygy.* Bu ugur, migrantlaryň durmuş-ykdysady abadançylygyny dolandyrmak, şol sanda migrantlaryň bilim we hünär derejesini ykrar etmek, talyplaryň göçmegini kadalaşdyrýan düzgünler we ýurtlaryň arasynda ikitaraplaýyn zähmet ylalaşyklarynyň bolmagy ýaly ýurtlaryň syýasatlarynyň görkezijilerini öz içine alýar. Görkezijiler diasporalar we migrantlaryň pul geçirimleri bilen baglanyşykly umumy syýasatlara we strategiýalara deň derejede gönükdirilendir.

5. *Göçmeklik bilen bagly çökgünçiligiň jähtleri.* Bu ugurda ýurtlaryň betbagtçylyklar, daşky gurşaw we/ýa-da dawa-jedeller bilen baglanyşykly ýerleşýän ýeri üýtgetmeklige taýýarlygynyň görnüşi we derejesi öwrenilýär. Bu görkezijiler tebigy betbagtçylyklar döwründe şeýle hem ondan soň raýatlaryň we daşary ýurt raýatlaryň ýagdaýyny beýan etmek üçin ulanylýar, şol sanda ynsanperwer kömeginiň migrantlara we ýurduň raýatlaryna deň derejede elýeterli bolup bolmandygy baradaky soragy hem öz içine alýar.

6. *Howpsyz, tertipli we abraýly mirgasiýa.* Bu ugurda serhet gözegçiligi we ýerine ýetirilmegi, migrantlary kabul etmegiň ölçegleri, möhüm we garaşylmadyk migrasiýa akymlary ýüze çykan halatynda taýýarlyk we durnuklylyk, şeýle hem adam söwdasyna we migrantlaryň bikanun getirilmegi ýaly meseleler nukdaýnazaryndan döwletleriň migrasiýa dolandyryş boýunça çemeleşmeleri seljerilýär. Bu görkezijiler gaýdyp gelýän raýatlaryň ugtaşmagy üçin edilýän tagallalary we ädimlere baha berýär.[4]

Şeýlelik bilen, migrasiýa we ösüş ugry boýunça syýasatlaryň ylalaşygy möhüm bolup durýar sebäbi migrasiýa hökümetiň ähli pudaklaryna täsir edýär: saglygy goraýyş ulgamyndan bilim ulgamyna we ýaşaýyş jaý üpjünçiliginden jemgyýetçilik üpjünçiligine çenli ählisine täsir edýär. Diňe migrasiýa bilen baglanyşykly syýasatlar, bilim, iş üpjünçiligi we beýlekiler ýaly çäreler migrantlaryň we ýerleşýän ýerlerinden göçürilen adamlaryň aýratyn zerurlyklaryna we hukuklaryna laýyk gelmedik ýagdaýynda, netijesiz bolup biler.

HMG Merkezi Aziýada migrasiýa pudagynda birnäçe meseläni kesgitleýär:

- migrasiýa meseleleri boýunça ýurtlaryň arasynda gepleşikleriň ýoklygy;
- sebitleýin we milli migrasiýa syýasatlarynyň ýeterlik däldigi, şeýle hem özgermedik kadalaşdyryjy-hukuk binýady;
- migrasiýa maglumatlarynyň ýygnalmagy üçin niýetlenen mehanizmleriň ýoklygy we gowşak guramaçylyk;
- hökümet bölümleri tarapyndan migrasiýa meselelerine düşünmezlik, şeýle hem migrasiýa we serhet geçelgelerini dolandyrmakda ösmedik mümkinçilik;
- migrantlaryň giňden ýaýran zähmet we jyns taýdan ulanylmagy;
- migrant pullaryny öz ýurtlarynyň ykdysady ösüşi üçin ulanmak mümkinçiliginiň bolmazlygy.

[4] Migrasiýa dolandyryş görkezijileri (Migration governance indicators) [ Giriş tertibi: https://gmdac.iom.int/migration-governance-indicators].

Merkezi Aziýa ýurtlarynyň duş gelýän we sebitdäki migrasiýa ýagdaýyna täsir edýän meseleleriň meňzeşligine garamazdan, her bir döwlet özüne mahsus kynçylyklara duçar bolýar.

- Özbegistan Respublikasynyň daşyndaky iş gözleýänlere galmagyň düzgünleri, iş şertleri, işleýän ýurtda sosial we ýaşaýyş jaý goldawy, daşary ýurtly iş berijiler bilen zähmet şertnamalaryny baglaşmagyň kanuny taraplary barada maglumat bermegi;
- Özbegistan Respublikasynyň daşyndaky iş gözleýänler bilen iş berijileriň arasynda zähmet şertnamalaryny baglaşmaga kömegi.

Özbegistan Respublikasynyň daşyndaky iş gözleýän adamlara iş hyzmatlaryny bermek üçin hususy iş guramalar Özbegistan Respublikasynyň Iş we Zähmet gatnaşyklary ministrliginiň Daşary ýurtda işleýän raýatlaryň hukuklaryny we bähbitlerini goldamak we goramak gaznasynda 50 müň Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň dollary möçberinde serişdeleri ätiýaçlandyrýar; ätiýaçlandyrylan mukdary harç eden halatynda serişdeleri doldurmak, şeýle hem ygtyýarnamanyň ýatyrylan ýa-da güýjüni ýitiren halatynda serişdeleri yzyna gaýtarmak şertler bilen. Häzirki wagtda Özbegistanda 65 sany hususy iş üpjünçiligi gullugy hasaba alyndy, olaryň 51-inde Özbegistan Respublikasynyň daşyndaky iş gözleýänleriň işini ýeňilleşdirmek üçin ygtyýarnamasy bar.

Daşary ýurtlarda zähmet işlerini alyp barýan raýatlaryň hukuklaryny we gyzyklanmalaryny goldamak we goramak gaznasy aşakdakylar üçin çykdajylary maliýeleşdirmäge çagyrylýar:

- kanuny we jemgyýetçilik goragy üpjün etmek, şeýle hem zorluga, mejbury zähmet we diskriminasiýa, zähmet we beýleki hukuklaryň bozulmagyna sezewar bolan, kyn maliýe ýagdaýyna düşen we daşary ýurtda işlän döwründe şahsyýet resminamasyz galan raýatlara maliýe kömegi bermek;
- zähmet migrasiýasynda bolan döwründe şikes, betbagtçylyk sebäpli lukmançylyk kömegini talap eden raýatlara lukmançylyk kömegi, zähmet migrantyň hasabyna berilýän lukmançylyk hyzmatlarynyň bahasyny tölemek mümkin bolmasa, raýatlar tarapyndan soňra görkezilen tölenen serişdeleriň öwezini doldyrmak;
- döwletiň çäginden daşyndaky zähmet migrasiýasy döwründe ölen raýatlaryň jesetlerini daşamak, hem-de daşary ýurtda işleýän wagtynda ýaralanan ýa-da agyr ýaralanan raýatlaryň iş ukyby ýitirmegi sebäp bolanda, iş döwletiniň degişli edaralary tassyklan halatynda;

- kabul edilen ýurduň kanunlarynyň bozulmagy netijesinde ozal daşary ýurda işe iberilen we daşary ýurtlara işe iberilen raýatlaryň yzyna dolanmagy, soňra bu raýatlaryň hasabyna tölenen serişdeleriň öwezini dolmagy, şeýle hem daşary ýurtly iş berijiler iş tapmak üçin ylalaşylan şertleri üpjün etmedik raýatlaryň yzyna dolanmagy;
- respublikanyň sebitlerinde we ýola çykmazdan ozal uýgunlaşma, hünär okuwy, daşary ýurt dillerini bilmek üçin bilim we synag merkezlerini döretmek, daşary ýurda işlemek üçin gidýän raýatlaryň hünär ukyplylygyny tassyklamak;
- kadaly zähmet migrasiýasynyň öňüni almaga gönükdirilen daşary ýurtlarda raýatlaryň guramaçylykly iş üpjünçilik ulgamyny gowulandyrmak boýunça habarlylygy ýokarlandyrmak boýunça çäreleri geçirmek.



HMG Sadorat Alimuradowa 42 ýaş, uly bolmadyk şahsy kärhanasynyň işini başlamak üçin tikinçilik enjamyny ygtyýaryna berdi. Şu günki gün ol özüniň tikinçilik işiniň gerimini giňeltdi, goňşy gyzlary işe kabul edýär we özüniň ukyp-başarnyklaryny gyzlaryna hem öwredýär. Şaartuz, Täjigistan

Surat: HMG Täjigistan, 2019

## Synag soraglary:

1. Häzirki wagtda Merkezi Aziýa ýurtlarynda haýsy strategiki resminamalar migrasiýa düzgünlerini öz içine alýar?
2. Döwlete näme üçin migrasiýany kadalaşdyrmak strategiýasy ýa-da düşünjesi gerek? Haýsy resminamalar bilen ol bagly bolmaly?
3. Merkezi Aziýa ýurtlary zähmet migrasiýasynyň haýsy täze ugurlaryny ösdürýärler? Näme üçin Merkezi Aziýa strategiki döwletleri zähmet migrasiýasynyň geografiýasyny diwersifikasiýa etmäne synanyşýarlar?
4. Haýsy Merkezi Aziýa ýurtlarynda dolanyş migrasiýasy strategik resminamalarda göz öňünde tutulan?

## Amaly okuw:

Öz ýurduňyzyň, sebitiňiziň ýa-da ilatly punktyňyzyň durmuş-ykdysady ösüş strategiýasyny öwreniň. Şonuň içinde migrasiýa meseleleri barada garaýyşlaryň bardygyny kesgitläň. Migrasiýa syýasatynyň haýsy ugurlary şu resminama integrirlemek bolýandygy aýdyp beriň. Öz nukdaýnazaryňyzy esaslandyryň.

## Gerekli edebiýat:


1. Täjigystan Respublikasynda durmuş-zähmet gatnaşyklar gurluşda zähmet migrasiýa/ Jog.red. S.D.Mutiýewa, Ýu.R.Ýusufbekow. Duşenbe: Zähmet, ilatyň migrasiýasy we iş bilen üpjünçiligi boýunça Ylmy Barlag Institutynyň neşirýaty. 2016. 163 s. [Giriş tertibi: www.rtsu.tj/upload/files/data3/Монография_ТРУДОВАЯ%20МИГРАЦИЯ.pdf].
2. Worobýowa O.D., Topilin A.W., Mukomel W.I. we başg. Ilatyň migrasiýasy: nazaryýet, syýasat: okuw kitaby. M.: Экономическое образование. 2012. 364 s.
3. Ýerli ösüşi meýilleşdirmekde migrasiýany hasaba almagy ýolbaşçylyk ýörelgeleri. (Guidelines on Mainstreaming Migration into Local Development Planning) [Giriş tertibi: http://migration4development.org/sites/default/files/guidelines_on_mainstreaming_migration.pdf].
4. Mainstreaming Migration into National Development Strategies [Giriş tertibi: www.iom.int/mainstreaming-migration-national-development-strategies].


## Goşmaça edebiýat:


5. Azimowa M., Mahmadbekow M., Raimdodow U. we başg. Täjigystan Respublikasynda durmuş taýdan we zähmet gatnaşyklar gurluşunda zähmet migrasiýasy. Duşanbe. 2016. 163 s.
6. Täjigistan Respublikasynyň ilatynyň 2017-2019-njy ýylyň 26-njy oktýabryndaky 499 belgili 2018-2019-njy ýyllar üçin iş üpjünçiligini ýokarlandyrmak boýunça döwlet maksatnamasy [Giriş tertibi: www.adlia.tj/show_doc.fwx?Rgn=130357&login=yes].

7. Gyrgyzystan Respublikasynyň migrasiýasy hakynda bitewi nutuk. Gyrgyzystan Respublikasynyň zähmet, ýaşlar we migrasiýa ministirligi. Bişkek: Gyrgyzystan Respublikasynyň zähmet, ýaşlar we migrasiýa ministirliginiň neşirýaty. 2014. 40 s.

8. 2018 – 2022 ýyllaryň arasyndaky döwir üçin Gyrgyzystan Respublikasynyň sebitleýin syýasatynyň baş ýörelgesi. Gyrgyzystan Respublikasynyň hökümetiniň 2017-nji 31-nji martyndaky 194 belgili karary bilen tassyklandy. [Giriş tertibi:http://mineconom.gov.kg/ru/direct/9/npb] Gyrgyzystan Respublikasynyň migrasiýa syýasaty düşünjesini ösdürmek. Gyrgyzystan Respublikasynyň Milli strategiki gözleg institutynyň hasabaty. Bişkek. 2013. 94 s. [Giriş tertibi: https://auca.kg/uploads/Migration_Database/Publications/18_migrac_report.pdf].

9. "Türkmenistanyň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin ykdysady, syýasy we medeni ösüş strategiýasy" Milli Maksatnamasy [Giriş tertibi: http://base.spinform.ru/show_doc.fwx?rgn=6787].

10. Täjigistan Respublikasynyň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin milli ösüş strategiýasy. Täjigistan Respublikasynyň hökümetiniň 2016-njy ýylyň 1-nji sentýabryndaky 392 belgili karary bilen kabul edildi.

11. Gazagystan Respublikasynyň hökümetiniň 2017-nji ýylyň 29-njy noýabryndaky 790 belgili karary: "Gazagystan Respublikasynda Döwlet meýilnamalaşdyryş ulgamynyň tassyklanmagy hakynda" [Giriş tertibi: http://adilet.zan.kz/rus/docs/P1700000790].

12. Rýazantsew S.W., Bogdanow I.Ýa., Dobrohleb W.G., Lukýantsew A.S. ÝAYB-de integrasiýa prosesleriniň çäginde Merkezi Aziýa döwletleriň Russiýa we Gazagystan bilen migrasiýa arkalaşyk// Merkezi Aziýa we Kawkaz. 2017. J.20. Goýb. 1. S.44-56.

13. Gyrgyzystanda we Täjigistanda zähmet migrasiýasy we zähmeti köp talap edýän pudaklar: Merkezi Aziýada adam ösüşi üçin mümkinçilikler. Sankt-Peterburg: Ýewraziýa ösüş bankynyň integrasiýa barlama merkezi. 2015. 127 s. [Giriş tertibi: https://eabr.org/upload/iblock/0b9/report_ca_labour_migration_and_labour_intensive_sectors_full_rus.pdf].

14. Gazagystan Respublikasynyň Prezidentiniň 2011-nji ýylyň 21-nji iýulyndaky 118 belgili karary: “2020-nji ýyla çenli ýurduň sebitleýin ösüş meýilnamasyny tassyklamak hakynda” [Giriş tertibi: http://adilet.zan.kz/rus/docs/U1100000118].

15. Gazagystan Respublikasynyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 15-nji fewralyndaky 636 belgili karary: "Gazagystan Respublikasynyň 2025-nji ýyla çenli strategiki ösüş meýilnamasyny tassyklamak hakynda"[http://adilet.zan.kz/rus/docs/U1800000636#1255].

16. Ýerli ösüşi meýilleşdirmekde migrasiýany hasaba almagy dolandyryjy ýörelgeler (Success Stories Guidelines on Mainstreaming Migration into Local Development Planning) [Giriş tertibi: http://migration4development.org/sites/default/files/guidelines_on_mainstreaming_migration.pdf].

# 4.2. Merkezi Aziýa ýurtlarynda, MDRK-ny goşmak bilen, migrasion syýasaty we dolanyş migrasiýasyny amala aşyrmaklygyň milli mehanizmleri

***Mazmuny.*** *Merkezi Aziýa ýurtlarynyň migrasiýa syýasatyna konseptual çemeleşmeler. Merkezi Aziýa ýurtlaryň migrasiýa syýastlarynyň milli strategiýalar we ösüş maksatnamalary arabaglanyşygy. Merkezi Aziýa ýurtlarynyň dolanyş migrasiýasyna çemeleşmeleri. Dolanyş migrasiýasynda maksatnamalaryň we mehanizmleriň barlygy. Dolanyş migrasiýasy niýetleri durmuşa geçirmekde yzyna dolanýan migrantlaryň we ýerli ilatyň gyzyklanmalarynyň deňagramlylygyny tapmagyň zerurlygy. Dolanyş migrasiýasynyň döwlet habar beriş gurallar. Migrantlaryň Merkezi Aziýa ýurtlaryna dolanýan döwletleriniň ähmiýeti we jogapkärçiligi.*

Ýurtlarynyň içinde we daşynda tertipsiz migrasiýa tendensiýalary we netijeleri Merkezi Aziýa döwletlerini migrantlaryň hukuklaryny goramak we migrasiýa üçin howpsyz gurşaw döretmek, ýüze çykýan howplara garşy durmak, mysal üçin migrantlaryň radikal hereketlere gatnaşmagy ýaly çäreleri görmek barada pikirlenmäge mejbur edýär.

Tertipsiz migrasiýanyň öňüni almak bilen baglanyşykly migrasiýa prosseslerini düzgünleşdirmegiň geljegi uly ugurlaryndan biri, readmissiýa barada şertnamalarynyň baglaşylmagy boldy. Köplenç döwletler tarapyndan readmissiýa dolanyş migrasiýasyna baglylykda seredilýär.[1] Readmissiýanyň esasy pudagy ilatyň bir döwletden beýleki döwlete migrasiýa prossesinde emele gelýän hukuk gatnaşyklary bolup durýar.[2]

Russiýa Federasiýasynyň gaýtadan girmegi gadagan etmegi Gazagystana täsir etdi: şu taýda dolanyş üstaşyr migrantlary peýda boldy. Serhetde "sallanan" migrantlar esasan Täjigistan, Özbegistan we Gyrgyzystan döwletleriň raýatlary bolup, bu döwletleriň hatda Russiýa Federasiýasy bilen umumy serhedi ýok. Gadagançylygyň girizilmegi we bu barada habarlarynyň bolmazlygy, migrantlaryň köpüsiniň Gazagystanda galmaga mejbur edilmegine sebäp boldy. Emele gelen ýagdaýa düşünmek we aňlamak üçin migrantlar Gazagystanyň üsti bilen öýlerine dolanmak ýa-da Gazagystany geljekde ýaşaýan ýurdy hasaplamak kararyny kabul etmelidiler. Netijede, migrantlaryň köp sany üstaşyr geçmäge ýa-da iş durmaga mümkinçilik döwrüne Gazagystan Respublikasynyň çäginde bolmaga mejbury boldylar. Migrantlaryň bu kategoriýasy howpa has açyk bolan ýagdaýlary sezewar bolýarlar (sur. 4.2.1).

---

1 Kažaýewa O.S. Halkara hukugynda readmissiýa instituty: hukuk ylymlarynyň kandidaty diýen alymlyk derejesini almaklyk üçin dissertasiýanyň gysgaça mazmuny. Hünäri 12.00.10 – halkara hukugy; ýewropa hukugy. M. 2014. 32 s.

2 Readmissiýanyň hukuk esaslary: "Hukukşynaslyk" hünärde okaýan talyplar üçin okuw kitaby. Red. I.N.Glebowa, A.S.Prudnikowa. – M.: ÝUNITI-DANA: Kanun we hukuk. 2010. S. 8.

Sur. 4.2.1. **Russiýa Federasiýasyna gaýtadan girmegi gadagan edilen Gazagystandaky migrantlaryň töwekgelçilikli ýagdaýlary, soraga gatnaşanlaryň %**[3]




Bu nukdaýnazardan, köp wezipeli borjy tabşyrylan döwlet edaralarynyň ýeterlik, deňagramly we takyklanan garaýyşy – raýatlaryň içerki howpsuzlygyny we durnuklylygyny üpjün etmek we bir tarapdan onuň bähbitlerini üpjün etmek, beýleki tarapdan migrantyň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak möhümdir. Ýer togalagynyň islendik adamy ýaly, her bir migrantyň adam hukuklarynyň ähliumumy Jarnamasynda yglan edilen esasy hukuklary we azatlyklary bar, meselem, "adamyň ýaşamak hukugy, erkinligi we şahsy eldegirmezlige, islendik kemsitmelerden deň derejede goralmagy, şahsyýet hukugynyň ykrar edilmegi, deň derejede kanuny goraga hiç kim gulçulykda ýa-da erksiz halda saklanmaly däldir; hiç kim gynamalara ýa-da rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän çemeleşmelere ýa-da jezalara sezewar edilmeli däldir, ähli adamlar kanunyň öňünde deňdir we hiç hili tapawudy bolmazdan kanuny deň derejede goramaga hukugy bar, hiç kim esassyz tussag edilip, saklanylyp ýa-da ýurtdan çykarylyp bilinmez".[4]

Gazagystanda migrasiýa kanunçylygy pudagyndaky kadalaşdyryjy-hukuk binýadynyň seljermesi, döwletde bar bolan kanunçylygyň, esasan, tertipsiz statusy bolan adamlar bilen baglanyşykly dolanmak migrasiýa proseduralaryny beýan edýändigini görkezdi. Şeýle-de bolsa, döwlet syýasatynyň umumy strategiýasy, geljekde meýletin dolanmak maksatnamasyny ösdürmek we durmuşa geçirmek nukdaýnazaryndan ýurduň dünýä meýdançasynda oňyn keşbine işjeň goşant goşjak köp sanly täsirli guraly öz içine alýar.

---

[3] 2016-njy ýylyň ýanwar-iýun aýlarynda Gazagystanda geçirilen söhbetdeşlikleriň we toparlaýyn söhbetdeşlikleriň netijeleri boýunça.

[4] Adam hukuklary ählumumy jarnamasy, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 217 (A) (III) rezolýusiýasy bilen kabul edildi (1948-nji ýylyň 10-njy dekabrynda).

Mejbury migrantlar üçin şeýle kyn ýagdaýda döwlet gözegçiliginiň ähmiýetine göz ýetirip, HMG-nyň Merkezi Aziýa Sebitara Utgaşdyryş Edarasy tarapyndan dolanyş migrasiýasy töwekgelçiligine sebitleýin meýdan baha berdi.[5] Gazagystanyň döwlet gurluşlary hem bu agtaryş işine gatnaşdy: Gazagystan Respublikasynyň Prezidentiniň edarasy, Howpsuzlyk Geňeşi, Milli Howpsuzlyk Komiteti, Dini we Raýat Işleri ministrligi, Daşary işler ministrligi, Ilatyň Zähmet üpjünçiligi we durmuş taýdan goramak ministrligi, Içeri işler ministrligi (Migrasiýa gullugy komiteti), Aktau, Almaty we Astana şäher häkimlikleri.

Dolanyş migrasiýasynyň ösmegine goşant goşýan esasy milli mehanizmler hökmünde, ilkinji nobatda, ykdysady we sosial taýdan gaýdyp gelýän migrantlaryň reintegrasiýasyna kömek berilýändigini bellemelidiris.

Ykdysady reintegrasiýa iş ýerleri döretmegi, zähmet bazaryna isleg bildirýän täze hünäri almagy, iş we aragatnaşyk üçin zerur dil derejesini öwrenmäge, mikrokredit almagy we telekeçiligiň esaslaryny, maliýe sowatlylygynyň esaslaryny öwrenmäge bilen baglanyşykly, hem-de dolanýan migrantlary uýgunlaşdyrmak üçin jemgyýetçilik hyzmatlarynyň köpçülikleýin sanlaşdyrylmagy, iş gurşawy, hünärmen jemgyýetlerini, telekeçiler palatasyny özüne çekmek zerurdyr.

Sosial integrasiýasy jemgyýetçilik saglygy goraýyş hyzmatlary, bilimi, köp çagaly we pes girdejili maşgalalar üçin sosial ýeňillikleri, milli diasporalaryň uýgunlaşmagy we integrasiýasy, gyzyklanýan hünärmen jemgyýetlerine gatnaşmagy we ş.m. döwlet hyzmatlary amala aşyrmakda ýüze çykýar.

### Mysal 4.2.1. **Gazagystanda dolanyş migrantlarynyň ykdysady reintegrasiýa institutlary**

Gazagystan Respublikasynyň hökümeti tarapyndan "Gazagystanyň ilaty iş bilen meşgullanma maksatnamasy" amala aşyrylýar. Bu Maksatnama ýurtdaky garyplyk derejesini 8,2%-den 6%-e çenli peselder we işsizlik derejesi 5.5%-den artyk bolmaz. Bu Maksatnamanyň maksady, özbaşdak işleýän, işsiz we pes girdejili ilaty öndürijilikli ykdysady işe çekmek, senagatlaşma maksatnamasyny durmuşa geçirmek üçin adam resurslaryny ösdürmek we gönükdirilen sosial kömek ulgamyny kämilleşdirmek. Maksatnamanyň durmuşa geçirilişi üç tapgyrdan ybarat: başlangyç – 2011-nji ýyl, ikinji tapgyr – 2012-2015 ýyllar, üçünji tapgyr – 2016-2020 ýyllar.[6]

Häzirki wagtda Gyrgyzystanda işçi-migrantlary dolanmak üçin güýçlenmeleriň işjeňleşdirmegi höweslendirilýär, esasan hem kärli hünärmenleri. Bu soragda işjeň orny HMG-nyň goldawynda 2010-njy ýylda döredilen Daşary ýurtlarda Gyrgyzystan Respublikasynyň raýatlaryny iş üpjünçilik merkezi tutýar.[7] Taslamanyň çäklerinde Russiýa Federasiýanyň sebitleriň ýolbaşçylyklary bilen gatnaşyklar berkedilýär: olaryň arasynda Moskwa, Ýaroslawl, Swerdlowsk, Orenburg, Perm, Penza,

[5] Migrantlaryň gowşaklygy we Merkezi Aziýada integrasiýa zerurlyklary: dolanyş migrasiýanyň esasy sebäpleri we sosial-ykdysady netijeleri. Merkezi Aziýada HMG-nyň sebitleýin meýdan kegitlemesi. Astana. 2017. 68 s. [Giriş tertibi: https://kazakhstan.iom.int/publications].

[6] Gazagystan Respublikasynyň iş üpjünçiligi meýilnamasy 2020 [Giriş tertibi: http://shu.zhambyl.kz/dorozhnaya-karta-zanyatosti-2020/].

[7] Gyrgyzystan Respublikasynyň migrasiýasy hakynda bitewi nutuk. Gyrgyzystan Respublikasynyň zähmet, ýaşlar we migrasiýa ministirligi. Bişkek. 2014. S.18.

Samara we başg. Soňky metbugat habarlaryna görä, Penza oblastynyň ýolbaşçylary Gyrgyzystandan 2 müňe golaý işçi-migrantlary çekmek arkaly oba hojalygyny "dikeltmäge" we oba ýerlerinde ökde lukmançylyk işgärleriniň ýetmezçiligi meselesini çözmäge umyt baglaýarlar. Merkez bundan başga-da Koreýa Respublikasy, Türkiýe we Ýakyn Gündogar ýurtlary bilen işe almak meselesinde sazlanan aragatnaşyk ulgamy eýeleýär.

Gyrgyzystanda işçi-migrantlaryň milli maglumatlar binýadyny döretmek boýunça çäreler görülýär, bu serhet geçelgeleri we hasaba alyş maglumatlary, dolanýan migrantlar üçin gyzyklanma döredip biljek boş ýerler baradaky maglumatlary öz içine alar. Gyrgyzystanyň döwlet derejesinde ileri tutulýan ugurlaryna laýyklykda migrasiýany kadalaşdyrmak üçin aşakdaky çäreleri görmek zerurdyr:

1. Daşary ýurtlarda kanuny iş mümkinçilikleri barada migrantlary maglumatlandyrmak:
    - iş mahabatlaryny neşir edýän maglumat çeşmelerini maliýeleşdirmek we döretmek; milli metbugatda çap etmek üçin ýer bölmek (goňşy döwletleriň göniden gatnaşmagy bilen);
    - potensial bolan migrantlara iş şertleri we kabul edýän ýurtdaky hukuk düzgüni barada habar beriş serişdeler üsti bilen işjeň peýdalanmak.
2. Gyrgyzystan Respublikasynyň raýatlarynyň we daşary ýurtdaky maşgalalarynyň hukuklaryny goramagyň netijeliligini güýçlendirmek:
    - sebitiň beýleki ýurtlary bilen göni utgaşdyrmakda, migrant işçileriň bähbitlerini goramak babatynda kanunlaryň sazlaşygyny çaltlaşdyrmak, şol sanda daşary ýurt raýatlary üçin pensiýa we sosial ýeňillikler baradaky düzgünleriň kabul edilmegini öňe sürmek.
3. Gyrgyzystanyň raýatlaryna goldaw bermek maksady bilen daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynyň we konsullyk wekilhanalarynyň mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak:
    - işçi güýji talaplary boýunça sebitiň beýleki ýurtlary bilen hemişelik utgaşdyrylmagyny güýçlendirmek we işçi güýjüni kabul etmek baradaky ikitaraplaýyn şertnamalary baglaşmak arkaly Gyrgyzystan Respublikasynyň raýatlary migrant işçiler üçin kwotalary ýokarlandyrmak.
4. Gyrgyzystan Respublikasyndan migrantlaryň barýan ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy güýçlendirmek:
    - gelip çykyş ýurtlary we barjak ýurtlary zähmet migrasiýasy babatynda umumy we özboluşly meseleler bilen ýüzbe-ýüz bolýarlar. Gelip çykyş ýurtlaryň ileri tutýan ugry, migrant işçileriniň, esasanam hukuklarynyň bozulmagy üçin has ejiz bolanlaryň (mysal üçin, öýde işleýän aýallar) howpsuzlygyny we abadançylygyny üpjün etmekden ybaratdyr.
5. Daşary ýurtlardaky Gyrgyzystan Respublikasynyň raýatlarynyň sosial hukuklaryny üpjün etmek üçin halkara şertnamalar baglaşmak:
    - migrant işçileriň zähmet we jemgyýetçilik hukuklarynyň esasy bozulmagy, iş berijiniň migrant bilen zähmet şertnamasyny (ylalaşygy) baglaşmakdan we (ýa-da) migrantyň kanuny statusyny kanunlaşdyrmakdan ýüz öwürmegi ýaly ýagdaýlarda ýüze çykýar; zähmet hakyny wagtynda tölemek ýa-da zähmet hakyny tölemekden boýun gaçyrmak, erkin işe mejbur etmek; iş berijiniň pasportyny almasy, iş berijiniň iş ýerinden gitmegini gadagan etmesi; araçy tarapyndan galplyk; hünärli lukmançylyk kömeginden ýüz öwürmek.

6. Gyrgyzystan Respublikasynyň daşary ýurtda ýerleşýän edaralarynda hasaba alynmak we daşary ýurtda zerur resminamalary almak proseduralaryny kämilleşdirmek:

   - ýaşaýan (işleýän) ýerinde hasaba alynmagy, döwletde bolan migrantlary sany hakynda has takyk maglumatlary berýär. Mundan başga-da, globallaşma şertlerinde daşary ýurtlara göçüp gelen we mesgen tutan gyrgyz raýatlary bilen aragatnaşygy goldamak üçin ýörite maksatnama işlenip düzülmeli, bu hem Gyrgyzystan bilen Gyrgyz diasporalarynyň arasynda aragatnaşyk saklamak we sosial-medeni kadalary ýaýratmak ulgamyny öz içine alar.

7. Daşary ýurtlarda işlemek bilen baglanyşyklylykda hossarsyz galan çagalary goramak boýunça çäreler görmek:

   - gyrgyz migrantlar tarapyndan taşlanan çagalaryň hakyky sany şu günlükçe sanap bolanok. Migrantlaryň dogulan çagalaryň sanynyň resmi statistikasy ýöredilenok;

   - zähmet migrantlarynyň çagalarynyň hukuklary hem gelip çykyş ýurtlarynyň hökümetleri tarapyndan goralanok, çagalar 90 günden gowrak ýurtda bolup bilmeýän Russiýa Federasiýasynda (raýatlygy ýok bolsa ýa-da Russiýa Federasiýasynyň WÝR-ty) düýpli bozulsa-da, gelip çykyş ýurduň häkimiýetleri tarapyndan goralmaýar, netijede çagalar ene-atalar bilen ýaşap we mekdebe gidip bilenok.

Dolanyş migrasiýasynyň meseleleri seredilýän Gyrgyzystanyň öňki maksatnama resminamalary 2010-njy ýyla çenli Gyrgyzystan Respublikasynyň döwlet migrasiýa syýasatynyň konsepsiýasydyr.[8] Şonuň içinde milli zähmet bazaryndaky deňagramlylygy üpjün etmegi, şol sanda Gyrgyzystan Respublikasynda hojalyk işleri amala aşyrýan daşary ýurt kompaniýalarynda ýerli zähmet çeşmeleriniň ileri tutulýan ulanylyşyny göz öňünde tutmak bilen, Ilatyň rasional ýerleşdirmegi üçin täsirli ykdysady höwesleri döretmek we durmuşa geçirmek, ilatyň öz-özünden göçüp barmagynyň deňsizliginiň öňüni almak we käbir sebitlerde we ilatly punktlarda sosial-ykdysady, demografiki, daşky gurşaw we zähmet dartgynlylygyň güýçlenmegini öňüni almak.

Gyrgyzystanda migrasiýa meseleleri umuman alanyňda hökümet tarapyndan çözülýär. Hem-de, döwletiň migrasiýa syýasatyny amala aşyrmaklylyga Gyrgyzystan Respublikasynyň hökümetiniň Döwlet migrasiýa gullugy, Döwlet serhet gullugy, Daşary ýurt işler ministrligi, Durmuş ösüş ministrligi we başgalar ýakyndan çekilendir. Mundan, dürli döwlet edaralar migrasiýa meseleleri diňe öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde düzgüne salýandygyny görünýär. Emma, DMG-ny ministrlik derejesine ýokarlandyrmak üçin köpden bäri zerurlyk bar. Ministrlik – bu döwlet möçberinde migrasiýa syýasatyny amala aşyrýan sebitleýin edaradyr.

Gyrgyzystan Respublikasynyň hökümetiniň iş ýerlerini döretmek we ýurtda artykmaç işçi güýjüni çekmek baradaky kararlaryndan biri şäherleri meýdana getiriş bazasyny täzeden döretmek we berkitmek, döwlet edaralary bilen ýerli öz-özüňi dolandyryşyň içerki migrasiýa meselelerini çözmekde ýakyn arabaglanyşygyny üpjün etmek arkaly orta göwrümli, şäherçeleri we şäher görnüşli şäherçeleri dikeltmek baradaky karary.

[8] Gyrgyzystan Respublikasynyň migrasiýa syýasatynyň düşünjesini işläp taýýarlamagy. Bişkek. 2013. S. 57 [Giriş tertibi: https://auca.kg/uploads/Migration_Database/Publications/18_migrac_report.pdf].

Zähmet migrasiýasy we migrasiýa syýasaty boýunça Ýewraziýa Ykdysady Bileleşiginiň Komissiýasy bilen işjeň hyzmatdaşlygyň Gyrgyzystan Respublikasynyň Belarus Respublikasynyň, Gazagystan Respublikasynyň we Russiýa Federasiýasynyň umumy ykdysady giňişligine goşulmagy sebäpli "Ýol kartasy" işlenip düzülen döwründe başlandygyny bellemelidiris.

Zähmet migrantlarynyň yzyna dolanmagy bilen baglanyşykly meseleler indi Täjigistan Respublikasyndaky sosial-ykdysady meseleleriniň çözmeginde düýp özenine öwrüldi. Täjigisitanly migrantlaryň esasy möçberi üçin watanyna dolanmak wajyp sosial kadadyr. Barlaglara görä, gazançda bolan täjikler watanyna, öz öýüne, öz maşgalasyna we garyndaşlara dolanmak barada hemişe arzuw edýärdiler.

Soňky ýyllarda zähmet migrantlarynyň Täjigistan Respublikasyna köpçülikleýin gaýdyp gelmegi, kadalaşdyryjy hukuk namalaryny we ýörite hökümet maksatnamalaryny we strategiýalaryny kabul etmek we durmuşa geçirmek derejesinde aýratyn ünsi we aýratyn kadalaşdyrmak işlerini talap edýär. Bu maksat bilen Täjigistan Respublikasynyň hökümeti we zähmet, migrasiýa we iş üpjünçiligi babatynda degişli ygtyýarly guramalar dolanýan migrantlaryň meselelerini çözmäge gönükdirilen birnäçe resminamany kabul etdi.

2018-2019-njy ýyllar üçin Täjigistan Respublikasynda iş üpjünçiligini ösdürmek boýunça döwlet maksatnamasyna laýyklykda döwlet derejesinde aşakdaky esasy wezipeleri kesgitlenildi:

- ýaşlar we aýallar üçin elýeterliligi we mümkinçilikleri göz öňünde tutup, durmuş-ykdysady pudaklarda netijeli iş üpjün etmek üçin kiçi we orta kärhanalara goldaw;
- ilatyň gowşak gatlaklary üçin netijeli işe ýerleşmek üçin höweslendirmek we şert döretmek üçin çäreler toplumyny işläp düzmek we durmuşa geçirmek;
- döwlet-hususy hyzmatdaşlygyň mehanizmini we sebitleýin iş maksatnamalaryny niýetlenen maliýeleşdirmegiň ýörelgelerini ornaşdyrmak;
- zähmet öndürijiliginiň ösmegine ýardam bermek üçin milli ulgamyň döremegi; Täjigistanyň ykdysadyýetiniň pudaklaryndaky hünärmenleriň başarnyklaryna baha bermek üçin maksatnamalary we mehanizmleri ösdürmek;
- "Ululary üçin bilim hakynda" Täjigistan Respublikasynyň kanuny durmuşa geçirmek üçin çäreleri kabul etmek;
- migrant işçileri kabul edýän ýurtlara girmegi gadagan edilen watanlaryna dolanýan migrant işçileriň işini respublikanyň zähmet bazaryndaky şertlere laýyklaşdyrmak boýunça çäreleri işläp düzmek we durmuşa geçirmek;
- zähmet bazaryna yzygiderli baha bermek, zähmet bazaryndaky barlaglar geçirmek arkaly iş berijileriň işçi güýjüne bolan isleglerini kesgitlemek;
- kärhanalardan we guramalardan işçileriň köpçülikleýin azalmagynyň öňüni almak üçin çäreleri işläp düzmek we durmuşa geçirmek;
- 2020-nji ýyla çenli Täjigistan Respublikasynyň Zähmet bazaryny ösdürmek boýunça Döwlet strategiýasynyň we 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Täjigistan Respublikasynyň Milli Ösüş

Strategiýasynyň durmuşa geçirilmegi bilen ilaty iş bilen üpjün etmek boýunça döwlet syýasatynyň durmuşa geçirilmegini utgaşdyrmak.[9]

Aşakdaky bölümler Täjigistan Respublikasynda migrasiýa pudagynda bar bolan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegine gönüden-göni gatnaşýarlar:

- Täjigistan Respublikasynyň zähmet, migrasiýa we ilatyň iş meşgullyk ministrligi;
- Täjigistan Respublikasynyň zähmet, migrasiýa we ilatyň iş meşgullyk ministrliginiň Migrasiýa gullugy;
- Daşary ýurtda iş üpjünçilik agentligi;
- Statistika agentligi (gelmek we gitmek talonlaryny işläp taýýarlamak, ilatyň barlama we hasaba alyş çärelerini geçirmek).

Täjigistan Respublikasynyň hökümetiniň 2014-nji ýylyň 4-nji iýunyndaky 390 belgili çözgüdinde "Migrasiýa gullugy barada" 4-nji bölümde Migrasiýa gullugynyň zähmet migrantlary babatdaky wezipeleri sanalandyr we “dolanýan migrantlar” adalgasy iki gezek agzalýar: kontekstde, birinjiden, dolanandan soň hasaba alynmagyň zerurlygy, ikinjiden, Migrasiýa gullugynyň beýleki döwlet edaralary bilen dolanan migrantlary birleşdirmek we dikeltmek üçin hyzmatdaşlygy.

Bu tabşyrygy durmuşa geçirmegi Täjigistanyň ähli sebitlerde döredilen migrasiýa merkezlerine tabşyryldy. Şolar ýaly merkezler Zähmet migrantlaryna gitmezden öň maslahat bermek we taýýarlamak boýunça merkezler diýip atlandyrylýar. Häzirki wagtda 10 merkezden 4-si döredildi. Olar Duşanbe, Horog, Hujand we Bohtar şäherlerinde ýerleşýär. Bu merkezleriň esasy maksady, migrant işçilere okuw we maslahat beriş kurslary, şeýle hem zähmet migrasiýasynyň iki basgançagynda guramaçylyk we maliýe goldawy: gitmezden öň we dolanandan soň amaly kömek bermekden ybaratdyr.

Migrantlaryň gideninde-de watana dolanandan soň uýgunlaşmagyna we birleşmegine goşant goşýan möhüm ugur hem zähmet migrantlarynyň bilim bermeklikdir. 2001-nji ýylda Täjigistan Respublikasynda 2001-2011-nji ýyllar üçin adam hukuklary boýunça döwlet maksatnamasy kabul edildi, soň bolsa 2020-nji ýyla çenli uzaldyldy. Şu döwlet maksatnamasyny durmuşa geçirmegiň çäklerinde maglumatlandyryş ulgamyny kämilleşdirmek, migrantlara milli kanunçylygyň we halkara ölçegleriniň talaplaryna laýyklykda adam hukuklary ugrunda bilim bermek we taýýarlamak, şol sanda aşakdakylary hem içine aljak görnüşde migrasiýa okuwyna üýtgetmeler girizmek:

- adam hukuklarynyň esaslaryny, şol sanda, migrant hukuklaryny döwlet gullukçylaryna öwretmek;
- degişli guramalaryň döwlet işgärleri üçin migrantlaryň hukuklary we MDRK boýunça okuw we gaýtadan taýýarlyk kurslaryny bilim meýilnamalaryna girizmek;
- MDRK we migrantlaryň hukuklary boýunça okuw kitaplaryny we gollanmalaryny düzmek;
- gitmezden öň zähmet migrantlaryny okatmak üçin ýöriteleşdirilen merkezleri döretmek;
- migrantlaryň hukuklary barada dürli ylmy we maglumat makalalaryny çap etmek.

[9] Suleýmanow Ş.F. Täjigistan Respublikasynyň sosial-ekologiki we ykdysady ösüşiniň strategiki maksatlaryny durmuşa geçirmegiň meseleleri // Häzirki zaman ykdysadyýetiniň meseleleri. No.1(61). 2017. S.165 – 168.

Şeýle hem, "Açyk jemgyýet" institutynyň, "Kömek gaznasy – Täjigistan" goldawy bilen, 8 maksatdan ybarat bolan "2018-2021-nji ýyllar üçin Täjigistan Respublikasynda dolanan migrant işçileriň sosial we ykdysady taýdan reintegrasiýasy üçin ýol kartasy" işlenip düzüldi:

1-nji maksat. Migrantlar gitmezden öň we 2018-2021-nji ýyllar aralygynda daşary ýurtdan öz watanyna dolanandan soň, Täjigistan hökümtlerine giňişleýin we hakykatlaýyň hereket meýilnamasyny döretmekde goldaw bermek.

2-nji maksat. Gitmezden öň migrantlaryň esasy adam hukuklarynyň goranmagyny berkitmek.

3-nji maksat. Gitmezden öň migrantlaryň integrasiýa we yzyndan gelýän reintegrasiýany gowulandyrmak üçin hünärli kuwwaty berkitmek.

4-nji maksat. Dolanyp gelmek we reintegrasiýa boýunça çäreleri üçin utgaşdyryş mehanizmini we hyzmatdaşlygyň gurluşyny döretmek.

5-nji maksat. Migrantlaryň dolanyşy we reintegrasiýasyny dolandyrmak üçin merkezi we ýerli derejelerde jogapkär edaralaryň we raýat jemgyýetiniň kuwwatyny güýçlendirmek.

6-njy maksat. Migrantlaryň durmuş we ykdysady reintegrasiýany goldamak.

7-nji maksat. Döwlet edaralary bilen diaspora guramalary arasynda hyzmatdaşlygy berkitmek.

8-nji maksat. "2018-2021-nji ýyllar üçin Täjigistan Respublikasynda migrasiýa dolandyrylmasy ýol kartasynyň" durmuşa geçirmegiň barlagy we bahalandyrylmasyny guramak.

Şeýlelikde, soňky ýyllarda Täjigistanda migrasiýa prosseslerini, şol sanda zähmet migrasiýasy we dolanan işçi migrantlarynyň reintegrasiýasy üçin täsirli mehanizmi döredildi. Netijede, kabul edilen resminamalary, strategiýalary, maksatnamalary we migrasiýa meseleleri boýunça beýleki kadalaşdyryjy hukuk aktlaryny netijeli durmuşa geçirmegiň üstünde işlemek galýar.

Türkmenistanda, bellenip geçilişi ýaly, dolanmak we reintegrasiýa kömegi ýurduň sosial-ykdysady ösüşiniň umumy meýilnamalarynyň we maksatnamalarynyň (iş orunlaryny döretmek, bilimi we saglygy goraýyş ösdürmek, we ş.m.) çäginde amala aşyrylýar.

Görkezilen meseleler, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2016-njy ýylyň 18-nji martyndaky karary bilen tassyklanan Türkmenistanyň Adam söwdasyna garşy göreşmek boýunça Milli meýilnamasynda has esaslaýyn seredilýär. Hereket meýilnamasynda kesgitlenen çäreler, hususan-da, adam söwdasynyň pidalaryna sosial kömegi bermek we goramak, olaryň dikeltmegi we reintegrasiýasy, şeýle hem adam söwdasynyň pidalarynyň hukuklaryny dikeltmek we olara kompensasiýa tölemek maksatlar bolup durýar.

Dolanan migrantlaryň wajyp meseleleriň biridir abraýyny dikeltmek we reintegrasiýa barada maglumatlaryň ýetmezçiligi bolup durýar. Bu meselede habardarlygy ýokarlandyrmak zerurdyr, şol sanda: kadalaşdyryjy-hukuk binýady barada maglumatlar, hem-de iş meşgullyk mümkinçilikler ulgamynda.

Migrasiýany, şol sanda dolanyş migrasiýasyny kadalaşdyrmak boýunça guramaçylyklaýyn esas, esasan, ýurduň döwlet gurluşlaryna ýüklenilýär. Türkmenistanyň Migrasiýa baradaky Kanunyna laýyklykda,

Türkmenistanyň migrasiýa babatynda ygtyýarly döwlet edaralary Türkmenistanyň Döwlet Migrasiýa Gullugy, Türkmenistanyň Daşary Işler Ministrligi, Türkmenistanyň Milli Howpsuzlyk Ministrligi, Türkmenistanyň Içeri Işleri Ministrligi, Türkmenistanyň Döwlet Serhet Gullugy we migrasiýa meseleleri bilen meşgullanýan beýleki döwlet guramalarydyr (5-nji madda).

"Adam söwdasyna garşy hereket etmek hakynda" kanuna laýyklykda ýokarda görkezilen edaralaryň başgada, Türkmenistanyň Baş Prokuraturasy hem agzalýar (10-njy madda, 2-nji bent).

Bu döwlet edaralarynyň kanuny ýagdaýyny kesgitleýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň seljermesi, migrasiýa prosseslerini ýeňilleşdirmek üçin möhüm wezipelere we ygtyýarlyklara eýe bolandygyny görkezýär. Şeýlelik bilen, Türkmenistanyň 2009-njy ýylyň 21-nji noýabryndaky "Migrasiýa gullugy hakynda" kanunyna laýyklykda Döwlet migrasiýa gullugynyň esasy wezipeleri migrasiýa prosseslerі barada maglumatlar binýadyny (merkezini) döretmek we maglumatlary awtomatiki işlemek ulgamyny ornaşdyrmak (6-njy madda, 4-nji bent). Döwlet migrasiýa gullugynyň iň möhüm wezipelerinden biri raýatlary migrasiýa meseleleri boýunça kabul etmek, arzalara we şikaýatlara garamak, bu şikaýatlary jemlemek we seljermek, Döwlet migrasiýa gullugynyň ygtyýarlyklaryndaky meseleler boýunça ilatyň we edara görnüşli taraplaryň işgärleriniň arasynda düşündiriş işlerini geçirmek (11-nji madda, 19-njy bent).

Özbegistan hökümeti iş üpjün etmegiň meselelerini ykrar edip, mynasyp iş ýerleriniň döredilmege we iş üpjünçiligini ýokarlandyrmaga ilkinjilik ähmiýetini berýär. Şeýlelik bilen, täze durnukly iş orunlaryny döretmek, telekeçilik we işewürlik üçin amatly howany döretmek arkaly daşarky zähmet migrasiýasyny we içerki zähmet migrasiýasyny kadalaşdyrmak arkaly iş derejesini ýokarlandyrmak, Özbegistan Respublikasynyň ösüşiniň bäş esasy ugry üçin 2017-2021 ýyllara Hereket Strategiýasynyň çäginde sosial pudagy ösdürmek üçin iň möhüm ugurlardan biridir.[10]

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 24-nji maýynda çykan "Özbegistan Respublikasynyň Iş we zähmet gatnaşyklary ministrliginiň işini guramak çäreleri barada" kararyna laýyklykda, zähmet edaralarynyň işini has-da gowulandyrmak we ilatyň iş meşgullyk üpjün etmek üçin giňişleýin çäreler meýilnamasy kabul edildi. Maksatnamada, telekeçilik işine başlamak islegini mälim eden wagtlaýyn işsiz raýatlaryň gatnaşmagy bilen, telekeçiligiň ösmegine, işsizlik kömek pulunyň ýerine bir gezeklik maksatly pul kömeginiň berilmegine, aýry-aýry telekeçilik işini hasaba almak üçin ilkinji çykdajylary tölemäge üns berilýär.

Özbegistan Respublikasynyň iş meşgullygy we zähmet gatnaşyklary ministrligi sebit we pudaklaýyn iş maksatnamalarynyň ulgamyny ösdürmek, ilatyň sosial taýdan gowşak gatlaklaryny işe almak üçin täze iş ýerleri we kwotalary döretmek üçin döwlet sargydyny döretmek üçin çäreleri gördi. 2018-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, ýörite orta we ýokary okuw jaýlarynyň uçurymlaryny ilkinji gezek işe alýanlaryň hak tölemek üçin bitewi sosial töleg stawkasy işiň birinji ýylynda 50%, ikinji we üçünji ýyllarda 25% azaldyldy. "Elektron zähmet depderçesi" ulgamy girizildi, hökümete dahylsyz guramalaryna ygtyýarnama esasynda ýurtda we daşary ýurtlarda raýatlary iş bilen üpjün etmekde tölegli hyzmatlary bermek hukugy berildi we Iş bilen üpjünçilik ministrliginiň Jemgyýetçilik işleri gaznasy döredildi.

---

10 Özbegistanda durnukly iş bilen meşgullyk: ýagdaýy, meseleleri we olaryň çözüm ýollary. Analitik bellik. [Giriş tertibi: www.uz.undp.org/content/dam/uzbekistan/docs/Publications/economicgovernance/Employment/un_doc_uzb_employ_brif_WEB.pdf].

2017-nji ýylda 336 müň täze iş ýerleri döredildi, olaryň döredilmegi döwletiň telekeçiligi goldamak syýasaty bilen ýardam etdi. Telekeçilik işjeňliginiň çalt ösmegini, hususy emlägiň hemmetaraplaýyn goralmagyny we Özbegistanda iş şertleriniň hilini gowulandyrmagy üpjün etmek üçin giňişleýin çäreler Maksatnamasy tassyklandy.

Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň 2018-nji ýylyň 8-nji sentýabryndaky 703 belgili kararynyň 2-nji bendinde laýyklykda Özbegistan Respublikasynyň iş meşgullyk we zähmet gatnaşyklary ministrliginiň Daşky zähmet migrasiýa gullugynyň Daşary ýurt iş üpjünçiligi gullugy Özbegistan şäherlerinde zerurlyk ýüze çykanda döretmek barada kada bellenildi.

Kararyň 4-nji bendinde Özbegistan Respublikasynyň iş meşgullyk we zähmet gatnaşyklary ministrliginiň babatynda Daşky zähmet migrasiýa agentliginiň bölümlerinde Daşary ýurda gidýän raýatlary gitmezden öň uýgunlaşdyrmak we taýýarlamak üçin merkez döretmek maksat goýuldy.

Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň 2018-nji ýylyň 12-nji sentýabryndaky 725 belgili "Özbegistan Respublikasynyň raýatlaryny daşary ýurtlarda iş bilen üpjün etmek ulgamyny mundan beýläk-de kämilleşdirmek we düýpgöter täzeden gözden geçirmek çäreleri barada" karary bilen Özbegistan raýatlaryny daşary ýurtlarda işlemek üçin ygtyýarnama bermek tertibi baradaky Düzgünnamany tassyklady. Iş bilen meşgullyk we zähmet gatnaşyklar ministriligi ygtyýarnamalary berýär. Onuň iş organy Daşky zähmet migrasiýa agentligi bolup, aşakdaky wezipeleri amala aşyrmak niýetlenendir:

- Özbegistan Respublikasynyň raýatlaryna guramaçylykly işe almak, taýýarlamak, uýgunlaşma çärelerini geçirmek we daşary ýurtlarda işlemek prosseslerini netijeli dolandyrmak we gözegçilik etmek arkaly daşary ýurtlarda işlemek hukugynyň durmuşa geçirilmegine kömek etmek;
- daşarky zähmet migrasiýasynyň giňişleýin barlagy geçirmek, kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny gowulandyrmak, zähmet migrasiýasyndan dolanan raýatlaryň işe ýerleşmegine kömek bermek baradaky teklipleri işläp düzmek;
- zähmet migrasiýasy babatynda halkara hyzmatdaşlygyň taslamalaryny işläp düzmäge we durmuşa geçirmäge gatnaşmak, daşary ýurtlaryň ygtyýarly edaralary bilen Özbegistan Respublikasynyň raýatlarynyň daşary ýurtlarda iş üpjünçiligini kadalaşdyrmak we zähmet hukuklaryny üpjün etmek boýunça özara gatnaşyk amala aşyrmak;
- Özbegistan Respublikasynyň iş meşgullyk we zähmet gatnaşyklary ministrliginiň iş guramasynyň Özbegistan Respublikasynyň raýatlaryny daşary ýurtlara işe almak üçin ygtyýarnama bermek we olaryň işine gözegçilik etmek, daşary ýurda işlemek üçin gidýän Özbegistan Respublikasynyň raýatlarynyň hünär derejesini tassyklamak bilen meşgullanýan ýuridik şahslary akkreditasiýa etmek boýunça wezipelerini ýerine ýetirmek;
- daşary ýurtly zähmet çekmek we daşary ýurt raýatlaryna Özbegistan Respublikasynyň çäginde işlemek hukugyny tassyklamak, şeýle hem Özbegistan Respublikasynda işleýän daşary ýurt raýatlarynyň ýazgylaryny ýöretmek üçin edara görnüşli taraplara rugsat bermegiň bellenilen tertipde durmuşa geçirilmegi.

Daşary ýurtly iş beriji sosial we ýaşaýyş şertleri, hak tölemek şertleri bilen baglanyşykly ylalaşylan talaplary bermese ýa-da iş berijiniň migranty işe almakdan ýüz öwürmegine sebäp bolan beýleki meseleleri çözmese, iberiji gurama arza berijini başga bir daşary ýurtly iş beriji bilen işlemek üçin gyssagly çäreleri görmeli.

Arza berijini ozal ylalaşylan talaplara laýyklykda işe almak mümkin bolmasa, iberýän gurama arza berijiniň watanyna dolanmagyny üpjün etmäge borçludyr.

Iberýän gurama tarapyndan görkezilen borçnamany ýerine ýetirmedik halatynda, Agentlik daşary ýurtlarda işleýän raýatlaryň hukuklaryny we bähbitlerini goldamak we goramak gaznasynda iberýän guramanyň saklaýan serişdeleriniň hasabyna arza berijiniň watanyna dolanmagyny üpjün etmek üçin gyssagly çäreleri görýär.

Zähmet migrantlarynyň işine gözegçilik etmek, iş ýagdaýynda olaryň hukuklaryny, azatlyklaryny we kanuny bähbitlerini goramak indikiler tarapyndan amala aşyrylýar:

- Özbegistan Respublikasynyň konsullyk edaralaryň daşky migrasiýa meseleler boýunça attaşesi;
- Agentligiň daşary ýurt wekillikleri;
- Agentligiň döwlet we döwlete dahyl bolmaýan daşary ýurt hyzmatdaşlary.

Şeýle hem, Agentlik zähmet migrantlaryny reintegrirlemek boýunça maksatnamalary we taslamalary durmuşa geçirmäge gatnaşýar we Özbegistan Respublikasynyň çäginde soňraky iş ýerleri üçin daşary ýurtlarda wagtlaýyn zähmet işini gutarandan soň öýlerine dolanan Özbegistan Respublikasynyň raýatlarynyň sanawlary bilen ilatyň iş üpjünçiligini ýokarlandyrmak üçin sebit edaralaryny üpjün edýär.

Özbegistanda meýletin dolanyş we reintegrasiýa etmekde kömeginiň mysaly, adam söwdasynyň pidalaryny dikeltmeginde döwletiň goldawyny aýdyp bolar. Döwlet edaralarynyň, raýatlaryň öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň we hökümete dahylsyz guramalaryň adam söwdasyna garşy göreş ugrundaky hereketlerini utgaşdyrmak, şeýle hem adam söwdasyna sebäp bolýan sebäpleri we şertleri ýüze çykarmak we ýok etmek üçin işiň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen çäreleri guramak üçin respublikan pudagara komissiýasy döredildi. Her ýyl kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny gowulandyrmak üçin çäreleri öz içine alýan adam söwdasyna garşy göreşiň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin çäreler meýilnamasy kabul edilýär; adam söwdasyna garşy göreş çärelerini gowulandyrmak; adam söwdasyndan ejir çeken adamlary goramak we olara kömek etmek, adam söwdasynyň negatiw faktorlary barada jemgyýetçiligiň habardarlygyny ýokarlandyrmak we adam söwdasyna garşy göreşýän döwlet edaralarynyň, hökümete dahylsyz we jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri üçin hünär taýýarlygy.

Özbegistan Respublikasynyň 2008-nji ýylyň 17-nji aprelinde çykan "Adam söwdasyna garşy göreş hakynda" kanuny esasynda adam söwdasynyň pidalaryna kömek bermek üçin respublikan reabilitasiýa merkezi döredildi. Merkez adam söwdasynyň pidalaryna gyssagly lukmançylyk, psihologiki, sosial, hukuk we beýleki kömekleri berýär we olaryň sosial taýdan dikeldilmegine kömek edýär. Bu merkez Özbegistan Respublikasynyň Saglygy goraýyş ministrliginiň garamagynda işleýär we bu iş bilen utgaşdyrylýar, çagalaryň bilim edaralaryna girmegini aňsatlaşdyrýar we adam söwdasynyň pidasy bolan maşgalasyna her ýyl gözegçilik edýär.

## Synag soraglary:

1. Dolanyş migrasiýasynyň niýetlerini durmuşa geçirmekde yzyna dolanýan migrantlaryň we ýerli ilatyň gyzyklanmalarynyň deňagramlylygyny tapmagyň zerurlygyny esaslandyryň.
2. Geljekde Merkezi Aziýa ýurtlarynda MDRK-ni amala aşyryp bilýän döwlet häkimiýeti edalary sanaň.
3. Migrantlaryň Merkezi Aziýa ýurtlaryna gaýdyp gelýän döwletleriniň orny we jogapkärçiligi nähili?
4. Aýratyn Merkezi Aziýa ýurtlarynda migrantlaryň yzyna gaýdyp gelmek meselesi nähili kadalaşdyrylýar?
5. Migrasiýa syýasaty wezipesini Merkezi Aziýa ýurtlarynyň Daşary işler ministrliklerine geçirmek mümkinmi?

## Amaly okuw:

1. MDRK ösüşine we potensial dolanyş migrantlary tarapyndan onuň ulanylyşyna ýardam edýän düzedişleri öz ýurduňyzyň kanunçylygynda kesgitläň.
2. 2018-nji ýylyň 31-nji oktýabrynda Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti 2025-nji ýyla çenli Russiýa Federasiýasynyň Döwlet Migrasiýa Syýasatynyň täze konsepsiýasyny tassyklady. Zähmet migrantlarynyň öz watanyna, Merkezi Aziýa ýurtlaryna gaýdyp gelmegi baradaky bölegi boýunça konsepsiýany derňäň. Merkezi Aziýa döwletlerinde migrasiýa ýagdaýy durnuklaşdyrmak üçin täze Konsepsiýanyň manysy näme? Öz nukdaýnazaryňyzy esaslandyryň.

## Gerekli edebiýat:


1. Täjigystan Respublikasynda durmuş-zähmet gatnaşyklar gurluşda zähmet migrasiýa/ Jog.red. S.D.Mutiýewa, Ýu.R.Ýusufbekow. Duşenbe: Zähmet, ilatyň migrasiýasy we iş bilen üpjünçiligi boýunça Ylmy Barlag Institutynyň neşirýaty. 2016. 163 s. [Giriş tertibi: www.rtsu.tj/upload/files/data3/Монография_ТРУДОВАЯ%20МИГРАЦИЯ.pdf].
2. Britwina I.B. Migrant sosial işiniň obýekti hökmünde: Okuw kitaby. Kurgan: Kurgas döwlet uniwersitetiniň neşirýaty. 2012. 248 s.
3. Worobýowa O.D., Topilin A.W., Mukomel W.I. we başg. Ilatyň migrasiýasy: nazaryýet, syýasat: okuw kitaby. M.: Экономическое образование. 2012. 364 s.
4. Merkezi Aziýada dolanyş migrasiýasy we çagyrmalar: 2017-nji ýylyň töwekgelçilik seljerişi. Almaty: MHG. 68 s. [Giriş tertibi: www.iom.kz/images/books/2017-risk-analysis-rus.pdf].
5. Gerasimow S.A. Readmissiýanyň hukuk esaslary: "Hukukşynaslyk" hünärinde okaýan talyplar üçin okuw kitaby/ I. N. Glebowyň, A.S. Prudnikowyň red. M.: ÝUNITI-DANA: Kanun we hukuk. 2012. 159 s. [Giriş tertibi: http://znanium.com/catalog/product/389453].

## Goşmaça edebiýat:


6. Abaşin S. Merkezi Aziýadan migrasiýa: Amallar, ýerli bileleşikler, transmillilik. Russiýanyň syýasaty we hukugy. 2013. Tom 51. № 3. Maý – Iýun. S. 6-20.

7. Warşawskaýa E.Ýa., Denisenko M.B. Russiýanyň zähmet bazarynda daşary ýurt işgärleriň hereketliligi// Sosiologik barlaglar. – 2014. No.4. S. 63-73.

8. Gyrgyzystan Respublikasynyň migrasiýasy hakynda bitewi nutuk. Gyrgyzystan Respublikasynyň zähmet, ýaşlar we migrasiýa ministirligi. Bişkek: Gyrgyzystan Respublikasynyň zähmet, ýaşlar we migrasiýa ministirliginiň neşirýaty. 2014. 40 s.

9. Ikromow D.Z. Merkezi Aziýa ýurtlaryndan halkara zähmet migrasiýasynyň Russiýanyň sosial-ykdysady ösüşine täsiri: ykdysadyýet ylymlarynyň kandidaty diýen alymlyk derejesini almaklyk üçin dissertasiýa: 08.00.14. Sankt-Peterburg. 2017. 207 s.

10. Isroilow I.N. Täjigistan Respublikasynyň häzirki zaman migrasiýa syýasaty: emele geliş prossesi, institusionalizasiýa we durmuşa geçirmek tehnologiýasy: syýasy ylymlarynyň kandidatynyň dissertasiýasy: 23.00.02. Duşanbe, 2012. 153 s.

11. Duşanbe şäherinde, RTE we Hatlon welaýatynda gaýdyp gelen işçi migrantlarynyň meselelerini öwrenmek. “Innowasion ösüş merkezi” jemgyýetçilik guramasynyň gözlegleriniň netijeleri. Duşenbe: OOO (JÇJ) “Naşr”. 2018. 69s. [Giriş tertibi: http://mehnat.tj/nii/ru/2018/12/23/2018г-анализ-социально-экономических-проблем].

12. Każaýewa O.S. Halkara hukugynda readmissiýa instituty. Hukuk ylymlarynyň kandidaty diýen alymlyk derejesini almaklyk üçin dissertasiýanyň gysgaça mazmuny. Hünäri 12.00.10 – halkara hukugy; ýewropa hukugy. M. 2014. 32 s.

13. Kożokin E. Ýewropa bileleşigi, Russiýa, BMG: demografiki ölçegleri// Halkara durmuş. M. 2011. № 10. S. 2 – 19.

14. Migrantlaryň gowşaklygy we Merkezi Aziýada integrasiýa zerurlyklary: dolanyş migrasiýanyň esasy sebäpleri we sosial-ykdysady netijeleri. 2016-njy ýylda Merkezi Aziýada sebitleýin meýdan kesgitlemegi. Astana: Forma Plus. 2016. 288 s. [Giriş tertibi: https://kazakhstan.iom.int/publications].

